HOJANEPES MELÄÝEW

# MELGUN





HOJANEPES MELÄÝEW

# MELGUN

*(roman)*

Elektron görnüşe geçiren:

**«YLYMLY»**
ylymly.com@gmail.com

Asyl nusgasyny skanirläp latynça öwren:
**Aşyr Saparow**

*«Belent daglar, belentligiňe buýsanma,*
*Göweçde suw bolan zer dek bolar sen.*
*Tereň derýa, haýbatyňa guwanma,*
*Wagtyň ýetse gurap, ýer dek bolar sen.*

Magtymguly

## 1

Çür depesinden altyn gupbasyny güýçli ýagynyň leşgerleri goparyp giden minara ýer bilen gögüň, arasyndaky sütün ýaly, alys menzillerden howalanyp görünýär. Daşgala etrabynyň haýsy künjünden seretseň-de, gyşyň aňzagyna, tomsuň jokrama yssysyna döz gelen bu minara «Men bärde» diýýän ýaly, ýüzüniň täçsiz başyny bulutlara diräp dur.

Minara öz atdaşy Minaraata obasy bilen tümmek-tümmek gonamçylygyň aralygyndaky at gaýtarym meýdançada ýerleşýär.

Minaranyň mesgen tutan topragy nämeleri başdan geçirmedi?! Onuň nazar aýlap oturan mekanyna ençeme gije-gündizläp Çingiz hanyň goşunynyň atan daşlary zeper baryny ýetirenem bolsa, merdemsi halkyny boýun syndyryp bilmänsoň, ahyry Amyderýanyň

suwuna gark edipdi. Ol suwlar ençeme aýdaň soň ýere siňip gitdi. Ýer bilen ýegsan bolan ýurtda ýaşaýyş dowam edip ugrady. Täze-täze obalar döredi. Ençeme arka aýlansa-da, minaranyň şol bir durşudy. Ol köp-köp şady-horram toýlaryň, köp-köp pajygaly wakalaryň, gözýaşly ýaslaryň şaýady boldy...

Ine, ol bu günem şol öňküleri ýaly, başyny belent tutup, Daşgala topragyna nazaryny aýlap otyr. Ýöne onuň syratly boýy gamgyn adamyň bolup durşuny ýadyňa salýar. Ol näme-de bolsa bir täzelige, uly özgerişlige sabyrsyz garaşsa-da, sesini çykarman duran paýhasly adama meňzeýär.

Beýik minara, ine, bu wakalaryň hem şaýady bolup ugrady...

Bu waka täze ýyla — 1984-nji ýyly garşy almaga ylaýyk bir hepde galanda, Han Arkalyýewiçe Sosialistik Zähmetiň Gahrymany diýen hormatly at dakylyp, Aşgabatdan Altyn ýyldyzy döşüne dakyp gelenden iki gün soň bolupdy. Han Arkalyýewiç günorta naharyna öýlerine barýarka, şofýor tarapa başyny çalaja öwrüp:

— Gökje, öýlän şaýyňy tutaweri. Bu gün agşam ilerki gumda ýelejiräp gaýdalyň. Belkem, aw-şikar ederis — diýdi.

Gökje düşbi şofýordy. «Şaýyňy tut» diýilse bes. Indi ol maşynynyň ýagyna sereder, o ýär-bu ýerini çekişdirär. Her hili zerurlygyň, her hili garaşylmadyk ahwalatyň ýüze çykmagy mümkin. Ol özüniň hem-de hojaýynynyň garažda duran ýylyjak possunyny alar. Beýleki awa gitjekler iýim-içimi bol-telki tutsalar, Gökje-de ätiýaç üçin bir çelek suw bilen benzini maşynynyň yzyna oklar. Iň berkisi, duzdur burçy, otluçöp bilen çilimem ýatdan çykarmaz. Näbilip bolýar, hojaýynyň soran zady tapylmasa, ymgyr çölüň içinde kimden diläp aljak, onsoň, Gökje ýere bakmaly bolar.

Gijöýlänler ýola düşüldi.

Gökjäniň «Wolgasy» «Gaz-69» bilen «UAZ» maşynynyň öňüni çekip, Garagumuň uç-gyraksyz depelerine tarap süýnüp barýardy. «Gaz-69» kolhoz başlygy Pirweli Penaýewiňki, «UAZ» bolsa raýonyň pagta arassalaýan hem-de kabul edýän zawodynyň direktory Meýlis Bakyýewiňkidi. Olaryň ikisi-de häzir Han Arkalyýewiň «Wolgasynda» barýardy, Han Arkalyýewiň dördünji ülpeti, kerpiç zawodynyň direktory Şiraly Alyýew hem «Wolganyň» içindedi, ol maşynyny goýup, hyzmat eder ýaly, diňe şofýoryny alyp gaýdypdy. Onuň şofýorynyň çyn adyny bilýän ýokdy. Şirala şofýor bolşam tötändendi. Haçan, haýsy ýyldygy

belli däl welin, bir sapar Alyýew kurortdan gelýärkä, ol oňa otluda gabat gelenmiş. «Öýüm-öwzarym ýok, özümem türmeden boşap gelýän» diýip gürrüň beripdir. Garaz, ýetim ýigit Şiraly Alyýewiň göwnüne ýaranmyş. Şeýdibem, oňa şofýor bolupdyr. Şiralydan onuň adyny soranlarynda: «Ýetimje» diýenmiş. Şoldurda-şodur, onuň ady-da, lakamy-da «Ýetimje» bolup galypdyr. Ýetimje-de häzir yzdaky şofýorlar bilen gelýärdi.

«Wolganyň» alynky oturgyjynda golland peji ýaly garalyp Han Arkalyýew, yzdaky oturgyçda bolsa Pirweli, Meýlis, Şiraly dagy otyrdy. Han Arkalyýew olaryň gürrüňlerine her wagt eginlerini silkip gülýärdi. Ol üçüsi gezekli-gezegine özleriniň başdan geçiren ýa-da eşiden gyzykly gürrüňlerini aýdyp, Han Arkalyýewi güýmäp gelýärdiler.

Olaryň garşysyndan käte bir ýeňil maşynly ýa-da motosikletli ýolagçy çykaýmasa duşýan ýokdy. Ana-da, gozakly motosikletde biri kellesine gök şlýom geýip golaýlap gelýär. Gök şlýomly «Wolganyň» deňine gelende, içindäkileri tanajak bolýan ýaly, boýnuny sozup seretdi.

— Möjek mugallymam-a seredip-seredip gitdi — diýip, Meýlis dillendi.

— Kim diýdiň? — Han çala eşidip sorady.

— Möjek mugallym diýýän...

— Hä... Äý, ýene birine arza ýazyşmaga barýandyr. Şunuň ýazyp berýän golsuz hatlaryndan halys bizar bolupdyryn. Kimiň göwnüne degilse, şoň ýanyna ylgaýa öýdýän.

Garagum bilen raýon merkezi bolan Daşgalanyň aralygyndaky «Ýeňiş» kolhozynyň araçägindenem geçdiler. Öňde indi diňe raýonyň Minaraata diýen uly gonamçylygy bardy. Ondan ilerde uç-gyraksyz Garagumuň ulgam-ulgam gum depeleri ümsümlige diň salyp, dynç alyp ýatana meňzeşdi. Minaraatanyň deňine ýetiberenlerinde, Meýlis Bakyýew ermeni radiosynyň sowal-jogaplaryndan warsaky otaryp, gülüşdirip oturan Şiralynyň sözüni böldi.

— Ýaşullar, bagyşlaň welin, sadagasy boldugym, Minaraataň müjewürine aklyjak berip gidäýsek nähili görýäňiz? Han aga, ynha, sizem Gahryman bolup, ilkinji sapar çägine aýak basyşyňyz. Ikinji, üçünji höwürlerem döşüňize dakylybersin. Bi sadagasy gitdigim büdrükde men-men diýen ärler ýatyr.

Gökje «Saklaýynmy?» diýen manyda Han Arkalyýewiçiň ýüzüne seretdi. Hojaýyny goltuk jübisine

elini sokansoň, saklamalydygyny aňyp, maşynyň tizligini ýuwaşatdy.

— Özümiz bereris, ýaşuly.

— Han aga, sen azara galmasana!

Han Arkalyýewiç gyzyl onlugy yzkylara uzatdy.

— Her kim göwnünden çykaranyny özi bersin.

— Dogry aýdýaňyz, Han aga!

— Han aga dogry aýdýa! Öwlüýä, işan-molla aklygy öz maňlaý deriňden bermeli.

Şiraly bilen Meýlis ýoluň gyrasyndaky palçykdan salnan tama haýdaşyp gitdiler. Bu jaý kazasy dolup, gonamçylyga getirilýän bendeler jaýlanansoň, aýat okap berýän müjewüriňkidi. Sähel salymdan jaýdan üç bolup çykdylar. Kellesi gara toklynyň derisinden tikilen telpekli müjewür başujyndaky merduwana akly-garaly mata bölekleri dakylan mazaryň ýanynda durup, iki elini asmana götärdi. Ol gözlerini süzgekledip, owazyny süýjetmek üçin burny bilen bogazyndan ses çykaryp, maňňyldap okamaga başlady.

«Bissimilla, rahman-rahym!..

Goşa-goşa ogluňyz bolsun, gideniňiz gelsin, ýatanyňyz galsyn. Ömrüňiz uzak bolsun, ýüzüňiz ak

bolsun, ýoldaşyňyz hak bolsun. Eken her çigidiňiz müň bolsun, işiňiz oňlasyn. Ýamanyň ýoly aňryk, ýagşynyň ýüzi bärik bolsun. Ugranyňyz ugur alsyn, namarda zar etmesin, duşmana griftar etmesin, azaşanyňyz ýol tapsyn, bizi sylany Hudaý sylasyn, Minaraata saýasynda saklasyn, Allahyekber!»

Müjewür elini ýüzüne sylansoň, Şiraly bilen Meýlis oňa aklygy berip, maşyna bakan ýörediler,

Gün bataňkyrlap barýardy.

Aýaz güýjedi. Demirgazykdan öwüsýän ýakymsyz ýel ýoluň gyralaryndaky alaň-depeleriň üstündäki sazakdyr çalylaryň baldagyny ilerik egreldip, çalaja sykylyk atdyrsa, asmanyň ýüzüne-de gara buludyň ýukajyk ýorganyny örtýärdi.

— Howa-da bulutlaşýa. Aýaz kemeler — diýip, Han Arkalyýewiç dillendi. Yzdakylar:

— Belkem, gar ýagaýady-da.

— Wah, onda näsini aýdýaň! Awumyzyň yzyny yzarlap eňibermelili borduk — diýişdiler.

Maşynyň dört tigriniň aralygynda, ýol üstünde gögören garakdyr ýüzerlik, selindir ýandak «Wolganyň» garnyny birsydyrgyn daraklaýardy. Onuň sesi diňe

Gökjäniň gülagyna ilýärdi. Beýleki oturanlaryň azaryna-da däldi. Çölüstanlyk bolsa maşynlaryň hyňňyldysyna gulak görip, sesini-üýnüni çykarman diňleýäne meňzeýärdi. Ýyldyzlar bulut ýorganynyň didilip, yş tapan ýerinden jyklap, soňam gaýyp bolýardy.

— Indi «Wolgany» kän gynaman, şu ýärlerde goýaýsak nähili borka? — diýip, Gökje hojaýyna geňeş saldy. Han aga baş atyp, razy boldy.

— Gözel göwnüňiz! Geçen saparam şu ýärlerde goýaýdyk öýdýän.

«Wolga» ýoldan sowuldy. Bardy-geldi bu ýoldan geçiläýse, ötegçiň gözüne ilmez ýaly, şofýor depäniň aňyrsyna dulanyp, maşyny uly sazagyň astynda togtatdy. Radiatoryň suwuny joralandyryp, doňan çägäniň üstüne dökdüler. Maşynyň iki öň tigriniň aralygyndan akjymak bug götärildi. Az-kem gözmeleşip aýak ýazdylar. Depeden aňry aşyp gelenler boldy. Han Arkalyýewiç oba tarap seredip durşuna:

— Öňki sapar şu ýerden minara görünýärdi — diýip, ýanyndakylaryň hiçisine-de ýüzlenmän gürledi.— Bu ýärlerden minara görünmeli. Häzir, dogrudanam, howa bulutlaşdy. Iňrigem garalyp barýa.

Han Arkalyýewiç, Pirweli Penaýew, Meýlis Bakyýew,

Şiraly Alyýew dördüsi «Gaz-69» maşyna mündüler. Gökje «Wolgasyny» şol ýerde goýup, «UAZ»-dakylaryň ýanyna bardy. Öňlerem bular, şeýdip, «Wolgalaryny» ýoldan sowup, guma has çydamly maşynlar bilen awa ençeme sapar gidipdiler. Ertir dañ bilen yzlaryna gaýdyşyn öňe «Wolgany» alyp gaýdybermelilidi.

Sarymtyl, inçetumşuk şagal ýoly kesip geçdi. El ýüzde taýýar ýarag bolmansoň, ony atan bolmady.

Han aganyň:

— Towşan-powşan-a görnenok — diýen ýognas sesi maşynyň silkewine çaýkanyp oturyşlaryna uka meýil edýän ýolagçylaryň süzülip ugran gözlerini ýalpa açdyrdy. Pirweli Han aganyň sözüni jogapsyz galdyrmagy birhili görüp, agzyna geleni diýip goýberdi.

— Entek görnärden irräk. O kanawarlar otlamaga ýarygijeden soň çykýarlar-a.

— Onsoňam, bi ýärlerik her öňöten gelýä. Ajyguýudan geçemizsoň görnüp ugrar.

Meýlis Pirweliniň sözüniň yzyny ýetirdi:

— Baýak biziň oglanlar şo ýärlerik awa çykanda, bir süri keýgiňem üstünden barypdyrlar.

— Meýlis, görýän welin, seň oglanlaryňam ýetmeýän

ýeri ýog-ow. Saňa näçesini getirip berdiler?

— Ýekejesini, Han aga.

— Ony näme, bizsiz iýdiňmi?

— Wah, siz Aşgabada gidipdiniz.

— Garaz, bahana tapýaňyz-da...

— Äý, Han aga, iýjegiňiz keýik eti bolsun. Jan-saglyk bolsa, onuň gaýgysyny etmäň.

«Gaz-69»-yň içi «Wolganyňky» ýaly rahat hem ýyly däldi. Gapynyň yşlaryndanam, üstüniň brezent çadyrynyň dikin aralaryndanam, garaz, ýel çekmeýän ýeri ýok. Han aga häli-şindi possunynyň syýlary bilen baldyr-butlaryny ykjam dolamaly bolýardy. Pirweli Penaýew Han aganyň üşänini hemem zol silkeläp barýan maşyna öwrÝeňişmäni üçin, endam-janynyň owum-dowum bolanyny aňdy öýdýän:

— Han aga, şu ýärlerde bir düşläp, dynç alyp geçäýsek nädýä? Awa soň çyksagam ýetişäris-le — diýip maslahat saldy.

— Täk... Bu diýýäniňiz-ä gülaga ýaramanam duranok.

Şiraly oturan ýerinde gobsundy.

— Onda men yzdakylara öňe düşüň diöýin. Ýetim bu ýärleriň her çöpüne beletdir. Jümmä ýol görkezer. Olar öňden gidip, oňaýlyrak ýerde goş tutubersinler.

— Bolýa-da.

Şiraly maşynyň yzky gapysyny açanda, sowuk şemalyň bady ýatan ýaly boldy. Yzdan gelýän «UAZ»-yň sesi golaýda togtady, onuň çyrasy «Gaz-69»-yň içini ýagtyltdy. Şiralynyň tabşyryklarynyň diňe «Öňe geçiň» diýeni olara gelip ýetdi. Az salymdan «UAZ»-yň göwresi yza-yza süýşüp, birdenem öňe müňzedi-de, «Gaz-69»-yň çepinden sowlup, geçip gitdi.

Uly oduň tüssesiz tarapynda Han Arkalyýewiň oturjak ýerini aýratyn taýýarladylar. Ak çäğäniň üstüne ilki selin düşediler, soňra brezent ýazdylar. Onuň üstünden keçe, keçäniň ýokarsyndanam haly düşäp, ýassyk okladylar. Otda goýlan tüňçeler şyglaşyp ugrady. Ýetimje çäýnek-keseleri gyzgyn suw bilen çaýkap, syryp-süpürip, Hytaýyň 95 nomärli gök çaýyny gülli çäýneklere atyşdyrýardy. Pirweli Penaýewiň «Gaz-69»-nyň Jümmi atly şofýory, guma gaýtmazlarynyň öňünçäsi öldürilen toklynyň çylka etlerinden ýukajyk kÝeňişdirip, duz sepeläp közüň üstüne atýardy. Şobada jyzyrdap başlaýan et- den çykýan bugly tüssejigiň ysy

oduň töweregindäkileriň gaňşylawugyny gyjyklap ugrady.

Han aganyň özüne giň ýazylan klýonkanyň üstüne dürli-dümen gök önümler, akly-gyzylly çüýşeler gelip ugrady. Belent oduň yşygyna asmandan ýagyp ugran garyň pessaýlap inýän iri tozgalary patrak ýaly açylan ärik gülleripiň endigan gaýmalaşyp düşüşini ýadyňa salýardy.

— Hany, Han aga, şara-kebaby sowatmalyň. Başlap goýbäriň.

— Ana, Ýetimje-de bagyr-öýkeni gazana oklady.

— Jümmi, basymrak bolawäriň!

— Häzir, ýaşuly. — Jümmi elindäki käsäniň agzy ýaly ak sogany gowrulýan bagyr-öýkeniň, kelte gapyrgalaryň üstüne dograşdyryp oturyşyna, çygjaryp gyzaran ýüz-gözüni güýçli ýalnyň howruna bürüşdirip seslendi.

— Bagyr-öýken diýen zady gaty gowurmaly däldir, çalaja daşy tense bor. Ganlyja bolsa, tagamly bolýar.

— Häzir, häzir, ýaşulular. Şorja kebap bilen öňe bir sapar götäriň, oňa çenli taýýar bolýar. Çorbanyň ysy çyksyn ahyry.

— A-how, adamlar, Jümmiň kellesi käte-käte işleýär.

Hany, öňe bir gözek alalyň.

— Ýetimje, senem tüňçeleriňi ýatdan çykarma.

— Ýo... ýo... çykaramok. Ynha, bular lakyrdap — saz edip dur. Kime gyzgyn çaý gerek bolsa «guk» diýäýmeli. — Ýetimje kellesindäki Şiraly Alyýewiň öňki geýýän çalymtyl sür baganaly köne zömmek telpegini oda gyzan maňlaýyna süýşürip, egremçe sözen taýagy bilen ujy ýanyp-tüsselep duran ojjarlary aňry-aňry ölçärişdirdi. Bir kesindiň tüssesi Han aganyň göni ýüzüne urdy.

— Aýt, nätdiňa-aýt?! Şiraly, mynyňa haý diýse-ne. Aýyrsyn-la o tüsseleýän zadyňy!

— Häzir. Ine, aýyrdym, Han aga.

— Tüssäň bilen öz başlygyň gözüni gap.

— Ha-ha-ha!..

— Ýak, senem Ýetimje, dek otursaňa, nä eliň, gijeýämi?

— Men-ä gowulyk etjek boldum, ýaşuly. Onsoňam, ak ojaryň, tüssesi bolmaz. Bujagaz ak tüsse, adama deri-dermandyr.

— Ozal eýýämde Ýetimje ýaly biri bar ekeni...

— Hawa, onsoň.

— Onsoň, asyl ot ýansa, Ýetimje ýaly bagry gijäbäröň ekeni. Ýanyp duran kesindini alyp, ony oň üstüne, muny muň üstüne goýuşdyrmak keseli-pişesi bar eken-dä!

— Gyzamykdan galan keseli bar eken diýsene!

— Ha-ha-ha!..

— Hawa. Ahyry ýoldaşlary onuň elini daňyp goýupdyrlar. Az wagtdan soň hälki eli saralan, oda ýetmän duran kesindä başyny atyp, oturanlara: «Wah, jan doganlar, şo kesindini... ana, şoňy oduň üstüne oklaýsaňyz-la» diýip ýalbarýarmyş.

— Ha-hah-ha!..

— Bolmaňa, Ýetimjäniňem şoň ýaly, elini dasyp goýuň.

Gar ýuwaş-ýuwaşdan kiparlap ugrady. Şorja şara-kebapdan, guýruk ýaga gowrulan bagyr-öýkenden garynlaryny doýran «awçylaryň» ýagly dodaklarynyň şapbyldysy, soňabaka tamşanmalary-da galyşdy.

— Men bir şu töwäreklere aýlaň-çaýlaň edip geleýin. — Pirweli şofýorynyň ýüzüne seretdi. — Jümmi, meň tüpeňimi getirsene!

Jümmi gop bärlen ýaly ýerinden turup, «Gaz-69»-a tarap ýegdekläp gitdi. Pirweli Penaýewiň goşasyny, hatar

okly guşagy bilen bile getirip eline berdi. Pirweliniň biline guşan hatar okly kemäriniň ujy tokasyna zordan ýetdi. Ol alaňlyga tarap ýöräp ugrady. Jümmi-de eöňine höwrügen wepaly güjük ýaly, kibtini gysyp, onuň yzyna düşdi.

Gökje şofýor gapdalda üýşürip goýan odunlaryndan gujagyny dolduryp, oduň üstüne basdy. Şatyrdap tutaşýan otdan ýylpyldaşyp götärilen sarymtyl-gyzyl uçgünlaryň hersi ýokary galjak derejesine ötensoň, öňe-de hälki ýagan gary ýatladýan çalymtyl tozgajyklara öwrülip, tümlügi böwüsýän yşygyň ýagtysyna gaýda-gaýmalaşykdy. Ýassygy tirsekläp ýatan Han aganyň bolsa çygjaran ýüzi, ýagly aýasy bilen sypalaýan ýaňakdyr duluklary-da şol ýagta lowurdap, al-elwan öwüsýärdi. Eliniň aýasyny semiz dulugyna diräp, aýaklarynyň üstüne possun taşlap keserip ýatyşyna, onuň humarly gözleri ukudanmy, ýadawlykdanmy, garaz, ümezlenip gidýärdi. Şol pinek edip ýatyşyna, semiz duluklaryndan ýagly aýasy sypan halaty, mähnet kellesi ýassygyň üstüne togalanyp gaçjaga meňzeýärdi. Ol şol bada tisginip, öküziňki ýaly ala gözlerini mölerdip açýardy-da, sowan ajy çaýyndan hopurdadyp owurtlaýardy. Ýogyn ýuwdan çaýyny gülkuldadyp aňry geçirensoň, üstünden agyr daş aýrylan ýaly myşdyldap, iki egninden demini alýardy.

«Gürp! Gürp!»

Ala gözler peträp açyldy.

Meýlis bilen Şiraly üserilip, garaňky depä tarap seretdiler.

— Beh... beh... bi Pirweliniň çynymyka ýa-da howaýy atýamyka? — diýip, Han aga tirsek taşlap ýatyşyndan dikelip, Meýlis daga tiňkesini dikdi.

— Özi-ä goşanyň iki gözünem boşatdy.

— Bir zat görmese howaýy atasy ýok-la.

Oňa çenli tüpen öňe-de iki sapar atyldy.

— Baý-bow, Pirweli-ä bir sürüň üstünden bardy.

— Oň atyşy-ha, towşanlary sazagyň şahasyna özi daňyp goýan ýaly.

— Her okda birini awlan bolsa, dört towşany getirow.

— Şu wagt ikisi bolsa-da boljak.

Iki göwräniň garasy alaňdan aşyp, aşaklygyna indi. Pirweli bilen Jümmi üç sany çal towşany ellerinde sallap oduň başyna geldiler.

— Ine, Han aga, bular-a ýanyja otlamaga çykan ekeni. Nesip edenden şatur-şutur gazanda jazyrdadyp,

gowragada, ýüz-ýüzden göndersek, biziň öňümizde aw durmaz.

Han aga öňe-de ýassygy tirsekledi.

— Oň ýaly bolsa, serap bilen towşan kebabynam yzyna gaýtarmarys.— Ol loh-loh edip güldi-de, boşan çäýnegini ileri süýşürdi.

— Ýetimje, aý, Ýetimje! Han aga çaý demle!

— Ýaşula ajyrak demläp bärsenizläň!

Hamy sypyrylan towşanlary bölekläp, duzlaşdyryp, ýagy tüsseläp ýanan gazana atanlaryndan, jagyrdap ses çykdy. Jümmi çemçäni alyp, gazany ýetişibildiginden bulamaga başlady. Ýaga gowrulýan boz towşanyň, közde jyzyrdaýan şorja kebabyň ysy işdälere ýaňadan gylaw berdi, agyzlary suwartdy. Gökje kebaby eýlesine agdarsa, Ýetimje gaýnan suw bilen okara-çemçeleri ýuwuşdyrdy. Meýlis Han Arkalyýewiň ýarpylan ikinji konýak çüýşesinden onuň käsesine öňe-de guýdy, Pirweli dagy özleri üçin guýlan araga el ýetirdiler.

«Uaz» maşynynyň kabinasynyň üstünde öňe gözelip duran tüpeňleriň nilleri uruş ýyllarynyň «katýuşasyny» ýada salýardy. Kabinada şofýoryň ýanynda oturan Jümmi elindäki projektorynyň ýiti şöhlesini iki

gapdallaryndaky çöp-çalamlaryň, sazak-çalylaryň düýplerine tutup aw agtarýardy. Ana, belent depäniň, etegindäki çöplükde otlap ýören iki towşan yşyga düşdi. Jümmi elindäki projektory olaryň gözlerine tutdy. Olaryň çym-gyzyl gözleri gamaşdy. Belkem, gapylandyr. Üstüne aýylganç howpuň abananyny aňan janawaryň gulaklary sandyraýardy.

— Bogaz-a däldir-dä? — diýip, Şiraly seslendi.

— Biz olaryň haýsysynyň haçan ZAGS-dan geçenini näbileli — diýip, Meýlis jogap berdi. Şol mahal Han aga tüpeňiniň mäşesini gysdy. Towşanyň duran ýerindäki ýukajyk gar tozap gitdi. Bir gapdala agan towşan dört aýagyny kakyşdyryp, birsellem garlary peşeşdirdi. Oňa çenli bir eli pyçakly Ýetimje, zömpi telpeginiň maňlaýyny beýleki eli bilen aşak basyp, maşynyň bortundan böküp düşdi-de, çabalanýan janawary basymrak halallamak üçin, oňa tarap ýapyrylyp eňdi. Özüne golaýlaýan «Ezraýyly» aňdymy-nämemi, janawar çaganyň agy sesi bilen çyrlap çabalandy. Ýetimjäniň penjesi degen näzik göwre dutaryň kakylyp goýbärilen kirşi ýaly sandyraýardy. Ýetimje bogazy çalnan towşany bortuň içindäki beýleki gana bulaşan üýşmek awuň harmanyna oklap, ýöräp ugran maşynyň yzyndan dyrmaşyp mündi.

Awçylaryň kellesi göçüpdi. Aýaza ýüzi gapaklap demrigen çägeligiň çem gelen ýerinden ýüzugra sürülýän «Uaz»-yň, deminden ýerden ýöreýän dört aýakly janawaryň ganat bekläýmese sypjak gümany ýokdy. Anha, öňe-de dört «çyrajyk» ýandy. «Katýuşalar» göçdi. Ýetimje maşynyň tizligi haýallan badyna böküp düşdi, emma towşanlaryň biri iň soňky otlan ýerinde «myhmançylykda» galsa-da, beýlekisi aman sypdy. «Uaz» ýumlugyp gaçan towşanyň yzy bilen belendi-pesi, çöp-çalamy bilmän waz ýasady. Ýetimje maşynyň yzyndaky gyzyl çyralary zordan görüp galmaga ýetişdi.

«Sypan towşanyň yzyndan eňdiler-ow. Awlap gelerler».

Dogrudanam, awçylaryň gyzan kellesine şunça atylan okdan aman sypan towşany tutmak humary urupdy. Emma towsaňam öňär eken. Yşyga düşmejek bolup, sap atýardy. Çala düşse-de, özüni garaňka oklardy.

— Bi towşan tilkiden sapak alypdyr.

— Ýo... öň muň projektor bilen tüpeňden gözi mazaly gorkan bolmaly.

Towşan her zat etse-de, näçe ýyndam gaçsa-da, Jümminiň çyrasy ony gözlep tapýardy. Birdenem ol sakga saklandy. Maşyn tarapa göni öwrülip, öňir düşüp,

aman dileýän ýaly öň aýaklaryny ýokary götärdi-de, it oturyşyny etdi. Şobada-da Han aganyň gysan mäşesi ony ýere ýazdy.

— Häk... atmaly däld-ow, aw ompa oturypdy.

Bu söz Han Arkalyýewiň gülagyny atan okundan beter gapdy. Aw ompa oturanda, atan awça betbagtlygyň garaşýanyny ol köne awçylardan ençeme mysallar bilen eşidipdi. «Awlan awuň müňe ötende şeýle bolýarmyş» diýýänleri dogrumyka?»

Awuň keýpi humarly kellesine uran Han Arkalyýew ýaňky «Atmaly däldi» diýeniň kimdigini biljek bolup, ilki golaýyndaky Gökjäň, soňra Meýlisiň, Pirweliniň, Şiralynyň ýüzlerine dowar saňaýan ýaly, ýeke-ekeden seredip çykdy. Toşap käsesi ýaly gan öýlen ala gözleriň gazaply bakyşyndan sussy basylan adamlar, ýüzlerini aşak saldy, Ompa oturan towsaňam öňküleriň üstüne hütläp düşdi.

Maşyn öňe müňzäp gitdi.

Han Arkalyýewiň synçgylawugy tutup başlady. Ýaşaryp duran gözlerindäki üznüksiz syrygýan nemler çekgelerini üşedensoň, possunyň ýeňi bilen ýüzüni süpürdi. Aýasynyň sowuk ýumrusy bilen gijeýän göreçlerini owkalanda, gözýaşy owasyny awuşdyrdy. Şo

halat garry sazagyň düýbünde gymyldaýan towşanyň ýagyrnysyna gözi kaklyşyp, dessine mäşäni gysyp goýberdi...

Gymyldan towşanyň ýagyrnysy däldi... «Waý!» diýip çykan ses bilen bile janhowluna asmana böken Ýetimje şalkyldap ýere ýazyldy... Boljak iş boldy... Maşynyň hem projektoryň çyrasy ikisi bilelikde sazagyň düýbünde çalam-çaş bolup ýatan Ýetimjäniň göwresine düşdi. Maşynyň durmagyna mähätdäl adamlar bortdan böküşip, Ýetimjäniň ýanyna bardylar. Han Arkalyýew maşyndan hemmelerden soň düşüp, howlukman duranlaryň ýanyna geldi. Ýüzi ak garly doňak çägäniň üstüne akýan al-gandan çalaja bug götärilýärdi.

— Kim atdy?

Han aganyň bu sowaly garaňky gijede duýdansyz çakan ýyldyrymdan beter, duranlaryň gülagyny gapdy, endamlaryny düýrükdirdi. Olar durky bilen göze öwrüldiler. «Kim atdy?.. Kim atdy?..»

— Hany, tüpeňleri getiriň!

Täze buýrugy ýerine ýetirmäge Gökje bilen Jümmi ylgady. Han Arkalyýew olaryň maşyna münşüp, kabina söýelgi tüpeňleri goltuklaryna gysyp, her kimiňkini ellerine äbärişini ses-üýnsüz synlap durdy. Elindäki

tüpeňe seredip ardynjyrady.

— Äý, indi kimiň atanynyň tapawudam ýok-la. Boljak iş boldy — diýip, goşa nilini omurdy. Iki peşeňi çykaryp ýagta tutdy. Olaryň ikisi-de atylmandy... Muny duranlaryň hemmesi gördi. Güwä geçip, şaýat boldular. Pirweli, Meýlis, Şiraly dagy hem gaply oklaryny görkezdiler. Indi gözek...

Gökjäniň ýüreginiň gürsüldisi öz gülagyna-da eşidildi.

Onuň tüpeňinden bir peşeň boş çykdy.

Bütin göwresi-de boşap galana döndi. Onuň gapylan gulaklary hälki kükregini ýarara getirýän düňküldiňem eşidenokdy.

El-aýagyny, agzyny-dodagyny gymyldatmaga-da hatda adamlaryň ýüzüne seretmäge-de ysgyn-mejaly galmandy. Maňlaýyna sowuk der indi. Saňňyldaýan ysgynsyz ellerinden patlap gaçan tüpeňi aksowult çägäniň üstünde garalyp ýatyrdy.

Ýaňy adamlar Ýetimjäniň ýanyna howlugyp, böküşip maşyndan düşýärdiler, Han Arkalyýew boş peşeňi özüniňkiden alyp Gökjäň tüpeňine gaplady. Ony garma-gürmelikde duýan adam bolmandy.

Han Arkalyýew, Pirweli Penaýew, Meýlis Bakyýew, Şiraly Alyýew dördüsi bir çete çekilip, ýuwaşjadan hümürdeşýärdiler. Olar nämäniň maslahatyny edýärkä? Elbetde, Ýetimjäň. Ol belli zat. Başga nämäniň maslahaty bolup biler? Şu wagt şoňdan zerur näme bar? Öňe bu wakanyň, soňy näme bilen gugararka? Ine, muny bilýän ýok. Ýok, bilýän bar. Diňe Han Arkalyýewiç näme diýse şol bolar. Ak diýse ak, gara diýse gara. Ýalkasa ýaz, gargasa gyş. Onuňam etjegi içinde. Ýüregine düwen hyýalyny ýär- den ýöreýän iki aýakly bilip bilmez. Onuň bu häsiýetine ençeme ýyl ýanynda şofýor bolup ýören Gökje belet. Daşyndan göräýmäge, ol ýylandan ýumşak bolsa-da, zäheri onuňkydan awulydy. Etjek diýen zadyňy edýärdi. Gowy görenini, depesine götärýärdi, ýigrenenini ýedi gat ýeriň astyna sokýardy.

«Ýa-da awuň gyzgynyna kelle göçüp ataýdymmykam? Onuň kellesindäki Meýlisiň köne ylhanaty-da ylla towşanyň maslygyna menzäp dur. Beh... atanym-a ýadyma düşenok. Ýa-da maşyn silkende, mäşesine barmagym degäýdimikä? Belkem, özi göçendir...»

Iňkise giden Gökje şu oýlar bilen çommalyp oturyşyna, iki eli bilen maňlaýyny tutdy. Aýaly, çagalary gözlerini tegeleşip, milisiýanyň öňüne düşüp barýan Gökjäniň yzyndan seredip duran ýaly boldy. Oňa kir-

kimirsiz Garagumuň arassa howasy ýetmeýän ýalydy. Ot alyp duran içine sowuk howany dartdy. Onuň bilenem derdi ýeňlemedi. Ertirlik çaýyň başynda aýalynyň berýän nesihatlary gülagyna geldi:

«Meniň pendimi alsaň, etjek işiňi, basjak ädimiňi oýlanyşybrak edewäri. Sen ýanynda gözip ýe-

reňsoň, Han agany ýigrenýänler senem gözünde oky bolsa atjaklyr. Garganyň gaz ýöreýşini etjek bolup çatalbasyny ýazdyryşy ýaly, olar ýalakyň aýagyna eýgörjek bolma. Seniň arkaňda direnip duranyň ýa-da bolmaňa bir zat bolsa pul bilen agzyny petikler ýaly beýläňe süýşüren lomaý hazynaň ýokdur. Büdreseň öňsäňden depip, garynja ýaly mynjyradyp ötärler. «Wah» diýip gynanjak meň bilen garagöz çagajyklaryňdyr. Ýanyja ulymyzy ilhatary durmuşa çykardyk. Beýlekileri-de abraý bilen gözli-başly edýänçäk, Hudaý gorasynda...»

Golaýda uniwärmagyň direktorynyň ogluna durmuşa çykan gyzy Bossangülüň keýpi iki hilidi. Ol barmaklaryndaky göwher gaşly gyzyl ýüzüklerini oýnap bir sapar şeýle diýdi:

«Biziň-ä zar zadymyz ýok, Hudaýa şükür. Elimiz uzadan ýerimize ýetýä. Köýneklerimi görup,

joralarymyň içi-bagry tüteýär. Tütäp geçsin. Öňe... şu Ataşka... Soňky wagtlar üýtgäp ugrady. Öň öýden çykaryp bolanokdy. Indi öýe gijäniň birmahallary köwlenýär. Kä gün-ä lüljan, käte-de neşeden doýup gelýä. Öň-ä biraz gulak asaňam bolýardy, indi gaýynlarymyň aýdan-diýenine soganam dograp berenok. Kellesine geleni edýä. Gaýynlarym «ýaşlyk ýelginidir, düzeler» diýýärler. Belkem...»

Gökje Han aga tarapa seretdi. Çilimininiň tüssesi zogdurylyp burnundan çykýar. Han aganyň bir-ä gahary gelende, birem bir zadyň pikirini edende, yzly-yzyna çilim çekýänine Gökje beletdi.

«Şu saparam bi beladan alyp galaýsa, ölýänçäm Han aganyň güly bolup gözerdim. Öýdäkini eňredip, çagalary yzladyp, gözenege dykmaňalar, etimi kärçeläp, gowrup iýseler-de kaýyl. Ynha, käöňe ýüzüm, ursa arkam. Eşek edip münse-de, it edip gapysynda daňyp goýsa-da gaşymy çytman...»

Han Arkalyýew elini garnynyň üstünde gowşuryp, şofýorlar tarapa ýöneldi. Ol üçüsi-de iki gapdalyna geçdiler. Şiraly Gökje bilen Jümmä köpräk ojar ýygyp, şu ýerik üýşürmeklerini buýurdy.

Kärzowoý ädikleriň depgisine omrulýan garry

sazaklaryň gütürdisi-şatyrdysy imisalalygy bozdy. Üstünden ençeme çarşenbäni geçiren käbir sazaklaryň böwri öte bişen waharmanyňky ýaly, darka-darka ýarylyp, içleri garaküle öwrülipdir. Olar ýygan odunlaryny bir ýerik daşamaga başladylar. Basylan ojarlar gara öýüň gabarasyna deňeçär boldy.

Jümmi ogürlyk edýän ýaly, ýuwaşlyk bilen pyşyrdap Gökjeden sorady.

— Äý, bular müňça oduny nätjek bolýarkalar?

— Tezeden nahar-şam edinjek bolaýmasynlar. Öňki iýlen-içileniň bary bir köpük boldy ahyry... Ýetimje keýpi uçurdy.

— Ýetimjäň, jesediniň ýanynda bokurdakdan zat geçärmi?

— Ony maşyna ýükleris-dä!

— Ýükläňde näme?

— Onda sen näme üçindir öýdýäň? Ýa Şiraly hümmüz otlamaga äkitjekmikä?

— Aý, meň-e hiç zatdan başym çykanok. Ýada ötüki... neşeden birki baş soraýjakmykalar?

— Han aga edýärmi?

— Bularyň etmeýäni barmy?

Az wagtdan olar ortada süýtli külçäni goýup, ýeke-ýekeden aýaklary bilen basdylar-da, duzdan ant içip, «awy» ýaladylar. Şu bolan iş şu ýerde galmaly. Kimde-kim ikilik edip, şu waka hakda agzyndan ýarty agyz söz gaçyrsa, onuň başyna Ýetimjäniň gününe saljakdyklaryna, Hudaýdan, Minaraatadän, gürhandan, çagalaryndan kasam etdiler. Soňra ojaryň ortasynda ýatyrylan Ýetimjäniň üstüne ýarty bedre benzin döküp, hemmesi gözlerini daňdy. Hemmesi-de eline otluçöp alyp, deňine çyzdylar, üýşmek oduna okladylar.

Güpbe lowlan küde odunyň ýalnyna ýüzleri gyzyp giden adamlar şobada birki ädim yza çekildiler.

Şatyrdap tutaşan äpet ýalyndan geýim-gejimiň agyr ysy kükäp başlady.

Olar oda seredibilmän, ýüzlerini kese sowup, başlaryny salladylar.

Gözi bilen görenler bu aýylganç wakany köp wagtlap ýatdan çykaryp bilmedi. Ylaýta-da Şiraly Alyýew. Ol ençeme sapar düýşünde gygyryp, tas aýalynyň ýüregini ýarypdy. Aýaly onuň näme samraýanyna, nämeler diýip gygyrýanyna düşünip bilmän, düşeginiň üstünde dyzlaryny gujaklap dik oturardy. Käte bolsa

Şiralyny yralap turzup, ol görgülini düýşündäki ejir görgüsinden dyndarardy. Gökjäniňem, Jümminiňem çekýän jebirleri, görýän görgüleri Şiralynyňkydan kem däldi. Öz kärdeşiniň bir zamanda küle öwrülenini gören şofýorlaryň agyzlaryna uçuk gaýnapdy. Hamana özleriniňem başyna şeýle elhänçlik inäýjek ýalydy.

Ýürek hemme zady öňünden duýýar...

Dogrudanam, Ýetimjäniň başyna inen betbagtlyk bularyňam başyna düsermikä? Belkem. «It alnyna gelen gürt alnyna-da gelermiş» ahyryn.

2

— Gara Mergeniň ogly Ahmet Han aganyň gyzy Läle bilen söýüşýärmiş.

— Ahmet oň gyzyňa däl-de, baýlygyna aşyk bolan bolaýmasyn?

— Haý, zaluwat, kimiň gyzyňy tutmalydygyny-ha bilipdir-ow.

— Aşgabatda okaýarkalar, Han agaň ogly Batyr bilen dostlaşan bolup, onuň uýasyny nyşana alýan eken-ow.

Batyr bilen o gyzyň ejeleri başga ahyry. Batyr ilki aýalyndan, gyzy soňkusyndan.

— Bolanda näme. Çagaýataklary aýry bolanda-da, ikisem Hanyň bilinden önen perzent-dä.

— Aý, şo Batyryň-a Han bilen arasam saz dälmiş.

— Ony diýseň, Han bilen kakasy Arkaly aganyňam ugry ýok diýýärler.

— Aý, iliň gepidir-le. Bi millet siňek ýaly gepi ulaldyp pil ýasaýa.

— Bä, onda Hanyň ähli baýlygy Gara Mergeniň ogluna galjag-ow?!

— Iliň çagasy bela ýaly. Bar zady öňden görýär.

— Aý, oňa bi ýollary kakasy Gara Mergen salgy berendir.

— Biziňkileriň-ä salgy bärseňem oňarýan goşy ýok.

***

— Ýetimje gürüm-jürüm bolupmyş-la.

— O bedibagt nirä ýitirim bolduka?

— Işden çykmak üçin başlygy Şiralyň stolunyň üstünde arzasyny goýupmyş-da, şoňdan soň ony gören-bilen ýokmuş.

— Hany, ol Amur oblastyna işe gidýänleriň arasyna goşulyp gidenmişem-ä diýýäler. Ol ýere barsaň, taýýarja

jaý, saklasaň mal-gara-da berýärmişler. Ony aýt-da, muny goý. Gaz ýaly moýmudyklap ýören sagymçy gyzlaryň iöň gaýmaklary endamyna çykyp gidenmiş. Ärkegi görse boýnuna böküp duranmyş.

— Bäh!..

— Haý, ýetim zaluwat. Mele gülpak gelinleriň gujagynda meýmiräp ýatjag-ow. Gitmeli ýerin-ä bilipdir.

— Bäşinji ýanwarda biziň aäroportdan Aşgabat — Irkutskä bilet alanyny samolýotyň kassasyndan anyklanmyşlar.

— Aý, şo Amur diýilýäni ugrunda bardyr-ow.

— Men-ä şo ýigidiň, aňyrsam düzüw dälmiş diýip eşitdim. Onuň adyny-sorunam bilýän ýok. Ah-ow, şol aramyza goýbärilen içaly-piçaly bolaýmasyn? Bi kapitalistlerden her zat çykar.

— Ha-ha-ha!..

— Gülüň bakaly...

— Biriniň gyzyňy alyp gaçanmyşam-a diýýäler.

— Aý, oň ýaly bolsa, pylankesiň gyzyňy alyp gaçypdyr diýip ýurda jar ederdiler-le. Ol-a ýöne gürrüň bolaýmaňa.

— Dogrudanam, şoňuň doglan ýerini, pasportynyzadyňy gören barmyka?

— Ýetimjäň doglan ýeri, pasporty kime gerek? Eger ol pylankesiň ogly bolan bolsa ýa-da ýokarrak edarada oturan bolsa, tohum-tijine çenli ýetik borduňyz. Adynyda jan goşup tutardyňyz. Ýetimje ýalylara, hol «Ýeňiş» kolhozyndaky Goç agta ýalylara köçede ölüp ýatandada, wah-wah diýjek ýok.

3

Bu ýylky ýaly ýagyşly bahar segsene golaýlan Arkaly aga-da ýadyna salyp bilenokdy, ondan ýaşy bärräkdäki Jumaguly aga-da: «Beýle ygally bahary gören-eşiden däldiris» diýip gürrüň edýärdi. Jaýlarynyň üçegi şifärsiz adamlar: «Palçyk tamymyz äräp gidäýmese ýagşy» diýip howatyr bilen gözlerini gije-gündiz guýup duran asmana dikýärdi.

Jumaguly aga demir pejinin tegelek gapagyny ätişgir bilen şakyrdadyp süýşürdi-de, suwdan dolduran gara tüňçesini oturtdy. Otagyň içi garaskyrap ugrady. Ol diwardaky tokgaja zadyň çykyp duran göbejigini şyrkyldadyp, ýokary galdyrdy. Kirli simden sallanyp duran armyt ýaly çyra öçügsi ýandy.

Daşardan sygyrlaryň, göLäleriň molaşýan sesleri geldi.

«Goç sallaham-a geld-ow» diýip, Jumaguly aga içini gepletdi. Goňşy otagda sagymçylaryň biri bedresiniň tutawajyny, beýlekisi bidonynyň gapagyny şakyrdatdy. «Höw... küş... höwlim-höwlim!» diýen sesler eşidildi.

Süllümbaý ezilen sygyr çopany gapyny açyp, boýnuny uzatdy.

— Aksakgal, barmysyň? Giç ýagşy!

— Waleýkimsalam, Goç inim, gel, gelen ýagşy.

— Häzir, men plaşymy bir çykaraýyn... Beh, aksakgal diýýän-ä, büý Burkut ata, bu ýyl nädiberdi bi?

Jumaguly aga ýassygy tirsekläp, uzadyp ýatan inçeden gara aýaklarynyň dyzyny döşüne çekdi. Goç içeri girip:

— Bu ýagynly howada gyzgyn peç adama ýaraman durjak däl — diýdi-de, pejiň golaýyna çökdi.

— Goç inim, gowusy, çaý demle. Ana, tüňçe-de şyglap ugrady. Gök çaýyň başynda eşiden-gören täzelikleriňden gürrüň bär.

Goç padymanyň iki lakamy bardy. Köplenç sallah diýärdiler, özi ýok wagty agta diýip tutýanlaram ýok däldi. Bardy-geldi soňky lakamyny tutanyňy eşidäýse,

öler ýaly gaty görýärdi. Bu iki lakamy-da Minaraatanyň adamlary goýupdy. Goç sallah ýerinden gozganyp, ýarty gap çaýa elini uzatdy.

Goç sallah Minaraata obasynda doglup, üç ýarym ýaşyndaka ejesi garahassalykdan, kakasy bolsa uruşda ýogalypdy. Ony daşkyrak garyndaşlary ýygnapdy. El ýaly tötäk tapan güni başy asmana ýetdi. Özüni bileli bäri çopan taýagyny elinden düşürmezdi. Ilki garyndaşlarynyň bäş-on dowaryny bakdy. Ýuwaş-ýuwaş onuň sürüsi köpelip ugrady. Goňşy-golam birlän-ikilän tokludyr goýnuny goşdy, dura-bara bütin obanyň çekenesiniň garamaty boýnuna düşdi. Birki ýyl geçensoň, obanyň sygyrlaryny bakmaga başlady. Ol her gün agşam sygyr eýeleriniň biriniňkide şamlyk edinýärdi. Ertirligini, günortanlygyny-da — şol öýden alardy; käte ýarty, käte-de üçden bir çöregi, garybrak öýlerden bir zagarany düýe ýüňden dokalan köne guşagyna dolardy, birki atymlyk çaýy-da daşynyň nagyşlary sökülip giden çaýhaltasyna salyp, alyşdyran zatlarynyňhemmesinikirlitorbasyndakygaratüňçesiniň ýanyna dykyşdyrardy. Soňra gk eşeginiň gaňňasyndan torbasyny ildirip, kendirden işilen ýüpünden tutardy-da (tutsa-tutmaňa-da, eşegi onuň ýanyndan bir ädimem aýrylmazdy), gumak ýol bilen, toýnaklaryny

şarkyldadyp barýan sygyrlaryň yzyna düserdi. Her kim öýleriniň deňinde, sygrynyň şahyndan ýüpüni ýazdyryp sürä goşup goýberdi. Goç sallah ömürboýy müjärret geçdi diýmäge hiç kimiň dili barmazdy. O jahyl çykan ýyllary gelin-gyzlaryň pynhan-pynhan seredýäni köpdi. Goç sallah dul heleýleriň düýşüne-de girýärmiş diýip obada myş-myş bardy. Ol üç sapar men diýen mes, dul heleýe öýlendi. Ýöne, nämüçindir, birinjisi-hä bir hepdeden, ikinjisi-de on bäş günden aradan çykdy. Onsoň, Goç sallaha şübhälenip ugradylar. Aýallaram, gürrüň-gybatyny bes eden ýaly boldy. Ýöne, günlerde bir gün onuň köpbesinden öňe bir uzyn etäkli girip-çykmaga başlady. Minaraatada ol barada täze-täze habarlar ýaýrady. Goňşy obadan gelenmiş. Olam Goç sallah ýaly ýetimmiş. Obanyň adamlary her günde ertir bilen Goç sallahyň köpbesine seredýärdiler. «Bu gün ol aýal daş çykarmyka, çykmazmyka? Näçe gün ýaşarka?» Öňe ilkinji günler köpbäniň töwäregini syryp-süpürip, suwlap, darsyldap ýören aýalyň soňabaka bady gowşady. Daşary çykmasyny-da kemeltdi. Onuň ýanyna bir bahanajyk tapyp baran aýala aýtmasyz zadam dilinden sypdyranmyş: «Allatagala bu özidi toýnakly haýran edip ýaratjak ekeni welin, ýalňyşaýyypdyr. Çydar dagy eder ýaly däl». Bu gep şol gün aýallaryň arasyna ýaýranam

bolsa, erkekleriň ondan öňräkden bäri habary bardy. Ýöne näme etjeklerini, nähili alaç-çykalga tapjaklaryny bilmän, ýaýdanyşyp ýördüler. Ol aýalam üç aýdan soňra ýagty dünýe bilen hoşlaşdy. Şodurda-şoldur, ýa oňa barmaga bogny ysan aýal tapylmady, ýa-da Goçuň özi hiç kimi almady. Ol özüniň sallah güni bilen gözdi ýördi. Adynyň yzyna-da sallah lakamyny ýelmediler. Ýöne başga bir zat, bildirmejek bolsalar-da, erkek ýüregi şübhäçil bolýamy-nämemi, Minaraatada başyna telpek geöňleriň köpüsiniň göwni iňkislidi. Zerur işleri bolsa-da, öýlerinden uzaklaşyp, ýabany ýatyp bilmän, ýüreklerindäki galagoplygy hem egsebilmän, iňňäň üstünde gözen ýaly bolup ýördüler. Ýöne, sygyrlaryny bakdyrmaga başga adam tapmansoňlar nalaçdylar. Onsoň, syrgyn köçäniň bir ujundan başlap, her gün agşam bir hojalykda naharlanýan Goç sallah geljek güni şol öýüň ärkegi ähli işi-pişesini taşlap öýlerinde bolýardy. Nahary-çaýy özi äberýärdi. Aýalyny içerik salyp, onuň gözüne görkezmän, basymrak ugradanyny kem görenokdy. Ýöne, bir wakajyk iküç adamyň gonjuna gor guýdy. Aýal bilesigelijiligi bilen, birki zenan äpişgäniň tutusynyň aralygyndan Goç sallahyň sypatyna ogrynça seredenmiş. Olaryň biri-hä aýalyny suwa salma öňjenmiş. Aýtmaklaryna göre, gök-dalak

bolan synasyny gozgap bilmän, iýmäge-içmäge-de ýaramansoň, onuň agzyna Pamygy ölläp, suw damdyryp oturanmyşlar.

Bir gün obada uly toý boldy. Bu toý uruşdan soňky bolan iň dabaraly toýlaryň biridi. Toý eöňi ýekeje ogluny öýlendirensoň, aňyrsynda baryny-ýogyny orta dökdi. Akly-gyzylly çüýşelerden kim näçe içse, hasap-häsip soran bolmady. Oba jahyllary, baý şol gije guduz açdylar-ow! Horaz gygyryp, gün dogýança märeke jaýyndan her hili sesler, gülküler eşidildi durdy. Goç sallaham paýyny gidermedi. Ýöne, goltugyna guş berip, oňa ep-eslini garyp-gatyp içirdiler. Ol aýaklanmadyk köşek ýaly patanaklap, özüni zordan köpbesine atdy. Şol durşuna — eşiklerini-zadyňy çykarman, kellesini ýassyga goýandan, uka gitdi...

Gijäniň haýsy mahalydygy belli däl, çydamsyz agyra döz gelmän, gözlerini açjak boldy, gygyrjak boldy, bolmady. El-aýagyny-ha butnadybam bilmedi, hatda gözleri-de mäkäm daňylgydy. Agzynyň içine dykylan esgi-de äňini ýazdyryp barýardy. Birdenkä-de göbeginiň aşaklaryndan ýüregi sogrulana döndi. Ol küçen ýaly iki bükülip, özünden gitdi...

Ertesi padyman gök eşeginiň nogtasyndan idip,

gumak ýolda sygyrlarynyň yzyna düşmedi. Sygyrlaryny näme etjeklerini bilmän duran heleýler ärleriniň üstüne gygyrdy. «Baryň, turzuň o doňuzy, öten agşam öler ýaly içendir o meýdi ýanmyş...»

Sallahyň öýüne gelip görseler, onuň balagynyň bir satany çykarylgy, özem gara gana bulaşyp, demini saňap ýatyr. Henizem toý eden ýaşuly gepden-gürrüňden gaçyp, ökde tebibiň yzyndan adam iberdi. Tebip Goç sallaha deri-derman edip, aýak üstüne galdyranmyş. Ine, şeýdibem, ýürekleri müňkür obanyň erkekleri-hä arkaýyn boldular, aýallaryň köpüsi içlerinden gargyş baryny okap, beýle jezany oýlap tapan jelladyň wagşylygyna ýakalaryna tüýkürdiler.

Ýöne, hemme zadyň tebibem-dermanam wagt diýen zat ekeni. Aý-gün geçdigisaýy gep-gürrüňem ýatyşdy, begenenleriňem, gynananlaryňam ýürekleri düşüşdi. Goçam öňki Goçlugyna galdy. Ýöne, bärlen jeza welin, onuň düýnki ýaly ýadyndady. Gije düýşüne zenanlar girende, şol öňki Goçduryn öýdýärdi. Wakanyň iň, gyzykly ýerinde... ukudan oýanan wagty ah çekip, garry ýolbars ýaly bir nagra dartýardy-da, demsiz-düýtsüz oýlanyp ýatýardy. Indi onuň oýun-gülki bilenem, gyzyl-çyzyl bilenem işi ýokdy. Mydama egni aşak, başy salykdy, susty pesdi. Ýöreýşini-de üýtgedipdi: maýrylan

mal ýaly, absaňaklap ýöreýärdi. Şoňdan soň gylykhäsiýetem üýtgedi. Bütinleý başga keýp-neşe geçdi, durky bilen içgä bärildi. Gapdalynda götäröň torbasyna: «Bir çuýşe çakyr salmaňaňyz, sygryňyzy bakjak däl» diýip obadaşlarynyň öňünde şärt goýdy. Oba oňa-da razy boldy. Ol köpbesine gelip, «Çemeniň» dykysyny ýuwaşlyk bilen açyp, moýly käsesine lykyrdadyp guýýardy-da, ýeke özi içýärdi, ýeke özi-de humaryny görýärdi. Sygyrlary ertir irden äkidýärdi, gün eňegini ýere dirände-de obanyň gyrasyndan girýärdi.

Her döwür, bir döwür diýleni...

Öňler sygyrsyz, bäş-on dowarsyz hojalyga «Öýlerinde ne çaly bar, ne-de mäleöň dowary. Jöw-jöwleýän ala ganjygyndan başga dört aýaklysy ýok» diýlip haýran galynardy. Dükanlarda un haltalar münderlenip durandyr. Onsoň, kim öz mellegine bugdaý eksin? Dökün dökmeli, sürmeli, ekmeli, suwarmaly. Soňra harman edip döwmeli, haraza äkidip, un etdirmeli. Bu görgüleri görüp ýörenden, hon-ha, magazine bar-da, näçe halta gerek bolsa minnetsiz alyp gaýt. Şeýdip, mellege bugdaý ekmek düýbünden ýat boldy. Gyşyň şatlama aýazyna, sygyrdyr dowarlaryň, eşekdir kürreleriň ýiti toýnaklaryna döz gelip, baharda hiç zat bolmadyk ýaly pajarlap boý alýan dok däneli, güýzlük

bugdaýyň, tohumy-da ýitip giden oguşýa. Bugdaý bolmaňa, mal-garaňa samany nireden aljak? Indi aýallar tamdyrlaryny suwamaga ýarty halta saman tapman, agaç owuntugy bilen mydar edýärler. Uruşda, adamlaryny açlykdan alyp galan jöweniň tohumy nirede? Hamyryna käşirdir kädi salnan, ýaňyja tamdyrdan çykan pökgi zagarany göwünler küýsemeýärmi?! Han aganyň kakasy Arkaly aga: «Aşgazanym agyrýa» diýip, doktora ýüz tutanda, ol: «Jöwen ununy tapyp, kürtük etdirip iýseňiz, ýagşy bordy» diýenmiş. Han aga Garagalpagystana ýörite adam iberip, bir batman jöwen ununy getirdenmiş. Ýok zady tapar ýaly, näme, hemme kişiniň ogly raýkomyň birinji sekretarymy? Ine, öň her öýüň dulunda haltalap duran jöwen indi gyzyla barabar boldy. Hem malyna, hem özüne gerek bolan bugdaýdyr jöweniň melleklerde ady ýitensoň, aýallar hem garadaňdan turup, aç sygry sagmany kyn gördüler. Goç sallahyň sürüsindäki sygyrlar azalyp ugrady. Biri bazarda satsa, beýlekisi aýaklaşma etdi, öňe biri et kombinatyna geçirdi. Bar, aýdaly, ulular süýt-gatyksyz eýdip-beýdip gününi görär, çagajyklar huruşsyz näme etmeli? Oňa-da bahana tapdylar. «Süýt-gatygyň ornuny , gawun-garpyz, gök-sök tutar» diýişdiler. Ine, şeýdilip, türkmeniň ata-baba ýöredilip gelinýän däplerinden:

ekärançylygyndanam, her saganda... bedre-bedre ýagly süýt berýän sygyrlaryndanam adamlaryň özleri ýüz dönderdi oturyberdiler. Soňra obada galan bäş-on sygyr üçinem Goç sallahyň taýagyny süýräp, köwşüni tozdurasy gelmedi. Ol mallary eýeli-eöňine gowşuryp, kolhozyň sygyr fermasyna işe geçdi.

— E-eý, Jumaguly aga, Jumaguly aga... — diýip, Goç sallah demlän çaýnegini aksakgalyň öňüne süýşürdi. — Obada näme täzelik bolsun. Hemme kişi ekişiň, gürçuk tutmagyň ugrunda hozanak. Bu gün tutly kartany çizelläp, ikinji sapar söküp ekdiler. Başlygymyz Pirwelem şo ýerde ekeni. Maňa: «Armawäri, Goç! Nähili, sygyrlarňy semredebilýäňmi? Bularyň ýaman hor-la» diýýä. Meniňem geldi gaharym. «Edil ýüzüňe diýýän, başlyk, kesäňden gybatyňy edemok — diýdim. — Pärme ot-iým berdi-de, menem bulara bermelidimmi? — diýdim. — Güry ýandak bilen öten ýylky gowaça çöpünden sygyr semrärmi? Meýdanda, ynha, görüp dursuň, mala zat ýok» diýdim. Sesini çykarybilmän, lam-jim bolaýdy. Çizellenip ýörlen ýerden bir kesek alyp, owradyşdyran boldy, ony ýanyndakylara görkezen boldy. Oňa çenli bir görsem, Gytjanyň sagýan şahy döwük haram ölmüşi köne ýorunjalyga ýetip barýa. Menem Ýaltamy münüp (ýabysynyň ady), ony yzyna

gaýtarmaga gitdim. Onsoň, yzymdan näme gürrüň edendiklerini Alla bilsin.

Jumaguly aga bir eli bilen ak sakgalyny owuşlap, käsesindäki çaýy çalaja üfledi-de, owurtlap ýerde goýdy.

— Mal janawarda ideg bolmaňa, itiň hory bor-da! Ot-iým bärmän hem-ä olary balyk ýaly semretjekler, hemem bedreläp süýt aljaklar. Boldumy o? Bi ýolbaşçy men diýip ýörenler agyzlary bilen aş gatyklamaga öwrenipdirler. Bylaň ýekeje oňarýan zady ba. Olam günde-günaşa ýygnak çagyryp, hol, panar tagtadan ýasalan uzyn ýeşşigiň aňyrsyna geçip sarna diýseň — ine, şoňy weli, baý başarýarlar-a!.. Jumaguly aga, men-ä torbamdaky öz çaýymdan içäýjek. Ýarty soganjygyň ýokmy?

— Bardyr. Duran ýerini özüň bilýän-ä. Sorap näme etjek.

Goç bir düýp sogany getirip, güran gabyklaryny artyşdyryp, çakgysy bilen iki tarapyny kÝeňişdirip iki böldi. Torbasyndaky «Çemen» çüýşesiniň kagyz dykysyny aýryp, käsesine guýdy.

— Häli, günortanam ýarsyny içipdim.

Ol käsäni ep-esli wagt ärninde saklap, çakyry süzüp

içdi. Soňra soganyň jübt gabygyny çümmükläp tutdyda, burnunyň deşigine dykjak ýaly, owadan murtuna degirdi-de, gözlerini ýumup ysgady.

—Goç inim, öz-ä bi zadyň keýpini görüp içýäň-ow.

Aksakgal bu sözleri diýse-de diýdi welin, içinden: «Bi işigaýdanyň, bi dünýede şunnan başga näme keýpi bar? Guwanara ogul-gyzy bolmaňa, öýüni ot alsa-da, köne ýorgan-keçesinden başga tütäre zady ýok. Onnaň, bi içmän, kim içsin!» diýip, ýere bakyp oýlandy.

Goç eliniň aýasy bilen dodaklaryndaky serabyň ýokundysyny süpürdi.

— Ýaşuly, şuny etmesem bir zadym kem ýaly. Içemsoň welin, ýüküm ýeňlän ýaly bolaýýa. Öýe barýançam, kellämem mazaly gyzdyrýa. Onsoň, dünýäni unudyp, şeýle bir meýmirep uklaýan welin, hiý, sen goýaý. Ylla şalaryn köşgünde ýatan ýaly! Bujagaz galanynam içip, ýuwaş-ýuwaşdan turaýyn, onsoň. Entek belli däl, öýüň depesinden ýagyş geçýän bolmagam mümkin...

***

Jumaguly aga, şol bir endigi boýunça, daň agaryp, diwardaky çüýden asylgy radiosy şyglap ugran badyna ukudan oýandy. Ýylyjak ýorgany bir bada üstünden serpesi

gelmän, gujagyna çeken dyzlaryny, buz ýaly injiklerini owkalaşdyrdy, öten ýyl gyzgyn çöge gömlende, Arkaly aganyň aýaklaryna igenenini ýadyna saldy. Ol şeýle diýipdi: «Yzgar garymda, gyrpaklap duran läbik suwda, guşaklyga gelýän garyň üstünde süýşeneklänіňizde-hä üşemeýädiňizem, kesellemeýädiňizem. Indi gel-gel hiç kim azar bärmän, peçe çoýup, ýorgana büräp ýatylanda näziňizi artdyrýanyz. Häý, näme diýseňem, ýyllar öz tagmasyny basýar-ow. Ynha, tüýnüksiz-gapysyz, garanky jaýa — ýedi depim ýeriň astyna salarlar weli, şoňda näderkäňiz?..»

Daşarynyň howasy şeýle bir arassady, alýan demiň öýkeniňi mylaýym sypalap, süňňüň ýeňläp barýan ýalydy. Ukudan oýanan serçeler köne tuduň şahalarynda jürkde-jürkleşip pysyrdaşýardylar.

Birdenkä...

Birdenkä, Jumaguly aga doňup galdy. Ösgün gaşlary bürşüp, öňküsinden beter hüjjärdi. Malýatagyň palçykdan salnan diwarynyň bir tarapy ýokdy. Ol düýnki ýagşa opurylyp, üstündäki şifärler dyr-pytrak çaşyp ýatyrdy. Ýagynda-ýagmyrda mallar şol bassyrmany penalaýardy. Gürygançylyk günleri bolsa bassyrmanyň öňündäki adam boýy galdyrylan palçyk haýatyň içinde

bolýardylar. Haýatyň içi asmandan nem damsa-ha baýaky, dammaňa-da jorka dönüp ýatyrdy. Sagymçylar onuň içine köwüşli giribilmän, ädiklerini horsuldadyp, zeýrÝeňişip ýörýärdiler. Häzir bolsa ne bassyrmanyň, ne-de haýatyň içinde janly-jandar görünýärdi. Gum-guklukdy.

«Hany mallar?»

Jumaguly aga awuna topulan garry gaplaň ýaly, ýapyrylyp içerik ylgady. Howul-hara egnine köne donuňy ýelbegeý atynyp, ädigini gowaldan sokdy-da, süýtli bidonlaryň maşyna ýüklenýän belendiňe çykdy. Heniz dogjak günüň orny gyzarmaňa-da, endigi boýunça elini maňlaýyna kölegeledip, töwäregine seretdi. Ýaşuly gyssanjyna içinden käýindi.

«Bi sagymçy tulalar irräk geläýýärdi. Bu gün bylaram ýär ýuwdan ýaly, gara berenoklar. Ärleriniň ýanynda eljireşip ýatandyrlar. Ýeri, o sallah agta geläýmel-ä häzir...»

Jumaguly aga ädigini palçyga şypbykladyp, mallaryň yzyny yzarlap gitdi. Yzlaryň ugry ýorunjalyga tarapdy. Öten agşamky Goç sallahyň Gytjanyň kelek sygrynyň körpe ýorunja eňişini gürrüň bereni ýadyna düşdi.

«Hä... boldy, boldy, o haram ölmüşiň düýn körpe

ýorunjadan agzy tagam tapyp, bu günem ähli mallary yzyna tirkäp äkidendir».

Jumaguly aganyň sandygyna howp düşdi. Ädigini horsuldadyp, çaltyrak ýörejek boldy. Emma güýç-kuwwaty kemelen injikleri syzlaşyp, gürsagy hyjlady, döwşäp demini aldy. Köne ýabyň raýşyna emedekläp diýen ýaly çykan aksakgal, agzyny açyp, zordan demini dürsedi. Eýýäm iş işden geçipdi.

Garşydaky körpe ýorunjalygyň içinde sygyrlar çişen garynlaryny depe ýaly edişip ýatyrdy.

«Pahaý, eden işiňiz bar bol-a!»

Arly gyş gök ota zar bolan janawarlar körpe ýorunjadan görk-gäbe doýan bolmaga çemeli.

Aksakgal mallaryň golaýyna baryp, maslyklaryň arasyna goňan garry bürgüt ýaly çommalyp oturdy.

Janawarlaryň demini saňap ýatan syrkawlar ýaly hyklaýşy iniňi düýrükdirýärdi. Bularyň köpüsiniň garynlarynda entek dünýä inmedik gölejikleriň urnup-çabalanýany ikuçly däldi.

Aksakgalyň çöňňelen göreçleri çygjardy.

«Edil biri gürsagyma guýan ýaly: «Bassyrmany täzeden salmaly, Pirweli. Mynyň binýady köwlüp

gutarypdyr. Bir gün bizi biabraý eder» diýenime heniz on gün geçenok» diýip başyny ýaýkanda, ak sakgaly iki ýana ykjady.

Raýyşyň tümmekleriniň birine goňan gara garga maslyklaryň bolaljagyny buşlaýan ýaly, aldygyna gagyldady. Onuň çakyr sesi ertiriň ümsümligini bozýandygy üçin, has hem ýakymsyz eşidildi.

Gytjanyň kelek sygry jany çykmanka, özüne meňzäp duranja gölejigi ýadygör goýup, gözlerini açyp gitdi. Janawar ony ýalap, daşyny güratmaga-da ýetişmedi. Gytja öňlügi bilen gölejiginin endamyndaky ýorkalary süpürişdirip, onuň enesiniň başujunda aglamjyrap otyrdy. Ol ahyry çaýsaňaklap, ýerinden turjak bolýan gölejigi öňlügine dolap gujagyna aldy.

«Seni ýatlap durarym ýaly, yzyňda nesil goýup gideniňe-de şükür» diýip, Gytja kelegiň maňlaýyny sypalady. Gölejik Gytjanyn goltuklaryna tumşujagyny sokup, bir zatlar gözleýärdi. Onuň näme sermenýäni bellidi...

Pirweli Penaýew, Batyr Arkalyýew, ferma müdiri Baýly boçka, Jumaguly aga, Goç sallah dagy hol aňyrda üýşüp, bir zadyň maslahatyny edýärler. Pirweli biriniň üstüne gygyrýardy. Onuň: «Ýal ýagylary» diýen sesi

Gytjanyn gülagyna ýetdi. Başga näme diýenini eşidip bilmedi.

Niredendir bir ýerden uçup gelen gök siňek, kelegiň çylgym ýol ýasan gözýaşynyň üstüne gondy. Gytja elini kelemenletdi. «Häý, küş... eýýäm sen nireden ýetişäýdiň?.. Hüş, özit...» Gök siňek wyzzyldap uçdy-da, kelegiň çişip duran ýelniniň üstüne gondy.

«Hüş... Häý, seniň...»

Golaýda ýatan bir sygryň garnyna, owadanja geçiguşy gelip gondy. Ol tyrňyllap çişen garnyň üstünde iki-baka loňkuldap, kiçijik çuňkleri bilen tüýleriň arasyndan bir zatlary çöpleýärdi. Dumly-duşda mör-möjekleriň, torgaýdyr serçeleriň owazlary eşidilýär. Garagumuň ürgün çägeligini çar tarapa sürüp, täze açylan bu boz meýdana ekin-tikine öwrYeňişsin diýip, iki ýyl mundan ozal ýorunja ekipdiler. Onuň içinde gögören suwotular başlap, ýandaklar gülläp, ýorunjalygyň depesinden saýa salyp otyrdy. Hemmesinden ösgün gamyşlary bolsa geçen gije ekine düşen mallar omruşdyryp gidipdir. Çar-töwäregiň sygyr paşmaklarynyň yzydy.

Göm-gök asmanyň ýärdäki sütüni ýaly bolup görünýän minara tarapdan ýük maşynlaryň ikisi, yzy telejkaly traktorlaryň üçüsi göni bulara tarap ala-

zenzele turzup gelýärdi.

Pirweli Penaýewiň kabinetinde L. I. Brejnewiň türkmen halysyna adagy bolşundan has görmegeý, gür gaşly, öz-özünden göwnühoş edilip dokalan portreti henizem asylgy durdy. Dört diwaryň ýüzüne gündogaryň kaşaň şekilleri nagyşlanyp, poldan esli ýokarsyna ýarylan agajyň keşbi çekilip, üstündenem reňksiz lak çalnypdyr.

Pirweli Penaýew çat maňlaýyndaky uzyn stoluň başynda oturan adamyň ýüzüne: «Indiki maslahat?» diýen manyda seretdi. Ol adamyň päki bilen syrylan kellesiniň togalaklygy futbol pökgüsini ýada salýardy. Ujy çowly gara murtlary ýag çalnan ýaly ýalpyldap durdy. Ol kolhozyň baş buhgaltäri Şaguly Garlyýewdi. Kabinetiň goşa penjiresiniň ortasynda galan siňegiň ýüregedüşgünç wyzzyldysyndan özge ses-üýn eşidilenokdy. Kolhozyň zootehnigi Batyr Arkalyýew ýuwdunyp, ferma müdiri Baýly boçkanyň ýüzüne seretdi. Baýly boçka Şagulynyň, Şaguly Pirweli Penaýewiň ýüzüne garady.

— Hm... hany, gürläp oturyň, indi nätmeli?

Öňe-de siňegiň wyzzyldysy eşidildi, emma Penaýewe jogap beren bolmady.

— Näme dymýaňyz? Gerekmejek wagty-ha dünýä akyl satýaňyz. Indem agzyňyza suw alan ýaly.

— Aý, näme-dä... — Şaguly bir zat diýjek boldy.

— Hawa, aýdybär!

— Bi bir duýdansyz gelen bela-da, Pirgüly aga. Kazasy dolsa, adamam ölýä. Boljak iş boldy. Ýöne indi näme etmeli? Şoň maslahatyny edäliň.

— Wah, menem şoňy soraýan-da, Şaguly. Ýogsamam indi ol sygyrlary direldip bolasy ýok-la.

«Bu adam bize näme diýdirmek isleýärke? Mal ýatagynyň şeýledigini öň özi bilýärdi ahyryn. Beýdip, dymyp oturmaýyn-la» diýip, işe başlanyna ýasy sekiz aý bolan Batyr zootehnik ýerinden gobsundy.

— Pirweli aga, ýaňy Şaguly aga: «Bu bir duýdansyz gelen bela» diýdi. Eýsem, şo dogrumy? Ferma ýatagynyň bu gün-ärte ýykyljak bolup duranyny Jumaguly aga-da, menem duýdurdym ahyry.

— Ähk, ähk... — Penaýew bir zat bokurdagyna tegök bolan ýaly, iki mertebe ardynjyrady. — Batyr, häzir ýär gaty bolsa öküz öküzden görär etmäliň. Bu günki bolan işigaýdançylyga birinji nobatda menem, asla şu oturanlarymyzyň hemmämizem günäkär.

Bi masgaraçylyk ilki bilen-ä biziň kolhozymyzyň, galybärse-de, bütin raýonymyzyň adyna şikest, biabraýçylyk getirär. Oň üçinem gürrüňi ulaldyp oturman, bahymrak öz aýbymyzyň üstüni ýapalyň. Bolmaňa, bütin ile — respublika masgara bolarys.

— Ýüzügara boljagymyz ikuçsuz, Pirweli aga — diýip, Şaguly ellerini owkalap oturyşyna dillendi. — Her ýygnakda mysal getirip, ryswa ederler. Mallaryň garamatyna, Pirweli agaň aýdyşy ýaly, birinji nobatda siz jogap bärýäňiz. «Tokmaga-da» ýazarlar, «Ýartygulakda-da» görkezerler. Öňe bir zady ýatdan çykarmalyň. Bu günki ýorunjalykda tükgörişip ýatanlar döwletiň maly. Olaryň häläk bolşy bilen suduň, prokuroryň hem gyzyklanmagy daş däldir. Eger bu işe olar gatyşaýsa, soňunyň oňlulyk bilen gutarmajagy köre hasa — belli zat. Mallaryň hununy maýmyn ýaly tans edip tölemeli bolar, olara esasy jogap berýän adamlaram gözenegiň aňyrsyndan garadarlar. Oň üçin ondan boldy-ha, mundan boldy diýen çaga gürrüňini goýalyň. Barymyzam mana düşýän uly adam...

Öňe-de dymyşlyk başlandy.

Öňe-de siňek...

— Aýt, biriňiz aýnany açyp, ýok etseňizläň şoňy!

Beýnimi iýdi-le — diýip, Pirweli penjirä tarap, çygylyp gygyrdy. Baýly tarsa ýerinden galyp penjirä tarap iki elini uzadyp ýöredi.

Oturanlaryň barysy birigip, pul çykaryşanda-da, onça sygryň baş sanyny dýkeldip bilmejegi ikuçsyzdy. Onda näme etmeli? Altmyş alty sygryň barysy haram öldi diýip akt hem ýazyp bolanok. Müňça malyň birden, bir günde gyrylmagy raýonda uly gopgün turzar. Oblast, respublikan maldarçylyk uprawleniýelerinden geljek derňewçileriň yzy üzülmez. Barlarlar, derňärler. Iň soňunda-da ýüp syrygyp toýnukdan geçende, öňe-de düýäniň ulusy köprüde taýak iýär — Pirweli Penaýewiň ýakasyndan tutarlar. Kolhozyň ähli garamatyna jogap berýän başlyk. «Sen nirä seretdiň? Ferma ýatagynyň şeýledigini bilip durkaň, neneň oýunde arkaýyn ýatdyň?» diýärler. Olam günäni raýon kolhozara gürluşyk edarasynyň üstüne atjak bolar. «Täze ferma ýatagynyň, gürluşygyna başlajak diýip, ýylyň-ýylyna aldap gelýärler» diýär. Dernewçiler: «Hany, gürluşyk proýektiň? Hany, gürluşykçylar bilen dogoworyň? Hany geçiren puluňyz?» diýip tutarlar. Ine, bi sowaly bärseler, ýuwdunyp, dymyp oturmaly bolar. Sebäbi o zatlar ýok.

Şo wagt telefon jyňňyrdady.

Pirweli Penaýew telefon apparatyny gözi bilen iýäýjek bolup, gaharly seretdi.

«Jyrr...»

Ol dişini gyjap trubkany galdyrsa-da, gulak asman, ýerinde goýdy.

«Işsiziň biri telefon edýändir-dä».

Ol «işsiz» ärjel eken. Öňe-de jaň etdi. Jyňňyrdy üç sapar gaýtalanansoň, başlyk uludan demini alyp, gaharyna zordan bäs gelip:

— Hawa — diýdi.

— Salamälik, başlyk. Men Sülgün.

— Hawa, Sülgün, aýdybär.

— Öýlänräk, gum etegindäki çägesow kartalara ekilen gowaçalary söküp başlajak welin, tohum çigidimiz ýetmez diýen gorkymyz bar. Nätsekkäk?

— Wah, Sülgün, sen aýal adam bolýaň-da, başga biri bolanda... «Tohum çigit men kabinetimde dolup dur» diýjek. — Pirweli trubkadan agzyny sowup, uludan demini aldy-da, öňe-de trubka garady. — Hany, bi agronom nirede? O näme diýýä? Näme?

— Başlyga aýdyň, «Men nireden tapaýyn?» diýýä.

— Şeýlemi? Onda şoňa aýt: ýa meni görsün, ýa-da telefon etsin... Bolýa onda...

Penaýew trubkany gaharly goýdy-da:

— Dişleri syzlasa-da, maňa aýdýalar — diýip zeýrendi. Ol gürrüňiň nirede galanyny ýatlajak boldy. Bolmady. Oýlanmaga-da öňe telefon jyrlap päsgel berdi.

— Bi heleýe gep düşündirip boljak däl-ow — diýip, trubka gaharly ýapyşdy. — Başyňa-gözüňe döneýin, Sülgün, men saňa düşündirip aýtdym ahyry, sen meni işlemäge goýjjkmy ýa...

— Beh, Pirweli, hany dur-la, bu nä boluş?

— Wiý, Han Arkalyç, bi sizmidiňiz?

— Kim bolanda näme? Şeýdip, demiň bilen degirmen ýöredibermelilimi? Bi, bolşuň dagy näteňet? Jyn urdumy?

— Han Arkalyç, şuwat biraz aljyrap otyrys. O Sülgünem tohum çigit diýip zol til edip, bizar-peteňimi çykardy. Öňe şomyka diýip... Hä? Üstesine-de, birküç sygrymyz körpe ýorunja düşüp haram ölüpdir. Han Arkalyç, eger gyssagly iş bolmaňa, meň özüm öňe bäş-on minutdan jaň edeýin-le.

— Bolýa, özüňe gel, demiňi dürse...

Penaýew derlän maňlaýyny ýaglygy bilen süpürip oturyşyna:

— Beh, siz-ä walla, adamlary başagaý etjek — diýip hüňürdendi. — Hany, indi nähili netijä geldik?

Pirweliniň altmyş alty sygra «Birküç sygyr haram öldi» diýip ýalan sözläp oturanyna geň galyp oýlanan Batyr onuň soňky diýenlerini eşitmän galdy.

— Mende bir täklip bar. — Şaguly başyny galdyrman dillendi. — Ilki bilen sygyrlaryň baş sanyny düzlemeli. Oň üçinem, kyrka golaý göle almaly. Öňe bir ýyl, ýarym ýyl oňşuk etsek, olaram ýetiser. Galan ýigrimi-ýigrimi bäş sygra-da iki sapar akt ýazmaly. Başga alaç ýok.

Şaguly «ýok» sözüni aýdanda, stoluň üstüne peçat goýan ýaly pökgi ýumrugyny çalarak dükületdi.

— Kyrk göläni kim almaly?

— Şu oturanlarymyz. Galybärse-de, on iki brigadir bar. Kolhozda ýolbaşçy diýip ýörenlerimiziň hemmesi bular ýalakyda gaça durmaly däl.

— «Ýigrimi bäş sygra iki sapar akt ýazmaly» diýeniňiz näme? — diýip, Batyr Şagulydan sorady.

— Näme, şoňa düşünmek üçin uly hasapçy bolmak gerekmi-aý, inim? Bir sapar akty on iki sygra ýazmaly.

Aradan bir aý geçiribem öňe on üç sygra ýazmaly. Indi düşnüklimi?

Penaýew sowukganlylyga salyp, Batyra ýüzlendi:

— Batyr, inim, entek seniň başyň ýaş, ýaňy işe başladyň. Ýol uzakdyr, bu zatlara ýuwaş-ýuwaşdan düşünär gider oturarsyň.

— Men düşünemsoň gaýtalap soraýan. — Batyr hötjetligine tutdy. — Ýöne bu zatlar galplyk bolýar ahyry.

Birbada oturanlaryň sesine suw sepilen ýaly boldy. Penaýew iki egninden demini aldy. Çep ýaňagynyň semiz eti çekilip-çekilip gitdi. Ol özüne näçe kyn düşse-de, öňe gaharyna basalyk berdi. Sesi basykdan, janyýangynly çykdy.

— Bizem şoňy bilýäs, inim. Başga alaç ýok-da. Hany, sen dogry ýol öwret onda? — Pirweli ýuwdundy. Ylla bokurdagyna joşup gelen gaharyny öňe-de yzyna ýuwdana dendi. — Mynnan gowy çykalga bolsa aýdyp otur. Bizem eşidäli.

Batyryň öz garşysyna gitmegi Pirweli Penaýewiň, badyna badak atdy. Bu jelegaýda — Minaraatanyň garamagynda şu wagta çenli onuň towugyna tok diýen

bolmandy. Näme etse, öz eli, öz ýakasydy. Hemmeler onuň aýdan sözüni, eden işini makullaýardy. Bu gün... Agzyndan sarysy gitmedik düýnki serçejik bu adamlara akyl öwretjek bolýar. Häý, dünýe, dünýe! Indi bular-a ulusyny-kiçisini sylaman ugrady, sen bir çarhyňy aýlaňda ýalňyşmawäri. Ýa-da bujagaz hormat edilip, sala salnanyna özünden çekinýärmikäk diýip düşünýärmikä? Belkem, Han aganyň ogly bolany üçin howalasy belentjedir. Birki sapar öňünden çykylyp, tumşugyna kakylaýsa, nämäniň-nämedigine baý düşünärdin-ä, bujagaz ýoljagazyňdan, nädersiň, now galmaňa. Ýa-da goltugyndaky gatyja diploma buýsaňan bolýamyka? Häk... Ballyjan, ikiňiziň ojagaz diplomyňyz üçin akgulak ýüzlükleriň näçe paçkasynyň sarp bolanyndan habaryňyz ýok-da. Biziň arkamyzdan siz bäş ýyllap institutda däl-de, kurortda ýaşadyňyz, indem nokgy-nokgy gürrüň tapýaňyz, häý akmajyklar! Bir garnyňyz aç, bir garnyňyzam dok, gözüňizi gögördip okan bolsaňyz-a, burnuňyz deşilen ýaly, bar zada kaýyl borduňyz, bujagaz günüňize şükür ederdiňiz. Ýöne... Dogrusyny dogry aýtmaly. Bu oturan ýigit Ballydan kän parhly. Gepi-sözi ýerinde, kilçik-külçügi ýok. Ne çilim çekýär, ne-de o «zährimary» agzyna alýar. Biziň Ballyjanyň-a gaýdýan zady ýok. Gowulykdan başga

zada garaşybermelili. Okuwyny gutaryp geleli bäri «Pirweli, tüweleme, ogluň-a zor dogtor bolup ýetişipdir, eli-gözi dert görmesin» diýip, alkyş aýdan syrkawa duş gelmedim. Ömür dünýede ýekeje bilýän sözi bar. Haýsy ýeriň agyrýa diýseňem: ýüregim, bagrym, aý, garaz... saçym, dyrnagym diýäý: «Hemmesi närwden, kurorta git» diýär. Batyr bilen Bally ikisini deňeşdirär ýaly dälle. Bu ýigit Arkalyň tärbiöňini alansoň, edep-ekramy şol aksakgala çekipdir...

Penaýew «ehäk-ühäk» edip, oturanlara ýüzlendi:

— Hany, beýdişip, kär bilen kesekleşen ýaly bolup oturmalyň. — Ol Batyryň ýüzüne seretdi. — Inim, men saňa bir zady ýatladaýyn: ata-babadan gelýän edähät-düzgün bardyr. «Il hanjak bolsa, senem şo ýaňa» ýa-da «Il oňlasa atyňy soý». Köneler şu gepleri ölçärmän-dökmen aýdan däldirler. Oň üçinem, inim, köpçülik atyny nirä sürse, senem şo ýana haýdabär. Ýalsyşmarsyň!

Başlyk az-kem dymyp oturdy. Hiç kimden ses-üýn çykmansoň, öňe-de özi başlady.

— Hany, onda, beýdip, dymyşyp oturmalyň. Bir çukura tüýküreliň-de, işli-işimiz bilen bolalyň. Häzir Şagulynyň kabinetine baryň. O size näme edip, näme goýmalysyny aýdar. Her niçigem bolsa, Şaguly buça-

buça zatlary göre-göre gelýändir.

Oturanlar oturgyçlaryny dükürdedip, ýärlerinden turanda, Pirweli: «Şaguly, sen bir mint aýak çek» diýdi. Şaguly öňki oturan ýerine geçdi.

— Bärrek, golaýyma gelseňe!

Ol başlygyň alkymyndaky oturgyçda ornaşdy. Ak garpyz ýaly ýylmanak kellesini elinin aýasy bilen sypalap, süýem barmagyny aýnadan düşýän günüň ýagtysyna ýylpyldaýan murtunyň üstünde gözmeletdi.

— Onda, näme, Şaguly, bäş ýaşar aty sygyryp suwa ýakmaýarlar. Näme etmelidigini men saňa öwretmeli däl. Bi kelläňi bu saparam mazalyja işlet. Ýöne, ahmal bolma: hat-petegiň düzüw bolsun. Müň derňewçi eli lupaly seretse-de, büräň ganaty ýaly yz-pyz tapylmasyn.

— Hawa-la, oň gürrüňi näme.

— Hany, aýt onda, ilki nämeden başlamakçy? Başyny bir eşideýin.

— Ilkimi? Meň maslahatymy alsaňyz şeýtjek: şol ölen sygyrlarymyza gyşda bermelik üçin alan iýmlerimizden ep-esli tonnasy skladda dur, ýagny künjara, kombikorm, şulha, çigit, sarun, garaz, şuňa meňzeşler-dä! Ine, şulary satyp, ornuna göle alsak...

— Olary kime satjak?

— Weý... Raýoňara mallary semrediş bazasyna bärsek, iki elleri bilen garbap alar. Olaram bize göle berer. Öňümiz tomus, göLäler meýdanyň oty bilenem günlerini görär. Öňe-de... ferma degişli adamlara artygrak gözhaky töläp, oňa-da göle alarys. Galanynam aktlaşdyrarys, wessalam.

— Aý, seniň özüň çynyňy etseň ýol tapjak-la. Dawaý, gaýrat et, şu beladan bir başymyzy gugaraly, indikimize berk borus. Ýogsam, taýagyň iki ujy bolýa. Bir tarapy gelip özümize deger.

— Bolýa, ýaşuly. — Şaguly ýerinden turup barýarka, öňe-de murtuny sypap goýberdi. — Derňewçi-serňewçileriň tutjak bolýan guşuny Şaguly bireýýäm ütüp, gowrup iýdi.

— Aý, bärekella! Senden tama-da şeýle. Ýöne men hälki Batyryň bolşuny halamadym. Äý, howwa-da, okuwy gugaran ýaşlar birbada diplomyň ýelgini bilen badyhowarak bolaýýa-da! Esrän erkek ýaly burny ýel alyp, temegini ýokary tutuberýärler.

— Eger kellesiniň serigini işletse, sizem oňa sypaýylyk bilen aýdybildiňiz-le! Entek biraz işlesin bakaly, biz onuň ýeljagazyny bahym ýatyrys. Akja köýneginiň

ýakasyny pitikläp gözer ýaly, bu ýeri Aşgabadyň parky däldir. Şu zatlardan bir elimi boşadaýyn, onsoň, ýörite ugruna çykaryn. Birki sapar çeňňege ilen balyk ýaly ederin welin, nedersiň, mumly ýüplüge dönäýse.

— Olaryň ornuna göle alsak diýýän-ä, bi süýt plany näderis?

— Tabşyrarys.

— Ä... GöLälerden süýdi nädip aljak?

— Pirweli guda, o zatlara kelläňi agyrtmaňaňa, häý, senem gaýgyçyl bolup gidipsiň-ow. A bi atyzlarda, harmanlarda ýok pagtaňam planyny dola-dola gelýäs-ä, gel-gel indi süýdüň aladasyny edýäň. Şagulyň şu togalak kellesi egniniň üstünde dursa süýt planam, beýleki planlaram dolar durar...

## 4

Giň howlynyň bir çetinde Han Arkalyýew özüne bişen kerpiçden sekiz otagly jaý saldyryp, beýleki çetinde-de kakasy Arkaly aga bilen ogly Batyr üçin üç otagly jaýy bezäp berdi. Arkaly aga hem Batyryň ýaşaýan otaglarynyň aralygynda naharhana bardy. Iki otagyňam gapysy şoňa tarap açylýardy.

Arkaly aga sakgaldaşy Jumaguly aga bazaryň ýanyndaky çaýhanada düşüp, birsalym gümür-ýamyr etmek üçin öýlerine alyp gaýtdy. Olar howla girip, bägülli peljagazlaryň deňinden geçip, aksakgalyň bolýan otagyna ýöneldiler. Bägülleriň täze ýapraklary düýn-öňňinki ýagşa mazaly ýuwlup, gyzylymtyl-goňras reňke boýalan ýalydy. Arkaly aga howluda bir zatlara güýmenip ýören, daşkyrak garyndaşlaryndan bolan bir zenanyň ýüzüne seretmän:

— Enegyz, gyzym, bize bir çaý bärsene — diýip, naharhananyň bosagasynda galoşyny çykardyda, gülli joraply içerik ätledi. Otagyň içinde onuň ýatýan krowaty, «Elektronika» telewizory, «WEF» radiopriýomnigi, birem geýim-gejim salýan şifonäri bar. Başga artyk zat ýok. Aksakgal krowat bilen şifonäriň öňüne ýazylan üçtüýnükli gülli keçäniň üstüne jüp ýassyk oklap, myhmanyna oturmaga ýär görkezdi.

Aksakgallar Enegyzyň getiren goşa çäýneginiň hersi birini öňüne alyp, üç mertebe endigan gaýtardylar.

— Könelerimiz: «Habary törde oturan gelin bilen meýdanda ýören çopandan sora» diýenmişler. Sen çopan bolmaňaňam, olaň ýanynda. Minaraatada näme täzelik bar? Aýdyp otyr, Jumaguly!

Jumaguly aga Arkaly agadan ep-esli kiçidi. «Pygambär ýaşyna» ýetip, ak goýnuny ýaňrak beripdi.

— Aksakgal, meň näme, irden turup gözümiň düşýäni eli bedreli heleýler bilen egri taýakly Goç agta.

— Irden gözüňi açaňdan, ilki zenan maşgala görünse, ärkege ondan beter märk gerekmi? — Goja gülümsiredi.

— Aý, ýaşuly, içiň bilip durandyr-la. Indi biziň gözümize zenanmy, erkekmi, haýsy görnende-de tapawudy ýok. Hany, öňki zamanyň içen suwy alkymyndan görnüp, eda bilen seýkin basyp ýören zenanlary? Indikiler, buw! Dabyrdaşyp, agzyň gowşagrak bolsa, garnyňdan basyp geçjekler. Geplänlerinde dagam, eý, Alla, eňeklerine jaň dakylan ýaly, bir diýseň, iküç diýýä...

— O Goçuňyz, şo sygyr bakyp ýörmi?

— Hawa-la, dagy näme işlesin ol hudaýgargan?

— Gün gyzsa-ha, nesip bolsa, öňe-de bir gyzgyn çäge gömülmeli. Güragyry halys bizar-peteňimi çykardy geçen gyşda.

— Gideris, enşalla. Goç sallaha-da arassa çägä göm diýeris.

— Bor, o günlere ýetsek.

— Weý, ýetmän näme, ynha «hä» diýmänkäň,

jokrama tomus geler.

— Baýakda biri, çaýhanada bir sowuk habar aýtdy, şo çynmy?

— Nä habar?

— «Ýeňşiň» sygyrlary körpe iýip gyrlypmyş» diýip. Ýa howaýy gürrüňmi?

— Howaýy gep-ä däl, aksakgal. Malýatagyň bir ganatyny ýagyş ýumurdy. Olaram şoňdan çykyp körpe ýorunjadan mazaly doýupdyrlar. Bärekella, ýurulmaňa, onuň binýady seň ferma döwrüňde salnypdy ahyry. Ondan bäri är ömri geçdi.

— Milýonär kolhozyň bir ibaly ýatak salmaga-da güýji ýetmeýärmikä?

— Ýetip aňyrsyna-da geçýä. «Şu ýykylýa how» diýip, Pirweliň gülagyna näçe gözek käkeledim. Gulak asmady zaňňaryň ogly. Öz howlusyndaky towuk käteginiň, binýadyna çenli adam boýy sementli çagyl daş guýdurdy. «Kolhozyň puly ýokmy» diýýäň-ä. Puly bolmazmy? Weşeň-weşeň. Bi, kosmusa rakite uçurmaga-da puly bardyr. Ýöne, başyna barýan ýok. Baýly boçka diýen pärmesi-hä nirede garnyny doýursa, şo güni oňa gürbanlyk. Bi edilýän işleri, hiý, sen goýaý.

Gerekmejek zatlara pul sowurýarlar. Klubuň ýanyndan näme saldylar diýsene. At gaýtarym meýdançaň aşagyny sement bilen suwap, töwäreklerine haşamly demirlerden gözenek çekip, mynam reňkläp çykdylar. Ine, şo ýerde obaň murty taban jahyllary gyz-gelinler bilen tans etmelimiş. Gözenek demriň agzynda-da bir kempiri oturtdylar — olam bilt satmaly. Hawa, onsoň, ilkinji gün-ä kolhozyň medeniýet orunbasary, Zamanyň gyzy Keýik kitaphanada, mekdepde işleýän gelin-gyzlary sürüp eltdi. Bizem gözenekdäki maýmynlara tomaşa edýän ýaly bolup durduk. Zamanyň gyzy söz sözledi. «Her hepdeniň şenbe, ýekşenbe günleri tans etmäge geliň» diýdi. Surata düşürdiler, gazetde çykardylar. Wessalam. Soňam şo galşyna galdy. Indi içinde ýandak gögörişip otyr. Çagalar elleri ujy tommarçak taýakly dyzçanaklaryny sypjyrdyp, hakkiý oýnap ýörler. Ine, bylaň edýän işi. Hiý, kolhozda-da tans bormy? Kolhozçy biçärelerin özi ýassyn gelýä kolhoz işinden. Bolmajak zady edýäler.

Şol halat Arkaly aganyň agtygy Läläniň howluda sesi eşidildi.

— Enegyz, meniň brilliant gulakhalkamy görmediňmi?

Enegyzyň oňa beren jogabyny bular eşitmedi.

— Hälki tansly gürrüňiňi, ynha, biziň agtygymyz ýaly eli boş gyzlar edäýmese... — Arkaly aga başyny ýaýkady-da: — Aý, bolýa-da!—diýdi.

Agşam sagat onlarda Gökje Läläni şäherden getirdi. Mylaýym synçy gözleri bilen boýdan-başa gyzyňyň hereketlerini synlady. Gyzy eýwana girip, uzyn ökjeli gara köwşüni usullyk bilen çykarmady. (Öňküleri ýaly birje ýerde goýmady), daraklygyna çalaja galyp, köwüşleriniň hersini bir ýerik oklaşdyrdy. Onuň ýüzide duw-akdy. Mylaýym rejäň geň däldigini, gyzyňa bir zat bolanyny şol bada aňdy. Nähilirek soramalydygynyň ýoluny agtarmaga durdy. Läle hiç zada üns bärmän, öz otagyna bardy-da, egnindäki gymmat bahaly fin plaşyny çykaryp, eliniň tersi bilen oturgyjyň üstüne zyňyp goýbär-di. Özüni-de geýim-gejimi bilen galdyrylgy krowatyna ýüzünligine oklap, ýüzüni ýassyga berip ýatdy.

Mylaýym krowatyň gyrasynda oturyp, gyzyňyň eginlerine elini goýdy.

— Näme boldy, Läle jan? Kim göwnüňe degdi?

Gyzy jogap bermelidi.

— Aýt ahyry. Häý-de, gyzam ejesinden zat gizlermi?

— Eje, azar bermelisene... — Läle gözüni, burnuny plotense bilen süpürdi. — Hiç zat bolanok.

— Onda näme aglaýaň?

Gyzy öňe-de geplemedi. Mylaýym ony beýlesine öwrüp, enäniň synçy gözleri bilen gözleriniň içine seretdi. Läle o bakyşdan gözlerini sowdy. Enesiniň göreçlerine dogry seredip bilmedi.

— Kim göwnüňe degdi? Aýdaý, gyzym...

Läle biraz köşeşdi. Bir zada diň salýan ýaly, bir nokatdan gözüni aýyrman:

— Myratbeg... Ahmet — diýdi-de, uludan demini aldy. Güran dodaklaryny ýalady. Mylaýym ýere bakdy. Bu gün ir bilen gyzyňyň şadyýanlygy, ýuwnup-ardynyp, bir gyldan bezenip, Ahmet bilen şähere diskotäka gidenini ýatlady. O ýerde näme bolupdyr? Nädip sözleri azaşypdyr? Kim aralaryna çöp atypdyr? Ine, bu zatlar belli däldi.

Gökje guşluk wagtlary — Läle bilen Ahmedi ýigrimi kilometr uzaklykdaky oblast merkezinde düşürip gaýdypdy. Şäheriň köçeleri tämizdi. Irden suwlanan trotuarlarda, olaryň ugruna jähäklenip

ekilen güllerde kir-kimriň, tot-tozanyň ady-da ýok-dy. Birinji Maýyň şowhun-şagalaňy, nirä barsaň, göçgünli mukamyň owazy, adamlaryň şadyýana ýüzleri, howany ýaňlandyrýan gülki sesleri, şygarlar, monjuk ýaly düzülen ýaşyl-gyzyl çyralar, sergin howa, ýuwaşja pasyrdaşýan al-elwan baýdaklar ýaş juwanlaryň däl, eýsem garrylaryňam ýüreklerini towusdyrýardy. Gyşyň agyr, ýyly eşiklerini naftalinläp şifonärleriniň törüne dykan adamlaryň on iki süňňi geöň geýimleri ýaly ýeňiljekdi. Dumly-duşuň, daş-töwäregiň şähdi açykdy.

Läle bilen Ahmet seýil bagyna bardylar. Naşyja geýnüwli çagalarynyň ellerinden tutup aýlanýan, sallançagyň nobatynda duran ene-atalaryň gowry agymtyl-gökje tüsse bilen bagyň içine ýaýraýan çişlik-kebabyň ysy, her ýerde üsti ak örtukli stollaryny goýan daýzalaryň şirin-serbet içgileri, naz-nygmatly kökeleri hödürläp gygyrýan sesleri — ine, bularyň bary birigip, bagyň içini ala-ýaza öwürýärdi. Uzyn oturgyçlarda başlary agaran, ýa-da saçlary düşen, döşleri iküç hatar orden-medally gojalar, kempirler gözlerine galyň äýnekleri dakynyşyp gazet okaýarlar, Läle bilen Ahmede meňzeşler oturgyçlarda biri-birine gysmyljyraşyp, morojenoýe ýalap otyrlar. Ahmet hem nobata durup, stakanjygy bilen iýilýän morojenoýe aldy.

Gyzyň zülpleri ýaly tallary ýere degeýin-degeýiň diýýän leýlisaçyň astyndaky ala-mula reňklenen oturgyçda ýärleşdiler.

— Okuwy gugaralym bäri ilkinji sapar parka gelşim — diýip, Ahmet ak morojenoly goňrumtyl stakanjygyny kitirdedip dişledi.

— Batyr ikiňiziň bu işläp ýörşüňize iş goýmarsyňyz. — Läle ýaňsy alyjylyk bilen gülümsiredi.

— Ynam bildirilensoň işlemeli-dä.

— Maşyn alaýmaňaň, pyýada ýetişmärsiň... — Bu saparam ýaňsa alany ýa çyny bilen aýdany belli bolmady

— Kakam bu gün-ärte «Žiguli» alýa.

— Alsa kakaň alýa, saňa näme peýdasy bar?

— Gerek wagty menem münärin.

— Onda her şenbe bu ýerik, diskotäka gaýdyp bilýäs-dä!

— Elbetde.

Ahmet Aşgabadyň oba hojalyk institutyny Batyr bilen bile gutarypdy.

Ol wetärinariýa fakultetini tamamlap, raýon merkeziniň alkymyndaky Orjonikidze adyndaky

kolhozda işleýärdi. Läle bilen bäşinji kursda hat alşyp ugrady. Işläp başlaly bäri hiç zada eli ötenokdy. Negada Batyry bahanalap LäLälere baraýmaňa — onda-da ýa Batyr öýde ýok, ýa-da Läle. Raýkomyň, birinji sekretarynyň öýüne gatnap durmagam uslyp däl. Batyr bilen Läläniň ejeleri başgady. Han Arkalyýewiç Batyr entek üç aýlyjakka onuň ejesini kowup, Mylaýyma öýlenipdi. Batyry Arkaly aga bilen onuň kempiri ekläp-saklapdy. Şolaryň tärbiöňinem alypdy.

Onuň ýaşlykdan Läle bilen mäşi bişişmän geçdi. Läläniň elini sowuk suwa urman, gürjak ýaly bezenip, titilenip gözişini görende, Batyryň ýeňse damary gatap ugraýardy. Läle-de Batyry halap duranokdy. Başarsa, onuň gözüne ilmejek bolýardy. Ilse-de ýüzüni ters sowup geçýärdi. Muňa Batyryň has-da myrryhy atlanýardy. Elbetde, bu ikisiniň arasyndaky näsazlygy Ahmedem bilýärdi. Onuň üçin, Batyryň ýanynda Läle hakda kelam-agyz dil ýarmazdy. Ýöne Läle bilen Ahmediň arasyndaky söýgüden Batyryň habary bardy. Bir gözek Ahmede çynlakaý duýduryş hem beripdi. Ikisi studentleriň umumy ýaşaýyş jaýynda çaý içip otyrkalar, Batyr Ahmediň tumboçkasynyn üstünde Läläniň reňkli suratyny görüp: «Ýagdaýyňa seret, Ahmet, soň duýdurmady diýme. Biziň uýamyz gaty

lälik ösendir. Ikimiz ýaly däldir. Soňra gylyk-häsiýetiňiz çapraz düşüp durmaňa-da biri. Aýtmady-duýdurmady diýmeseň bolýa» diýipdi. Şoldurda-şoldur Batyr Läle hakda dil ýarmandy.

Parad sowlansoň, seýil bagynyň mähällesi has-dä köpeldi. Olar tirkeşip, kanalyň boýundaky «Şemaljyk» atly restorana bardylar. Boş, arassa stol ýokdy. Nahar iýip oturanlaryňam öňleri piwo, şampan, konýak çüýşelerden ýaňa çişlikli tarelkalaryna ýär ýokdy. Kimdir biri parkyldadyp şampan açdy. Ýokary zogdurylan ak köpükler bilen olaryň ýanyndaky gyzlaryň gülküleri des-deň asmana götärildi. Boş stoluň ýoklugyna Ahmet günäkär bolmaňa-da, iki ýana elleri podnosly gatnaýan ofisiantlaryň dilini tapyp bilmeýäni üçin, Läle ondan nägile bolup durdy. Ahmet üsti arassa bolmaňa-da, bir stoly görkezip: «Gel, şunda oturybäreli. Häzir arassalarlar» diýdi. Läle, beýdip, ile göz bolup durandan, stol hapa-da bolsa, oturanyny kem görmedi, Olar ýaňy ýärleşipdiler. Ýokarky dodagynyň üsti gara galam bilen çyzylan ýaly inçe murtly ofisiant Ýigit podnosyny bulaýlap, Ahmediň üstüne gygyrdy.

— Ýaş ýigit, göreňokmy, stol entek taýýar däl.

— Görýäs. Biz garaşýarys.

Şol wagt daşardan iki ýigit girdi. Öňdeki daýawy inçe murtlyny görüp, şoňa bakan ýöneldi. Iýip-içip oturanlardan birküç ýigit daýaw ýigidi gören batlaryna: «O»-da «O» boluşdylar. Onuň öňünden çykyp, öz ýanlaryna çagyrdylar. Emma ol ýigit gülümsiräp minnetdarlyk bildirdi. Bir ýerik barýandyklaryny aýtdy. Daýaw ýigit inçe murtuň arkasyndan oňa golaý gelende, ol Ahmediň üstüne sesini hasda batlandyrdy.

— Beýle etmek bolanok. Görüp dursuňyz-a, stol hapa diýlenden soňam oturmaňyz näme? Medeniýetli ýigide meňzeseňizem, düzgüni bozýaňyz. Ýanyňyzda gyzam bar, utanaňzokmy?

Ahmet gyzardy. Läle-de. Hemmeler olara seredýän ýaly göründi. (Dogrudanam, seredýärdiler). Oňa çenli inçe murtlyň ak haladynyň tirseginden çekildi. Ol netanyş biri bir zat sorajakdyr öýdüp, gahar bilen hyrra yzyna öwrüldi. Şol bada-da ýüzündäki gahary uçup, ýylgyrýan ärinleri gülagyna ýeteňkirledi. Inçe murtlarynyň aşak egrelýän çyzygy-da gös-göni boldy. Läle ol ýigidi tanady. Özüni ýitirdi. Bir Ahmede, birem ýere seretdi. Ol ýigit kakasy, ejesi bilen iki mertebe LäLälere myhmançylyga barypdy. Tanşyp gepleşipdilerem. Ol obkomyň birinji sekretary Omar Soltanowiçiň ogly Myratbegdi. Myratbeg entek Läläni

görenok. Inçe murtuň «Oturjakmysyňyz? Näçe adam?» diýen sowallaryna: «Ýok... ýöne, şu ýigit näme diýse...» diýip, ýanyndaky ýigidi görkezen halaty Lälä gözi düşdi.

— O-ho, Lýalýa! Bu ýerdemi?

Inçe murtly Myratbeg bilen tirkeşip gelen ýigidi yzyna tirkäp, bir ýerik äkitdi. Myratbeg Ahmet bilen başyny atyp salamlaşdy.

— Ýigidiňizmi? — diýip, Läleden sorady.

Läle Myratbegiň «ýigidiňizmi?» diýen sowalyna jogap bärmän:

— Tanyş boluň, Ahmet — diýdi.

— Myrat! —Ol Ahmede elini uzatdy. Soňra Lälä tarapa seretdi. — Menem birinji maýy öýde geçiräöýin diýip geläýdim. Nähili, ejeň, kakaň, dagy sag-gürgünmy?

— Gürgünçylyk. Bu günler myhmançylyga barmaýaňyz-la?

—Men-ä okuwda. Pahan, mamulýaňam elleri degýän däldir-dä!

Myratbegiň ýoldaşy futbolçylaryňka meňzeş sumkany çüýşeden dolduryp, olaryň ýanyna geldi, Myratbeg Ahmet bilen Lälä:

— Mende bir täklip bar!—diýdi. — Kanalyň boýuna gidäliň. Biziň kampaniýa goşulaýyň. Bu kapasada näme bar? Bize o ýerde garaşýarlar. «Wolgada-da» ýär bar.

Läle Ahmede geňeş salman, «bilemok» diýen manyda egnini gysdy. Soňam:

— Giderismi? — diýip, Ahmetden sorady. Ahmet belli jogap gaýtarmanka, Myratbeg:

— Gitdik onda — diýip ýerinden galan badyna, Läle-de turmak bilen boldy.

Myratbegiň ýoldaşlary kanalyň raýşyndan başlanýan ürgün çäganiň üstünde ärkana gögören, beýikligi üç-dört adamyň boýuna barabar, gaba sazaklygyň kölegesinde mesgen tutupdylar. Pil sapy ýasabermelili, gös-göni ösen sözenleriň igdäniňkä meňzeş saryja gülleriniň, düýe asybermelili mähnet sazaklaryň agymtyl gülleriniň ysy burk urýar.

Bu kampaniýada bäş gyz bilen bäş ýigit bardy.

Ýigitleriň ikisi çişlere düzülen etleri oduň gapdalyna örülen kerpiçleriň üstünde goýuşdyrýardy.

Gyzlar gök önümleri ýuwup-ardyşdyrýardy. Ýeňleri çyzgalan Läläniň gün görmedik jowur ak bileklerine Myratbegiň gözi düşdi. Öz getiren gyzy onuň ýanynda

suwa ezilen jüýje ýalydy. Läle bolsa gyzyl sülgüne meňzäp, gyzlardan saýlanyp durdy.

— Armaň — diýip, Myratbeg olaryň ýanyna bardy. — Lýalýa, seni çagyryp getirip, ekspluatirläp ýören-ä däldiris?

— Ýok-la. — Läläniň al öwüsýän pökgüje dodaklary günça ýaly açylanda, setäran ak dişleri özüni güjeňledi. Myratbegiň getiren täze pomidorlaryny dograýan Läle okaranyň gyrasyna goňan siňegi kowdy-da:

— Şu ýärlerik nireden uçup gelýärkä? — diýdi.

— «Siňegem öl ýerik goňýar» diýip, türkmeniň nakyly barmy?

— Hawa.

Myratbeg sazagyň püründen birini alyp, ondan-oňa uçup, gabat gelen zada eňek basyp ýören siňegi kowdy. Suwuň damjalary ak goşarda hünji sepilen ýaly ýylpyldaşýardy. Çommalyp oturan Läläniň gök setka panbarhat keýneginiň nagyşly ýakasyndan aşagrakda selkiräk dakylan gyzyl gülýakanyň duran ýerine Myratbegin gözi kaklyşanda, ýüregi gobsunyp gitdi. Näzikden terje märmär gürsakda gyzyl gül ýakanyň lowurdysy oýnaýardy. Myratbeg bilen gelen gyz onuň

seredýän ýerini, bogazy gürap gültunýan bokurdagyny görende, ünsüni sowjak hem-de özüniňem bardygyny bildirjek bolup, sogan arassalaýan pyçagyny jamyň gyrasyna gaçyrdy. Küýi-köçesi başga dünýede gözip ýören Myratbeg şakyrda özüne geldi. Gyz Myratbege çägä gaçan pyçagy uzatdy:

— Näme, naharhanaň pişigi ýaly dälmuryp otyrsyň. Bol basym, suw getir!

Gyzyň sesinde nägilelik, öýke mesaňa duýuldy.

«Maňa büýrüp bilýänini görkezjek bolýar» diýip, Myratbeg içini hümletdi. Muny Läle-de aňdy. Nähili-de bolsa, Myratbeg onuň eline suw akytdy, ýöne Läläniň ýanynda o gepi çekmegi özüne uslyp bilmedi. Bir zat diýeni geldi. Oýlandy. Ahyry jüpüne düşse-düşmese, diline gelenini aýdyp goýberdi.

— Sen näme, Järenka, bu gün çepiňden turduňmy? Maňa torsarylan bolýaň. — Özüniň öýkesini ýazmak üçin aýdylýandyr öýdüp, Järeniň ýüzi açylyşyp ugranda, Myratbeg öňe-de dowam etdi. — Ikimiziň ortalyk zadymyz ýog-a.

Järeniň ýüzi-gözi gamaşdy. «Pylan wagt pylan bolupdy. Onda başgaça saýraýardyň. «Dünýäde senden özge gyz ýok» diýip samraýardyň» diýeni geldi, emma

ejap etdi. Gyzlyk utanjy bar zatdan rüstem geldi. Onuň ýüzüne seretdi-de, ýuwdunyp oňaýdy. Oňa çenli oglanlaryň biri her eline iki çişi somlap:

— Myratbeg, gyzlar, geliň-eý, gyzgynjygy bilen ýüz-ýüzden uralyň — diýip gygyrdy. Bahana tapyldy.

— Ýörüň, gyzlar!—diýip, Myratbeg ýazylgy düşeklere bakan ýöneldi.

— Gyzlara şampan guýmalymy?

— Ýok, ilki bir-birden konýak içsinler, onsoň şampana rugsat edýäs.

Järenka öýkeli görünse-de, Myratbegiň ýanynda oturdy. Läle gös-göni garşyda oturansoň, Myratbeg başyny galdyranda, ilki bilen gözi oňa düşýärdi. Bu kemem bolmady. Myratbeg dili bilen aýdyp bilmedik zadyňy gözi bilen «gepleşýärdi». Haýsydyr bir şahyryň: «Söýginiň ýanynda sözlemek artykmaçdyr, söýgi goz bilen aýdylýar» diýmesi, megerem, dogrudyr. Bu ýerde-de diliň asgynlyk çeken ýerinde göz batyrgaý bolup çykdy. Myratbeg Läle bilen çaknyşdyrmak üçin rýumkasyny uzadanda, ala gözleriniň göreçleri öňe-de ak goşara düşdi. Ol Läläniň rýumkasynyň düýbüne jyňňyrdadyp gepläp ugrady:

— Berdi Kärbaba gelin-gyzlar bilen çaknyşdyranda, rýumkasyny şeýdip, düýbüne degirýän ekeni. Kakam dagy gürrüň bärýä. Ol: «Gelin-gyzlar hemişe bizden belentde, şoň üçinem, şeýdip çaknyşdyrýan» diýýän ekeni.

— Dogry, dogry şo...

— O gojanyň bilmeýän zady ýokdyr-la.

— Geliň, onda, ilkinji tosty şu ýerde oturan iň owadan gyzlar üçin götäreliň.

Järenka özüniň öýkelänini daşyndan bildirmän, içgi bilen basjak boldy. Guýlany düýbüne çenli içdi. Şoňuň üçinem, kellesi ýeňläp, öz-özi gülüp ugrady.

— Järenka, näme ýadyňa düşýä? Aýtsaňa, bizem güleli.

— Ha-ha... ha... hol... anekdotyň... Şoňy aýtsaňa...

— Haýsy?

— H... h... hapa bedreli...

— Ä... Ony oturanlar bilýär-ä...

Läle:

— Biz eşidemzok, aýt — diýdi.

— Onda aýtsam, gaty görmesiz, anekdot ahyry...

Bir aýal oýnaşyny öýüne çagyrypdyr. Birdenem gapy kakylýar. Äri gelmeli wagtyndan ir gelenmiş. Ýaňky aýal oýnaşyny gapynyň arkasynda gizläp, özem hapa bedräni götärip gapyny açanmyş: «Wiý, pylanjan, geläýdiňmi? Özüm äkitjek bolup durdum. Al, şu hapa bedräni döküp gel» diýenmiş. Äri bedräni alyp daşaryk gidýä welin, o aýalam oýnaşyny öýünden arkaýyn çykaryp goýbärýä. Onsoň, hälki oýnaşy öz öýüne gelýä. Gapyny kakýa... Aýaly gapyny açýar, görse, onuňam elinde hapa bedre: «Geleniň gowy bolaýdy, şuny döküp gelseňe» diýýämiş olam...

— Ha-ha-ha!..

Järeniň gülküsi Myratbegiň ýüregine düşüp ugrady. Gyz maşgala morta bir zat diýmägem gelşikli däl. Ol ony bu ýerik çagyranyna näler ökündi. Ýeri, ol Lälä gabat geljegini näbilsin.

— Geliň, çorba bişýänçä top oýnalyň! — diýip, ýigitleriň biri täklip girizdi. Topy iň gowy oýnaýan Myratbeg bolup çykdy. Belkem, onuň medinstitutyň ýygyndy komandasynda woleýbol oýnaýanyny gyzlar bilýän däldir. Ol böküp topy uranda, oglanlara yzyna gaýtarmak hyllallady. Gyzlaryň: «Myratbeg, ýuwaşrak ursaňa» diýip ýalbarýany-da bardy. Läle tosunlykdanmy,

köp wagt geçmänke, garasuw derledi. Oň üçinem, olardan saýlanyp; sazagyň kölegesýne çekildi. Onuň golaýyna togalanyp giden topy almaga baran Myratbeg:

— Näme, Läle, ýadadyňmy? — diýdi.

— Hawa.

— Onda katärde gözelenç edäýeli? Hanha dur. Motoram bar.

Läle jadylaýjy ýylgyryp, razy manyda başyny atdy. Myratbeg döwür gürap duran oglanlara topy oklap, Läle bilen bir zatlary gepleşip, kanalyň gyrasyna ýöneldi.

Ahmet allaniçigsi boldy. Maňlaýyna şagga der indi. Dişlerini gysanda, äňleri agyryp, duluklaryndaky damarlary tarsyldap gitdi. Ol näme etjegini bilmän, olaryň yzyndan tarap durşuna, Järeniň ýüzüne seretdi. Soňra katäre münen Läle bilen Myratbegiň yzyndan bialaç tarap galdy. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, oglanlaryň biri oňa topy oklady. Ol topy çem gelen oglana gaýtaryp goýberdi.

Järeniňem ýagdaýy Ahmediňkiden gowy däldi. Olam bir çeträge çykyp, kanalyň suwuny dilip barýan katäriň yzyndan seredip durşuna, dişlerini gyjap, ýumrugyny düwdi.

Myratbeg bilen Läläniň münen motorly gaýygy hol gözelenç edýänleris deňinden zymdyrylyp barýardy. Katäriň burny suwdan üzülip samolýot ýaly ýokary galaýyn-galaýyn diýýärdi. Ahmet olar, ynha, yzlaryna dolanar diýen umyt bilen dälmuryp garaşdy. Emma katäriň sesi daşlaşdygyça, şoňça-da onuň ýüregi beter basga düşdi. Olaryň golaýyna togalanyp gelen topuň yzyndan gelen ýigit, altyn dişlerini görkezip, süwümsiz ýylgyrdy-da:

— Ikiňizem beýdişip durmaň, Myratbegiň tutan guşuny sypdyrmaýanyny ýaňy bilýäňizmi? Geliň, gowusy, top oýnalyň — diýdi.

— Eý, diliňi ýygna, ýogsam ýasama dişleriňi bogazyňa tegök ederin! — Ahmet oňa gözlerini alartdy.

— O-ho, seret-le bujagaza! Meň-ä dilimem, gyzymam ýygnalgy. Sen öz eliň bilen getirip, ile paýlaýaň.

Ahmediň gany depesine urdy. Oňa ýöneldi. Altyn dişli elindäki topy gyra oklap, kareteçileriň, formasynda ýapyryldy-da, syçanyň üstüne zyňjak pişik ýaly häzir boldy.

— Aýtmady diýme, maýyp bolsaň özüňden gör.

— Ahmet!..

Jären altyn dişliň göni üstüne barýan Ahmediň iki egninden ýapyşdy, soňam öňüne geçip gürsagyna ellerini diredi. — Sen bir akylly bolsan-a. Ol-a bir däli, uruş diýseň gözi açylýar. Myrat ony oglanlary urdurmak üçin ýanynda saklaýa. Oglanlar! Geliň ahyry, bular uruşjak bolýa.

Oňa çenli oglanlar ylgaşyp geldiler. Altyn dişliň elinden tutup aňry äkitdiler.

Ýüzüniň hamy larsyldap duran Ahmet hyrra yzyna öwrüldi-de, asfalt ýola tarap ýöneldi. Şol wagt ol kanalyň öwrüminde ösüp oturan topbak söwütdir ýylgynlygyň aňyrsyna öwrülen katäriň gözünden gaýyp bolanyny görüp galdy...

...— Näme, zol-zol uludan demiňi alýaň? Bir Myratbeg diýýäň, birem Ahmet. Näme boldy? Haýsy göwnüňe degdi? Açygrak aýt ahyry! — diýip, Mylaýym özelenip sorady.

— Eje... — Läle öňe-de dymdy.

— Hawa, yzyny aýt ahyry.

— Soň, aýdaryn, eje. Häzir hiç zat soramaňaňa. Bolýamy, eje?

Läle aňyrsyna öwrüldi.

## 5

— Pirweli, senmi?

— Mendirin, Han aga. Salawmaleýkim!

— Gürgünmysyň Pirweli, Aşgabatdan ýörite medeni brigada geldi. MK-a iberipdir. Ekiş kampaniýasynda kolhozçylara «armaň» diýiň diýip. Olar häzir «Prawda» kolhozynda. Ýazyjy-şahyrlar, hudojnik, aýdymçylar, telewizora surata düşürýänler, garaz, on-on bäş adam bar. Şolara agşam çaý-nahar bermelili, hemem daçaňda ertire çenli ýatmaga ýär taýynla. Şagüla aýt. Şo ýerde şaýyny tutubersin.

— Han aga, şuwat bize hut armaçam zerur gerekdi özi.

Pirweliniň kesä çekip aýdýanyna Han Arkalyýewiç düşündi.

— Nätjek-dä! MK-dan ibärilensoň, çaý-suw bärmän yzyna gaýtaryp bolýamy? Onsoňam, «Myhman ataňdan uly» diýipdirler. Ýazyjy bilen bagşy halkynyň diline düşen özüň bolma. Olar köpüň adamsy. Seni arşa-da galdyryp bilýä, ile ryswa-da edip bilýä.

— Öz-ä şeýledir o millet. Bolýa, gelibersinler. Özüňizem hökman geliň.

— Bolýa, menem Meýlis bilen Şiralyny alyp bararyn... Aý: «Gürt arkasyndan guş doýmuş» diýipdirler, olaň bahanasy bilen bizem dynç almaly-da, gije-gündiz iş diýip kaňkap ýörüs.

— Hawa-la, geliň, siz gelmeseňiz bolmaz.

Han Arkalyýewiç trubkany ilki goýdy.

«Ýeňiş» kolhozynyň obadan üç-dört kilometr alysdaky daçasy Garagumuň başlanýan ýerinde. Ol emeli kölüň ortasyndaky adajykda ýärleşendi. Çar tarapda çarlaklar gaýyşyp, kiçijik tolkunlaryň görşinden balyjaklary kakyp alýardy-da, gykuwlap ses edýärdi. Belent haýatly daça rahat kölüň ortasynda labyryny taşlan ak gämä çalym edýärdi. Bu daçany güry ýär bilen birleşdirýän ýekeje maşyn ýoly bardy. Onuňam şlagbaumyndan mydama kelle ýaly gülp asylgydy. Käte bir arzyly myhman-meduwan geläýmese, daçanyň gök derwezesi açylmazdy.

Daçada gijöýlän başlanan şowhun ýarygijeden ep-esli agansoň ýatyşdy.

Häzir Gün dogup, asmana götärilip ugrapdy. Daça serenjam berýän Zöhre daýza daň agaraly bäri iýilen-içilen gap-gaçlary ýygnap, ardyp-ýuwuşdyryp ýördi. Ol ilki bilen ýelsiz ýere ýel tapyp, ýapraklaryny

şelpeledýän derekleriň, tegelek hoözuň boýundaky başlary biri-birine goşulan, çagba ýaganda-da astyna nem dammaýan güjümleriň astyny syryp suwlady. Jürküldeşýän serçeleriň, «Bikäm gara doka diýdi» diýip dynuwsyz gaýtalaýan huýpüýpikleriň sesleri eşidilse-de, gür ýapraklaryň arasyndan özleri görnenok.

Bu wagt daçanyň owadan türkmen halylary terslin-oňlyn düşelen otagynda, giň arap krowatynyň ýumşak düşeginde arkan düşüp ýatan Han Arkalyýew hor çekýärdi. Onuň horlaýşy-da iliňkä meňzeş däldi. Ylla ýolbarsyn arlaýşy ýaly edip, demini sorýardy-da, ep-esli wagtlap dem-düýtsüz ýatýardy. Edil şol wagt oňa belet dälleriň «büýä-ä gutard-ow» diýip, howsala düşjegi ikuçsyz. Birhaýukdanam böwrek ýaly dodaklary iki bölünip, onuň ýarygyndan «pöf-läp» çykýan demi bir ojagyn külüni göge sowurjakdy. (Ine, şoňdan soň, hälki galawuta galan adamyň ynjalmagy mümkin).

Han Arkalyýewiç daçada ýatmaga galansoň, Pirweli Penaýew hem ony taşlap gidip biljek däldi. Olam häzir goňşy otagda serlip ýatyrdy. Han aga ýaly parryldap hor çekmese-de, onuňam ýatyşy bijaý gözgynydy. Ol bir ýeriniň agyry-awusyny gygyrman, çydajak bolýan adamyň iňläp-yňranyşy ýaly ses edýärdi. Iňňildi-yňranmasyny goýan halatam gäwüş gaýtarýan

düýäniňki dek, bir zatlary çeýneýän ýaly bolýardy. Ine, şoňda, azylary biri-birine süýkenip, şeýle bir şatyrdy-jygyldy eşidilýärdi welin, müňuň-a dişleri basym owranyp gaçar diýdirýärdi.

Myhmanlaryň bäşisi ak öýde, galanlary beýleki otaglarda ýatyrdy.

Iki şofýor — Gökje bilen Jümmi bolsa sekiniň üstünde ýassyga ýaplanyşyp, hersi özlerine bir çäýnek gök çaýy alypdy. Öten agşam öýlerine gaýtmak üçin rugsat almaga mümkinçilik tapmansoňlar, bularam alaçsyz bu ýerde ýatypdylar.

— Tüweleme, myhmanlar-a şoh adamlar ekeni — diýip, Gökje gürrüňe başlap goýberdi. — Aýdym aýtmaýany, dutar çalmaýany ýok bulaň.

— Olara aýdymy ho çüýşedäki «suwlar» aýtdyrýa.

— Hawa-aýt. Ýö-ö-ne, çägä guýup oturan ýaly-aý olar. Bärekella, aşgazanlary siňdirýä. Özlerem serhoşam bolanoklar, haýran galaýmaly.

— Şaguly olar bilen deň gidişjek bolup, düňderilen pyşbaga ýaly tükgörilip galdy.

— O türkmençe gepleýän, murtluja ors ýigidi: «saunany ýakyp bäriň» diýip ýürege düşdi. Pirweli

agadan ogrynça soradyk. «Ýakmaň» diýdi. «Ýürek agyrysy barmydyr, gyzgyna çydaman, çaşjakmy, kim bilýär? Bir belaň, üstünden baraýmaň. Sagaman başymyzdan sowalyň» diýdi. Soň bir görsem, o howuzda suwa düşüp ýör. Ony diýseň, telewizorda näçe sapar görkezdiler, hut buzy oýup düşüp ýörenlerem bar. Öýüň içinde, peçiň başynda otyrkam, özum üşäp başlan ýaly boldum.

— O çüýşedäkiň içinde 40 gradus bar. Içleri howur alyp durandyr. Nätsin biçäreler.

—O Sulgün daýzağ birgädinde telewizire surata alanlarynda, agşam tüňçeden çaý içýän, sakgally hudojnigiň gudratyny görendirin. Äl-aýt, ol bir minutda Sülgün daýzaň suratyny ýalpyldadyp çekäýdi. Kellesini eýläk-beýläk gyşartdy-da, elindäki kömri bilen çekdi oturyberdi. Men-ä, walla, telpek goýandyryn.

— Ynanýan. Bylaň içinne Durdygylyç şahyr ýaly duran ýerinde goşgy düzüp bilýänem bolmaly.

— Bar bolmagy mümkin. Ýöne şulaň ýolbaşçysy-ha Han aga: «Goşgy goşmak iňňe bilen guýy gazan ýaly kyn» diýdi. Hut gülagym bilen eşitdim.

—Beh, o nähili şahyrka? Goşgy diýen zat hakdan içen şahyrlaň diline gelip duranmyş diýýäler-ä.

— Aý, men näbileýin. Belkem, şahyrlaň içinde-de, pagtaň sortlary ýaly, pärwoýynyň, triýtisiniň, bragynyň bolmagy-da mümkin.

Gün asmana galdygyça, ýiti tyglaryny gözemäge çynarlaryň gür ýapraklarynyň arasyndan yş tapýardy.

— Gün irden gyzyp ugrady, bu gün-ä yssy boljak öýdýän — diýip, Gökje mesawy dillendi.

— Aý, şu howa-da düser ýaly däl. Bir gün-ä yssy, bir günem salkyn, bir görseňem ýagyş guýup dur.

— Garrylary gepletseň-ä, owallar her möwsüm we möwritinde kadasy bilen gelip-geçip, ýazy-ýaz ýaly, gyşy-gyş ýaly bolýardy diýýärler. Indi welin ertir turup: «Bu gün näme geýsemkäm?» diýip asmana seredýärsiň.

— Başlyg-a howaň, şu bolşuny edilýän synaglardan görýär.

— Olam mümkin. Men-ä başga zatdan güman edýän. Şu Garagumuň, her depesiniň üstünden bir deşik deşip wyşka dikdiler. Dikilmedik deşikleriňem agzyny suwap goýdular. Indi ak çägäniň ýüzi hassanyň endamyna durtulen hytaýlyň altyn iňňesi ýaly, tikeç-tikeç wyşka boldy. Ýeriň astyndaky gyzgyn howur, içinde Şaguly gözibermelili turbalar bilen allowarralara çekilýar,

hany, şeýdip, seniň damarlaryňdan ganyňy sorduraýyn, endamyňda gyzgynlyk galarmyka? Baý, basym gürbaga ýaly buz-sesek borsuň-a.

— Şu diýýänleriňem biçeme däl. Şaguly ýaly girdenekler içinde dik durup gözibermelili turbalarda gazymyzyň allowarra äkidilýänem dogry. Ýöne öz zadyňy isriplije tutmagam gerekmikä diýýän. Ýerden çykyp ýatyr diýip, harydyňy göz ýumup sowrubermeligem birhili. Näçe baý bolsaňam, saňaman sowsaň, bir gün yzyndan ýetdireniňi duýman galýarsyň. Bi gaz, nebit diýlen zatlar erteki gün gutaryp galsa, ekip alar ýaly pagta däl ahyry.

— Äý, Gökje, ikimiz bi zatlara başymyzy agyrtmaly-la. Oň üçin ýörite saçlaryny düşürip «kelle agyrdýan» galyň äýnekli profissyrlar bar.

— Hawa-la, başymyzy agyrdanymyzda-agyrtmanymyzda bizi[ gepimize it gulak asýarmy? Ýöne, häki dile geldi, bile geldi, dymyp oturandan ýalan sözle diýipdirler. Be, bi ýaşulular entek ýatjakmykalar? Bäý-bä, tüweleme, agşam içibildiler-ow. Hudaý dözüm bersin. Bärekella, içägeleriniň, çürşäýmeýşini? Bu gün hepdeniň haýsy güni-aý? Biz-ä çislanyň-beýlekiniň hasabynam ýitirdik.

— Baý senem, Jümmi, düýnki iöň-içeniň bir ýadyňdamy? Bu gün ýekşenbe.

— Ä.. Bazar güni diýsene.

— Şoň üçinem arkaýyn ýatýandyrlar.

— Bizde-hä bazaryň-beýlekiň bolmaz. Kolhozçy bende Taňry gün bärse, Gün dogsa, atyza ugrabermelili.

Şol wagt derwezäniň öňünde maşyn saklandy, Meýlis bilen Şiraly tirkeşip howla girdiler.

— Näme-how, bi hojaýynlar, myhmanlar henizen ýatyrlarmy? — Meýlis ýörep gelşine dillendi. — Kelleleriň-ä agşam işi görlüpdir. Bu ýatanlaryňkam biziňkiden düzüw däldir diýip, remont etmäge geläýdik.

— Şoňy-ha ýüz-gözüňiziň çişem aýdyp dur. Edil byzow ýalan ýaly — diýip, Gökje makullady. — Nämeden dert tapynan bolsaň, şoň bilenem açmalymyş. Baryň, haýsyň ýürekliräk bolsaňyz, men hojaýynymam turzuň.

— Zöhre eje, näme bişirýäň? — diýip, Şiraly naharhanaň ýanynda gap-gaçlara hysyrdanyp ýören aýala ýüzlendi.

— Ir bilen ýagly-ýüzli zady iýip bilmärsiňiz diýip, çallyja unaş etdim. Içine turşuja ärigem atdym. Isleseňiz, gatyklyja böregem bar.

— Aý, ýüz ýaşa, Zöhre eje! Tüýs ýürekleriň küýseýän naharyny saýlapsyňyz.

— Siziň ýüregiňiziň haçan näme isleýänini bilmän, Zöhre ejeňiz tokaýda ýaşanok ahyry.

— Bärekella!.. Onda Han aga tur diýeli. Myhmanlar-a Aşgabatda üstlerine Gün dogýança ýatmaga öwrenendir. Bylar näme, ertir turup, mal-gara seretjek aladalary ýok. Sakgal-murtuny alyp, işe ýetişseler bolany.

Az salymdan hemmeler ördi.

Köpüsiniň gözleri hurma ýaly dym-gyzyldy. Olar keýpsiz, ýüzlerini sallaşyp ýuwunýardy. Hamana, agşam biri-biriniň göwünlerine degen ýalydy. Biri lak atsa, beýlekisiniň gülagyna ýaramaýan ýaly, ýüzüni kese sowýardy. Özlerem şeýle bir ýadaw, lellim görünýärdi, janlaryna ýaranyp bilmeýän ýalydy. Ärinlerindäki çilimlerini-de biri zorlap çekdirýän ýaly, göwünli-göwünsiz, gaşlaryny çytyp, tüsselerini zor bilen dartýardylar.

Han aga olaryň birkisi bilen degşen boldy.

— Şahyr, aý, hudojnik, bi näme, öten agşamky keýpiňiz ýok-la?

— Ýaşuly, özüňiz dert berdiňiz, dermanynam

bärewäriň, ýogsam kelleler çat açýa.

— O zatlaryň işi haýyr-la. Hany, başlyk —Pirweli, Meýlis, bi näme gowşak deprenýäňiz? Gökje daga aýtsaňyz-la, nahar-pahar, ýanynyda odur-budury bilen getirişdiribersinler ahyry! Nädýäňiz muny, adamlary ýöne horlap otyrsyňyz.

Medeni brigadanyň ýolbaşçysy, saçlarynyň gylla ýarysy agaryp, indem gögümtil öwsüp duran, egnindäki çal kostýumynyň ýakasy deputat nyşanly, gözleri äýnekli adam sypaýyçylyk eden boldy.

— Han Arkalyç, nahar diýeniňiz bolýa welin, ýanynyň «odur-budury» ir bilen birhiliräk dälmi? Bu gün beýleki raýoňa geçmänkäk, kolhozçylaryňyz bilen duşuşmarysmy?

— Inim, bu gün bazar güni. Duşuşyk gürrüňini goýalyň. Goşgy-gazalyňyz, gep-gürrüňiňiz näçe bolsa maňa aýdyp bäribäriň! Meň özüm olara, ynha, ýygnaklarda aýdyp bererin! Düýn duşuşdyňyz, bolýa şo. Işläp ýören adamlara azar bermeliseň, şoňça şatdyr. Ozalam olar ýetişibilmän, garabaşlaryna gaý bolşup ýör. Sähäl salym guýmeseň Kösäň Bozdumany ýaly sowap, onsoň, gyzdyrmak görgi olary.

— Ha-ha-ha!..

— Bu gün, ynha, başlyk, bugaltir, kerpiç zawudyň direktiri bilen duşuşyp otyrsyňyz. Bylar näme kolhozçylardan pesmi? Ýa zähmetkeş dälmi? Şeýle dälmi, ýigitler?

Oturanlar «howasyny» ýetirdi.

— Hany, onda, keýpiňizi bozmaň-da, iýip-içiň, Meýlis, Şaguly, hany, o çüýşelere eliňizi ýetiriň. Walla, size-de çaga öwreden ýaly aýdyp oturmaly-aýt. Ozalam biri heleýini urýamyş...

— Hawa.

— Goňşy-golamy olaň galmagalyna ylgap gelip, aýaly bilen adamsyny aralanmyşlar. Yzyndanam «Bu biçäräni näme üçin urýaň? Gije-gündiz çagalarynyň arlygyny ýuwup, öz öýi, öz işi bilen gydyrdanyp ýör» diýipdirler. Onda adamsy: «Bi meniň aýdanymy edýä» diýip jogap beripdir. «Weý, aýdanyňy etse, başga näme gerek? Il-ä aýdanyny etdirip bilenok». «Ýok, onyňyz ýalňyş, goňşular. Aýtsaň hemme kişi, hatda çaga-da edýä. Aýtmankaň etse, ine, şoňda hasap». Ine, şoňky ýaly, bularam aýtmaňaň, gozganjak däller-aý, wallakessin,

— Ha-ha!..

Çarşakdyr çemçeleriň, stakandyr bokallaryň sesleri

eşidilip ugrady. Oturanlaryň arasynda kirpiniň tikeni ýaly hüžžük saçlysy, gyzyl bloknotyny dyzynyň üstünde goýup, Han aga bilen Pirweliniň ýüzüne gözekme-gözegine seretdi.

— Hiç bolmaňa, iöň-içenimizi bir ödep gideliň!— Daşgala raýonynyň Minara obasynyň «Ýeňiş» kolhozy. K/z başlygy Pirweli Penaýew» diýip ýazdy.

— Pirweli aga, näçe göktar ýere gowaça ekdiňiz?

— Bir müň bir ýüz.

— Näçe sentnärden hasyl almaly?

— 21.

— Borçnamasyz?

— 22.

— Geçen ýyl näçe sentnär aldyňyz?

— 23.

— Gaty gowy. Indi ökde mehanizatorlardan birküç sanysynyň adyny aýdyň.

Penaýew ýüzüniň ugruna atlaryny tutdy.

— Näçe ýyldan bäri kolhoz başlygy?

— Şu ýyl bir kem ýigrimi bäş.

— Tüweleme. Özüňiz näçe ýaşyňyzda?

— Edil elli ýediň üstünde.

— O-ho, Magtymguly şahyr bir goşgusynda:

*«Altmyş ýaşa ýetirdiň,*
*Başym gama batyrdyň,*
*Hoş günleriň ötürdiň,*
*Ýazyň ýok, gyşa ýetdiň».*

diýse, öňe bir şygrynda:

*«...Düşmüşem söwdaýa» diýp,*
*«Söwdaly gowgaýa» diýp,*
*«Geçdi ömrum zaýa» diýp,*
*Ah urar altmyşynda».*

diýip ýazypdyr. Siz-ä şahyryň o aýdýan adamlary ýaly armanly geçmärsiňiz. Altmyşda döşe bir ýyldyz dakyp bilseňiz...

— Aý, nesibe-dä Han aganyňka dakdyk. Innem raýkom joşsa, biz-ä garşy däl.

— Ine, geliň, şuň üçin getäreliň — diýip, biri täklip girizdi.

— Ordenleriňiz bar gerek.

— O jäjekleriň hersinden biri bar. Öten ýylam Lenin ordenini berdik. Indi bir ýyldyz dakaýmak galdy — diýip, Han Arkalyýewiç rýumkasyny gözi äýnekli, çal penjeklä uzatdy.

— Indi maldarçylyk barada-da birki sany dannyý bäriň-dä? Kolhozyň näçe iri şahly maly bar?

— Jemi ýüz elli bäş — diýip, bu sapar Şaguly Pirweliden öň jogap berdi.

— Bir-r ýüz elli bäş-ş... A goýunlaryňyz?

— Goýunlarymyz bir müň iki ýüz bolmaly. Olaram Garagumda.

— Ýogsamam näçe pagtaçylyk brigadasy bar? Tas ýatdan çykan ekeni.

— 10-sy pagta ekýä. Ikisem gök ekärançylyk.

— Iň öňde barýan brigadaňyz haýsy?

— Şo düýnki surata alan aýal brigadiriňiz. Sülgün Geldiýewa diýýärler...

Keýpleri kök myhmanlary goňşy raýoňa ugratdylar.

Han Arkalyýewiç dagynyň, özli-özleri galdy. Biraz wagtdan soňra Han aga Meýlisdir Şiraly dagy hem: «Siz gaýdybäriň, men ýatyp biraz dynjymy aljak» diýip,

Penaýewden özgesi bilen hoşlaşdy. Ol agşamky ýatan otagyna baryp, krowata agyr göwresini goýberdi.

— Ýaşuly, men näme işläýin? — diýip, Pirweli içki işikde duran ýerinden dillendi.

— Täk, senem... — Arkalyýew näme diýjegini bilmedimi ýa-da bir zadyň pikirini etdimi, garaz, gözlerini potologa dikip, az salym ýatdy-da: — Agşamara şol medeniýet baradaky orunbasaryňy getirip biljekmi? — diýdi.

— Getirmeli bolsa...

— «Bolsa» diýip näme ikirjinlenýäň?

— Aý, ýok, getiris.

— Getir onda, oňa çenli ýatyp dynjymy alaýyn.

— Bolýa — diýip, Penaýew howla çykdy. Zöhre eje agşamara näme bişirmelidigini tabşyryp, Jümminiň maşynyna tarap ýöneldi. Ol ýol boýy oýlandy. «Keýik Zamanowany medeniýet baradaky orunbasar edip al» diýenem Han Arkalyýewiçiň özüdi. Öň olar tanyşmy ýa-da biriniň maslahat bermeligi bilen şoňy al diýdimi, olam belli däl. Ony soramagam birhili. Keýik Zamanowa sagymçy Gytjanyň gyzydy. Durmuşa çykansoň, Aşgabadyň sungat institutynda gaýybana okady.

Adamsy ony mugallymlaryň birinden gabanyp aýryp goýberdi. Iliň aýtmyşyna göre, ol okuwdan çykyp, bir mugallymyň maşynyna münenmiş. Institutyň öňünde oňa garaşyp duran adamsy-da bir taksini tutup yzyndan eňipdir. Hälki mugallym ony göni Päwrizä äkidenmiş. Ýoluň ugrundaky gür baglykda maşynlarynyň içinde gujaklaşyp otyrka, adamsy olaryň üstlerine baranmyş.

Pirweli maşyndan düşjek bolanda, Jümminiň ýüzüne seredip:

— Häzir Keýigi tap. Agşam sagat alty bilen ýedi aralygynda edarada bolsun — diýdi.

Ol burny bilen halk aýdymyna hiňlenip, giň howlusynyň gapysyndan ätledi. «Ýawa» motosikletiniň bir ýerini bejärip oturan ogluna:

— Ataşka, oglum, howlyny suwlasaňa! — diýip deňinden geçip gitdi. Özleriniňkä ýanaşyk salyp beren uly ogly Ballynyň jaýynyň öňünde agtyklaryna gözi düşmedi. Mundan ozal olar mydama oýnap ýören ýärlerinden ylgap öňünden çykardylar, boýnuna bökärdiler. Penaýew iki melleginiň-de daşyna kerpiçden belent haýat saldyrypdy. Özüniňem, Ballynyňam jaýlarynyň üstüni şifäre-de kanagat etmän, poslamaýan demirden eşegarka basdyrypdy.

Howlynyň içi tukat hem yssydy.

Daş-töwärekdäki zatlar bir ýakymsyz habary aýdyp bilmän dymýan ýalydy.

Syrdam derekleriň, mündan ozal şowlap seslenýän çynarlaryň ýapraklary-da butnaman diň salýana meňzeýärdi.

Penaýew basymrak öýlerine girenini kem görmedi. Ýüregi bir zady syzýan ýaly boldy. Eýwanda köwşüni çykaryp durka, aýalynyň ýüzüni sowmasynyň sebäbini öten agşam öýe gelmedigindendir öýtdi.

— Ýeri-ow, heleý han, näme ýüzüni sallaýaň? Janyň bir sagmy?

Ol jogaba-da garaşman öz otagyna geçdi. Aýaly ýa jogap bäresi gelmedi, ýa-da bir zat diýmäge ýetişmedi. Pirweli geýimlerini çalşyrdy. Ala-mula eşiklerini geýip, diwanyň üstüne gyşardy. Aýaly onuň otagyna, halylaryň üstünden sessiz ýöräp geldi.

— Patma, näme sesiňi çykarman, ýüzüni sortduryp ýörsüň? Eýgilikmi? Ýa bir sowuk habar eşitdiňmi? Aýt ahyry!

— Habar eşidesiň gelse bar-da, hol serhoş ogluňdan sora, näme bolanyny!

— Sen aýdanyňda näme, diliňden kireý isleýäňmi?

— Ylahym oglam gurasyn, ony dogran heleýem. Häli ertir, goňşy kolhozdan birki sany adam geldi seni gözläp. Özlerem dergazap gaharly. Bally onuň inisiniň köriçägesini nädogry opärasiýa edip öldürenmiş. Indem olar ogluňy suda bärjekmişler. Ol ölen o tankyt ýazýan Gara Mergeniň gaýynenesiniň doganynyň oglumyş. Gara Mergenem bu ýerde towugyna tok diýilmese, Maskwa ýazaryň diýýärmiş.

— «Şo Gara Mergen syýasy gutarýança ýazsyn» diýseň bolmadymy. Şoň üçinem ýüzüňi buz ýaly edip otyrmyň?

— Olar-a şeýdip gitdiler. Aradan bir sagat geçdimi-geçmedimi, gelnimiz başy açyk, aýakýalaň ylgap geldi.

— Hä?

Pirweliniň göwnüne başga zat geldi. Hälki gelenler gaharyna gelinlerine bir zat diýäýdilermikä öýdüp tirsegine galdy.

— Ballydan gaçyp geldi.

— Aý, şeý diýsene! — Ol öňe rahatlanyp, kellesini ýassyga goýdy-da, arkan düşüp ýatdy. — Öýleri-ojaklary başga. Är-aýaldyr-da! Köneler är-aýalyň urşuny ýaz

gününiň ýagşyna deňäpdirler.

— Olaryň bu gözekkisi ýagşyň-pagşyň işi däl. Bally gelnimiziň başyna ahyrzamanany inderipdir. It öňjen ýaly öňjipdir. Agzy-burnuny gara gan edip geldi. Döwlen alyn dişlerem penjesinde.

— Owf! Şu tünege gelseň, bäş minut arkaýyn dynjyňy alyp bolanok... Näm bolsalar, şo bolsun! On sekiz ýaşdan ötensoň, ene-ata ogul-gyzyň etmişine jogap berenok. Dawalaryny, hanha, sud, milise çözsün. Hany, maňa bir sowuk çal ber!

Ol bir jam sowuk çaly hopurdadyp başyna çekdi-de, murtlaryna ýokaşan ýokundylaryny torly polotensa bilen süpürdi.

— Agzyna uran bolsa, gelnimizem bir ýoknasyz zat aýdandyr-da!

— Bar aýdanym: «Adamlaryň garnyny mydama içgili-serhoş halda kesýäň. Ahyry bir zadyň üstünden bararsyň» diýdim diýýä.

— Ana dälmi?

— Şoň nämesi telek? Bir pahyr-a saňa janyny ynanýa. Büýem eli pyçakly gassap ýaly, gözüni ümezledip, bilse-bilmese kesişdirip ýörse...

— Aýal adam erkegiň işine goşulmaňa ýagşy. Ylaýta-da gahary gelip, jany ýanyp duran wagty. Siz bolsa, enegiňize jaň dakylana meňzeş. Gawun sakçysynyň ganjygy ýaly, gapdaldan üýrüp ugraýaňyz.

— Biz bir zat diýsek, gepimiziň-sözümiziň agramy ýok. Gawunçyň ganjygyna-da menzäberýäs. Emma Hanyň aýaly Mylaýymyň agzyndan bir söz gaçsa, doga edip boýnuňyza dakjak bolýaňyz. Samsyk, ýuwnuksyz geplerinem gyzyla gaplabermeli edýäňiz.

— Ýeri, ýeri, besdir! Hetdiňden aşma!

Patma gahar bilen otagdan çykyp gitdi.

Pirweli her näçe ýatjak bolsa-da bolmady. Ol Ballyny mundan üç ýyl ozal — segsen birinji ýylda öýeripdi. Edil pagta ýygymyna düşülip-düşülmänkä, Bally Aşgabadyň medinstitutyny gutaryp, diplom alyp gelen ýyly toý edipdi. Toýuň sähedi bellenenden: «Pirweliniň ogly Şagulynyň gyzyny alýamyş» habary diňe bir Minaraata däl, bütin Daşgala raýonyna ýaýrapdy.

Daşarynyň tot-tozan gatyşykly petiş howasyndan gelen adam üçin otagyň içi gül pürkülen ýalydy temiz hem salkynjakdy. Täze halylaryň, stoluň üstündäki bir gujak ter bagülüň ysy burk urýardy. Gaýgy-aladaň bolmaňa, tüýs dynç alyp, hezil edip ýatmaly ýerdi.

Emma Patmanyň tapan gürrüňlerinden soň gözüňe uky gelermi? Ýele ýanyňdanam geçmez. Gaýtam, indi yzy nähili bolarka? Nädip ýaraşdyrmaly? Bulardan çykalga gözläp çekýän aladaň agramy çökerip, ýere sokup barýar. Gurşundan agyr pikirler sokudaşy ýaly toňkuldap, beýniňi ýepbekleýär, masňlaýyňy sarsdyrýar. Onuň zarbyna gözüň çykyp barýar. Öz-özüňe göwünlik berdigisaýy, ýüregiň kapasdaky bedene dönüp çarp urýar.

Pirweli ýatyp ynjalmajagyna göz ýetirdi. Ýerinden turup, telefonyň ýanyna bardy. Ol Jümmini çagyryp:

— Keýige aýtdyňmy? — diýip sorady.

— Aýtdym, aýtdym, ýaşuly.

— Bolýa, onda, öýe gel, öňe daça gitjek — diýip, trubkany şakyrdadyp goýdy.

Pirweli bilen Han aga — iki ülpet bolup ajy gök çaýyn başynda köp gürrüňleriň başyny agyrtdylar.

Öten agşamky gap-gaçlary arassalamak Zöhre daýza günorta çenli iş bolupdy. Indi ol hemme zady täzeden daşamaga durdy. Parnikde ýetişen gökje hyýarlary, gyzyl pomidorlary, öten ýyldan bäri saklansa-da, ýaňy baldagyndan üzülen ýaly terje, al ýaňak almalary,

gelinbarmak, monty üzümleri, käşiriň, kädniň, naryň şerbetlerini ak öýüň içindäki tegelek ojagyň başynda oturan Penaýew bilen Arkalyýewiň öňünde ýazylan klýonka çekip ugrady. Zöhre daýza işikden çykansoň, Han aga ýassykdan dikeldi-de:

— Täk, Pirweli, senden bir zat soraýyn diýýän welin, her sapar huşumdan çykarýan. Şu öz gazetimiziň redaktory Gara Mergen nä jüre adam? Şoň yştymagy, gelip çykyşy — ýagny, asly siziň kolhozdan diýýärler-le — diýdi.

Onuň gyzy bilen Gara Mergeniň oglunyň arasy barmyş diýen habar Pirweliniňem gülagyna degipdi. Şoňuň üçinem: «Bular indi garyndaşlyk-zat açjak bolup ýörmükäler?» diýip, Pirweli böwrüni diňledi. Birbada morta bir zat aýdaýmaýyn diýip, onuň sowalynyň töwereginden aýlanyp, pikirini bilmekçi boldy.

— Bi orta Gara Mergen nireden geldi, Han aga? Ony näme üçin soradyňyz?

Han Arkalyýew dyzynyň üstündäki polotensa bilen ýüz-gözüni süpürişdirip oturyşyna, ýönekeý bir gürrüň, eden ýaly edip aýtdy.

— Aý, şu biziň Lälämiz bilen soňuň ogly bir sapar-ýarym sapar kino-sino gidipdirlermi-nämemi. Indem

aralary bozulypmyş. Garaz, ýaşlar-da, ýandak ody ýaly birden ýanyp, birdenem öçäýýäler. Şol Gara Mergen ol bedasyl ogluna haý-kuş edip bilmezmikä? Men ara goşulyp ýörsemem uslyp däl. Pirweli indi hemme zada düşündi, Han aganyň maşgalasynyň içki syrlaryna çenli özüne ynanyp, sala salanyna begenjinden iki bolup bilmedi. Bu gün gyzy hakdaky bu gizlin gürrüňi ynansa, ertirki gün has uluragyny ynanar. Soňra ikimiz syr alyp-syr berişýän adam bolarys. Pirweli guş ýaly ýeňläp, ýassykdan tirsegini çekdi. Aýbogdaşyny gurady.

— Han aga, bu ýumşuňyzy hek ederin. Gara Mergen bilen özümjik elin gepleşerin. Agyz-agyzdan ýel alyp, bu gürrüňi çişirseler, siziň at-abraýyňyz üçinem gowy däl. Siziň abraýyňyza şikes ýetjek ýerinde, Pirweli çal kellesini orta goýmaly bor, oň üçin, ýasy ýanyňyz ýerde bolsun. Hany, bi gök-sökler bilen ýüz-ýüzi goýbereli.

Olar ýüzlerini turşadyp, gök hyýary gürçüldedip dişlänsoňlar, Arkalyýew gürrüňi başga ýerden tozatdy.

— Görogly: «Söweş-ä gutardy welin, Sapar kösäň halyndai habar alaýyn» diýenmiş. Täk, ekiş-ä gutardy welin, munuň indi yzy bar. Göwnüme bolmaňa, ädamlar birneme üýtgetjek bolýan ýaly. Çöllän goýunlaryň suwuň ysyny alanda boluşlary ýaly,

töweregine bakjaklaşyp, üşerilişip ýörler. Ýokardan gelýän buýrukdyr-kararlaram öňki äheňde däl. Gün-günden talap artyp barýar. Göwnüme bolmaňa, bir öwrülişik bolmaly.

— Ýokardaky ýaşulularyň arasyndamy?

— Şeýlemikä diýýän, anyk bilemok welin, öňe hälki aýdyşym ýaly, talap gün-günden güýjeýär. Öňki günümiz dagy çaga pişigiň güni ýaly ekeni. Indi oblastdan soralýan sprawkalary bir gün gijä goýsaň öýünde ýatyranoklar. Öň, beýle däldi. Häzirem raýonyň her bir ýolbaşçy işgörine iküç rezerw soraýarlar. Iň ýaman ýeri, ýaşy pylança bolmaly diýýärler. Nireden tapjak? Men näme, kadr taýýarlaýan inkubatorym barmy?

— Aý, bi-de bir saýlaw ýaly bir zatdyr. Öter gider.

— Giderjek däller, Pirweli. Sen o gizlin gelýän hatlary okap göreňok. Piliň gülagynda ukläp ýörsüň.

— Han aga, beýdip, dünýäni gapyşdyrmaňana. Arkaýyn iýip-içeli-le. Omar Soltanowiç barka saňa, sen barkaň maňa döw çalasy ýok-la.

— «Hudaýa ynansaň ynan welin, eşejigiňi berk duşa» diýipdirler. Täk, onsoň, bi ýyl näçe gektar artyk gowaça

ekdiň?

Pirweli: «Bi sowal nireden geldi? Nämä gerek? Öň soramaýadyň» diýen ýaly, Han aganyň ýüzüne bakdy.

— Aý, öňküler ýaly däl.

— Näçe?

— Bary-ýogy ýüzden gowrak.

— Täk, oblastdan ölçegçi gelmegi mümkin. Häzir bolgun.

— Aý, biz mydama häzir.

— Hälki seniň «saýlaw ýaly zatdyr, geçer gider» diýen gürrünleriňi il ilki eşidýä. Onsoň, peltelerine ýag damansoň, gylaw alyp ugraýarlar. Häzirem şeýle bir ýazýan köpelipdir, heý goýaý. Özlerem gün-günden ökdeläp, tejribe toplaýarlar. Bir köpesini Aşgabada iberseler, beýlekisinem Moskwa ýollaýarlar.

— Beh! Aý, şol Möjek mugallym ýalylaň işidir.

— Kimiň işidigini biljek däl welin, ýöne özler-ä göni nyşaňaň onlugyny urup ýazýarlar.

— Nämeleri ýazýar-a olar? Biz näme, ilden artyk iş edýäsmi?

— Aý, näme, gowaçalar artyk ekilýä. Artdyrylyp

ýazylýa. Pagta satyn alynýa. Planlar galp doldurylyp, ýolbaşçylara orden paýlanýa. Kolhozçylar aç-ýalanaç, ýylyň ahyrynda ellerini ýuwup galýarlar. Aý, muňa meňzeşler-dä!

— Häk. Goý subut etsinler.

— Ana, subut edip bilmezler ýaly, öňe bir sapar gülagyňa guýýan-da. Tilkiň guýrugy bilen yzyny sübselep sapalak atyşyndanam beter hileger, işiňe jür bolmaly.

—Jürdüris, Han aga. Ýüzügara bolmarys. Seňem diliňi gysga etmeris.

— Hany onda, guý, eýle bolsa.

— Şeýtsene, Han aga. Ine, munyň başga gep!

Soňra Pirweli öz öýündäki bulaşyklygy Han aga gürrüň berdi.

— Aý, onuň ýarasy ýeňille — diýip, Han aga elini çalaja silkip goýberdi. — Baş wraça özüm duýdyryn. Dogtorlar biri-birini satmaýa... Täk, hany, bi Keýijegiň gelmedi-le?

Penaýew sagadyna seretdi-de:

— Gelmeli, gelmeli. Jümmä şu ýerik getir diýdim. Öňe on bäş-ýigrimi minutdan gelerler.

— Özüň-ä medeniýet baradaky orunbasarlygyna kimi almalydygyny bilipsiň. Keýik diýseň Keýik-dä! Asla keýigiň aşygy ýalyjak.

— Ýörite seniň üçin saýlanandyr, Han agasy. Adamsy bilenem bary-ýogy bir aý ýaşaşdy. Ulugyza gaýra dur diýýän gelindir ol.

— Haý, senem degişmeçi bolupsyň-ow! Özüne bir az-kem duýdurdyňmy? Öňe barmagymy degirmänkäm, uçup durmasyn. Göwni bar dälmi?

— Razy bolmaňa, şu ýerik gelermi? Şu raýondan çörek iýjek bolsa, biziň diýenimiz bilen bolmaly bor.

Aradan biraz salym geçensoň, Jümminiň maşynynyň sesi eşidildi. Han Arkalyýew:

—Şofýoryňa rugsat beräý. Hol on ikilere geläýsin. Artyk şaýat näme gerek? — diýdi.

—Jümmiden arkaýyn bol. Agzy açary ýiten gülp ýalydyr.

— Aý, onda-da...

— Bolýa.

Horazyň kekeji ýaly gyrmyzy pombarhat köýnegininiň üstünden gök žemper geöň, ortadan pesräk boýly, owadan zenan içeri girdi.

— Salamälik.

Pirweli degişdi.

— Baý, kejebe geljek ýaly ýoluňa kän garatdyň. Geçiber, ynha, şujagaz ýerik. — Pirweli Keýige Han Arkalyýewiçiň ýanyndaky mahmal körpekçäniň üstüni görkezdi.

— Näme, garaşylýan gelinler menden artykmy? diýip, Keýik owadan dişlerini görkezip ýylgyrdy.

— Dogry-da —diýip, Arkalyýew onuň tarapyny çaldy. — Gurgunmysyňyz, Keýik? Armaň, işler bilen! Medeniýet ojaklary nädýä?

— Edil özi ýaly gülleýä, Han aga.— Pirweli jogap berdi.

— Onda ýaman däl.

— Han aga, biziň başlygymyz soňky wagtlarda degişgen bolupdyr.

Arkalyýew gaşyny çytdy. «Hiç bolmanda, Han Arkalyç bir» diýip ýüzlenäýmel-ä».

Penaýew Han aganyň pikirini ýüzünden okady. Keýige igenen boldy.

— Han Arkalyç diýip ýüzlenäý. Han aga diýseňiz,

garrylaryň hataryna geçirdigidiz bor. He-he-he!..

— Wiý, beý diýmewäriň, başlyk. Men o manyda diýjek bolmadym. Han Arkalyç, siz göwnüňize alaňzok gerek?

— Heý-de siziň ýaly peri-peýkerin diýenini göwnüňe alyp bormy?

— Hernä şeýle bolawersin-dä!

— Gepiňiz-ä bir perdeden çykyp ugrady. Men nahar getiriň diöýin—diýip, Pirweli ýerinden galdy.

— Şeýtsene walla, bi adamlaryň gep bilen gülagyny doýurdyň. Agzymyza atmaga-da zat bereňok.

Pirweli daş çykyp gidensoň, ara biraz ümsümlik düşdi. Keýik uýaljyndan nämä güýmenjegini bilmedi. Köýneginiň etäklerini dyzlarynyň aşagyna ýygnan boldy. Halyň üstüne gaçan hyýaryň gabyjagyny klýonkanyň çetinde goýdy. Bu zatlary duýan Arkalyýew ony gep bilen güýmämege başlady.

— Täk, onsoň, bu günler näme iş edýäňiz, Keýik?

— Kolhozda iş gytmy, Han Arkalyç?! Ekiş gutardy, indem ýüpek gurçuklary, Bu gün-erte pile tabşyryp başlarys.

— Hmm... Täk... Ýupek gurçugy... Ekiş... Bu zatlary

alada edýän ýörite adamlar bar. Kolhoz başlygy, agronom, brigadirler. Siz, Keýik, diňe oba medeniýeti hakda aladalanmaly ahyry.

— Ol-a şeýle welin... Ine, hä diýmän gowaça otagy başlanar. Onsoň, ýygym. Yzyndan güýz sürümi, bahar öňe-de ekiş. Şeýdip, dört pasylyň aladasy yzly-yzyna gelip dur. Kolhozçylar güllukçylar ýaly zähmet rugsadyny alanok. Iň berkisi, bazar güni-de dynç berlenok. Onsoň, men-ä haçan olary kluba ýygnajagymy-da bilemok. Aýda-ýylda teatr geläýmese. Kino-da okuwçylar gelýä.

— Hm... Täk...

Pirweli bilen Zöhre eje elleri tabakly içerik girdiler. Ortada goýlan gülli tabaklaryň birinde toklynyň omaçalary bugarsa, öňe birinde börek, beýlekisinde içine näme salnany belli däl somsalar bardy.

—Hany, onda, urşuň geňeşi ýok diýipdirler. Han Arkalyýewiç, bissimilla ediň. Men çüýşelere seredeýin.

Han Arkalyýewiç ortadaky tabaklardan çarşagy bilen etleri dürtüşdirip, Keýigiň öňündäki tarelkada goýdy.

—Han Arkalyç, azara galmaň, özüm alaryn.

—Siziň ýaly gelne hyzmat etmegiňem azary bormy?

—Ýok, size hyzmat etsek armanymyz ýok.

— Ine, akylly gelniň gepi-gürrüňem ap-aýry. Ýöne biri-biriňize hödür etjek bolup, ikiňizem aç galaýmaň. Dalaşmaga ýaramarsyňyz.

Han Arkalyýewiç bilen Keýik biri-birine seredişip ýere bakdylar. Keýigiň şobada ýaňaklary elwan reňke boýaldy. Utanjyndan aşaky dodaklaryny dişlände, hünji ýaly ak dişleri ýyldyraşdy.

— Pirweli, görýän weli, sen-ä bet öýdýän.

Han Arkalyýewiç dili bilen diýse-de, şo hakdaky gürrüňe eýýämden ýol açanyny, Keýigiň oňa bolan garaýşyny, (gelniň salynyň gowşakdygyny) bilmäge, mümkinçilik döränine içinden begendi.

—Biziň başlyk iň soňky aýtmalysyny başda aýdaýýa diýip, Keýik ýere bakyp gülümjiredi.

—O zatlar iki adamyň arasynda aýdylýandyr — sen gaty howlugýaň, Pirweli — diýip, Han Arkalyýewiç Keýigiň tarapyny çaldy.

— O-ho, eýýämden meni çetleşdirjek bolýanyzmy? Artykmaç saýýaňyzmy? Bolýa-da, araňyza goşulmarys. — Pirweli ýalandan öýke-kine eden bolup degişdi. — Görüberýäs-dä, özüň-ä meniň orunbasarymsyň. Hany, içeliň onda, bu gahary şuň bilen basaýmaňak bolmady,

he-he-he!..

— Keýige höküm ederiň ýaly, häzir iş wagty däl, Pirweli!

— Aý, meňki boljak däl. Şuwat ikiňiziň araňyza düşen özüň bolma. Görýän welin, siz agzyňyzy birikdiripsiňiz.

— Hä, şeý diý. Iş bilen Keýigi gorkuzjak bolma. Oňuşdyrmajak bolsaň, raýkoma işe alarys. Onsoň, sen ýalbarmaly borsuň.

— Eý-ho-o! Men aýdanlarymy yzyna gaýdyp alýan.

Olaryň üçüsi-de gülüşdi.

Pirweli gökje hyýaryň birini garsyldadyp agzyna saldy-da, ýanbaş taşlap ýatyşyna bir aýagyny özüne çekip baldyrlaryny owkalady.

— Häk, ýaman zadyň alamat-ow. — Ol äpişgä seretdi. — Äý, ojagaz kiçijik bulutlaryň-a ýagyp oňaran zady bolmaz-la. Aýaklar agyryp başlady. Köplenç howa bulaşyp, ýagyş ýagjak bolanda şeýdip agyrýa. Ýagaýsa-ha, gowaçalaryň ýüzi gapaklar.

— Agzyňy haýyr aç. Gowaçany täzeden ekmeli bir bolmasyn. Eýýäm maý aýy geldi. Indiden soň ekip, haçan hasyl aljak? — Ozalam ýajyja dyndyk ekişiň hysyrdysyndan. — Keýik gürrüňe goşuldy. Şumat

ýüpek gürçugynyň azaram ýeterlik.

Bu gürrüňlerden soňra, Keýigiň kellesine başga bir hyýal geldi. Öňräk Pirweli: «Han aganyň-a seniň, bilen çolaja ýerde çaý içesi gelýä» diýip, degişme salyp duýdurypdy. Indi bu çyn boldy. Muň ýaly oturyşmalar bi ýerde häli-şindi bolup durmyka?»

Onuň göz öňüne kolhozyň öňki medeniýet baradaky orunbasary, häzirem oba Sowetiniň başlygy Hajarbibi, klub, kitaphana müdirleri Çeper, Güldesse... garaz, Daşgalada özüne göwni ýetýän görmegeý zenanlaryň bir topary gelip geçdi. Aýallara mahsus bolan gabanjaňlyk damarlary tirsildeşip ugranam bolsa, öz-özüne basalyk berdi.

«Hiý-wiý, eýýämden Han agany öz tarapyma geçirip, gara basan ýaly bolup otyryn-la. Bu göwnüme gelýän zatlary gursagyma şeýtan guýandyr. Men näme, bu adamyň süýjülik suwy içirlip, gaýçy şarkyldadylyp, nika gyýlyp töründe oturdylanymy?, Näme etse, soňy etsin. Daş gulakdan eşidişimize görä Han aganyň hut öz aýaly Mylaýymam aýagyny düzüw basmaýamyş. Oblastda Han aganyň elinden ýokary çekýän kiş i bilen arasy sazmyş diýýärler...»

— Keýik näzenin-ä bir hyýala batdy. Al, iýip oturyň!

— Han Arkalyýewiçiň ýognas sesi Keýigiň pikirlerini garasarlaryň üýşmegine kesek oklanan ýaly dyr-pytyr etdi. Ol birbada aljyrady.

— Äý, ýok-la... Hiç...

Pirweli öz göwnüne gelen pelsepesini orta oklady.

—Bu günler bahar aýy. Ot-çöpüň janlanyp, goýunlaryň gyltyma kowalaşýan döwri. Ýaşlaryň kellesine-de her dürli hyýallar gelýär. Ylaýta-da zenan maşgalalaryň. Bularyň söýgüsi-de, gahar-gazaby-da şu döwürde möwç alýar. Hernä Keýigiňki birinji aýdanym bolsun-da. He-heh-heh!

— Şu gün-ä biziň başlygymyz oňaýyny tapsa, gepini söýgä ýanajak bolup dur.

—Dogry aýdýaň, Keýik. Munyňyz akyl-huşuny söýgä aldyraýypdyr öýdýän. Ýöne, sen, Pirweli, kolhozyňy Parižе öwräýme! Hoh-hoh-hoh!..

— Ýak, oňaraýdyňyz, Han Arkalyç, hiýh-hiýh... hiýh...— Keýik hezil edinip güldi.

Han Arkalyýewiç tost aýtdy.

— Geliň, muny Keýik näzeniniň saglygyna içeliň! Goý, mydama şunuň ýaly görmegeý, şadyýan bolsun!

Han Arkalyýewiç gepläp otyrka, Keýigiň häliden

bäri owurtlap goýýan konýagynyň täsirini onuň ýüz-keşbinden görjek bolup, oňa syn etdi. Diňe owadanja kiçijik gulaklary gulakhalkasyndaky naryň dänesi ýaly al-gyzyl öwüsýän daşjagazyň reňkine öwrülipdir. Ýaňaklaram ýaňyja diňen ýagyşdan soňra bulutdan çykan güneşe görküni güjeňleýän alýaňak almany ýatladýar.

Äpişgeden görünýün gök dərekleriň ýapraklary birdenkä şypyr-şypyr ses etdi.

— Derek ýapraklarynyň şybyrdap ses edýäniniň sebäbini bilýäňizmi? Honha, serediň o çynarlara! Olaryň ýapraklar-a doňan ýaly bolup dur. Derekleňkem şelpe kakyşýar — diýip, Han Arkalyýewiç dillendi.

— Ýok, näme üçin? — diýip, Keýik sorady.

— Bilmeseniz şeýle: gadym zamanda bir serdaryň perzendi bolmandyr. Onuň juda owadan hemem akylly aýaly bar ekeni. Olar zürýat edinjek bolup, işan-mollalardan doga-tumar alypdyrlar, öwlüýälere, büdrüklere ýykylypdyrlar, hiç haýsysynyň nepi degmändir. Bir gün aýaly oňa: «Men senden hiç zady gaty görmäýin. Beýdip, dünýeden zürýatsyz geçmegem bolmaz. Men köp oýlandym, ölçerdim-dökdüm; Ahyry şeýle netijä geldim. Men seni öz elim bilen öýlendirjek.

Onda-da görmegeýlikde, dünýede deňi-taýy bolmadyk gyzy alyp berjek» diýenmiş. Görýäňizmi, nähili akylly-başly aýallar bolupdyr! Häzirki aýallaryň birem şeý diýebilmez. Gaýtam, üstüňden arz edip, obkoma, MK-a, prokurora ylgarlar. Garaz, gepiň gysgasy, ol aýal adamsyny bir gyza öýlendirenmişin. Äri bilen täze gelniň alty ganat ak öýde ilkinji agşam, ilkinji gije zowky-sapa sürýän pursatlary, her niçigem bolsa, goňşy öýde ýatan baýry aýal ynjalyk-karar tapmandyr. Içinden otly-ýalyn köwsarlap, bagry-öýkeni bykynyny deşip, ýüregi agzyndan çykyp barýarmyş. Dişlerini näçe gyssa-da, gulaklarynyň üstüne ýassyk goýsa-da bolmandyr. Äri bilen gelniň aýşy-eşretdäki sesleri gülagynda ýaňlanyp durupdyr. Baýry aýal ylgap daş çykan. Gara öýüň golaýyndaky ak derege zordan ýetip, arkasyny berip, asmanda ýüzüp ýören on dördi gijäniň Aýyna, göz gypýan ýyldyzlara seredip duranmyş. Bularyň hiç biri-de ýanyp duran ýüregine teselli bermändir. Onuň gulaklaryna öňe-de şol... tanyş ses eşidilenmiş. On iki süňňi tutuş galpylda öwrülenmiş. Ine, şonda, o zenanyň galpyldysy derege geçipdir. Şondan bärem derekler üýtgeşik şemal bolmaňa-da, şelpelerinden şeýle owaz çykarýarmyş.

— Be! — diýip, Keýik geň galyp, ilkinji sapar seredýän

ýaly, apbasy-apbasy ýapraklarynyň iki tarapyny-da gezekleşdirip görkezöň dereklere syn edip oturdy.

Han Arkalyýewiç gözleri bilen Pirwelä «daş çyk» diýip ümledi.

— Men bir daşarlarda aýlaň-çaýlaň edip aýak ýazaýyn. Han Arkalyç, gelýänçäm biziň gyzymyzyň ýüregini gysdyrmaweri. Ýaňky ýaly gürrüňlerden tapyp otur — diýip, Pirweli ýerinden turdy.

— Eý-wäk! Şu aýagymyzyň guragyrysynyňam bir ugruna çykmaly.

Pirweliniň aýaklary syzlaşyp duransoň, arkasyna bir halta bugdaý göteren ýaly, öňe eglip, abşanaklap gapa ýöneldi. Onuň bolşuna humarly kellesi ýeňlän Keýigiň gülküsi tutup, bykyny gyjyklanan ýaly jykyrdap güldi. Ol gülkiniň göze ilmeýän gudraty Han Arkalyýewiçiň damarlarynda ýöreýän ýaly boldy. Ýuwaşlyk bilen Keýigiň goşaryndan tutdy. Setka keýneginiň ýeňi kem-kemden ýokary süýşüp goşardan aňyrda Gün görmedik ak mermer bilekleriň üstünde ýöräp barýan arkasy gylly penje ýylmanak çigniň ýumrusyna ýetdi. Zenan bedeni simap ýaly titredi, gowşady.

Pirweli daş-töweregini synlady. Daçanyň dört tarapy emeli köldi. Bu ýerik diňe iki maşynyň ini sygjak asfalt ýol bilen gelmelidi. Ýoluň iki gyrasyna-da syrdam derekler, çynarlar ekilip, olar nyzama duran esgerleri ýada salýar. Dereklere seredeňde, Pirweliniň ýadyna Han Arkalyýewiçiň hekaýaty düşdi. Olam häzir özüni baýry aýala meňzetdi. Buda olary içerde goýup, özi daşarda gezmelän bolýardy.

Bi golaý-goltumyň imi-salalygyny diňe köldäki gurbagalaryň biri-biri bilen «gepleşýän» owazlary bozýardy. Olaryň biri warryklasa, beýlekisi gurruldaýardy. Ýaryşýan ýaly, biri sesini goýmanka, beýlekisi başlaýardy. Pirweliniň aýak sesini aňanlary ylla wyşkadan suwa bökýän sportsmenler ýaly, kenardan bat alyp köle jülpüldäp düşýärdi. Soňda kesek oklanandaky ýaly, Aýyň ýagtysyna tes-tegelek tolkunlar emele gelýärdi.

Pirweli elini arkasyna tutup barşyna, kölüň gutaran ýerine ýetdi. Bu ýerde daçanyň serhedini mälim edýän şlagbaum goýlupdyr. Her kişi mundan bärik geçmäge het edip bilenok. Egninde tüpeňi ýok diýäýmeseň, Pirweliniň bolup ýörşi-de kinolardaky türmehanany goraýan garawulyň öz çägine ýetende, öňe yzyna dolanyşyny ýatladýardy. Ol öňe-de ýuwaşjadan daça

tarap ýöneldi.

Aýyň hem-de ýoluň gyrasyndaky yşyklaryň şöhleleri düşýän köljagazyň suwy käsedäki çaýyň ýüzüne üflenen ýaly birahatlyk tapdy. Kiçijikden gelen, ýüwrük tolkunlar biri-biriniň yzyndan ýetmäge howlugyşdylar. Derekleriň şygyrdysy öňküsinden hasam batlandy. Pirweli Penaýew asmana seretdi.

Günbatar tarapda ýyldyzlar görnenokdy.

Ýerden, gökden, balygyň ysy gatyşykly çygly şemal öwüsýärdi. Pirweli Penaýew derwezäniň gapysyny açyp, howla seretdi. Hoözuň boýundaky agaç sekiniň üstünde hiç kim ýokdy. Howlynyň töründäki hälki oturan otaglarynda yşyk görünýär, ýöne, sary ýüpek tutular hiç zat görkezenokdy. Ol iöň-içenlerini siňdirmek üçin, öňe biraz gezmelänini kem görmedi.

Pirweli gapyny ýapyp öňe-de yzyna dolandy.

Daşgala raýispolkomynyň başlygyny başga raýona işe geçiripdirler. Onuň wezipesi indi tegelek iki aýdan bäri boş durdy. Han Arkalyýew ol wezipä öz adamsyny geçirjek bolup, gije-gündiz kelle döwýärdi. Emma kimi oňaýly görüp «ýakasyndan tutjagyny» bilmeýärdi. Daşgalada ýakyndan gatnaşýan adamsy Pirweli bolany üçin, ol wezipeni sypaýylyk bilen şoňa

hödür eden boldy. Penaýew garaçyny bilen minnetdar boldy. Asyl ol öz ýanyndan tama edibem ýören ekeni. Bardy-geldi «geç diýseler» näme etsemkem diýip, köp gijeler oýlanybam ýatypdy. Ahyry ol-da öz ýanyndan ölçerip döküp «bardy-geldi gürrüň gozgalaýsa» diýip, jogabyny taýýarlap ýören bolsa nätjek. Ol özüniň altynjy onlukdan alyp ugranyny — pensiýa golaýlap barýanyny esasy bahana etdi. Häzirki oturan ýerinde Han aga köp peýda getirjegini, öz bajasy — kolhozda baş zootehnik bolup işleöň Juma Çaryýewi raýispolkoma geçirmegi maslahat berdi. «Jumanyň ýerine-de, seniň ogluň — Batyry geçirsek jüpüne düşer durubir» diýipdi. Olaryň bu maslahatyndan bäri-de ep-esli gün geçdi. Emma hiç hili üýtgeşiklik-täzelik ýok. «Ýa-da biziň o «söwdamyz» başa barmadymyka?» diýip, Pirweli Penaýew şlagbaumyň ýanynda durup, öňe-de asmana seretdi.

Pirweli Penaýew gözmeläp aýagynyö ýelini çykardy. Ol çygly howada özüniň birneme üşänini-de aňdy. Naharhananyň ýanyndaky ýeke otagda ýaşaýan Zöhre daýzanyň yşyk ýanyp duran aýnasyny kakdy. Içerden «Hä» diýen ses çykdy.

— Zöhre, ak öýe iýer-içer ýaly zat elt. Ot ýak.

— Bolýa, häzir.

Penaýew öýüň gapy kiliminiň, bir çetini galdyryp, bosagadan içerik ätledi. Çyrany ýakdy. Öýüň içi gülli keçeler, gözüň ýagyny iýip barýan türkmen halylary bilen bezelendi. Tärimlerden haly horjunlar asylgy dur. Gapböwürde döwülgi, taýýar duran sazaklara Pirweliniň gözi düşdi. Üç-dört sany kesindini ojakda goýuşdyryp ot ýakyp goýberdi.

«Buwata çenli näme işleýärkäler bular, ýaman düşekleri ýumşady-la» diýip, Han aga bilen Keýige igenip, sekşiniň, üstündäki zatlary gara öýe daşap ugrady. Soňra tutaşyp ugran ojaryň golaýypda ýanbaş taşlap, tirsegini per ýassyga berdi. Nämä güýmenjegini bilmän, sagadyna seretdi, on bir bolupdyr. Şofýorlaryň geler wagtyna bir sagat galypdyr. Ol düýpdäki reňkli telewizoryň şnuryny toga ötürdi. Sähel salymdan şyglap ugran gapyrjakdan: «Doganlyk respublikalaryň aýdym-sazlaryny berýeris» diýen ses çykdy. Şol wagt daşarda Han aganyň aýak sesi bilen ardynjyramasy eşidildi.

—Pirweli, aý, Pirweli, sen niredesiň how?!

— Men bärde, gara öýde, Han aga, geliber.

Han Arkalyýew gapydan girdi.

—Haý, zaluwat, ýeke özüm hezil edip otyryn diýsene.

—Aý, siziňkem kemje-kerdemje bolmady öýdöň. Iner ýaly çökdüň galyberdiň-le, heh-he-heh!

—Sen derdini sorama. Keýik aşygy ýaly naşyja zatdan mähriňi gandyryp bolýamy? Yzyndanam sauna düşdük.

— O ýer-bu ýeriňem owkalatdyňmy?

— Indi nä, men saňa şo zatlaram aýdaýynmy?

Zöhre daýza iýer-içer ýaly zatlary getirip gitdi.

— Iň gowusy, guý! Pýotr Birinjem hammamdan soň jyňkydýan ekeni.

Telewizorda iki respublikada — Özbegistanda hem Türkmenistanda adybelli bagşy Babamyrat Hamdamow aýdym aýdýardy. Örüüm-örüm gara saçlaryny hallan atdyryp aýak oýnuny edýän gyzyň sesi bilen bagşynyň owazy, sazyň mukamy göwünleri göterýär. Birsalymdan ak öýe Keýigi-de çagyrdylar.

— Gel, meniň golaýjagymda otur. «Garybyň maly gözüniň alnynda bolsa ýagşy» — diýip, Arkalyýew loh-loh güldi.

— Eýho!.. Biziň orunbasar eýýäm elden gitdi diýseňiz-läň!

— Öňräk bir gazetde: «Bir görenden aşyk bolmaklak nämäň alamaty?» diýlen sowala, beýleki biri: «Wagty tygşytlamagyň» diýip jogap beripdir. Şonuň ýaly, biz näme, gadymky aşyk-magşuklara öýkünip, ýedi ýyllap aýralykda biri-birimize goşgy goşup geçmelimi?

— Aý, siz näme diýseňiz, şony diýiň. Men-ä ajykdym. — Keýik ortadaky tabakdan bir gapyrgany alyp, Han Arkalyýewiň semiz buduna tirsejigini ýaplan boldy.

Ýagşyň iri damjalary ak öýüň işigini patyrdadýardy. Babamyrat bagşy joşup aýdym aýdýardy: «...Lebi, lebi, lebi... i...»

Birdenkä...

Gapynyn tutusy bir gapdala serpildi. Kürsäp içerik giren Han aganyň ogly Batyr bosaganyň iç ýüzünde aňk-taňk bolup galdy. Han aganyň budundan Keýik tirseginem çekip ýetişmedi. Bu duýdansyz duşuşyga garaşmadyk adamlar biri-birine gözlerini petredişip seretdiler.

Ümsümlik.

— Eýgilikmi? Nä habar?! — Han aga ilki özüni ele alyp sorady.

Batyram aljyrap, näme diýjegini bilmän, üzlem-

saplam gepledi.

— Aý, ýöne, çopanlaryň ýanyndan gelýädim. Şu golaýda Gökjäň maşyny batan ekeni. Özüm alyp ötägideýin diýip sowuldym. Beýle jaýlaşykly oturanyňyzy bilmändirin.

«Gökje bu ýerde Keýigiň bardygyny bilenok-da. Ýogsam, muny bärik goýbermezdi» diýip, Han aga içini gepletdi.

— Jümmini görmediňmi? — diýip, Pirweli sorady.

— Ýok, oňa-ha sataşmadym.

«...Lebi, lebi, lebi... i...»

— Aýt, öçürsene, şony!—Han aga Pirwelämi ýa telewizoramy gaharly seslendi.

Batyr eýýäm öýden çykypdy. Ol aldygyna guýýan çabganyň astynda süllümmaý ezilip, çynaryň, astynda ýaýdanjyrap duran Jümminiň deňinden geçip gitdi. Jümmi oňa bir zatlar diýdi welin, onuň gulagyna-da ilmedi. Tot-tozanyny çabga ýuwan «Niwanyň» ýanyna baranda Gökje-de maşynly ýetip geldi. Batyr «Niwasynyň» aýna süpürýänini işledip wazlap gitdi.

Pirweli bilen Keýik Han Arkalyýewiçi öz maşynyna mündürip hoşlaşdylar.

Jümmi başlygy bilen Keýigi kolhoza alyp gaýtdy.

Oturylyşygyň soňy birhili bolup sowuldy.

Hiç kimden ses-üýn çykanokdy.

Eýläk-beýläk jygyldap işleýän süpürgiç, guýýan çabgany aýnadan süpürip ýetişip bilenokdy. Çyranyň öňdäki sarymtyl yşygynyň içinden zowwam geçýän ak erişleriň yzy üzülenokdy. Damjalaryň pakga-pakga düwmeleri ýagşyň dyngysyz hem dowamly ýagjagynyň alamatydy. Pirweli Penaýew ýoluň gyrasyndaky atyzlara seredip oturyşyna, Jümmä çalaja seretdi.

— Hany, bir sägin. Çyraňy gowaçalara tut!

Çyranyň ýagtysy böreň-böreň bolup akýan suwuň ýüzüne düşdi. Bu ýerler gowaça ekilen kartalary däl-de, şaly meýdanyny ýadyňa salýardy.

— Öňe-de gaýtadan ekmeli bolar-ow. Bi giden suwlar siňýänçä, gowaça çigitleri çüýräp ýere siňer. Myndan soň ekilen gowaça haçan boýalar, haçan hasyl toplar?

Pirweli tebigata igenmäge durdy:

— Ýeri, ýagjak bolsaň, Garaguma ýag. Mallara ot bolardy. Gerek ýere-hä bir damja damaňok, gerek däl ýere-de bedreläp guýýaň. Burkudam öz edýän işlerine özi düşünýändir-dä!

Keýigiň-de keýpi gaçypdy. Müçesi öňküsindenem kiçelip, bir gysym bolup galypdy. Ilki Batyryň duýdansyz öýe girmegi onuň depe saçyny üýşüripdi. Neneň indi onuň ýüzüne seredip bilerkä? Ýat gelniň kakaýsynyň buduna ýaplanyp ýatyşyndan nähili many çykarandyr öýdýärsiňiz? O taýda çykaryp-çykarmaz ýaly many barmy? Meniň, indikim näme diýsen-e! Ýeri, adamdan utanýan zat bolsaň, Pirweliniň ýanynda onuň dyzyna ýaplanarmydyň...

Bu ýagşyň ýagaýşyny. Daýhanyň ähli eden azaby püçäge çykdy. Belki, ýaňky Pirweliniň aýdýan Burkudy bi edýän gabahat işleri üçin raýonyň hojaýyny Han Arkalyýewiçe göz görkezýändir. Meniň pikir edýän zadymy? Köneleriň «Heleýde akyl bolmaz, eşekde şekil» diýenleri-dä. Ýeri, asmandan gurbaga ýaganda, Han Arkalyýewiçiň topugyna çykýarmy diýsene. Ýene-de kösenjek daýhan biçäreler. Ýerleri täzeden sürjegem, ekjegem, diş-dyrnak bolup pagta ýygjagam. Ýöne ýygnamaga pagta tapylsa.

Pirweli-de edil şuny oýlanýardy. Gowaça giç ýetişer. Onsoň, körekleri düwün bolar otyr. Ne bişip ýetişer, ne-de açylyp. Şo wagtam bir gijede gyş sowugy kakyp gider. Ana, onsoň, şagyrdap oturan köreklerin suwy çykyp myžžaryp galar. Daýhanyň ýylboýy eden azaby

reýgan bolar. Ýylyň ahyrynda ýene-de daýhan görgüli iki barmagyny burnuna sokup boş galar. Plan nähili bolar? Ine, bi başga gep. Plany dolmazlyk hakda gepem bolmaz, gürrüňem. Onda ýaňky göhert: «Pirweli, ystolyňy plany doljaga tabşyr» diýer. Oňa-da onuň ýokarsyndakylar şeýle diýýändir. Menem birgatlaryň iki aýagyny bir gonjuna sokdurmaga başlaryn, olaram daýhanyň başyndan ýagy ýaly iner. Ýene-de pagta zawodyna: «Gardaş, gaýrat et» diýmeli bolar. Onsoň, gyzyl ýyldyzy döşe dakmak arzuwyňam gürsagyňda garrar.

Pirweli haşlap, iki egninden dem aldy.

— Hany, sür bakaly!

Jümminiň maşynynyň çyrasy aýna ýaly agaryp ýatan suwlaryň ýüzünden süýşüp, ýene-de asfalt ýola düşdi.

6

Han Arkalyýewiň Daşgala raýispolkomynyň başlygy wezipesine kandidatura görkezmäge tykyrganýanynyň başga sebäbi bardy. Ol: «Bu işi Pirweli başarmazmyka?» diýip, ertirlik çaýynyň başynda aýalyna geňeşipdi. Mylaýym ýylanyň üstünden basan ýaly ör-gökden geldi.

— Han, seniň näme, kelläňe at depdimi? Heý-de, susagyň sapyny kesekiniň eline bererlermi? Haraz ýaly aýlanyp duran bi çarhypelek, saňa o yssoly peçatlap berenog-a. Bäş ýyl geçer, on ýyl geçer, bir gün senem pensiýa ugradarlar. Ine, şonda, özüň ýaly boljak — diýeniňden çykmajak öz adamyňy alkymyňdajyk eltip goýarlar.

— Hany, on ýaly öz adamyňy nireden tapjak?

— Ine, muny menden sora: «Akylyň bolmaňa, akylla geňeş». Sen tapmaňaň, men tapýan. Özem sen bir zat diýseň, ýatyp kellesi bilen togalanjak ýigit. Otur diýen ýeriňde, ajyndan ölse-de oturjak ýigidi bir wagtlar tapyp goýdum.

— Kim-aýt, ol? Beýle adam meniň ýadyma düşenok-la.

Seniň ýadyňa ertirki günüň düşýärmi? Gözüňe urulýança gezip ýörsüň.

— Kim, kim ol? Aýtsana basymrak!

— Aýtsam, men hol Minaraatadaky ýegenimin adamsy — Begmyrat.

— Bäh, dogrudanam, şol bolman durmaz. Ýöne...

— Ýönäň näme?

— Täk, il-gün geň edäýmese.

— Il-gün näme diýse, şony diýsin. Bir aýdar, bir goýar. Obkoma aýtmaga seniň diliň barmaňa, men Omar Soltanowiçden ýaşynyp oturamok. Özüm aýdaýaryn.

— Gelşiksiz bor-how!

— Tamdyry gyzanda ýapmaňaň, azap edip ýugran hamyryň küle gaçýandyr. Begmyrat tüýs şaplaşyp duran kandidatura ahyry! Özem raýispolkomyň sekretary bolup işleýär. Başga edaradan getirilmeli däl. Ondan başga oňaýly adamy gündiz eliňe çyra alyp gözleseňem tapmarsyň.

— Şumat garyndaşparazlyk diýenem bir «kesel» tapypdyrlar. Adamlaram häzir birhili bolupdyr. Bahana gözleşip, üstüňden enterişip ýatyrlar.

— Adamlara göriplik keseli ýokaşypdyr. Güni özünden ökderäk geçse, goňşusy tamsüpürýän bolsada üstünden ýazýarlar.

Bu gürrüňlerden bäri bir hepde, on gün geçdi.

Han Arkalyýew düýnki oturylyşygy ýatlap, maňlaýyny tutup otyrdy. Kellesi sämäp durdy.

«Ýöne, Batyryň gelmesi birhili boldy. Äý, zyýany ýok. Olam indi oglan-oglanjyk däl-ä. Ýigit çykypdyr. Beýle-

beýle zatlara düşünýändir-le...»

Şol wagt Omar Soltanowiç telefon etdi. Salamlaşanlaryndan soňra, birki agyz iş hakda gürleşdiler. Öten agşamky ýagşyň ýagdaýyny sorady. Gep arasynda hem Omar Soltanowiç raýispolkomyň ýagdaýy bilen gyzyklandy.

— Ýogsamam, oňa henizem adam tapaňokmy? Bolmaňa öz apparatymyzdan iberäýeli.

Han Arkalyýewiç kadr ýetmezliginden zeýrendi.

— Älhepus, Han Arkalyç, birhili adam bolupsyňyz! Aýdyldygysaýy gulagyňyzdan semreýäňiz. «Rezerw taýýarlaň, rezerw taýýarlaň» diýip, MK-dan biziň iki aýagymyzy bir gonja sokduryýarlar. Bizem size näçe sapar aýda-aýda dilimiz syryldy. Töwerek-daşyňyza serediň-how, jan dogan. Belkem, raýispolkomyň öz apparatynda bardyr.

«Aýtmaly ýeri-hä geldi. Aýtsammykam-aýtmaňammykam? Omar Soltanowiçiň raýispolkomyň öz apparatyndan diýmesi ýönelige aýdylan gürrüň däl bolaýmasyn». Emma bu pikir häzir Han Arkalyýewiçiň kellesine-de gelenok. Gaýtam, Omar Soltanowiçiň öz dili bilen ýatladanyna içinden begendi.

— «Öz içinden» diýdiňizmi? Biri-hä bar welin...

— Weliniň näme? Kim ol?

— Begmyrat Daşgulakow. Özem raýispolkomda sekretar bolup işleýär. Ýöne...

— Sen näme «welin» diýip dursuň?

— Diýmegimiň sebäbi, ol ýigit heleý ugrundan — ýagny Mylaýymyň daşkyrak garyndaşy bolýa.

— Han Arkalyç! Näme diýseňizläň. Bir zady berk belläň. Indi 27-nji gurultaýdan öňki döwür, öňki düzgün-tertip ýok. Indi biz diňe işlejek, ukyply kadrlaryň gözlegine çykmaly. Men seniň garyndaşyňam bilemok, regionyňam. Onsoňam, sen näme, gyz ýaly çekinjireýäň? Raýispolkomyň başlygy biziň nomenklaturamyz ahyry. Ony sen däl-de, biz belleýäris. Hany, tiz ankedini iberiň. (Pauza). Ä?.. Näme?.. Eger gürrüň bolar öýtseňiz, onuň ýanyna goşup öňe iki sany delony iberäý. Ýöne ýankyň ady, familiýasy näme? Men bir belläp alaýyn.

— Ine, bi akyl gürrüň. Begmyrat Daş...gu..lakow.

— Bäh, familiýasy dagy nätüýsli? Daş...gu...la... kow... Ýazdym. Onsoň, nähili iş-güýç? Soňky wagtlar myhmançylyga-da çagyraňok.

— Myhmançylygyňam gürrüňi bormy, Omar

Soltanowiç. Haçan eliňiz degse, biz taýýar.

— Bolýa onda, aksakgal, Mylaýyma salam aýt!

— Bolýa, Omar Soltanowiç!

Aňyrdan trubka ýerinde goýulsa-da, Han Arkalyýewiç ikilenç gulagyny tutup anyklady.

«Şüýä-hä bolaýdy!»

Han Arkalyýew uludan demini aldy. Ne çiş köýsün, ne-de kebap. Mylaýymyň tüýs aýdany boldy. Pirweliniňem raýy ýykyljak däl. «Biz-ä Juma Çarynyň delosyny obkoma iberdik. Galany-da olara bagly» diýerin. Mylaýym han, sen indi äriňe berekella aýdyber. Han Arkalyýewiçiň göz öňunde käte näzli, käte-de göreşe çykan hyrsyz pälwan ýaly iki elini bykynyna diräp duran Mylaýymyň syraty janlandy. Ol käte onuň akyl-huşuny öwüp arşýa çykarýardy, käte-de ýere sokýardy.

«Seniň şu derejä ýetmegiňe henizem men sebäpdirin. Sen meniň gadyrymy bileňok». «Men bolmaňam seni bir aýyň dowamynda işden gaýdyryp goýbärler».

«Sen meniň diýenimden çykmaňaň utulmarsyň». «Ine, munyň bolýa. Şeýdip, meniň diýenimi ediber... Çaý içjekmi ýa-da nahar iýjekmi?»

Han Arkalyýewiç käýarym bu gürrüňlere ähmiýet

bermän, gulak gabartman etjegini edýärdi. Käbir eden zady bardy-geldi ters bolaýsa, Mylaýym ýene-de hüjüme geçýärdi.

«Hä, men aýtmadymmy saňa?! Sen maňa gulak asmaňaň, entek köp ýerde büdrärsiň...»

Köplenç Mylaýymyň aýdýan zatlary dogry-da bolup çykýardy. Han Arkalyýewiç şonda muňa geňem galýardy. «Bu nädip öňünden bilýärkä? Ýa-da öýde oturan ýerinde, küşdüň çöpleriniň göçülişi ýaly, hemme zadyň hasap-hesibini, agyryny-ýeňilini ölçäp-döküp otyrmyka?» «Men diöe öz öljek wagtymy bilemok, başga hemme zatdan başym çykýar» diýip Mylaýym öz pikir-ündewlerini Han Arkalyýewiçiň kellesine mäkäm guýýardy. Han Arkalyýewiçiň kellesine ýene-de bir pikir geldi. «Obkoma üç adamyň kandidaturarasyny ibermeli. Barybir Omar Soltanowiçiň Begmyradyň tarapyny tutjagy belli. Ine, muny-ha Mylaýymdan soraşmaňamam bolar».

Han Arkalyýewiç ýylgyryp, içki telefondan guramaçylyk bölüminiň müdirini ýanyna çagyrdy. Ol içeri girende, üç barmagyny çommaldyp oňa görkezdi.

— Ýallakow! Ertire çenli üç adamyň şahsy işlerini taýýarlap, maňa getir. Birisi «Ýeňiş» kolhozynyň baş

zootehnigi Juma Çaryýew, ikinjisi, raýispolkomyň sekretary Begmyrat Daşgulakow, üçünjisi, redaktor Gara Mergenow. Düşnüklimi?

— Düşnükli!

— Bolýa onda.

Ol gidensoň, Han Arkalyýewiç ýumşak oturgyjynyň arkasyna göwresini goýberdi.

«Menden-ä üçüsem razy bolar. Soňra Gara Mergenowa-da, han ogul, sen okuwa gitmeli, partiýa mekdebini gutarmaly bolarsyň diýerin, Ýak, şu-ýä bolaýdy».

7

— A-how, adamlar, geçen gezek mal bazarynda Şaguly girdenek bazara näçe göle baran bolsa, bir ujundan baryny satyn alanmyş.

— Diňe geçen saparky-da däl, öňki bazardada şeýdenmiş.

— Ol-a diňe bazardan däl, mallary semrediş bazasyndanam alanmyş.

— Hojalyklardanam alýamyş.

— Bir gije Gara Mergenleriň öýlerine Pirweli Penaýew barypmyş. Ol Gara Mergeniň aýalyna, ogluna töwella edenmişin.

— Näme diýip?

— Al-aýt, dursana bir, aýdyp barýan ahyry. O Gara Mergeniň ogly Ahmet bar-a. Ana, şonuň Han agamyzyň gyzy bilen tirkeşip, halaşanyny-ha bilýänsiňiz. Indem olar tersleşenmişler. Ine, Pirweli şolary ýaraşdyrmaga baranmyş.

— Toba-tagsyr, biz-ä mundan ozal är-aýal uruşsa-sögüşse, dogan-garyndaşlary töwella edýärmike diýýärdik. Bulaňky nämekä?

— Men nä bileýin. Biz-ä aýallaryň tamdyr başyndaky gybatlaryndan eşitdik.

— Howa, onsoň, yzy näme bilen gutarypdyr?

— Yzymy? Gara Mergenem, aýalam: «Biz ýigit çykan oglumyzy zorlap öýlendirebilmeris. Honha özi, kimi halasa, şoňa-da öýlensin. Erteki gün şu iş kakamdan ýa ejemden boldy» diýmesin diýipdirler.

— Ogly bilen gürleşmänmi?

— Ahmed-ä: «Ýaşuly, siz öz işiňiz bilen boluň. Kolhoz başlygynyň indi sawçylykdan başga işi ýokmy? Juda

şo gyzy halaýan bolsaňyz, öz ogluňyza alyp beräýiň» diýenmiş.

***

Ýary gijäniň töwärekleri Meýlis Bakyýew eýwanynda ýapon radiopriýomniginden soňky habarlary diňläp ýatyrdy.

«Bütin sowet halky Beýik Ýeňşiň 40 ýyllygyny zähmetde uly üstünlikler bilen belleýär...»

«Türkmenistan ýubileý wahtasynda...»

«TSSR-iň hem-de TKP-niň 60 ýyllygyna, Türkmenistanyň Russiýa meýletin birikmeginiň 100 ýyllygyna zähmet ýeňişleri...»

Meýlis Bakyýew tranzistorynyň burmasyny towlap başlady. Rus, iňlis, nemes, ýee-de bir topar düşnüksiz dillerde gürleýärdi. Bakyýew ol geplere düşünmese-de, «Çernenko, Çernenko» diýilýänine düşünýärdi. Ahyry ol şirin mukamly hindi aýdymynyň üstünden bardy. Başujundaky borjomly çüýşeden käsä pyžladyp guýdy-da, başyna çekdi. Soňra-da pallap:

— A-af, uklap galsam, radiony özüň öçürersiň — diýdi. Aňyrrakda ýatan aýalynyň «Bolýa» diýen sesini eşidip beýlesine öwrüldi.

Ol ýany ymyzganypdy. Telefon sesine oýandy.

— A-aý, basymrak alaýsaňa şony!— diýip, eýýäm trubkany göteren aýalynyň haýal gozgananyna nägile bolup hüňürdedi.

«Kimkä gijäň bu çaky bimaza edýän?»

— Alýo, howa, Meýlisleriň öýi. Nirede? Häzir.. Häzir...

— Meýlis, me, al trubkany!

— Näm bolupdyr? Kim ol? Bir ýerde ýangyn barmyşmy?

— Hawa, bazada parta harmany ýanýamyş. Garawul jaň edýä.

— Alo, näme? Kim bi? Hawa. Näçe punt ýanýa?.. Ýangyn söndürijilere jaň etdiňmi? Akmak, ilki şolara jan et ahyry! Meň öýümde näme suwly howuz bilen şlanga barmy? Menem häzir barýan.

Bakyýew trubkany goýup, ýassygynyň ýanyna geldi. Boržomly çüýşäniň bokurdagyny agzyna eltende aýaly:

— Ýene-de baza ýanýarmy? — diýip sorady.

Bakyýew çüýşedäki suwy gulkuldadyp, düýbüne çenli içensoň, erinlerini süpürişdirip jogap berdi.

— Näme, kermiň? Özüň eşitdiň-ä.

— Bi näme, ýylyň-ýylyna ýanyp durmalymyşmy o harmanlar?

«Şükür et, akmak heleý, ýansa äriň bagty çüwýär». Emma Bakyýew daşyndan sesini çykarmady. Oturgyjyň arkasynda goýlan eşiklerini geýmäge başlady.

— Şofýora jaň et!

Aýaly telefona moýmuldaklap barýarka:

— Ýetimje bolanda, bu wagt hä diýmänkäň ýetip gelerdi — diýip öz-özi gepledi.

8

Şaguly Garlyýewiň gyzy Şemşat özüni asyd öldürdi.

Öňňin onuň kyrk gününi belläpdiler.

Bu gün Şagulynyň uzyndan inçe, garagaýçak aýaly taýýarlan naharyny adamsynyň öňünde goýdy. Özi-de alkymynda oturyp, möý okan ýaly sarnamaga başlady.

— Kakasy, ogluň Garly jan bilen-ä gepleşmeseň boljak däl. O «Moskwaň purkuroryna arza ýazaryn, Ballydan Şemşadyň aryny alaryn» diýip ýördi» diýip otyr. Hol raýonyň gazetinde işleýä Gara Mergen diýlenem

oňa meçew berýä öýdýän. Oňam bir zatlaryny Bally operasiýa edip öldüripmişmi-nämemi.

Şaguly ortadaky türkmen konýagyna elini uzatdy.

— Eý, Totym, Totym... Indi boljak iş bolansoň, boýasy siňensoň, müň ýere arz edeňde näme? Şemşat janyň direlip geljek gümany barmy? Diňe Pirweli bilen alagöz bolanymyz galar.

— Menem şony diýýän-dä, kakasy. Bir zadyň aňyrsyna göz ýetirmän, tanapyna towsubereniň bolanok ahyry. Wah, Garly jan entek ýaş bolýa-da, ajyny-süýjüni görmedik, döwlüp bitmedik oglanda. Wah, diýenim bolsa, Garly jana ýetirmän o ýezitden özjagazymyzyň aryny özüm aljak-la.

— Ynha, biz öňünden aýrylyp, arabasyny özi tigirläp ugransoň, basymam düşünerler-le. Birki sapar ýolda ýabysy büdrär welin, ine, onsoň biziň gadrymyzy biler. Häzir näme, iýse öňünde, iýmese gapdalynda. Pylan zat gerek diýmäni bilýär. O puly nireden, nädip gazanýaň, oň bilen işi ýok.

Şol wagt Garly gapydan girdi. Ejesi:

— Garly jan, geldiňmi? Nahar sowamanka geleniň gowy bolaýdy. Gel, ynha, kakaň bilen nahar edin.

Häzir men saňa goýan paýymam getireýin — diýip daş çykdy. Garly ejesi nahar getirýänçä, eşiklerini çalşyryp, ýuwnup geldi. Birsalym dymyşlyk aralaşdy. Gürrüňi kim nämeden başlajagyny bilmän otyrdy. Garly uniwersitetiň bedenterbie fakultetini geçen ýyl gutaryp, obalaryndaky orta mekdepde mugallym bolup işleýärdi.

— Garly jan ýadandyr, o güjük kowalap ýören çagalaryň yzyna eýerjek bolsaň lütüň çykmaýamy — diýip, Toty dillendi.

Şaguly ýarym degişmä saldy.

— Şoň üçinem, hiç zada kelläňi agyrtmaly däl. Beýlekiler ýaly gündiz-ä gara tagtaň öňünde sakyr-sakyr edip, gije-de depder barlamak aladaň ýok. Ýaltanan wagtyň okuwçylanna pişik-pişik oýnat, özüňem hezil et-de, agajyň kölegesinde otur, şeýle dälmi, Garly?!

— Aý, hawa-la. — Garly kineli jogap berdi. Öz käriniň kemsidilenine nägile boldy. — Hemme ýolbaşçylaryň pikiri siziňki ýaly bolansoň, kolhozymyz-a beýlede dursun, raýonymyzda-da bir kişiniň ady sportda tutulanok. Sebäbi bedenterbiýä kembaha garaýaňyz. Öweý çaga seredilişi ýaly kembaha garaýaňyz. Emma kapitalistik ýurtlarda käbir futbolçyň ýeke özi öz

ýurduna siziň kolhozçylaryňyzyň ähliside bir ýylda gazanýan girdejisinden köp peýda getirýär. Bizis kolhozymyzda näçe adam işleýä?

— Wedomosta gol çekýän-ä alty ýüz.

— Alty ýüz adam. Ertirden agşama çenli jokrama günüň aşagynda beýnisini gaýnara getirip işleýä. Emma özüň zeýrenýäň «Haçan görseň sçýotyňyzda pul ýok» diýip. Näme üçin? Hökümet mugt işledenok ahyry.

— Mugt işletmeýän bolsa, önüm bermelises, mugt pulam berenok-da.

— Ýogsam näme, indi size mugt pulam bersinmn? Özüm bolsam-a karzam berjek däl.

— Onda näme, kolhozy ýapjakmy?

— Ýok, girdeji berer ýaly önüm berjek.

— Önümi nireden aljak? Ine, biziň esasy önümimiz pagta. Mekdebe barýarkaň, kartalara seredýäňmi? Gowaça ekişini düýn-öňňin gutardyk. Emma gowaça diýen zada şumatlar, eýýäm birki bejergini geçirmeli. Birki gezek suw tutmaly. Seňki bolsa entek kesekden saýlanybilmän mürrelip otyr. Onsoň, ýylyň ahyryida hasyly nireden aljak?

— Onda-da öten agşam telewizorda ýöne «Ýeňiş»

kolhozy diýip öwüp ýatyrlar.

— Aý, baýak olar gelende, öwüler ýaly edildi-dä.

— Her ýylam-a pagta planyny dolýaňyz. Sylag-serpaý, garaz, hökümetden alma kemini goýaňzok.

— Häý, oglum, oglum, meni gürletmesene. Öten ýyl özüň dälmidiň direktor her mugallym bir tonna pagta ýygmaly diýip buýruk berdi diýip gelen. Onsoň, araňyzda ýyganyňyz boldumy şony?

— Ýok, biz-ä puluny beräýdik.

— Ana, gördüňmi? Ana, seniň şo beren puluň! Bir tonna pagtaň diňe kagyz ýüzünde bar. Pagta zawodynda-da «Bar» hasap edilýär, emma özi ýok.

— Zawod ony bir ýere tabşyranda, hasap bermelidir-ä? Ýok bolsa olar ony nireden tapýar?

— Al, çöregiňi iý. Garnyňy doýur. Öten agşam pagta zawudy ot aldy diýip eşidensiň-ä? Meni mundan artyk gürletme.

— Hawa. Eşitdik.

— Ana, seniň bir tonna pagtaň on tonna bolup, küli ho asmana sowruldy. Meýlis bu gün oňa ot aldy diýip akt ýazandyr. Oglum, Garly jan, sen bu zatlara kelläňi sokma-da, kakaň näme diýse «hä» diý-de gezibersene.

Oglanlar top oýnajak diýse, hersine birini ber balam. Başga zat bilen işiň bolmasyn. Näme etjek bi majara başyňy sokup. Besdir, kakaň bulaşyp ýöreni— diýip Toty jibrindi. Garlynyň öňde bir çopanyň stadiona baryp futbola seredişi ýadyna düşüp, gülküsi tutdy. Ol çopan ýigrimi sany ýetginjegiň bir topuň yzynda ylgap ýörşüni görüp, olara nebsi agyrypdyr. Başyny ýaýkapdyr. Ahyry çydap oturybilmän goňşusyny tirsegi bilen dürtenmiş. «Hä, näme?» «Aý, şu biziň döwletimiz ýaly baý döwlet ýok welin, kä ýerde gysgançlygyň gözüni çykaraýýa». «Hä, näme üçin?» «Aý, şunça ýigide bir top berşini diýýän. Döken ýerine-hä harman-harman dökýä. Bulara-da hersine birini beräýmeli eken-dä. Goý, oýnap hezil etsinler».

— Ýylgyraýdyň-la, oglum, näme ýadyna düşdi? Şeýdeweri, ýogsam soňky günlerde seň bolşuňy halamok. Süsjek öküz ýaly bolup ýörsüň. Kakaň barka hiç zadyň gaýgysyny etme. Şemşat jana-da gynanýansyň, wah, nätjek-dä? Maňlaýyna ýazylany şeýledir-dä.

Garlynyň ýene-de gaşlary çytyldy. Ýüzüne gara bulut inen ýaly boldy.

—Ony şo dereje ýetiren adam-a arak içip, keýp çekip gezmeli, olam hossarsyz ýaly ölüp gidibermelimi?

—Wah, Garly jan, oňa biri «şeýt» diýip öwredenog-a. Aýal maşgala çydamlyrak, geçirimliräk bolaýmaly ahyry.

— Agzyň üstüne berip, dişiňi owratsalarammy?

— Hmm, hmm.. — Şaguly tirsegini ýassykdan galdyrdy. Garly, şo seň uýaň bolsa, meňem ýüregimden önen perzendim. Bizem şoňa sençe gynanýas. Ýöne... Käte dişiňi gysaýmaly ýerleri bolýar. Başa gelenini mertlerçe çekmegi başarmak gerek. Şoňa düşün. Eger şo dogman geçen Bally başga biriniň ogly bolan bolsady, onda meniňem etjegim belli. Ýakýan ýeri, agzymyzy petikledýän ýeri o Pirweliniň ogly.

Başlygyň ogly bolsaň, näme etseň, edip ýörmeli-ow?

— Biz diňe Pirwelini sylaýas...

— Başlyk bolany üçinmi? Ýa-da onuň elinde baş buhgalter bolanyň üçinmi?

— Ýok, gowy adam bolany üçin. Ony diňe biziň kolhozyň halky däl, raýonam sylaýa, oblastda-da abraýy uly.

— Şoň üçinem, sülçä jany sag gyzyňyza, kellesi ütýgäpdir diýdiňizmi?

— Garly, meň gaharym geljek bolýa.

— Kakasy, gaharlanmasana.

— Enesi, sen şuny hülli hülli edip sandan çykarýaň. Şemşat sagmy ýa beýleki, sen näme ony ekläp-saklan adamlardan gowy bilýäňmi? Ol o zeýilli syrkawlaryň keselhanasynda bellikde dur ahyry. Onsoňam, sen bäş ýyllap Aşgabatda okadyň. Bu ýerde kimiň nähili bolup ýöreninden nä habaryň bar?

— Şo wakadan öň biriňizem-ä Şemşat şeýledi diýip ýaňzytmandyňyz!

— Myň tapýan gürrüňine seret-le! Haýsy ene-ata öz perzeidiniň kemis-şikesini oturyp-turan ýerinde diline çolap gezsin? Ylaýta-da, o zeýilli, derdiň. Näme o buşluk habarymyşmy?

Garly iňkise gitdi.

Şaguly: «Nätdim, tutmaly damaryny tapdymmy?» diýen manyda Totynyň ýüzçün ogryn tarap goýberdi.

— Wah, hawa, Garly jan. Biz onuň o ýetmezini ilden-günden ýaşyrdyk, balam. Hatda saňa-da duýduran däldiris. Bilip bolýamy, birden oglanlyk edip, degişmä salan kişi bolup, diliňden sypdyrjakmy-nätjekmi? Ol artyp başga keseller ýalam däl ahyry. Birden diliňden sypdyraýsaň, olam bir ýarym göwün zenan maşgala,

ýüregine hanjar bolup dürtüler ätiýajy bilen, kakaň ikimiz iki-çäk galamyzda-da şoň gürrüňini etmäge gorkýardyk, ballym. Ylaýta-da, o ady ýitmiş kesel, ot-çöp örýän günleri neressejigimi, halys eýerläp münýärdi. Ýersiz-ýere kä gülýärdi, käte gamlanýardy. Onuň şeýledigini diňe iki hojalyk — bir-ä özümiz, birem Pirweliler bilýärdi.

Garly pikire batdy.

Ol öz otagyna geçip, diwanda ýatyp pikirlendi. Uýasynyň gürrüňleriniň, ýeňilräk hereketleriniň üýtgän taraplaryny ýadyna saljak boldy.

Garly öňräk işsizlikden Şemşatlara barypdy. Pirwelilerde hiç kim ýokdy. Aýaly kurorta gidipdi, özi bolsa işdedi, Şemşadyň ýeke özi öýleriniň işigindäki tomusky aşhanada bir zatlar taýýarlap, ýetişiksiz gara gündedi. Aşhananyň bosagasynyň golaýynda iki ýaşlaryndaky uluja ogly aglap otyrdy. Garly ýanyna baryp, oňa habar gatdy. Eline alyp göterjek bolanda, eli balajagynyň ölüne degdi.

— O-ho, Şemşat, aý, Şemşat, bi-ýä balajygyny hapalapdyr.

Şemşat açyk penjireden ýüzüni görkezdi.

— Ýok, o ýaňy kranyň ýanyna baryp suw oýnapdyr. Garly jan, şony sallançakda oturtsana. Menem häzir elimi boşadýan. Onsoň balagyny çalşyryn.

— Näme işleýäň özüň?

— Wah, bi gün Bally ülpetlerinimi, başlyklarynymy, myhman çagyrjakmyş. Men kelle-aýagy basymrak arassalap, ataryp goýbermesem, agşama çenli bişmez.

Garly ýegeniniň sallançagyny üwräp durşuna dillendi.

— Kömekleş diýip ejeme aýdaýmaly ekeniň-dä.

— Wah, jigim, aýdaýaňda, ejemem bir gün kemekleşer, iki gün... — diýip, Şemşat goýnuň kellesiniň gulagyndan tutup, gaýnag suwa sokup çykardy. Soňra kelläniň tüýlerini ütüp başlady. Gyzgyna çydap bilmän, barmaklaryny üfleşdirdi. Şol wagt Garly içerde hem kiçijik ýegeniniň aglaýan sesini eşitdi.

— Şemşat, gyzyňam aglaýar öýdýän.

— Wiý, şeýlemi?

Şemşat elini kranyň aşagyna tutup, howul-hara ýuwdy-da, öýe ylgap barşyna öňlügine süpürindi. Uýasynyň derläp, ýagyrnysyna ýapyşan köýnegi Garlynyň gözüne ildi. Onuň yzyndan nebsi agyryp,

seredip durşuna oýa batdy. Howludaky germelen ýüplere ýuwlup serlen geýimlere göz gezdirdi. «Daň bilen turup ýuwan bolarly». Ýelejiretmek üçin çykarylan halydyr keçeler howlynyň her ýerräginde güne serlip goýlupdyr. Suw kranynyň ýanynda, uly jamda üýşüp ýatan çaga arlyklary-da Şemşadyň eliniň boşaryna garaşýardy. Şemşat gyzyny göterip Garlynyň ýanyna geldi. Ol elindäki ujy emzikli çüýşäni uzadyp:

— Şuň süýdüni içirsene, Garly jan, menem häzirjek elimi boşadýan. Onsoň ketekdäki towuklardanam üçüsini öldürip berseň bolany, oňa çenli çagalaram ýatar — diýdi-de, sallançakdaky oglunyň balagyny çalşyrmaga durdy.

«Şemşadyň-a it güni bar» diýip, Garly setgäniň içinde gezmeleşip ýören ak towuklara seredip içini gepletdi.

Garly diwandan turup, stolunyň çekmesine salyp goýan Şemşadyň surat albomynyň gatlaryny açyşdyrmaga başlady. Uýasynyň dürli ýaşdaky, dürli wagtlardaky suratlary albomyň gatlarynda janlanyp ugrady...

## 9

Halk deputatlarynyň Daşgala raýon Sowetiniň başlyklygyna Begmyrat Daşgulakow saýlandy. Ondan öň Juma Çaryýewiňem, Gara Mergenowyňam delolarynyň obkoma gidenligini Pirweli dagy bilýärdi. Gara Mergenow bolsa Han Arkalyýewiň, bu eden işine hiç düşünmeýärdi. Ahmet Läle bilen arasyny üzensoň, ol Han agadan ýagşylyga garaşmaly däl ahyry. Emma bu tersine bolup çykdy. Bu nähili beýle bolýar? Han Arkalyýewiň bu hereketi köp kişini geň galdyrdy. «Indi-hä Arkalyýew Gara Mergene-de, ogluna-da itiň art aýagyndan suw içirer» diýip ýörenler pikirini üýtgetmeli boldy. Ýöne obkomda Gara Mergenowyň kandidaturasy geçmänsoň, Arkalyýew ony kabinetine çagyrdy. Onuň ogly hakda hiç zat bilmedik-eşitmedik ýaly, eger-eger kelam agyz gürrüň açmady. Ýöne, Gara Mergene partiýa mekdebine okuwa gitmegi teklip etdi. Gep arasynda «Bu diňe meniň däl, ýokardakylaryňam pikiri» diýip goýberdi. Oýlanmaga-ölçermege-de iki gün wagt berdi.

Bu gün Gara Mergenow öz gelen netijesini aýtmaga Arkalyýewiň ýanyna ugrady. Elbetde, onuň ýanyna barmak üçin ilki bilen telefonda rugsat aldy. Arkalyýew oňa: «Ýene-de ýarym sagatdan geläý» diýipdi. Belleşilen

wagty Mergenow Arkalyýewiň kabul edýän otagyna girdi. Birinji sekretaryň kabinetine başyny atyp, sekretar aýaldan: «Ýeke özümi?» diýip sorady. Ol «hawa» diýen manyda kellesini atyp-atmanka, Gara Mergenow gara gapa tarap ýöneldi. Sekretar aýal içinden: «Ýeke özi bolanda, mundan ozal rugsatsyz girip bilýämidiň? Han aganyň çagyranyny menden gizläp, hamana boş bolsa, garaşyp oturanlardan bidin özüni arkaýyn girip-çykyp bilýän kişi edip görkezjek bolýar» diýip, bu sapar özüne «girmek bolýarmy?» diýilmänsoň, kineli halda, ýüzüni äpişgä sowup, agzyny towlady.

Ol goşa gapynyň içindäkisini açanda, Arkalyýew gyzyl trubkany gulagyna tutup otyrdy. Käte onuň şeýleräk häsiýeti bardy: gapylaryň daşkysy açylan bada trubkalaryň birini gulagyna tutýardy. Geleniň näme möhüm bilen kabinetine girenligini öňünden bilensoň, trubkada birki agyz ýa gaharlanyp gepleşerdi ýa-da mylaýym gürleşen bolýardy. Beýle etmek bilen ol birinjiden-ä, özüni bir minutam wagty ýok, işli adam edip görkezjek bolýardy hem-de geleni bosaganyň agzynda biraz saklap, gel-geç diýmän, sustuny basjak bolýardy. Häzirem ol çyndanmy ýa ýöne şeýle ýylgyrjaklap gürleýärdi. «Bolýar, Omar Soltanowiç. Deputatlyga görkezileniňizi öten agşam telewizorda

aýtdylar. Onda-da SSSR Ýokary Sowetine. Diňe bir telefonda däl, barybam gutlarys...»

Gara Mergenow mundan artyk diňläp durmaga ejap etdi. Üstesine Arkalyýew ony görübem, «gel-geç» diýmedi. Mergenow bosagadan ätlän bir aýagyny yzyna çekip aldy. Sekretar aýalyň ajan hamyr ýaly ýüzüne gözi düşende «Telefonda gürleşýä... Obkom bilen» diýip özüni aklajak boldy. Agaran saçlaryny hyna çalyp gyzardan aýala gygyny pürkmäge gowy bahana tapyldy. Ol sowuklan erkek adamyň gyryljyk gepleýşine meňzeş sesi bilen Mergenowyň üstünden eňterip ugrady.

— Şonda «girmek mümkinmi?» diýip sorarlar ahyry! Gözüňize urlan ýaly süsdüriliberýäňiz. Bu garaşýan adamlaram özüni sençe görýändir.

Gara Mergenow iki sany nätanşyň ýanynda ýüzüniň alnyp, üstüne gygyrylýanyna erbet utandy. Belkem, olar ony tanaýandyr. Raýon gazetiniň redaktory diýip sylaýandyrlar. Indem: «Baý-bu-w, munuň-a üstüne Han aganyň gapysynda oturýan aýalam agzyna gelenini diýibilýän ekeni» diýip pikir edýändirler.

— Meni Arkalyçyň özi çagyrdy.

Erkek sesli aýal ýan bermedi.

— Çagyranda näme? Bu ýerik keýpine gelýän ýok. Hemme-de işli, hemme-de gyssagly. Sen redaktor bol, ýönekeý işçi bol, maňa parhy ýok. Edep-ekramy, tertip-düzgüni saklamaly. Ony saklamagam, hemme kişi başaranok. Gaýtam, şuň ýaly ýerde kolhozdan gelenler intelligentlerden sypaýy-parhly çykaýýa. Girip salam berýärler. Sabyrly bolup, nobatyna garaşýarlar. Ýok, özüni intelligent saýyp ýörenleriň wagty ýokmuş. Binobat urdurylyp giribermeli. «Häh» diýseler «Mäh» bolmaly bulara...

Gara Mergenow ýaýdanjyrap, iki elini owkalady. Her niçik, şol wagt içki telefon jyňňyrdap, diliniň jylawyny goýberen aýalyň ýaňramasyna päsgel berdi. Ol trubkany gulagyna tutup, şol bada-da aýyrdy. Gara Mergenowa: «Bar, indi giriber» diýip, erkek sesi bilen nalaç dillendi. Mergenow bu aýal özi hakda oturanlara, gör, nämeleri ýaňrar diýen oýlar bilen Arkalyýewiň ýanyna baran badyna aýtjak gürrüňlerinem ýatdan çykardy.

Han Arkalyýew gürrüňi okuwdan däl-de, gazetiň çykyşyndan gozgady. Respublikan, oblast gazetleriniň berýän materiallaryny çap edip oturandyklaryny, has erbedem, gijä galyp gaýtalaýandyklaryny aýtdy. Gazet işgärleriniň inisiatiwasynyň ýokdugyna igendi. SSSR Ýokary Sowetine deputatlyga kandidat görkezilen,

halkyň halan ogul-gyzlaryny köpräk propagandirlemeli, gyzykly okaljak, ýiti dişli — tankydy materiallar ýok. Umuman, gazetiň çykyşyndan özüniň nägiledigini duýduryp:

— Hany, onsoň, okuwly meseläni nätdiň? — diýip, birdenkä sowal berdi.

— Han Arkalyýewiç, okuwy-ha goýbolsun etmesek boljak däl. Şeýle netijä geldik.

Han Arkalyýewiň birden dyňzap gelen gahary bogazyna tegek bolup, gepläp bilmän oturdy. Çekgesiniň bir tarapynyň damary çekip, ýaňagynyň ýumrusy loňkuldap gitdi.

— Täk... Onda näme... Ýagdaýyňa seret. Biz-ä saňa ýagşylyk etjek bolýas. Onam bilmeseň... Soň-a ökünersiň. Ýöe giç bolar — diýip, Han Arkalyýewiç gaharynyň gelenini bildirmezlik üçin, sözleriniň arasyny bölüp-bölüp zordan gürledi.

«Munuň diýýäni çynmyka?» Gara Mergenowyň ilki kellesine gelen pikir şu boldy. Näme üçindir, men tersinemikä diýýän. Her edip-hesip edip menden dynjak bolýar.

— Menden dynjak bolýandyr diýen pikir kelläňe

gelmesin. Sen bolduň, başga boldy, maňa tapawudy ýok. Gazet gowy çyksa bolany.

Gara Mergenow tasdan tisginip gidipdi. Pikirini okanlygy üçin Han Arkalyýewe haýran galdy. Ýüzüm bir gyzarmawersin diýe alada galdy. Stoluň üstündäki «Partiýa durmuşy» žurnalyny öňüne çekdi, Sahypalaryny açyşdyryp güýmenjek boldy. Emma žurnalyň birküç aý mundan öňki sany bolsa-da, sahypalarynyň tötänden kesilmän, biri-birine ýelmeşip duranlygy üçin, onuň gatynyňam açylmandygy bildirýärdi.

— Aý, ýok-la, beýle pikir nireden bolsun? — Ol ysgynsyz jogap berdi.

— Haý, öz-ä näme diýseň-de, salyň-a gowşak. Kime sala salyp, geňeşen bolsaň-da, saňa dogry maslahat-a bermändirler.

«Bäh, bu adam welimikä?»

— Aý, ýok-la, Han Arkalyç, sizden minnetdar. Ýöne ýaş çagalam, garrym bolmasady, onda nirä diýseňizem giderdim.

— Dog-g-ry-y... Täk, täk...

Stolun üstündäki çyrajyk ýandy. Han Arkalyýew trubka seretdi-de, ony galdyrmagyň deregine knopkany

basdy. Saçy boýalan aýal gapydan girdi.

Şumat, obkomdan, başga ýerden jaň etseler «zanit» diý. Päsgel bermäň.

Ol aýal çalt-çalt başyny atyp çykyp gitdi. Öz ýerine baransoň, stoluň üstünde ýatan trubka:

— Han Arkalyç prawitelstwennyý telefonda gürleşýä. Ýarym sagatdan jad edäýiň — diýdi.

Arkalyýew:

— Tak — diýip, ýene iş gürrüňine dolanyp geldi.— Men bir zada düşünemok. Raýonda pagtany iň köp berýän kolhozlary tankyt edýäňiz. Bi nähili iş stili boldugy? Olary ýanaýaňyzmy?

— Han Arkalyç, diýýäniňiz adalatly bellik. Ýöne, ynha, «Ýeňiş», «Prawda» kolhozlaryny alyp göreliň. Dogry, pagta planyny ýylyň-ýylyna artygy bilen dolýar. Emma medeniýeti juda yzagalak. Mysal üçin, «Ýeňişde» ne hammam, ne-de gyşky klub bar. Köçeleri-de asfaltlanmadyk. Bir maşyn geçse, ýarym sagatlap tozany aýrylanok. Medeni-köpçülik çäreleri geçirilenok. Pirweli aga, Keýik dagy şu taraplaryna-da üns beräýse bolaýjak welin, asyl başyna baranoklar. Halkam indi düşünjeli. Yzly-yzyna ýazyp durlar, Han Arkalyç!

«Sen ýigit, görýän welin, ýorgana görä aýak uzatmajak bolýaň. Bir zat aýdylsa, düşünäýmegiň deregine, özüňi aklamaga çykalga agtarýaň. Kolhozdakylaryň häzir kellesini gaşamaga elleri degenok. Ekiş gijikdi. Owlak-guzy almak haýal barýar. Gurçuk tutmak gyzza-gyzza geldi...»

— Obadakylaryň ýagdaýam meňki bolsun diýerlik däl. Üç kampaniýa goşalanyp geldi. Ertirden başlap hemmäňiz kolhozlara wekil bolup gitmeli bolarsyňyz. Senem «Ýeňşe» ýazaýarys.

— Han Arkalyýewiç, meni «Ýeňşe» bir ibermäweriň.

— O näme üçin?

— Aý, birki günlükde biziň bir garyndaşlar bilen Pirweli aganyň ogly Ballynyň arasynda sene-mene gürrüň bolupdyr. Olaryň dawasy ula gitjek öýdýän.

— Şol köriçegeli gürrüňmi?

— Hawa, Bally operasiýa edende, syrkawyň içinde gaýçymy, başga bir guralmy, bir zad-a goýup tikipdir. Olam içde iriň baglap şo syrkaw ýogaldy.

— Gara Mergenowiç, ajal diýen zat ýetse, ýöräp barýarkaňam bahana tapylýar. Indi boljak iş bolansoň, her zat etseňem, şol ölen direlip gelmez, oň üçin nämä

gerek artykmaç gürrüň?!

— Han Arkalyýewiç, Ballynyň operasiýa edeni ýa ölmeli, ýa-da maýyp bolmaly. Sebäbi ol instituty kakasynyň puly bilen gutardy. Beýdip, adamlary gös-göni ajalyň eline bermeli däl ahyry.

— Bu mesele bilen saglygy saklaýyş edaralary meşgullanar. Adamyň başyna garaşylmadyk pursat her hili bela inýä. Pirweli aga-da, Bally-da häzir ýasdaky adamlar. Eşidensiň, gelinlerem şeýle bolupdyr. Biçäräniň akyly kemräk ekeni.

— Adamlara-ha başga hili gürrüň edýä.

— Nähili?

—Gelinlerini «Ölmäge mejbur etdiler» diýýärler.

— Başyna ölüm düşeniň gürüňini etmek aýyp bor. Il agzyny ýygyp bolmaz. Sen bir hat-sowatly, düşünjeli adam. Näme köçe gürrüňine, gybat-ýalana gulak gabardýaňyz? Belkem, ikimiz hakda-da her hili ýalan-ýaşryk gürrüň edýändirler. Herki zadyň ilki magadyna ýetip, soň, gürrüňe goşularlar. Ol özüni heläklän gelin oblast dälihanasynda uçýotda durýan ekeni. Öňem birki sapar özüni heläklejek bolmaga synanypdyr. Ene-atasy tassyklaýar. Şol gybatkeşler iliň ogul-gyzyna ene-

atasyndan ýa-da hökümetiň akyly kemler bilen ýörite meşgullanýan edarasyndan beletmişmi? Biz gürrüňi uzaldyp oturmaly. Olaryň elinde wraçlaryň tegelek peçatly haty bar. Goý, bu hakda hukuk organlary başyny agyrtsyn. Senem raýkomyň býuro çleni. Raýonymyzyň at-abraýy üçin çalyşmaly adamlarynyň biri. O garyndaşlaryna-da haý-küş diý, beýdişip ýazyşyp-pozuşyp ýörmesinler.

Gara Mergenow bu sapar sesini çykarmady.

Arkalyýew gürrüň gutardy manysynda başyny atdy. Soňra çepindäki stolüň üstündäki telefonlara tarap kreslosy bilen bilelikde ýarym öwrum aýlandy. Gara Mergenow hoşlaşyp kabinetden çykdy.

— Salam, Begmyrat. Gurgunmysyň? Kolhozlara wekil ibermeli. Raýispolkomdan iberjek adamlaryň spisogyny sagat üçe getir. Bolýa.

Han Arkalyýew trubkany goýup, ýene-de Gara Mergenow hakdaky oýa batdy.

«Bu saparam sypdy. Indi nähili ýol bar? Seni-hä o ýerde agzyňa gelen zady ýazdyryp, býuroda-da garşyma nokgy-nokgy gepledip oturman. Bäh, täk... Indi mundan nähili dynyp borka?

Saçy boýalan aýal gülli çäýnekde çaý getirdi,

— Näçe adam garaşýa?

— Üç adam.

— Arkalyç howlugýa diý. Gürrüňlerini itiň içägesi ýaly uzaldyp oturmasylar-da, aýtjak zatlaryny basymrak aýdyp, kabineti boşatsynlar.

— Wah, men görgüli her gelene aýda-aýda dilim syrylýa-la. Ýöne ýaňky ýalylar bir girse, çöken ördege dönäýýäler. Asyl ýaňrap oturgyçdan galaslary gelenok. Şo-ol oýkanjyrap otyrlar.

— Hany, bolýa...

***

Han Arkalyýew raýkomyň apparatynda özgöeişiklik etdi. Muňa küştçüleriň dilinde at göçümi diýilýärdi. Bu göçümiň näme üçin edilenini Han aganyň özünden başga känbir bilip barýan ýokdy. Ol diňe «oýnuň» dowamynda belli bolmalydy.

Raýkomyň üçünji sekretary pensiýa çykdy. Onuň ornuna Keýik Zamanowany bellediler. Propaganda müdirini partiýa mekdebine okuwa iberip, onuň ornuna-da Gara Mergenowy bellediler. Ol bu wezipe geçjek däl diýip bilmedi. Ýogsam, öňki işinde raýkomyň

býuro çleni, aýagyň astynda döwletiň maşyny, özbaşdak iş, öz eli, öz ýakasydy. Täze kärinde bolsa bir tarapdan seredeniňde, ol raýkomyň apparatyna geçip, wezipesi ulalypdy. Partiýa wezipäňi ulaldyp, saňa uly ynam bildirse, garşy çykyp durmaklyk gelşikli däl. Indi Gara Mergenow Arkalyýewiň gol astyndaky işgäri dälde, hut penjesindeki adamdy. Arkalyýew islän wagty Mergenowy gysymyna gysaga-da, ökjesiniň astyna oklap, garynja mynjyradan ýaly edip biljekdi. Onuň hut şu maksady göwnüne düwen bolmagam mümkin. Ýöne Arkalyýew haçan penjeýesine gysyp, näwagt ökjesinde mynjyratmalydygyny bilýärdi. Häzirlikçe onuň bu hereketi dok pişigiň tutan syçanyny guýrugy bilen oýnap ýatyşyna meňzeýärdi.

Arkalyýew pälini ýamana düwüpdi.

## 10

Goja howluda gezmeläp ýören ogluny öz otagyna çagyrdy. Şu mahaldan oňaýly wagt ýok. Ýogsam, goja Hanyň haçan öýüne gelip, haçan gideninem bilmän galýar. Biläýen wagty-da mydama ýany adamly. Bazaryň ýanyndaky çaýhanada iliň öz ogly hakda edýän ýaramaz gürrüňleri eşidilip başlanaly bäri Arkaly aga

ynjalyp ýatyp bilenokdy. Ol şum habarlara ynanmazça-da däldi. Biri haram keýpden gürrüň açsa, ýene biri para-peşgeşden gybat edýärdi. «Ýel bolmasa, çöp başy gymyldamaýar».

Gojanyň gaharlydygy ak sakgalyna ýetiren barmaklarynyň sandyraýanlygyndan hem bildirip durdy. Emma ol gojalyk paýhasy bilen başardygyndan dyňzap duran gaharyny ýuwdup geplejek bolýardy. Şeýle-de etdi.

— Han, men seň bilen egri oturyp dogry sözleşjek. Öz göwnüňe nähilidigini-hä bilemok welin, bu bolup ýörşüň maňa-ha ýaranok.

— Kaka, bolup ýörşümiň nämesi ýaranok? Ilden çykyp näme iş edipdirin?

— Özüň bileňokmy ýa biljegem bolaňokmy? Ýa bilseňem bilmediksirän bolýaňmy?

— Nämäni, nämäni kaka?

— Han, at oýnatma. Ýaşyň altynjy onluga gadam urdy. Saç-sakgalyň agardy. Bäş ýaşar aty sygyryp suwa ýakmaýarlar. Akyl käsäň goýaljak bolsa, goýalar wagty boldy. Sen... sen gorpuň gyrasynda gezip ýörsüň. Şonam bileňokmy?

— Kaka, ahyrzamany golaýlaşdyrmasana!

— Seniň özüň ony öz gara kelläňden inderjek bolýaň. Başga hiç kim. Sen... sen... haýsy döwletde, haýsy döwürde ýaşap ýöreniňi bilýäňmi? Adyň Han bolsa-da, sen gadymky gylyjyndan gan damýan hanlardan dälsiň. Seň jübiňde edil Lenininňkä meňzeş gyzyl bilidiň bar. Şoňa bakyp, toba gel! Ýa sen ony köp görýäňmi? Ýurdy alahekge soranok. Seniňem yzyňdan ýeten tapylar.

— Ha-ha-ha!.. Baý, kaka, senem-ä dünýäni gapyşdyrýaň-ow! Indi 37-nji ýyl ýok-how. Sen, kaka, düýş-püýş görüp ýören-ä dälsiň?

— Sen gürrüňi kesä çekme. Wah, şo 37 indi gerek. O ýyllar köp kişiler nähak gitdi. Gül ýaly, men diýen gerçekleriň ýoguna ýanyldy. Indi bolsa hut gidäýmeli adamlar bilini agyrtman, halkyň ýiligini sorup ýör. Halaly-haramy garym-gatym etdiňiz.

— Kaka, ýalançy-göripleriň gepine gulak gabardyp beýle dowla düşme. Ýürek çişer ýaly hiç zat ýok.

— Sen indi «Bor, düzelerin, bek borun» diýmäni, gaýtam «hiç zat ýok» diýip meni köşeşdirjek bolýaň-da? Bi... bi... öýe ýelden-ykdan gelýän haram pullary, Taňry gün berse öldürilýän berre guzulary görmän meň bäbenegim akypmy? Ýa bulary asmandan Allatagala

oklaýarmy? Ýa-da bolmasa, der saçyp gazanan daban azabyňmy? Näme diýsene, Han, gel, myndan beýläk meň ejaply agzymy açdyrma! Şu diýenlerime gulak gabartmasaň, onda biz ýolumyzy, yrsgalymyzy, iýjek duz-çöregimizi aýyrmaly borus.

— Täk... Baý, kaka, senem-ä...

— Men seniň tägidem bilmen, jüpüňem. Meniň gara çynym. Arkaly entek lebzinden dänen adam däldir. Sözüm iki çyksa, telpegim itiň syrtyna.

Han Arkalyýew raýon atýelesinde öz göwresine bol biçdirip tikdiren ala-mula pižamasynyň gapdal jübüsine elini sokup, howlynyň içinde eýläk-beýläk aýlanmaga durdy. Goja ony aýnadan görüp, özüniň aýdan gürrüňleri hakda oýlanýandyr öýtdi. Monça boldy. Goý, pikirlensin. Akylyna aýlansa, henizem bir pille. Han Arkalyýew: «Kakam soňky wagtda şeýtanyň alyna gidip, was-wasa düşüp ýör-ow. Bi garrylygyň etdirýän oýnudyr. Ýüregem ýukalyp, göwnüne her hili hyýallar gelýändir» diýip, az salym oýlandy-da, ondan soňra başga pikirleriň girdabyna düşdi.

Onuň deňinden Läle geçip gitdi. Gyzynyň ýüzi salykdy. Öňkülerinden ep-esli horlanany duluklarynyň çykyşyp duranyndanam bildirýärdi.

Gyzynyň halyna Arkalyýewiň nebsi agyrdy, Şol bada Gara Mergen bilen onuň ogly göz öňüne geldi. Olara bolan gahar-gazaby ganynda at saldy. Läle bilen Myratbegiň arasyndaky bolan işi Mylaýym adamsyna aýdanokdy.

Läle poçta barýardy.

Ol günde birki ýola poçta gatnaýardy. Hat-habarlary özüň baryp almaly bölümine bellemşa bolupdy. Ol bölümde işleýän gyz Läle gapydan giren badyna nebsagyryjylyk bilen ýylgyryp, başyny ýaýkaýardy. Ahyry Läle o gyza öý telefonyny berdi. «Hat gelse, özüň öýe jaň edäý» diýdi. Emma o gyz jaň etmän geçdi. Bu gün onuň ýüregi howlugyp, ýene-de poçta gaýtdy. Läle şol kanalyň boýundaky duşuşykdan soňra Myratbege iki sapar sataşdy. Bir gezek olar diskoteka hem bardylar. Tans etdiler, kofe içdiler. Ol ikisiniň arasynda bolan bir gürrüň ýadyna düşende, Läläniň ýüregi ýanyp, otly köýnek geýiberýärdi. Läle ondan: «Myrat jan, men seni söýýän. Sen nähili? Söýýämiň?..» diýip sorady. Myrat sesini çykarmady. Gürrüňi başga ýana sowdy.

Läle ýene-de «Sen näme meniň soragyma jogap bereňok?» diýdi. Myrat: «Ony wagt görkezer. Samsyk gürrüň etmesene» diýip jogap berdi. Soňky duşuşyga-

ha ol gelmedem. Läle näme etjegini bilmedi. Ýaýdana-ýaýdana awtomatdan olaryň öýlerine jaň etdi. Bagtyna trubkany Myrat aldy. Läle: «Myrat, bi men...» diýdi. Onuň sesi sowuk çykdy. «Hawa?» diýdi-de, az salym durup: «Näme, men gaty işli, baryp biljek däl. Ertirem Aşgabada gidýän... «Hoşlaşmaga-da geljek dälmi?»

«Näme, Sonýa?!»

«Men Sonýa däl, Läle». Läläniň ýüregine gyzgyn iňňe sanjylan ýaly boldy.

— Wiý, Läle! Bagyşla... Meň işim başymdan agdyk. Özüm saňa hat ýazaryn. Bolýamy? Hoş onda...» Ol şeýle diýip, trubkany ilki goýdy.

Ine-de hat ýazyşy.

Läläniň gün geçdigisaýy Myratbegden hat almak tamasy üzülip barýardy. «Dört hatymyň birine-de jogap berenok. Iki barmak hat ýazmaga wagty ýokmudyr. Elbetde, bardyr. Ýazasy gelmeýä. Wah, hemmesine özüm günäkär. Meni öldürmeli. Ilkinji duşuşykda kelläm göçüp, bar diýen zadyna kaýyl boldum-da».

Läläniň gözlerine ýaş aýlandy.

Emma bu sapar tersine boldy. Läle gapydan girenden, poçtadaky gyz: «Häzirjek öýüňize jaň etdim. Me!»

diýip, ýerinden turup hatly bukjaiy uzatdy. Läle, sag bol aýdyp, daşary çykyp, çolarak ýerdäki bagyň kölegesine bardy. Gözlerindäki gara äýnegi aýryp, usullyk bilen bukjany açdy. Hat gysga ýazylypdyr. Bir tagta kagyzyň ýarsyna-da ýetenokdy. «Söz tapmaýan ýaly...»

Salam Läle!

Işler bilen arma? Bizem okap ýörüs. Günde leksiýa, praktiki okuwlar. Läle, näme beýle zol hat ýazyp azara galýaň? Hatyňda aýdýan täzeligiňem ýok. Çaga ýaly, şo bir aýdýan zatlaryň. Biziň aramyzda ilden üýtgeşik bolan zat barmy? Ýaşlyk ýelgini bilen öteräk geçen ýerlerim bolsa bagyşla. Umuman, meni unut. Basym praktika gidýän. Hatyma jogap ýazjak bolup oturma. Ýogsam, meniň saňa aýdasymam gelenok welin, gelen hatlary studentleriň ýatakhanasynda bir stoluň üstünde goýup gidýärler. Kim haýsy haty alyp okasy gelse, ynsaby özünde. Seň hatyňam meň söýüşýän gyzymyň eline düşmegi mümkin. Onuň kakasy gaty uly ýerde işleýär. Onsoň, ikimize-de kryşka. Ýagşy onda, sag bol».

Ol hatyň yzyndan adyny-da goýmandyr.

Uzakdan görünýän Minara iki ýana hallan atyp duran ýaly göründi. Läle çynara arkasyny ýaplap, gözlerini ýumdy. Onuň gulaklary-da şaňlap durdy.

«Haram, nejis!.. Aldapdyr... Nejis!..»

— Howlukma, Läle! — Eger-de söýgi ykbalyny öňünden görüp bilýän sygan aýal bolan bolsa Lälä şeýle diýerdi. — Sen Myratbeg bilenem, Ahmet bilenem baş goşaňok. Myratbeg seni öňde-soňda söýmändi. Ahmediň söýgüsini bolsa özüň gaçyrdyň. Indi howlukma, garaş. Seniň söýgiň, ýassykdaşyň başga ýigit. Ony-da özüň tapaňok. Töweregiňdäki adamlar kömek edýär. «Oglan howlugar, tudana wagtynda bişer». Söýgä sabyrlylyk gerek.

11

Raýon partiýa komitetiniň býurosy garaňky düşende tamamlandy. Özem çekeleşikli geçdi. Býuro propaganda bölüminiň işini diňledi. Guramaçylyk bölüminiň müdiri Ýallakow Gara Mergenowyň bölüminiň edýän işlerini püçäge çykardy. Ol obalarda terbiýeçilik işiniň gowşak alnyp barylýandygyny, köne urp-adatlara uýýanlaryň, oraza aýynda agyz bekleýänleriň, gurbanlyk edýänleriň, gyzlaryny satyp, galyň alýanlaryň, öýlerinde gaýtarma bolup oturan çuwal gyzlaryň, özlerini heläk edýänleriň, tiryek, meň çekýänleriň ädimsaýy

gabat gelýändigini, çaga ölüminiň köpelýändigini, kolhozçylaryň medeni-durmuş derejesiniň pesdigini nygtady. Bu barada propaganda hem agitasiýa işleriniň juda gowşakdygyny, bölüm müdiri Mergenowyň işi öz akymyna goýberendigini tankyt etdi. Soňra ol Mergenowa berk partiýa käýinjiniň berilmegini talap etdi. Henizem oblastdan gelen wekil ynsaply eken. Ol Gara Mergenowyň bu wezipede ýaňy iki aý işleýäni üçin käýinç bilen çäklenilmegini sorady. Soňundan Han Arkalyýew çykyp gürledi, Ol: «Eger de, Mergenow býuronyň şu kararyndan özüne sapak edinip, degişli netije çykarmasa, işde öňe gidişligi gazanmasa, biz ýene-de üç aýdan şu meselä dolanyp geleris. Ine, şonda, öz uçastogyndaky baş-başdaklygy düzetmeseň, ýene-de şun ýaly boljak bolsa, biz onda saňa berkräk çäre göreris» diýip, stoly ýuwaşja ýumruklady.

Gara Mergenow býurodan ýagşa ezilen towuk ýaly gara-der bolup çykdy. Gaharyna hiç kim bilen gepleşmän, ýüzüni ak tam edip, göni öýlerine gaýtdy, Gapynyň bosagasynda öňünden «kak-ka» diýip çykan iki ýaşly oguljygyny-da bu sapar eline alyp bökdürmedi. Kakasynyň keýpsizdigini bildimi ýa-da öýkeledimi, oguljygy kemiş-kemiş edip ejesiniň ýanyna gitdi.

Mergenow diňe köwşdni çykardy. Şo durşuna öz

otagyna geçip, diwanyň üstüne ýüzin süýndi. Aýaly Selbi bir ýakymsyz habaryň bardygyny bilip, ogly Ahmediň ýüzüne naýynjar garady. Ahmet:

— Eje, kakama-ha bir zat bolupdyr. Işinde dagy bir zat... Hany, gowusy, men özüm bir gepleşip göreýin — diýip, kakasynyň ýatan otagyna bardy, kakasy diwanda ýüzün düşüp ýatyrdy.

— Kaka, näm boldy?

Oglunyň sesi Mergenowy hasam ejizletdi. Bogazy dolandygyny bildirmezlik üçin ýuwdundy.

— Tur, ýuwun, nahar iýeli.

— Özüňiz iýiberiň, oglum, häzir işdäm ýok.

Ahmet diwanyň gyrasynda oturyp, kakasynyň egnine aýasyny goýdy.

— Janyň sag dälmi? Saglyk bolsa, galanynyň bir alajy bolar, kaka. Hany, tur! Saňa garaşyp, hiçimiz nahar iýmän otyrys.

Bu sözler Mergenowyň ýüregini öňküden beter elendirdi. Beýle göwünligi kakasy ogluna bermelili ahyry. Indi bolsa ogly kakasyna berýär. Bu dünýe nähili bolupdyr? Hemme zat tersine bolup barýar. Gije-gündiz iş diýip, kellesi bilen gum sowurýana käýinç berýärler,

işe bardyňmy, bardym edip, ugrunda gymyldap, başlygyna ýaranýana sylag-serpaý berip, döşüne orden dakýarlar.

— Janym sag-lä. Ýöne ýaňy býuroda nähak käýinç berdiler.

— Kaka, käýinç üçin beýdip ýatma, öýdäkilerem bimaza etme. Leninem işleýän adam ýalňyşýa diýipdir. O işlemeýänler bolsa käýinjem almaz, beýlekem. Akguş bolar ýörerler. Hany, tur.

— Bolýa, oglum, sen baryber, menem häzir...

Ogly çykyp gidensoň, Mergenow ýerinden turdy.

Elýaglygy bilen gözleriniň, kirpikleriniň çyglaryny süpürdi. Penjiräniň kiçijik gözüni açyp, sigaretini otlady. Ajy tüssäni birki sapar soransoň, göwrümi giňän ýaly boldy. Kemşerip giden kiçijik oguljygy ýadyna düşdi. Oňa nebsi agyryp, gapa ýöneldi.

«Gitdik, Gara Mergenow! Sähel zada duşmanlaryň öňünde müzzerseň, gaýtam olary begendirersiň. Entek ýol uzakdyr. Kimiň-kimdigini wagt, durmuş görkezer. Öňe!»

***

Raýkomyň, raýispolkomyň işgärlerini kolhozlara

wekil edilip iberilen döwri türkmeniň Oraza aýyna gabat geldi. Ýaşuly adamlaryň arasynda bu aýda agzyny bekleýänler entegem bardy. Käýinç berlenden soňra, Gara Mergenowyň gaty gahary gelipdi. Bardy-geldi oba aktiwistleriniň ýa-da raýon ýolbaşçylarynyň arasyndan birden-biriniň ata-enesiniň agzyny bekleýänini biläýse, onda ol muny diňe raýona däl, bütin oblasta, respublika jar etmegi ýüregine düwüpdi.

Gara Mergen ilki bilen raýon merkezindäki bazaryň golaýyndaky çaýhana baryp görmegi ýüregine düwdi. Bu ýeri aksakgallaryň çaý içişýän mesgenidi. Ol hyýalynda her hili pikirleri öwrüp-çöwürdi. Arkaly aga dagy bu günlerem sakgaldaşlary bilen çaý içýärmikäler ýa-da her kim öz öýünde ýorgana bu- rÝeňişip, ýärganat ýaly günun bataryna garaşyp ýatyr- mykalar? Eger, hut Arkady aga-da oraza tutýan bolaýsa, onda ol ýaşulyny näçe sylaýanam bolsa, şu edeni üçin bu sapar onam aýajak däldi. Arkalyýewiň sag gözünden basyp, çep gözünden çykaryp aryny aljakdy. Şeýdip, içini sowadasy gelýärdi. «Hut seniň öz kakaň aksakgallara baş bolup din-adatyň tuguny göterýär. Onsoň, garamaýak daýhan hakda-ha gürläp oturasy iş ýok» diýjekdi. Goý, Han Arkaly-da kössüz, akguş adam däldigini bilsin. Ýogsam, onuň agzy ýetse iki egnini gemirjek parahordygyny,

jalataý-aýalbazdygyny, özünden wezipesi ulynyň ýatyp köwşüni ýalamaga kaýyldygyny kim bilmeýär? Uly il gürrüňini edýär. Kär edip bilenoklar. Elbetde, ýokarda goldawy bolsa, etjek alajyň näme? Zyýany ýok. «Kasas kyýamata galmaz». Han, bu etmişleriň, üçin adyl sudunyň öňünde kelläňi ýalaňaçlamaly borsuň. Häzir kürsiňde pyrlanan bolup, partiýa adyna bukulyp, etjegiňi ediber bakaly. Kürsiň näçe wagt pyrlanarka? Onyňam-a wagty gelende, jygyldap togtasa gerek. Sen... Sen dagyjyk kim? Senden ýüz, müň esse ýokary adamlaryň hem ölüp gidenlerinden soňra eden işleriniň halalyny-haramyny mizan terezisine salyp ölçeýärler. Wagt diýen zat kimiň-kimdigini dury aýna sereden ýaly gaty magat görkezýändir.

Çaýhana golaý baryp-barmanka, Gara Mergeniň burnuna balygyň ysy küкäp urdy. Çaýhana bilen balykhana goňşudy. Garynlak, orta ýaşlaryndaky adam uly gara gazanda balyk gowurýar. Onuň ogly, Radj Gapuryňky ýaly murtuna timar berýän ýigit piwo, aýaly bolsa çaý demläp satýar. Tomsuna bu ýeriniň müşderisi hiç haçan kemelmeýär. Ylaýta-da piwonyň nobaty. Hemişe hümer, mähelle. Goh-galmagal. Piwony kimsi syrçaly bedreleri dolduryp alýar, kimsi-de üç-dört litrlik bidony. Olaryň howlusy bir bolsa-da, çaý içýänler bilen

oturýan ýerleri başga-başgady. Çaýçylar akar ýabyň üstünde, çür depesi guran garry çynaryň kölegesinde gurlan ullakan sekide oturýarlar. Olaryň biri aýbogdaşyny gurup, ýene birisi eplengi donuny ýassanyp, gök çaýyň hözirini görýärler. Ellerindäki bokallary köpürjikläp duran arpa suwly ýigitleriň ýer dawasy ýok. Kölege tapan ýerlerinde bitin-ýarty kerpiçleriň üstünde oturyp, ilkinji bokallaryny hopurdadyp, açgözluk bilen içseler, soňabaka şirpildedip, ýarym-ýarty owurtlap, kakadylan çapak balyk bolsa gyzyl tapan ýaly — biri-biri bilen em ýaly edip bölüşýärler. Bolgusyz jedele tutup, ýoldaşynyň üstüne jüýje horaz ýaly gyzaryp gygyrýany-da bardy.

Gara Mergen aksakgallaryň ýanynda — sekiniň bir çetinde «Salawmaleýkimler» diýip ornaşdy. «Amanmyň, ýigit» diýip, aksakgallar onuň salamyny aldylar. Ol ýanyna gelen daýza bir çäýnek gök çaý bilen, ýarym kilo gowrulan balyk sargady.

Aksakgallaryň arasynda Arkaly aga ýokdy.

«Ä-hä, Han agalar bilen gazan-tabagyny başgalaly bäri, ýaşuly ýeke özi öýünde agzyny bekläp ýatandyr».

Arkaly aga agtygy Batyr bilen Han aganyň öýünden gaýdyp, bazaryň golaýyndan iki otagly jaý alypdy. Her näçe töwella-tagsyr edilse-de, goja öz diýenini gögertdi.

«Aýry ýaşajak» diýip, ýer depdi oturdy. Sözünden dänmedi.

Sekiniň astyndaky akar suwuň şaggyldysy birsydyrgyn «saz çalyp», gök çaý süzýän aksakgallary hüwdüleýän ýalydy. Olar güne ýanan gabaklaryny ýumanda, gözleriniň töweregindäki ýazylan gasyn çylgymlarynyň içi agaryp görünýärdi. Çynaryň gür ýapraklarynyň arasyndan jyklaýan güneşiň tyglary akar suwuň ýüzünde appasy gaçan ýaly ýalpyldaýar, tolkunlaryň gerşinde oýnaklaýar.

Aksakgallaryň söhbeti esasanam pagta hakdady.

— «Ýeňşiň» ýol ugrundaky atyzlarynda-da gowaçalar keliň saçy ýaly, her ýerde biri. Olaram gamyş basypdyr. Häý, şu ýyl pylany dolaýmak hyllalla bolaýmasa.

— Aý, ony diýme, sakgaldaş. Mundan beterräk gelen ýyllaram görüpdik. Şu ýyl-a Pirweli iki elini buduna urup galaýar öýdýäň welin, güýz gelýä, pylanyny dolýa oturyberýä. Alla bilsin, nädip dolýa?! Şol adam bilen oýun etmäň-how!

— Ony bilmek üçin Alla-da gerek däl, pygamberem, sakgaldaş. Nädip dolunýanyny menden gowy bilýänsiň welin, bilmediksirän bolýansyň. Olaň kolhozy pylanyny müň dolubersin, daýhanyň kisesine kör-köpük

giräýmez. Beýdip, kolhozyny aç goýup, pylan dolandan, dolmadyk ýüz paý gowy dälmi?

— Aý, hawa, bi diýýänleriňem dogry.

— Ýöne bu döwletiň düýbüni Lenin diýen adam uçursyz berk guran eken. Hököwmediň bi harama çykýan harytlary, bi aldawçylyk-gözboýagçylyklar başga bir döwletde bolan bolsa, bireýýäm dagap giderdi. Yzynam tapmazdy.

— Şuny-ha dogry aýdýaň, sakgaldaş. Wah, şo Androbow biziň bagtymyza birküç ýyl ýaşaýan bolsa, bi milleti tertibe-hä saljakdy. Seret ahyry, bi aýaklanmadyk köşek ýaly entirekleşip ýören elleri kürüşgeli men diýen ýigitlere. Bylaň barynyn akyl-huşuny şo çüýşedeki zährimar alypdyr ahyry. Hany, onsoň, bylardan näme iş talap etjek?.. Ogul-gyzyňy okuwa saljak bolsaň — para, wezipe aljak bolsaň—para... Bar zat para-peşgeşe ýatdy. Duluňa gelin getirjek bolsaň, petde-petde pul tölemeli. Dükanlarda gerek zadyň tapylanok, tekjelerini ýylan ýalan ýaly. Emma jygyllyk bazarynda iňňeden başlap düýä çenli, göwün islän harydyň bar. Näme, şony satýan söwdagärleriň ýerzemininde zäwut-päwrigi barmyşmy? Näme, dükäne gelýän şo harytlary alyp-satarlaryň nireden daşaýanyny milise bilenokmy? Bilip

aňyrsyna-da geçýä. Ine, sakgaldaş, ýagdaýlar-a şeýle. Onnaň pul päwrigiň bolaýmasa ýa gyrp-çyrp edip gapdaldan düşüräýmeseň, güzeran dolandyraýmak kynaldy. Arzyňy ýokaryk ýazsaňam, arzaçy adyna galýas.

— O... o... Mergenow! Mergenow!.. Meniň gadyrdan bäşlikçi okuwçym! Salam, salam!

Köne şlýapasynyň etegi derden ýaňa şorlap giden, hepdeläp päki görmedik eňeklerinden agaran tüýleri syh-syh dürterişip duran süňňi iri adam ýylgyryp, Gara Mergenowa elini uzatdy.

— Salam, ýoldaş mugallym! Nähili jan saglygyňyz? Iş-güýçler, öý-içerler!

— Bäşlikdir, Mergenow! Hökümediň pensiýasyny jübä urup ýatandyrys. Ýöne gelnejeň gaty gysganç, piwä-beýlekä birazajyk emläýin diýenok.

Bu adam Möjek mugallymdy. Gara Mergen onuň ýanynda piwo pulunyň ýokdugyny ýaňky gürrüňlerini aýdan badyna aňdy. Ýöne, adamlaryň ýanynda nädip oňa pul berjegini bilmän ýaýdandy.

— Aksakgallar, şu meniň iň zehinli okuwçym bolmaly. Häzirem raýkomyň işgäri. Bi göze görünýän

ketde kişileriň bary Möjek mugallymyň elinden çykandyr. Hatda Han Arkala-da «A» harpyny öwreden özümizdiris. Şuwagt şonuň ýanyna baryp «Wolga» maşyny sorasam, otkaz etmejegine gözüm ýetýä. Ol mennen çekinmänem duranok. Baýak köçeden barýarkam, maşyny saklap: «Mugallym, şu ýokarlaryk arza ýazmaňy bes etsene» diýip ýalbarýa. Menem gaty bet-dä! Hakyt ýüzüne, Kemineçeläp «Ýagşyga ýagşy diýr men, ýamana-ýaman» diýdim. Dogry aýdypdyryn gerek? Özem ýazsam bärde-bärde-de durmam ýok meniň, göni Çernenkoň özüne wazladýan.

Han Arkalynyň ady agzalandanmy-nämemi, aksakgallaryň biri:

— A-how, bu gün Arkaly görnenok-la — diýdi.

Gamçy ýaly hor adam, käsesini ýerde goýup, myň-myň etdi.

— Ýaňy men-ä bazarda gördum ony. Oňşugyny başgalansoň, özi odur-budur alyşdyryp ýör.

— Aý, özbaşdak hojalyk süýremek aňsat iş däl, sakgaldaş. Ylaýta-da bi ýaşdaň soň.

— Biz-ä dawalarynyň arasynda ýok welin, biri hol zootehnik ogly Han bilen oňuşmanmyş diýýä, ýene

birisi Han bilen ýaşulynyň özi käýeşendir diýip gürrüň çykarýar.

— Be... Oňşup-oňuşman bölüşip bilmeýän zatlary nämekä?

— Aý, Hudaý bilsin. Arkalyň agtygam gaty gönümel, durşy bilen nerwin diýýäler.

— Äý, şu ogul-gyzyňam aladasy kiçikä kiçi, ulaldygyça-da uly bolýar-how!

Gara Mergenow üçin bu gürrüňlerde hiç hili täzelik ýokdy. Ol «Belomor kanal» papirosyny syňragynyň arasyna salyp, owurdyny içine oýup sorýan mugallymyndan sypmanyň aladasyny etdi. Onuň ösen dyrnaklarynyň içine giren kirler ýarym aýlaw gara çyzyk bolup durdy. Gara Mergenow onuň öňem içgilidigini aňsa-da, pul bermän sypmajagyny bildi. Sebäbi ol piwo içýänleriň bokallaryna seredip, gultunyp otyrdy. Dillenmese-de, gözleri bilen hut pul dileýän ýalydy. Gara Mergen elini gymyldatsa, jübüsine sokup pul berjekmikä diýen tamadady. Ahyry bir bäşligi, mugallymynyň öňüne süýşüriň ýerinden turdy.

— Men-ä turjak, ýoldaş mugallym.

— Ä... bileje... herimiz...

— Ýok, ýok, men rulda.

— Ä... Onda iç diýjek däl. Meň pendimi alsaň, wabşe ruldakaň agzyňa almagyn.

Şo wagt aňyrrakda eli çapakly bir ýigit ýoldaşy bilen gyzyl ýumruga girişdi. Olaryň golaýyndaky piwo içýänler uruşýanlary aralajagam bolanoklar. Eli çapakly zir-zibil dökülýän çukura kelemenläp ýykyldy. Aksakgallaryň biri:

— Häý, pormyňyz gursun, biz oglankak, biri bilen gatyrak gygyryşsak ulular: «Haýt, bes ediň» diýseler sem bolardyk. Hany, şulara-da bir zat diýip gör-dä, öz ýakaňdan alarlar — diýdi.

Uruşýanlary aralaýyn ýa milisiýany çagyraýyn diýen pikir Gara Mergeniňem kellesine gelmedi.

Gaýtam, «Bolgusyz zatlara şaýat bolmaýyn» diýip, basymrak bu ýerden ökjäni göterenini kem görmedi.

Arkaly aganyň täze jaýynyň öňi aýal-ebtat, oglan-uşakdan doludy. Ýanbaşlaryna «Milisiýa» diýlip ýazylan iki sany «Žiguli» bilen sary gozakly üç motosiklete münüp gelenler jaýyň gapydyr äpişgelerine syn edýärdiler.

Gara Mergen maşynyny bärräkde goýup, näme

bolanyny bilmek üçin mähelläň ýanyna barmaga gyssandy.

— Näme bar? Näme bolupdyr? — diýip, ol ýeten çetindäki aýaldan sorady.

Aýallaryň biri gysgaça jogap berdi.

— Ogry giripdir.

— Tutupdyrlarmy?

— Tutarlarmy?.. Ýöne Arkaly aganyň ogrularyny taparlar-la, her niçigem bolsa, ogly raýkom.

— Nämesi alnypdyr?

— Üç halysy, Batyryň ýapon magnitofony, 1500 manat pul diýýärler.

— Ogram kimiň öýüne girmelidigini bilýär. — Keltejik aýal gözüni ýeser güldürip, ýanyndaky oral aýalyň ýüzüne seretdi.

— Beý diýme, gyz. Ýaşuly kişiniň zadyna zar däl. Ol halal ýaşaýan adam. Eýsem öýünde şojagaz zadam bolmasynmy? On ýaly zat her ýeteniň öýünde-de bar.

— Ýöne bu sapar ogrular ýalňyşypdyrlar. Arkalyň zatlaryny miliseler derrewjik tapar. Emma biz ýaly garamaýagyýaky tapylaýmaz. — Ýene-de keltejik aýal

dillendi.

Bu sapar onuň içi güjükli gürrüňine jogap beren bolmady.

— Öýde hiç kim ýok ekenimi? — Gara Mergen belli bir adamdan soraman, kim jogap bererkä diýen ýaly, her kimiň ýüzüne ýaltaklady.

— Elbetde, ýok. Aksakgal-a bazara giden ekeni. Batyram kolhoza ertir gidýä, agşam ýatar wagtyna gelýä — diýip, garry aýal jogap berdi-de, sözüni dowam etdi. — Daş edewersin, ogurlyk-jümrülik diýen zady indi-indi görüp ýörüs. Uruş ýyllary çörek atly biz pyýadadyk, döwüm nana zar bolan döwürlerimizem pylankesiň öýüne ogry giripdir diýip eşiden däldiris.

Gara Mergen «Ýeňiş» kolhozyna daş düşelen ýoldan gitmän, gönüläp barmakçy boldy. Çarkandak ýolda «Žiguli» tizligini haýallatsa, asmana geterilýän ak kirşen yzyndan ýetýärdi. Onuň üçinem, Gara Mergeniň gyzyl «Žigulisi» öz turuzýan tozanyndan özi gaçyp barýan ýalydy. Ýoluň sag tarapyny syçanyň üstüne bökjek pişigiň tüňňi ýeňsesi ýaly Garagumuň biri-birine meňzeş gum gerişleri tutup ýatsa, soluny gowaça atyzlaryndan, ýaplardan gaçyrylýan suwly meýdan

eýeläpdi. Emma onuň suwy bir garyş, garyş ýarym ösen gamyşdyr suwotylary-da, garaçaýyrdyr garaklary-da boýlap bilenokdy. Bi giden çalpaw meýdanlykda Goç sallah sygyrlaryny bakýardy.

Gara Mergen aýnasyny açsa, maşynynyň içine tozan kürsäp urýardy, açmasa, yssynyň derdinden dem alar ýaly däldi. Hammama girenden beterdi, köýnegi endamyna ýelmeşipdi, oturan ýeri öl-myžžykdy. Ol şol gelşine, ýoluň suw alan ýerinden «Žigulisi» geçer öýtdi. «Ýalpagraksyň» diýip çaklan ýerinden sürdi welin, suwuň ortarasynda garaçy mal ýaly togtady-da, motory öçdi.

Gara Mergen ony çykarjak bolup bir öňe, birem yza sürüp gördi. Gaýtam maşynyň yzky tigirleri barha ýere gömülýärdi. Ol mundan netije çykmajagyny bilip, uludan demini aldy. Saman şlýapasy bilen ýüzüni ýelpedi. Öňde-yzda ötegçi göze ilenokdy. Ho-ol aňyrda Goçuň sygyrlary otlaşyp ýör. Onuň «ýalta» ýabysy dört aýagynyň üstünde boýnuny sallap uklap dur. «Goçam şo ýerdedir».

Gara Mergen balagyny dyzyna çenli çermäp, köwüşlerini bir eline alyp maşyndan çykdy. Çalpaw, ýata suw ýylyjakdy. Ol aýaklarynyň palçygyny ýuwup,

ýene-de köwüşlerini geýdi.

Ol Goçy çägäniň üstünden tapdy. Onda-da nähili ýagdaýda? Arkaly aga aýaklarynyň guragyrysyny aýyrmak üçin Jumaguly aga bilen çägä gömülmäge gelipdirler. Goç ol ikisiniň gursaklaryna çenli gyzgyn çägä gömüp, kellelerine-de kölege düşer ýaly ýylgynyň şahalaryndan saýawan ýasapdyr-da, özem ýanlarynda guma tirsek taşlap, gürleşip oturan eken.

Saglyk soraşanlaryndan soň, Gara Mergen olaryň ýanynda çommalyp oturyp sowal berdi.

— Çäge guragyryňyza peýda edýämi onsoň?

— Onna-da nähilek? Gyzgyn çäge bogunlaryňda, dyzçanagyňda, topugyňda ählije ýygnanan sarysuwlary sorup alýa. Men mundan üç ýyl ozal gömlüpdim. Guragyrym el bilen aýrylan ýaly bolupdy. Bi ýyl ýenem azar berip ugrady. Goç inim, hany, ýene bir owurt çaý ber-le — diýip, Arkaly aga dillendi. — Bogazym gurady.

Arkaly aganyň oraza tutmaýanlygy öz-özünden belli boldy.

Goç torba-haltajygyň içinden bokurdagy görnüp duran ýaşyl termosy çykardy.

Arkaly aganyň iki eli-de çägä gömülgi bolansoň, Goç

bugaryp duran çaýly käsäni onuň agzyna tutdy.

— Goç inim, bi bogazymy daglaýmasyn... Eliň-gözüň dert görmesin, inijigim... Jumaguly, al, senem bokurdagyňy ölle. Ýogsam, içegäňde öl-suw goýjak däl bi cage. Men-ä garasuw boldum.

Gyzgyn çägäniň üstünden tamdyryň agzyndan çykýan ýaly howurly epgek öwüsýärdi. Bu gyzgyn çägede towugyň ýumurtgasy-da sähel salymdan bişjekdi. Bir hepde, on gün mundan öňem bu düňle çöllügiň depeleri ýap-ýaşyl öwüsýärdi. Ýylaklardyr selinleriň ülpüldäp oturyşy, gulpaklyja gyzlaryň ýel degen zülplerini ýadyňa salýardy. Bu gün olar asman bilen zeminiň aralyndaky ýandyryp barýan howra süllerip, saralyp ugrapdyr.

— Sen, inim, Mergen, bu ýerlerik nädip düşüp ýörsüň? — diýip, Arkaly aga sorady.

— Ýaşuly, men «Ýeňşe» barýardym. Ýoluň suw alan ýerinde maşynymy batyrdym. Onsoň, Goçdan kömek soraýyn diýip sowluşym boldy.

— Hä, düşnükli. Onda biraz gyssanmaň. Häzir Goç hemmä gerekli bolup dur.

— Ýok, men gyssanamok, ýaşuly.

— Nepesimiz düzüwkä-de ýer astynyň mazasyny göreli. Soňra-ha o dunýe mydamalyk «göçüp» baramyzsoň, gowumy, erbetmi, arzyňy diňlejek adam ýok.

Gara Mergen: «Näme-de bolsa, aksakgal dine ynanýa» diýip pikir etdi.

— Häzir demiň geliň durka-ha, gyzgyn çägäň asty uçmah ýaly ýaraýa, şeýle dälmi, Jumaguly sakgaldaş?

— Näçe magtasaňam bärden gaýdýa, meň-ä on iki süňňüm sorkuldap, bogunlary birin-birin söküldi öýdýän.

— Bi, onsoň, araky öýüňizden alnan-goýlan zatlardan derek çykdymy, Arkaly aga?

— Häý, derek tapyljak bolsa ogurlanarmy?! Enteg-ä gördüm-bildim ýok. Aý, bähbit bol-a. Ýöne bir zada haýran, näçe oýlansam-da, çal başym çatanok. Han-begleriň gamçysyndan gan damýan döwründe bi hili, kişiniň zadyna göz gyzdyrylandygyny eşitmändik-le. Ýa adamlaryň gäbi azyp ýörmükä? Indi hut öýüňe arkaýyn girip, halan zadyny alyp gidäýýärler. Sakgaldaş, biz oglankak gulp diýen zadyň nämedigini bilmezdik gerek? Bir ýerik gidilse-de, gapyny it-guş, şemal-semal açmasyn diýip, zülpüne çöp ötürip giderdiler. Aç ölseler-

de, hiç kesiň, kesekiniň zady bilen işi bolmazdy. Indi öz ýasaýan gülpumyzy ahmal görüp, iňlis gulpuny gözleşip ýörler. Şäherde ýaşaýanlaryň-a käbiri bir ýerik çyksalar, öýlerini telefon arkaly milisä tabşyryp gidýärmişler. Toba, indi demir derwezäniň içidäki daşy iki-üç gulply maşynyňy alyp gidýärler. Gapyňdaky sygryňy, goýnuňy ogurlap ýörler. Öňler mallaryň özleri örä gidip, özleri-de gaýdyp gelerdi. Itiňem işi bolmazdy.

— Sakgaldaş, gadym ertiklerde döwler janyny demir sandykda saklaýan ekeni. Bizem indi şoň ýaly, maňlaý derimize gazanan halal zadymyzy goýmaga ýer tapman ýörsek diýýän-ä. Ýaşap ýörse, bi dünýede her zat görjek adam pahyr.

Goçam gepe goşuldy.

— Aý, men-ä ogry tarapyndan arkaýyn. Özüm zat tapamok şo öýden. — Ol gazuwdan tapylana menzeýän sary dişlerini ýyrşardyp güldi. — Ýöne, bi gürrüňlere görä, basym barlyja adamlar bosagasynyn öňünde, eli tüpeňli garawullap oturmaly boljak. Öten ýyl, size ýalan, maňa çyn, pagta ýygmaga gelen yssydentleriň biri şeý diýdi: «Öýümizde serhetçileriň byrak edip, ispisat eden itini saklaýas» diýdi. Menem ony duzladym. «Näme, türkmeniň iti beren ýalyňy iýmeýämi?» «Eý, türkmen

itleriniň ýüregi ýuka bolýa. Ogrular hajyk-hujuk edip, öňüne bir bölek et oklasa, mahowlar syrazy dostlaşaýýa. Onsoň, öýüňi göterip, aýagyny basyp geçselerem zat diýenoklar» diýýä.

— Goç inim, şo oglanyň diýýäniniň jany bar. Türkmen itleri eýesi ýaly ynanjaň bolýa, olar aňsat adama degmeýä. — Arkaly aga uzakdan çalymtyk-sary görünýän minara garap başyny atdy. — Hon-ha, hol, depesi bulutlara ýetýän minarany saldyran soltanam öz janyny itlere-de, janpenakärlerine-de ynanman, ýatsa-tursa ýanynda alaja bars saklanmyş. Onuň saldyran minarasy sekiz ýüz ýyldan bäri mizemen dur, özi bolsa bireýýäm gara topraga garylyp, ýatdan çykyp gitdi.

— Basym o minaranyň özem ýykyljak. Binýadyna zeý suw üýşüpdir diýýäler. — Jumaguly aga gürrüňe goşuldy. — Pirweli onuň eddil ýanjagazyndan suwly ýap çekdirdi.

— O minarany Çingiz hanam ýykjak bolup iki gezek synanyşypdyr. Ahyry bolmansoň minarasy bilen tutuş şäheri suwa gark edipdir. Şonda-da är ýaly çydai minarany indi Pirweli ýykjak bolýa diýsene. Onda ikinji Çingiz han döräpdir-dä! Meniň elimden gelýän bolsa, şu etmişi üçin Pirwelä jeza bererdim. Näme, ýabyňy

minaradan sowarak çekeňde ýer gytmy? Ony görmäge dumly-duşundan turistler gelýär. Taryhy ýadygärlik diýlip gürrüň edilýän ýerinde şu minaranam ýatlap geçýärler. A-how, onsoňam, ol türkmeniň düýbüniň-köküniň haýsy ýerlerden, haýsy ýyllardan gaýdýanyny bildirip duran janly şaýat ahyry. Şol minarany özümiz öz elimiz bilen ýok etsek, geçmişimiziň köküne palta urdugymyz bolmazmy? Inim Gara, hany, senem bir zat diý-dä. Bi Pirweli ýaly şowaköre bi zatlary düşündirseň bolmaýamy. Bir milletiň taryhyny on kilo çaňly pagta çalşyp bolmaz ahyry!

— Men aýdyp göreýin, Arkaly aga! Ýöne, meň diýenime gulak gabardaýsa ne ýagşy.

— «Aýdyp göreýin» diýip, haýal-ýagallyk etme. Çynlakaý aýtmaly. Düşündirmeli. Hawa, Sowet hökümedi entek halkyň ýalasaç ýerini ýapmaga, ajyny doýurmaga ýetişmänke, ýaňy aýaga galyp-galmanka, Samarkandyň, Hywanyň, Buharanyň şuň ýaly minara-metjitlerini remont etmäge weşeň-weşeň gyzyl pul goýberdi. Ýogsam, şo ymaratlaryň haýsy zamanda, haýsy halk ýaşaýarka gurlanam belli däl diýýärler.

— Meniň ýüz aýdanymdan, Han aganyň ýekeje gezek aýdany ýerlikli bordy.

Arkaly aga ýüzüni kese sowup ýuwdundy. Gara Mergeniň soňky aýdanyny onuň halamanyny duýdular. Hanyň adyny eşidende, gojanyň myrryhy atlanýardy. Çaýhanada-da onuň ady tutulsa, soňky wagtda ýerinden turup gidiberýärdi. Arman, häzir guma gömülgi bolansoň, nälaç ýatmaly boldy. Han bilen düşünişýän bolsa ol öýlerini başgalamazdy ahyry. Adamlar şuňa-da akyl ýetirmeýärmikäler? Ýa-da synap görjek bolýarmykalar?

«Näteňet adam bular?»

## 12

Kerpiç zawodynyň direktory Şiraly Alyýewiň duýdansyz öldi habaryna, nämüçindir, Han Arkalyýew geň galyp, ör-gökden gelmedi. Ýüzünde gynanç alamaty duýulýan ýalam bolsa, göwnübir ýalydy. Hamala, bu ajy habary öň birinden eşidip, eýýäm patasyny alyp gelene meňzeýärdi.

«Şiraly Alyýew hum peçe ýykylyp ölüpdir, ýüzi, elleri tanar ýaly däl, garaköýük» diýip, raýon milisiýasynyň naçalnigi ýarygije Arkalyýewiň öýüne telefon etdi. Arkalyýew Meýlis Bakyýewi yzyna tirkäp olara bardy.

Öýüň içi uly yzlaşykdy.

Giň otagyň ortarasynda ýatan Şiralynyň üstüne ilki ak mytgal, onuň üstündenem gymmat bahaly matalar gat-gat ýapylypdyr. Üýtgemezlik üçin merhumyň otagynda kondisioner işledip, gapdallaryna limonad zawodyndan buz getirip goýupdyrlar.

Şiralynyň aýaly Han agany görende, hossaryny gören ýaly öňküsindenem beter möňňürdi. Agy arasynda-da:

— Dostuň gitdi, Han aga... äh-hä-hä! Wah, öýüm ýykyldy-la, doganlare-eý! Waý, nalajedeýin, il-ler-e-eý! — diýip aglady.

Onuň yzyny çagalary alyp göterdi:

— Waý, Han däde, kakamy oýaraýsana-a!..

— Waý, kaka jan, dostuň geldi, tursan-a-a-a!

Öýüň içine ýagy dökülen ýaly boldy.

Şol aralykda Şiralynyň aglap-aglap essi aýylan uly gyzy çaşdy. Agy sesleri sähel salym kiparlady.

Han Arkalyýewiç ara düşen böwşeňlikden peýdalanyp, Şiralynyň aýalyna göwünlik berdi:

— Gelin, birazajyk gaýrat et-de, özüňi ele alaweri. Sen beýdip, aglap otursaň, çagalaryňam horlarsyň.

Gör-ä, eýýämden çaşyp-üýşüp otyrlar...

— Wah, men aglaman, kim aglasyn, jan dogan! Garadagym ýykyldy-la-a-a!

— Waý, bizi horlamajak bolsa, şeýdip, biwagt gitjekmi ol...

Meýlis Bakyýew gözýaşyny süpürip, zordan gepledi:

— Gaýrat ediň. Muňa gynanmaýan barmy? «Ataň ölse-de, dem-dem agla» diýlendir. Seniň akylyň ýetýär-ä bu zatlara.

Han Arkalyýewiçem yzyny ýetirdi:

— Çagalaryň saglygyny dile, gelin. Şiralynyň ýoguny bildirmeris. Gyssanan wagtyňyz ýüz tutaýyň. Täk...

«Magtymguly: «Öli gaýdyp gelmez aglamak bilen» diýipdir. Magtymgulysy bolmadyk bolsa türkmen näderdikä? Ehli ýerde şonuň sözlerini tutaryk edinip, ondan goldaw gözleýär. Nämüçindir, onuň aýdanlary süýji-de bolsa, ajy-da bolsa göwünler ondan kanagatlanyp, teselli tapýar».

Ol Şiralynyň aglap duran çagalarynyň ählisiniň diýen ýaly kemislidigini görüp birhili boldy. Olarys biriniň eli-agzy, beýlekisiniň gözi gyşykdy. Elbetde, bu aragyň etdiren işidi. Olar indi ömürboýy öz deň-duşlarynyň

arasynda boýnuburuk, kemsinip gezmelidi. Han Arkalyýewiň, ine, şoňa nebsi agyrdy. «Şu zährimary azrak içmeli-ow» diýip pikir etdi. Yzyndanam ýene-de: «Aý, indi bu ýaşdan soň Mylaýymyň bäbekhana barjak aladasy barmy?» diýen hyýaly kellesinde aýlady. Eý, Şiraly, etdiň etdiň özüňe hem-de yzyňy dowam etdirjek nesilleriee etdiň.

Soňra Arkalyýew raýon keselhanasynyň baş wraçy bilen Şiralynyň aýalyny, uly ogluny boş otaglaryň birine çagyryp, seresaplylygy elden bermeýän kişi hökmünde garaçyny bilen sala saldy.

— Eger ertirki gün gep-gürrüň çykjak bolsa, häzir, ynha, baş wraç-a bar, Şiralyny barladalyň. Ýöne eşitmişime gora, ol bu gün edarasynda bir işgariniň doglan gününi belläp, ganymat içipdirem. Täk... Eger şeýle bolsa, çagalaryňyza pensiýa düzetmek meselesi kyn bor, hökman zeperi ýeter. Hany, muny nähili görýäňiz?

Aýaly ýaglygynyň ujy bilen gözlerini tutup, owasyny, burnuny süpürişdirip agyly gepledi.

— Kesdirjek däl. Öňki çeken jebrem besdir. Indi bir gününe goýalyň.

— Täk... Ýagdaýyňyza serediň. Gözel göwnüňiz.

Biziňk-ä aýtmak. Galapynam, ynha, wraç, gepleşin. Eger öňden kakyn-tutgaýy dagy bar bolsa, ony aýdyň. Şeýle bir bahanajyk tapsaňyz, meň pikirimçe, gowy bormyka diýýän. Ilçilikdir, her hili şyltak gepler tapylyberýär. Dogtor, senem onda maşgalasy bilen gürleş, garaz, kagyzyňda kemis-kümsi bolmasyn.

Wraç «Bolýa» diýen manyda başyny atdy.

Şiralynyň aýaly çym-gyzyl gözlerinde buldurap duran ýaşlary gyňajynyň ujy bilen ýene-de sylyp, burnuny çekdi.

— Boljak iş bolup, boýasy siňipdir. Özüňiz bilýänsiňiz, dogtor, gowrak sprawka beriň-dä! Dokuz çagany başyma taşlap gitdi...

Arkalyýew ýere bakyp, böwrüni diňledi.

Wraç:

— Bor, bor, gelneje. Hemmesini gül ýaly oňarys — diýip jogap berdi.

Han Arkalyýew öýlerine gelip, daşky eşiklerini çykardy. Mylaýym onuň ýüzüne soragly bakdy.

— Ol işigaýdana näme bolupdyr?

— Peje ýykylypdyr. — Adamsy gysgaça jogap berdi.

— Hiý-wiý, bagty ýatan, otly peje ýykylyberip, o näme çagamyka?

«Eýýäm bi-de müňkürlik edýä? Doňuz, has ynanylar ýaly ýoluny tapmadymyka?»

— Näme, serhoşuň çagadan tapawudy bolýamy? — Han aýalynyň şübhe-müňkürligini şobada ýatyrmak üçin azmly gepledi.

— Hä... Içipdir diýsene. Onda dogry. Serhoş adam ody-suwy bilýämi. Aýaklanmadyk köşek ýaly entirekläp ýörşüne ýykylandyr biçäre.

— Şeý diý. Täk... Hany, maňa ýüz gram konýak ber, ýüregim gysjak bolýa. Giňelmezmikä?

Han Arkalyýew ýarty stakan konýagy başyna çekdi. Yzyndanam kädiniň şerbetinden owurtlady.

— Men, iň gowusy, howluda az-maz gezmeläýin. Belkem, açyk howada gowulaşar.

— Şiraly biçäre gynanansyň. Bar, şeýdäý.

Howlynyň içi ümsümlikdi. Han aga üzüm dalbarlarynyň aşagyndaky sement bilen ýylmanan meýdançada elini arkasyna tutup gezim etdi. Iki gapdaldaky endigan bölünen pellerde inedördül ekilen akly-gyzylly bägüller, nazbaýgüller, gije açylyp,

gündiz gunçasy ýapylýan (gijegündiz) gülleriň ysy burk urýardy. Emma atyr ysly bu gijäniň arassa howasynyň lezzetinden ganmaga Han Arkalyýewe päsgel berýän, ony iňkise goýýan agyr-agyr pikirler bardy.

Bir tarapdan ogly bilen kakasynyň aýrylyşyp gitmekleri, ikinjiden bu günki Şiralynyň biwagt ölümine adamlaryň nähili garajakdyklary hakda oýlanýardy.

Eýwandan «bilbil» sesi eşidildi. Bu derwezäniň jaňydy. Han Arkalyýew derwezäniň iç ýüzünde durup:

— Kimsiň? — diýdi.

— Bi men... Han aga!

Han Arkalyýewiň ýagyrnysy düýrügip gitdi. Sandyraýan elleri bilen derwezäniň gapdalyndaky gapynyň zynjyryny ýazdyrdy. Howlynyň ortasyndaky ujy owçarka ýatagyndan çykyp, zynjyryny şakyrdatdy, birhili ses çykaryp çyňsady, Dim-dik gulaklaryny üşerdip, gözlerini ýaldyratdy. Gapynyň öňünde inçeden uzyn adamyň göwresi görnen badyna Han aga:

— Hä, näme bar? —diýip sorady.

— Aý, wada beren zadyňy almaga geldim.

— Äý, sen-ä bir... Erte-birigün alaňda ýüregiň ýarylyp barýamy?.. Geleniňi hiç kim görmedimi?

— Ýok, köçede hiç kim ýok.

— Ho ýerde bir gara bar ýaly-la?

— O meň aýalym...

— Aýalyňy başyna ýapjakmy?

— Aý, ýöne... Bardy-geldi wadada durmasaň, ýa-da... meni-de... başga birine Şiraly ýaly etdiräýseň, şaýat bor ýaly...

— Aý, sen-ä bir samsyk ekeniň...

— Ýöne, meň aýalym agzyna berkdir, Han aga. Ölse-de sesini çykarmaz.

«Iň gowusy mundan basymrak dynaýyn».

— O işi gep-gürrüň bolmaz ýaly etdiňmi?

— Arkaýyn bolaýyň. Ýagdan gyl sogrulan ýaly edendirin. Özem mazaly içgili ekeni. Men: «Lomaý kerpiç aljak kliýent tapdym» diýdim. Ol hakyt ynandy. «Ýör onda, bir hummuzy görkezeýin, şondan alyň» diýdi. Mazaly, şo wagt garawulam öýlerine giden eken. Onsoň, görkezip ýörkä, bir pejiň golaýyna baran mahalymyz, kellesine ýarty kerpiç bilen uraga-da, onuň korap duran ýerine itberip goýberdim.

— Boldy, boldy. Bes et... Sen dur şu ýerde, men häzir...

Arkalyýew gapynş zynjyryny içinden ildirip, öýlerine ýöneldi. Içki otagdan Mylaýymyň sesi çykdy.

— Ha-an! Kim gel-li?

— Sen ýatyber, Mylaýym! Bir tanşym, oblastdan, häzir ugradýan.

— Çaý-nahar diýmeseňiz bolýa-la. Men-ä eýýäm ýatypdymam.

— Ýatyber, ýatyber. Ol adam daşarda...

Han aga öz ýatýan otagyna girip çykdy.

— Ha-an!

— Hä! Aýdybär?!

— Sen, bu gün geljekmi?

— Özüň daňdan geläýsene. — «Hmm... Geçä jan gaýgy, gassaba ýag».

Han aga hor çekeni üçin olaryň hersi bir otagda ýatýardy. Diňe keýpiniň kök wagty ol agyr zat geterýän ýaly myşlap, Mylaýymyň ýanyna barýardy. Arwana çöken ýaly onuň krowatyna ýykylýardy. Agaç krowat agrama bäs gelmän şakyrdap gidýärdi.

— Ýuwaşrak bolaýsana, ýekegapan ýaly. Wah, butjagazymy gök-nil etdiň-le. Bar, häzir gitsene... Ertir

irden geläý.

Bu gün Han aga onuň özuni ertir irden çagyrd.

Arkalyýew inçemik nätanşa elindäki kagyza dolangy zady berdi.

— Me, tegelek ýüz sany ýüzlük. Özüňem men ideýänçäm gözüme görünme. Gerek wagtyň özüm taparyn.

— Bolýa, Han aga, hyzmatyňyza taýyn. Ýogsamam, ertir aýalymy alyp Pribaltika gitjek.

— Nirä gitseň, şoňa git.

— Işiň bitensoň kowýaňmy.

— Ýeri, besdir, sag-aman baryp geliň. Hoş.

Arkalyýew gapyny açdy. Zynjyryny ildirip, uludan demini aldy. Soňra ýuwaşlyk bilen ýöräp, howludaky asma ýüpden torlanan ýumşak sallançaga agyr göwresini goýberdi. Myşlap gözlerini ýumdy.

Bir hepde mundan owal Han Arkalyýew işden soň Şiralyny kabinetine çagyrypdy. Ilki ondan-mundan degişme gürrüň etdiler.

Il içinde «Han Arkalyýew pensiýa çykjakmyş, onuň ornuna Şiraly Alyýew boljakmyş» diýen myş-myşyň

ýaýranyny Han aga daşyndan bildirmese-de, içinden göwnüne alypdy. Ol ýarym degişmä salyp gürledi:

— Belkem, «Il agzy keramat» diýipdirler.

— Goýaweriň, Han aga! On ýaly hyýal ýatsam-tursam kelläme gelenok. Siziň kürsiňizi almaga milt etjek adam entek enesinden dogan däldir.

Hökümetiň kürsüsi baky däldir, Şiraly. Amanatdyr. Bir gün munda men otursam, ertir başga biri oturar.

— Il bu gürrüňi duşmançylykdan ýaýradýandyr. Aramyza çöp atjak bolýandyrlar.

— Çöp atyp-atman, hiç kimiň oturan ýeri kakasynyň möhür basyp beren wezipesi däl.

— Ol-a şeýle welin, eşegem öz deňini gaşarmyş. Bize-hä şu ornumyzam besdir.

Han Arkalyýew oýa batdy.

«Mysapyrsyran bolýa. Hödürleseler «Ä-ä» etmejegini bilýän eşşegatalynyň. «Ýel bolmasa, çöp başy gymyldamaz». Belkem, pulunyň güýji bilen geçerin tamasy bardyr. Bir ýerde serhoş mahaly agzyndan sypdyran bolmagam ähtimal».

Şiraly Alyýew elde göterýän diplomatyndan gazete oralgy zady Arkalyýewiň öňüne süýşürdi.

— Sag-aman kurorta gidip geliň. Bu-da ýolda-yzda sowarlyk çaý puly, ýöne, az görmäň! Bu ýarym ýyllykda gowy düşmedi.

— Näçe?

— Tegelek otuz.

Arkalyýewiň burnunyň gapdaly çekip-çekip gitdi.

— Hany, galan ýigrimisi? Biz başda erkek adam ýaly gepleşipdik. Ýarym ýylda elli, ýylda ýüz diýip.

— Gepleşdik welin...

— Sen öten ýylam on bäşini kem getirdiň. Bi ne, ýyl-ýyldan kemeldip barýaň-la. Ýa nebsiň otugyp ýörmi? Pylanyň her ýylda dört million kerpiç. Saňa hiç kim palçygy ölçäp berenok. Bäş-alty milliony artyk guýdur. Sen baza kilolap pagta geçireňok ahyry! Ne OBHSS-den, ne-de derňewçiden üstüňden guş uçýan bolsa, ony aýt. Oň üçinem, syrtyňy bulaman işle. Ýekeje sapar olara kellämi kaksam, ertesi gün özüňi gözenegiň aňyrsynda göräý.

— Wah, bilýän-le, Han aga.

— Bilseň, gepi çagaladyp oturma... Gürrus gutardy.

Şiralynyň maňlaýy çygjardy. Kabinetden gapdallaýyn ýöräp çykdy. Şol wagt telefon jyňňyrdady.

— Hä, senmi? Salam. Nähili mekdepleriň, ýagdaýy? — diýip, Han Arkalyýew raýon magaryf bölüminiň müdiri bilen gürleşip ugrady.

— Han aga, dynç almaga gitjegiňizi eşidip jaň edäýdim. Näçede ýanyňyza baraýyn?

— 10-da geläý.

Aňyrdan gepleýäniň birbada dili tutulan ýaly boldy.

— Näme gepläňok?

— Han aga... Han aga, men-ä agşam ýedi-sekizde baraýmasam ýagdaýym ýok.

— Ýok, men saňa 10-da gel diýýän. Bi näme dil-düwşen ýaly...

Han Arkalyýewiň gahary ýetjek derejesine ýetdi.

«Haramzadalar... Eşekler... Baryňyzyň gümüňizi çekerin. Işe giren pursatyňyz ýantazysy ýaly gapdalymda ýaranybilseňiz armanyňyz ýokdy. Bu günki günem guýrugyňyzy bulaýaňyz... Men size görkezerin...»

Hälki gürrüňi sagat manysyndamyka öýdüp düşünmäň. Han Arkalyýew: «Sagat 10-da gel» diýse, on müň manat pul getir diýdigidi. Telefonyň aňyrsyndaky bolsa ýedi-sekiz müňden başga ýagdaýynyň ýokdugyny aýdýardy.

Aradan üç gün geçdi. Şiraly gelmedi.

Han Arkalyýew gahardan ýaňa hum ýaly çişdi. «Eşegi semretseň, eýesini depermiş». Ýagşylygy biljek adam däl bi. Belkem, mundan beter gyssasam. «Maňa gün berenok» diýip, ýokarlara barar. Gumdaky Ýetimje bilen bolan ahwaly aýtmakdanam çekinmez. Gowusy, muny gümläýin. Şaýatlaryň biri kemelse bir bähbit...»

Han Arkalyýew bir hepde mundan ozal ýüregini şeýle erbetlige düwüpdi. Ynha, bu günem onuň netijesi barada, tor sallançakda oýa batyp, gözlerini süzüp ýatyr.

«Indi ertir adamlar näme gürrüň taparka? Olaryň käbiriniň agzyny ysgap görmeli».

Han Arkalyýew özüniň ülpetleri — Meýlis Bakyýew bilen Pirweli Penaýewi ýanyna alyp, Kryma dynç almaga gitdi. Şo ýerik, ýok, edil Krymyň özüne-hä däl, golaýrakda bir ýerine «Keýik Zamanowa hem gidenmiş» diýen gürrüň bar. Ýöne, gep gürrüňden gaçyp, putýowkany bir ýerik alan däldirler. «O buga ýörite şonuň üçin, Keýigi ýanyna işe aldy ahyry» diýip, ýek-tük agzyndan gaçyrýan ýok däldi.

«Il agzyny ýygyp bolmaz, çelek agzyny bogup». Her kim her zat diýýär. Iliň agzyna urjakmy? Biri bir gepin başyny başlasa, beýlekisi alyp göterýär.

«Ýogsam näme, Keýigiň ilden artyk näme sowady barmyş? Medeni aň-bilim tehnikumyny gutaran. Soňam adamsy bilen aýrylyşyp, artistçilik okuwyny ýykylyp-sürşüp zordan gaýybana tamamlady. Ho-ol, sagymçy Gytjany-ha tanaýaňyz! Ana, şonuň gyzy Dursun görgüli instituty gyzyl diplom bilen gutardam-da. Raýkom komsomolda sekretar bolup işläp ýördi welin, orny Meýlis Bakyýewiň ogluna gerek boldy. Dursuny alagada partiýa mekdebine okuwa iberdiler. Onam gyzyl diplom bilen gutaryp geläýdi. Emma: «Wagtlaýynça oňşup dur. Häzir saňa oňaýly iş ýok» diýip raýonyň kitaphanasyna müdir bellediler. Indi bäş ýyl-a bolandyr. Şonuň «wagtlaýynça» diýlip işe iberilenine. Wezipe bermediler-ä! Bermezlerem. Sebäbi o işigaýdanda n» görk-görmek bar, ne-de arka. Ýöne, iş diýeniň, öleniňi-öçeniňi bilenok. Bu wagt seniň diplomyň gyzyl bolsun, goşa-goşadan bolsun, oňa sogan dograp berýän ýok. Arkalyýew üçin zenan maşgalanyň-a ýüzi ýylmanagy, erkek jynslynyňam jübüsiniň galyňy gerek.

Aksakgallaryň agzy gyzsa, bäri-bärlerde durmaýarlar. Öz öýleriniň ownujak hysyrdylaryndan başlanýan gürrüňleriniň dowamy baryp-ha Amerikanyň, Ak tamyň içindäki wakalara sapyp gidýär.

Minaraly gürrüňem esli wagta çekdi. Ahyry olar bir

çukura tüýkürip, minarany halas etmegiň belli-külli ugruna çykdylar.

Jumaguly aga uruş ýyllary Minaraatada mirap bolup işläpdi. Haýsy ýerden, haýsy ugra suwuň akjagyny gözüni daňsalar-da görkezip biljekdi. O zeýkeşi minaranyň iki ýüz metr günbataryndan, Goçuň mal bakýan çalpawly örüsine akdyrmagy maslahat berdi. Eger-de şeýle edilse, onda bir okda iki däl-de, üç towşany urup boljakdy. Birinjiden, minara, ikinjiden, onuň ýanyndaky gonamçylyk halas boljakdy, üçünjiden bolsa, zeýkeş bilen suwly ýabyň aralygyndaky gowaça atyzlarynyň ýerasty suwlary kemeljekdi.

Haşar başlandy.

Ýekşenbe güni «Müňeleniň ýüzi käbä» diýlişi ýaly, Minzraatanyň ýerden ýöräni haşara çykdy. Haýsy adam özüniň dogduk mekanyndaky müň ýyllap duran ýadygärligi halas etmäge öz goşandyny goşmajak? Ýa-da, hol, gonamçylykdaky san-sajaksyz tümmeklerde kimiň ata-enesi, dogan-garyndaşy ýok. Eýsem, olaryň süňki indi şor-suwda çüýräp gitmelimi? Her sapar gonamçylykda adam jaýlap gelýän gölegçiler, başlaryny ýaýkaşyp, aksakgallara arz edýärdiler.

«Iki depim gazmankaň, myžžaryp suw çykýar».

«Indi näme, ölimizi ýeriň ýüzünde jaýlamalymyka?!»

«Amanadyňy tabşyransoňam, bi giden bol sähralykdan bir garyş gury ýer tapyljak dälmikä?»

Köne taryhdan baş çykarýanlar gürrüňi has aňyrlardan başlaýardy.

— «Türkmeniň asly gelip çykyşy-ha şu ýerden — Was topragyndan bolmaly. Ony ýagydan-ýamandan goran ärlerem, hon-ha, hol, büdrükde şor topraga garylyp gidipdir. Ondan başga-da dana kitaplary ile ýaýran gadym alymlarymyzam, bolşewigiň ýoluny tutup, sowatsyz halky täze eýýama çagyran şahyrlarymyzam üsti heýkelsiz-nyşansyz, çöken guburlarda şor kesek bolup ýatyrlar. Geljekki nesil olaryň mazarynyň nirededigini bir taparlarmyka? Tapjagam bolmazlar. Hany onda, il üçin başyny orta goýanyň sarpasynyň tutulyşy indi şumy? Ýa-da indi suw getirenem, küýze döwenem des-deň görülýärmikä? Ulusyny sylan baý bolar, ölüsini sylan begem-ä» diýipdirler.

Günortanlar minaranyň kölegesine çaý-nahara üýşdüler. Ýaşulularyň biri mniaranyň ýanyna getirip baggoýnuny öldürdi. Saçak dolduryp, gyzgynja petir getirenlerem tapyldy. Petir çöregi dograp, haşara ýygnananlar hezil edinip dograma iýdiler. Minaranyň

kölegesinde jana şypaly salkyn şemal öwüsýärdi. Dogramadan garnyny mäkäm doýran Goç köne donuny aşagyna düşenip, minaranyň çür depesini synlap ýatyr. Onuň kerpiçleri atyn dişi ýaly gyradeňdi. Henizem astyndaky şor suw zeper ýetirmedik bolsa, deňi-taýy bolmadyk bu minara ýel-ýagmyryň şatysynada, wagt atly ýowuzlyga-da ýan bererli däldi. Emma zeý suw binýadyndan başlap, üç adam boýy ýokarlygyna çenli kerpiçleriniň ýüzüne özüniň ak ununy çyrşapdyr. Minaranyň binýadyndan dik boýuna tarap iýiji ýara ýaly tutaşyp barýan ak şor owadan kerpiçleri, onuň haşamly nagyşlaryny küpürsik kirşene dönderip barýardy. Emma şol kerpiçleriň arasyna goýlan laý welin laýjan ekeni. Oňa seniň şoruňam, ýel-ýagmyryňam dynnym ýaly zeper ýetirmändir. Bişen ýylmanak kerpiçler owranyp barýar welin, olaryň arasyna goýlan laý, eti iýlen pilçe süňki ýaly, şol durşuna mizemän çykyşyp dur. Topraga nämelerdir goşup-garyp, daşdanam berk bu laýy eýlän ussa akylyň haýran galýar. Biri: «Topraga baýtalyň, gatyryň, gulanyň süýdi garylyp ýasalanmyş» diýse, ýene biri: «Toklutaýyň ýumurtgasyna eýlenenmiş» diýip, gözi bilen görüp, gulagy bilen eşiden ýaly gürrüň bärýär.

Minaranyň ortabilinden ýokardaky garalyp görünýän gözlerden girip-çykýan sansyz garlawaçlaryň sesleri, o

ýerde henizem ýaşaýşyň dowam edýändigininiň alamaty. O gözlerden garlawaçlaryň biri girip, birisi çykýar. Belkem, olaryň-da öz aladalary özlerine ýetikdir. Jürküldeşip uçuşýan guşlar minaradan sapandan sypan kesek ýaly dazlap gaýdýarlar. Kerpiçleriň kölegejiginde ak petekelerini gaýşardyp, tüp yssynyň derdinden çüňklerini açyşyp, dem-dynjyny alýanlary-da bar.

Minaranyň çür depesi gylyç bilen kesilen ýalydy. Öň minaranyň başynda altyn gupba bolupdyr. Gün doganda, onuň ilkinji şöhleleri şo gupba düşüpdir. Onuň lowurdysy ýerde ikinji Gün döredipdir diýdirýän eken, gözler gamaşyp «ýerdäki Güne-de» göni seredip bolmandyr. Gündogaryň, Aziýanyň men diýen şäherleriniň baý täjirleri «Ýerdäki Güni» salgy alyp, ençeme menzil ýollardan azaşman, minaranyň ýanyndaky şähere geler ekenler. Minaranyň depesindäki garawulhanalardaky ýigitler minara tarap edilýän her bir hereketi öňürti group, mis surnaýlaryny çalypdyrlar. Şäher adamlary duşman ýetip gelýänçä, arkaýyn goşun ýygnap häzir bolmaga puryja tapypdyr. Duşman leşgerleri bolsa altyn gupbanyň lowurdysyna gözleri düşensoňam, ençeme menzil ýol ýörär ekenler. Bu şäherip o döwürde iki, üç ýüz müň ilaty bolupdyr. Içilýän agyz suwlary ýerasty daş turbalar bilen öýlere

çekilipdir. Öňräk Pirweli minaranyň ýanyndan ýap gazdyranda, ekskawatoryň susagynyň öňünden näçe daş turbalar, näçe içi humly küýzeler çykdy.

Süýr günortan beýik minaranyň kölegesi gysgalyp, öz binýadynyň etegine ýygnandy. Emma ýene-de minara adamlardan öz kölegesini gysganyp durmady. Az salymdan binýadyň, etegine üýşen goýry kölege ýuwaş-ýuwaşdan süýşüp, uzalmaga başlady. Gün öýläne agyp ugrapdy.

Dogramadan doýan haşarçylar lakyrdap gaýnaýan tüňçelerden gök çaý süzüp, derlän bileklerini ýaglyklary bilen süpürişdirip mesawy gürrüň edip otyrkalar, bir ýerden gyzyl «Žigulili» Gara Mergen geldi. Oňa nahar hödür etdiler, emma «garnym dok» diýdi. Jumaguly aganyň ýanynda oturyp, döwlen jürnügine şampan çakyrynyň dykysy ötürilen çäýnegi öňüne çekdi. Birki käse içensoň, saman şlýapasyny dyzyna geýdirip, maňlaýyndan burçak-burçak inen derleri süpürdi.

— Çaý ýarady öýdýän, ajy der çykyberd-ä?

— Ýarady, Jumaguly aga. Özümem ertirden bäri aýak üstünde, üç brigada aýlandym.

— Bu ýyl gowaçalaryň ýagdaýy nähili?

— Biraz gijräk diýäýmeseň, öten ýylkydan-a ganymat. Ýöne suw az. Özbek garyndaşlar derýaň gyrasyna nasos baryny üýşürip, suwy sorduryp ýatyrlar. Bize olardan artan-süýşeni akyp gelmeli-dä!

— Gadym wagtlarda bir obadan başga bir oba gyz sorap, gudaçylyga barlanda, gyzyň beriljek ýigidiniň kimdigi soralman, ilki bilen «Obanyň ýabyň aýagynda ýerleşýärmi ýa-da başynda?» diýip soralar eken. Sebäbi ýabyň aýagyndaky obalar suw ýetmezligi zerarly köplenç ýylajy galar ekenler. Biziňkem şol bolup barýar. Derýaň aýaguçlary-da bi ýerler. Ýöne-aýt, ol özbek dostlarymyza: «Öz ýetdik paýyňyzy alyň» diýip aýdyp bolmaýamyka? Ýylyň-ýylyna gapdalymyzdan sanjy bolup döräýýä şolar.

— Wah, diýýändirler-le. Aşgabatlaky ýolbaşçylarymyz Moskwa çenli ýüz tutupdyrlar.

— Amyderýaň aýagujyndan-a, eýlesine-beýlesine eşekli ýetibermeli diýýäler.

— Hawa-la, garagalpaklaň agzyndan ot çykýa. Aral gurap barýamyş.

Gök çaýyň lezzetinden başlanan gürrüň Aralyň ykbalyna çenli baryp ýetdi. Minaranyň salkyn kölegesinde endamlary sowaşyp, ýadawlygy aýrylyşan

adamlar «Indi Araly nähili edip öňki kaddyna getirip bolarka?» diýip, kelle döwmege başladylar. Gürrüňi her kim bir ýana çekdi. Biri Sibirden derýa getirmegiň tarapyny çaldy. Ýene-de biri: «Öň Aralyň hanasy doluka, Sibiriň derýasy getirilýämidi?» diýdi.

Jedel gyzyşdy.

— Ýok, getirilenokdy. O döwürde suw bisarpa tutulanokdy. Miraplar gije-gündiz ýabyň boýuny torç edip aýlanýardy. Indi, heý, suwuň nähili tutulýanyny barlap ýören miraba duşýaňyzmy? Men-ä şu kolhozda kimiň mirapdygynam bilemok.

— Indi mirap däl-de, suw tehnigi diýilýär.

— Hany, şo suw tehnigi? Bizde kim şoň hakyny alýar? Haýsyňyz bilýäňiz?

— Adamlar, hany, dawany gutaralyň. Öz işimiz ýatdan çykdy. Çaýdan bolan bolsaňyz turalyň — diýip, Jumaguly aga ellerini dyzçanagynyň üstünde goýup ýerinden turdy. Onuň yzyndan Goç eline tüýkürip piliniň sapyna ýapyşdy.

Adamlar täze gazýan zeýkeşleriniň raýşyna baranlarynda, haýran bolup durdular. Günortana çenli gazylan ýabyň içinde eýýäm ep-esli suw bardy. Özi-de

durnaň gözi ýaly göm-gök suw.

— Ine, ýerlerimiziň işini görýän ajy zakgun suw. Şu suwy allowarra akdyryp goýbersen, ýer görgüli derdinden açylaýar. Nädersiň minaranyň töweregindäki şordan derek galmasa. — Göwni galkynan Jumaguly aga süňdi ýeňillik bilen iki eline tüýkürip: — Hany, başlalyň, ýigitler! — diýdi.

Zeýkeşiň suwy aýna zawodyndaky gögümtil ergininiň endigan akyşyny ýatladýar. Asla birbada akýanam bildirenokdy. Suwuň ýüzüne ýaprakdyr ot-çöp oklasaň olar gök-syrça ergininiň ugry bilen çalaja ýüzüp gidýärdi.

Bu ýekşenbe haşarçylar täze işe başladylar. Olar gonamçylygyň içindäki tokaý bolup giden hapa-haşal otlary ýatyrmaga girişdiler. Başlary tozgalap giden adam boýy gamyşlar, düzüm-düzüm gyzyl däneler, her tikeni temen ýaly ýandaklar, kätmeni uranyňda, tozgalary dünýäni tutýan akbaşlar, tamdyr ýaly tegelenip oturan syrkyndyr guşgözüler gonamçylygy sümme tokaýa öwrüpdir.

Gara Mergen kakasy Mergen aganyň guburyny tapjak bolup azara galdy. Görgi görüp, balagyny çetä ýyrtdyrsa-da, tapyp bilmedi. Ahyry Jumaguly aga: «Mergen pahyr ana, ho ýerde ýatyr. Ýör, görkezeýin»

diýip, ony yzyna tirkäp äkitdi.

— Her ýerde işleseňem, asla Kremlde otursaňam, ata-eneň mazaryny ýatdan çykarmaly däldir.

Jumaguly aganyň ýöräp barýarka, bu aýdýan gyjytly sözleri Gara Mergene şarpyk bolup degdi. Onuň ýüzi gyzyp gitdi. Näme jogap berjegini-de bilmedi. Gowusy, geplemezlikdi. Aksakgalyň aýdýany dogrudy. Özüňi aklajak bolup, sypaýyçylyk etmegiň, sapalak atmagyň hajaty ýokdy. «Müň kerem ylalaşýan» diýip, Gara Mergen içini gepledip, uludan demini aldy.

— Dogry aýdýaňyz, Jumaguly aga! Aý, käte bizem iş bilen garabaşymyza gaý bolan bolup geleňsizlik edýäsdä!

— Uruş ýyllary Mergen oba Sowetiniň başlygydy. Menem mirap. Egin-egne berip işleşipdik. Sen bolsaň, ýany dört-bäş ýaşlaryňdaky oglandyň. Käte sizden çaý-çörek iýip, atlarymyza münüp ugranymyzda sen: «Menem gitjek» diýip aglardyň. Käte Mergen dözmezçilik edip, seni atyň öňüne mündürip, birki ýüz ädim alyp giderdi. Soňra seni düşürip goýbärdi. Şo zatlar ýadyňa düşýärmi?

— Çalaja, düýş ýaly...

— Bir gün raýonda ýygnak boldy. Mergeni bir özbek aşnasy günorta çaýa çagyrdy. Mergen menem äkitdi. Bir görsem, Mergen ortadaky üýşmek alma seredip dur. Öý eýesi daş çykypdy. Men «Nämä seredýäň? Gözüň gyzýan bolsa al-da iý-dä» diýdim. Ol: «Şuň birini Garama alyp gitsem diýýän» diýdi. «Birinden näme boljak, aşnaňdan soraly, köprägem biýr». «Aý, ýok, utanç bor». Soňam göwnüni bire baglady öýdýan, goşaýumruk ýaly gyzyl almany kiteliniň jübüsine saldy pahyr. Hiç ýadymdan çykanok. Menem gaýtjak wagtymyz öý eýesine şuň jübüsini barla diýjek diýip degişdim. Pahyr: «Beýtme, Jumaguly, masgara edersiň» diýip gara çyny bilen ýalbarypdy. «Bir gyzyl horazym bar, şoň palawyna çagyraýyn» diýipdi. Şo döwür adamlar sadamy-nämemi, mellegimizde alma, üzüm ekmänem bilmändiris. Indi, gör, haýsy öýe barsaň, leýs bolup ýatyr... Mergen neresse, seni biçak gowy görerdi.

— Özem işjanly adamdy. Onuň ertir işe barýanyny yzyndan seredip gören ýok. Haçan görseň, il turup-turmanka, gara daňdan bilen jöwen tommuklaryna büdräp, edarasyna barýandyr. Tä soňky demine çenli hökümediň işi diýip zowzuldap geçdi. Jan berende-de, iş üstünde gitdi. Pagta harmanyndan baza pagta ugradyp ýörkek, gapanyň başynda ýykyldy neresse! Ine, Mergen

jan, şu tümmekde bolmaly Mergen!.. Aý, Mergen! Hany, tirsegiňe gal, gadyrdan. Ine, ogluňy getirdim.

Gara Mergeniň ýagyrnysy düýrügip, gözleri çygjardy. Bokurdagy doldy. Göreçlerindäki ýaş zakgun-ajy bolarly, gabagynyň içlerini awuşatdy.

— Hany, dost jan, seniň üstüňi öz elim bilen arassalaýyn.

Jumaguly aga kada-kanun boýunça ilki guburyň gumundam bir penje alyp, mazaryň etegine oklady.

Aksakgallaryň kätmen salan ýandagynda arynyň kökesi bar eken. Bitgin, dänelep oturan ýandakdan göterilen tozan bilen birlikde wagga ören arylar hüjüme geçdi. Gara Mergen goranjak bolup ellerini daldalatady. Oňa çenli ony iki ary jazladyp çakdy.

## 13

Irden ukudan oýanaly bäri Mylaýymyň işi-pişesi özüni bezemek, timar bermelik boldy. Nämüçindir, bu gün onuň aýaklary gamak ýaly ýeňil gopýardy.

— Läle jan, gyzym, Enegyza aýt, öýleriň poluny ýuwuşdyrsyn, halylaryň tozanyny tozan soryan maşyn bilen arassalasyn. Nahar atarsyn. Özüňem wazadaky

gülleri täzele.

— Eje, näme, myhman geljekmi? Bu gün ýaman keýpiň kök-le?

— Hawa, gyzym, şäherden joram geljek.

— Onda menem şähere joramyňka gidäýjek.

— Şeýdäý, gyzym. Biziň agzymyza seredip oturmak saňa-da gyzyksyz bor.

— Ýa-da olarda ýatybam geleýinmi?

— Gözel göwnüň. Kino dagy gitseňiz gijä-de galarsyňyz, ýatdajyk ertir geläýsene. Şeýdäý.

— Kino näme, bu ýerde ýokmy? Şähere baranyma görä diskoteka gideris.

— Halanyňy et, gyzym.

Mylaýym hammama girdi. Wannanyň içine bägül suwuny guýup, ak köpügiň içinde gaýyp ýören ýumurtga ýaly meýmiräp ýatdy. Soňra saçlaryny boýady, dyrnaklaryny reňkledi. Özüne timar bermelik Mylaýyma agşama çenli iş boldy. Garaňky mazaly gatlyşdy. Mylaýym sagadyna ogrynça seredip goýberdi. «Geler wagtyna ýene bir sagat bar».

— Enegyz, naharyň taýýarmy?

— Taýýar, Mylaýym jan.

— Nämeler bişirişdirdiň?

— Towugyň içine odur-budur salyp bugladym. Böregem bükülgi, gazana oklaýmaly. Palawam agdaryp, demine goýaýmaly.

— Berekella! Onda senem aýal doganyňka gitsen gidiber. Ertirjik geläý. Bolýamy? Menem joralarym bilen arkaýyn gybat edeýin. Olar gelse, ýüregim gysmaz-la.

— Hawa, arkaýyn gürleşiň, onda men gitdim. Ýaňky diýşim ýaly, hemmeje zat taýyn.

Ýüzüni garaňka tutup gelen «Wolga» bir epeý adamy düşürip yzyna gitdi. Mylaýym ony derwezäniň iç ýüzünde garşy aldy. Şobada-da derwezenäm, gapysynam içinden gulplady. Ol adam eýwana girensoň, Mylaýym daýaw itleriniň boýnundan zynjyryny ýazdyryp howla goýberdi. Soňra içeri girip, gelen adamyň gujagyna doldy. Ak bilegini boýnuna orap, maňlaýyny onuň döşüne oýkady.

Epeý adam onuň lebine dodagyny basdy.

— Näme, soňky wagtlar geleňok? Hökman çagyryp getirmelimi?

— Iş köp. Bu günem öýdäkilere raýonda plenum bar

diýip gaýtdym.

— Gowusy: «Öýdäki goýberenok» diýip, boýnuňa alaý-da! Bar, onda şonuň bilen boluber.

— Ýeri, ýeri, biderek öýkelemesene...

Pirweli Penaýew dagy kurortdan gaýdyp geldiler.

Penaýew özi ýok wagtynda kolhozda bolan täzelikleri ertesi Arkalyýewe ýetirdi. Zeýkeşiň çekilenini, mazarystanlygyň içiniň arassalananyny jikme-jik gürrüň berdi.

— Täk, bi näme, gowaçalaryňyz haşal otlaryň astynda bolup, suwsuz gurajak bolup otyrka, adamlaryň öwlüýäde nä köri bar? Muňa nähili düşünmeli? Zeýkeş gazypdyrlar? Beh! Kim bu zatlary gurap ýören? — Arkalyýew trubkanyň aňyrsynda ar- lady.

— Ynha, Han aga! Özüň ýok bolsaň, şeýle-dä! Bir ädim gapdallaryndan aýrylsaň, her kim göwnüne gelenini edip ýör.

— Ol wekil bolup ýören Gara Mergen nirä seredenmiş? Biz ony kolhoza oýnamaga iberdikmi?

— Memsm şony diýýän-dä, Han aga. Dogrusyny aýtsak, o näme, işiň öňe gidenine begenip ýörendir öýdýäömi? Zeýkeşiň haşaryna-da, öwlüýä-de hut onuň

özi gatnaşypdyr ahyry.

— Hymm... Täk... Onda sen näme et diýsene... Täk... Onuň şol işlere gatnaşany hakda bize iki barmak kagyz ýollat. Düşündiňmi? Galanyny özüm oňaryn.

— Bolýa. Düşündim, Han aga. Kagyzyň işi haýyr.

— Bolýa onda. — Arkalyýew trubkany taşlady.

Penaýew ellerini owkalady.

«Duruber bakaly, Gara Mergenjik. Ogluňa «haý diý» diýip, uly başymy kiçeldip ýanyňa baranymda, ýüzümi alyp goýbereniňi Pirweli içinden çykarandyr öýdýärmiň? Garyndaşlaryňy men üstüme küşgürip, Ballynyň aýagyndan arza baryny ýagdyrdyň. Alan galaň boldumy? Indi meniň bir edişime seret. Itiň art aýagyndan suw içer ýaly ederin. Boýny kädili galandar ýaly gapy-gapy entederin. «Itiň alnyna gelen gurduň alnyna-da gelermiş». «Han aganyň gyzyny öz sallah galan ogluna alyp beräý» diýip üstümden gülen bolýadyň. Men seni şeýle bir güldirin, hoşuňa gelsin. Köneler: «Gülki soň güleniňki» diýipdir. Pirweliniň döwi seniňkiden rüstemdir. Ony iki aýagyňam gapana düşüp, ýensäň çüwdesi ýere degende bilersiň...»

Penaýewiň keýpi göterilip ugrady. Ol bu kerepden

Gara Mergeniň sypyp bilmejegine oýlandygyça göz ýetirdi. Bu onuň Han Arkalyýewiň ynamyna tarap ýene bir uly ädim ätdigidi. Onuň kellesine ýene-de bir pikir geldi. Bu pikiriň öň näme üçin gelmändigine ökünip, haýdan-haý Şagulyny ýanyna çagyrdy.

Penaýew daçasynda Şaguly bilen ikiçäk günorta naharyny iýdiler. Ikisi bir çüýşäni beluşip içensoňlar, Pirweli otluçöp bilen dişlerini synçgalap oturyşyna Şagula şeýle diýdi:

— Şaguly, ikimiz dogan ýaly bile işleşdik. Biri-birimize gatygaýrym söz aýdyşmadyk. Men saňa bir döwletli maslahat bereýin. Eger alsaň. Almaňasam özüň bil. Ýöne meniň aýtjak zadym, berjek maslahatym, edil bagt guşy iki egniňe gelip goňan ýaly bir zat. Uçursaňam, uçar gider, soň tutabilmersiň. Soňam ökünip, döşüňe patladarsyň, giç bolar.

— Hany, eýle bolsa, basymrak aýtsana, Pirweli.

— Aýtsam, şeýle: seň-ä ýetişen ogluň bar. Şeýle gerek? Tüweleme, boý-syratam, akyl-huşam bir adamyňkyça bar. Indi ol mundan beter ulalyp düýe boljakmy?

— Hawa, aýtjak zadyňy basymrak aýtsana, öldürdiň-le, Pirweli!

— Men mun ýaly akylly maslahaty her kese berip ýöremok. Ýöne sen bolansoň aýdýan. Ýene-de gaýtalaýan, seň-ä ýetişen ogluň bar.

— Hawa, bar, bar... Özem kakamyň ady dakylan. Onsoň?

— Han aganyňam aýyň bölegi ýaly ýetişen gyzy bar. Şarpa guda bolmaly. Ýöne, aýtjak zadym. Raýkomyň birinji sekretary bilen garyndaşlyk açsaň näme armanyň bar?

— Wah, Pirweli, nätdiň-aýt?!

— Özüm-ä siziňki ýaly aýdanymdan çykmaýan oglum bolan bolsa, bir minudam tykyrganjak däl. Ertiriň özünde sawçylyga barardym.

— Bäh, Pirweli, hany dursana! Bi Han agamyz: «Meň gyzymy dilärçe, siz kim bolupsyňyz?» diýip, meni bujagaz günümdenem dyndaraýmasyn birden... Onsoň, bizem köne rowaýatlardaky baýyň günlükçisiniň günune düşäýmeli.

Şagulynyň ýadyna düşen rowaýatyny Pirweli-de bilýärdi. Gadym depseň yranmaz bir baýyň günlükçisi bar eken. Bir gün ol ak öýüň gapböwründe dylym-dylym ýyrşaryp, baý bilen arkaýyn gürleşip oturanmyş.

Baý oňa bir ýumuş buýrupdyr. Günlükçi ýigit «lepbeý» diýip gidibermän oýkanjyrap oturanmyş. Bir zat aýdaýjak-aýdaýjagam bolýarmyş-da, ýene otyr diýýä. Onsoň baý: «Sen maňa bir zat aýtjak bolýaňmy?» diýip sorapdyr.

«Hawa, baý aga».

«Aýt onda, diňleýän».

«Aýtsam, baý aga, men siziň gyzyňyza aşyk boldum. Şony maňa beräýseňiz...»

Baý akylly adam eken, gaharlanman, zat etmän: «Hany, şol oturan ýeriňden beýleräk süýşübem, ýaňky diýenleriňi gaýtala» diýenmiş. Ýigit iki ädim gapdala süýşüpdir welin, indi baýyň ýüzüne seredip bilenokmyş. Gaýtam: «Waý, baý aga, gaýtmyşym edýän. «Günämi öt!» diýip maňlaýyny ýere diräp bagyryp ýatanmyş. Baý şo günlükçi ýigidiň hälki oturan ýerine birgiden gyzyl gömüp goýan ekeni. Ol ýetim günlükçini şol gyzyllar gepledýän eken».

Penaýew rowaýatdaky ýetim günlükçini ýatlap ýylgyrdy.

— Bolýar, eger başlygyňa-da serpaý etseň, Han aga bilen Mylaýymy yrmagy öz üstüme alýan.

— Ber eliňi! — diýip, Şaguly keltejik goluny Pirwelä uzatdy. —Puluň, malyň gürrüňini etmäň. Ähli gazananym Han aga ikiňiziňki. Toýam nähili geçirseň, öz ygtyýaryňda.

Şaguly daçadan göni öýüne gaýtdy. Eýwanda aýalynyň tirseginden tutup:

— Toty peýker, hany, ajy gök çaý demläp ýanyma gel. Ikijigimiz döwletli maslahat edeli — diýdi.

«Bu gün-ä diline kemput çalnan ýaly. Bi nämäniň alamatyka? Nä döw çaldyka?»

— Habaryň eýgilikmi, kakasy?

— Ýogsam näme.

Çaý başyida Şaguly Garlyny öýlendirmek meselesini Tota gürrüň berdi. Pirweli bilenem maslahaty bişirendigini aýtdy. Totynyň garaýagyz ýüzi agaryp ugrady. Dylym-dylym edip, geplejek boldy, birbada bolmady. Soňra birsalym ýuwdunyp oturdy. Eýýäm raýkomyn birinji sekretarynyň gyzyny gelin edip, töründe oturdana döndi.

— Wah! — diýip, Toty gözlerine ýaş aýlady. — Oňa ýetesi bagt barmy, Şajan! Wah... şu... şu... raýkomyň maşyny gapymda dursa... — Ol gözlerini ýumdy. —

Menem Pirweliniň heleýi Patmanyň gözüne basyp, şüý yzky oturgyjynda — şo ululary oturýan ýerinde gaýşarylyp, şo heleýiň deňinden şaglap geçsedim...

— Bar arzuwyň şo bolsa, onda onuň hasyl boldugy biläý.

— Wah, o kemçin heleý Şemşat jan ýaly gelniň gadyryny bilmedi. Hudaý jan göz görkezer o süýdi ýanana.

— Ýöne, heleýhan, şo «Wolga», münjegiň çynyň bolsa, onda ilki bilen ogluny razy etmeli. Seň-ä hut özüň öýlenýän ýaly, eýýämden pylan biçip ugradyň.

— Garly janymy? Wüý, oň ýaly gyz tapan ýigit maýmyn bolup yrazy bolar. Bolmanam bir görsün. Ak süýt beren enesiniň diýeninden çykjak oguldan ogul bolarmy? Ýöne, sen sesiňi çykarma. Özüm ertire çenli möý okan ýaly okap, mumly ýüplüge dönderin. Sen öz işiň bilen bol-da geziber.

Aradan iki gün geçensoň, Şaguly bilen Meýlis gijara Han agalaryň öýlerine bardy. Myhmanlara çaý eltip gaýdan Läle beýleki otagda Mylaýymdan sorady.

— Wüý, eje, kakasy-ha Winni-Puhyň kopyýasy ekeni, oglam şeýle girdenekmi?

— Sen näme, gyzym, uzyn-kelte diýip, oňa suw boýlatjak bolup durmyň? Bolýa-da öýden girip-çykyp ýörse. Sen nä zada zarmyň?

— Men-ä ony aýakly garpyz ýaly edip, yzyma tirkäp bilmen. Nämä gülýäň?

— Seň Winni-Puh diýeniňe gülkim tutýa.

— Dogry-da! Özüň bararmyň şoň ýala?

Mylaýym jakgyldap güldi.

— Toba, toba, daş edewersin... Ýok, gyzym, degişýän. Ogly ejesine çekenmiş. Boýy çynar ýaly, özem sportsmenmiş.

— Onda-da, eje, öz gözüm bilen görmesem ynanjak däl.

— Bor, duşuraýarys, gyzym.

## 14

Pirweli Penaýewiň daçasy ýene-de ir ertirden suwlanyp, süpürildi, timar berlip başlandy. Gijöýlänler myhmanlar gelip ugrady. Han aga, Pirweli bütin maşgalasy bilen, Meýlisiň ýeke özi geldi.

Howzuň boýundaky uly sekiniň üstünde iýip-

içmekden göwün islän zadyň bardy. Mylaýym, Läle, Toty üçüsi ýanaşyk oturdylar. Garlynyň alty ýaşlaryndaky jigisi gulpagyny tasadyp, Läläniň ýanyna baryp gondy. (Läläniň geljekdäki gelnejesi bolmalydygy hakdaky gürrüňden onuň habary bolmaly). Mylaýym bilen Toty biri-biri bilen sypaýy, süýji dilde gürleşen bolýardylar. Saçagyň üstündäki datly tagamlardan biri-birine hödür-kerem edýärdiler.

— Täk... Şeýle gadyrly bolmagy aýallardan öwrenmeli, gör, olaryň bolaýşyny? — diýip, Han Arkalyýew Mylaýym bilen Toty tarapa başyny atdy.

— Näme, göriplik edýäňizmi? — Mylaýymyň owadan gülküsi daçany ýaňlandyrdy.

— Umuman, biz gelnejelerden köp zady öwrenmeli welin, özümiz käte boýnyýogynlyk edäýýäs. — Meýlis şampan çakyryna elini uzatdy.—Hany, gelnejeler, sizem bize goşulyp oturyň. Ine, bagtyňyzam şuň ýaly mydama erňeginden çogsun... Hany, Han aga, içer ýaly ediň muny.

— Onda, näme, Lukman Hekim öljek mahaly «Adamlar, men dört müň dört ýüz ýaşadym» diýenmiş. O şun ýaly dost-ýary bilen her saparky oturyşanyny bir ýaş hasap eder ekeni. Biziňem näme, dost-ýarlarymyz

köpelibersin. Bizem Lukman Hekimden az ýaşamalyň, köp ýaşajak bolaýlyň. Iki esse artyk ýaşalyň!

— Aý, berekella, Han aga!

Han aga içensoň, käsedäki käşiriň sary şerbetini başyna çekip, dodaklaryny şapbyldatdy-da:

— Basym gowaçalarymyzy görmäge ýaryşdaşlarymyzam geljek — diýip, täzeligi habar berdi.

— Ýene şo üç respublikadan gelýär dälmi?

— Hawa.

— Aý, gelsinler bakaly. «Gelen döwlet». Ýoluň gyralaryndaky bitgin gowaçalarymyzy görkezeris-dä, daça getireris...

— Ýok, bu sapar başlygyň görkezjek ýerlerine aýlanman, özleri görjekmiş.

— Bäh... Olar kolhozyň ýol-ýodasyny, nirde gowaça ekenimizi näbilýämişler?..

Birinji nahar iýildi.

Garly Läle tarapa ýeke sapar seredipdi. — Onda-da gyzyň pyýala dek owadan gözlerine gözi düşenden, susty basylyp, ýere seretdi. Ol bir çetde, sürä täze goşulan tokly ýaly, çugutdyryp, ýygrylyp otyrdy.

— Garly, inim, sen oňly iýen zadyň bolmady-la. — Meýlis dillendi.

— Ýok, köp iýdim.

— Bar, onda, jigiňi kölde gaýyga mündür. Ýanyňyza Lälänem alyň.

Garlynyň ýüzi horazyň kekeji ýaly gyzardy.

— Sürüp bilýäňmi özüň?..

— Hawa-la. — Garly gowuşgynsyzlyk bilen Läläň ýüzüne seretjek boldy. Ol eýýäm Bibijan bilen sekiden düşüp ugrapdy.

— Meň ýekeje gyzymy gark edäýme! — Mylaýym degişme bilen ýylgyrdy.

— Eje, o sürüp bilmese, özüm sürýän-ä! — diýip, Läle merdemsi jogap gaýtardy. Han aga ýassykdan garysyna galdy.

— Aý, biziň gyz Harmandäli ýaly, öz başyny özi çarar. Erkek kişiň duran ýerinde o-da durar.

— Bi zamanda hakyň köýmez ýaly şeýle-de bolmaly. Läle jan hakyl edýä. — Toty Han agany goldady.

Ýaşlar gaýyga münende, ol iki-ýana gaýkyjaklady. Bibijan gorkup, inçejik sesi bilen:

— Waý eje, men-ä gorkýan! — diýdi.

— Gorkma, ynha şu ýerden ýapyşyp otur. — Läle oňa oturylýan tagtany görkezdi.

Suwuň üstünden jana şypaly serginje şemal öwüsýärdi. Bu ýeri behişt ýalydy. Läle Garlynyň uzyn boýuna, bugdaý reňk ýüzüne gelşik berýän gür gaşlaryna, garaz, bedeniniň ähli ýerine syn edip çykdy.

Gaýyga müňensoň, kürekçiniň çat maňlaýynda, hamana, hudožnige suratyny çekdirjek ýaly bolup oturmaly bolýarsyň. Küregi öňe iteklep yza çekjek bolanda Garlynyň kellesi Läläň has golaýyna egilýärdi. Şonda onuň alma ýaly ýylmanajyk ýaňagyndaky gara haljagazy, täze dogan aýa meňzeýän egremçe gaşlary, şo gaşlara ümzük atan uzyn-uzyn kirpikleri, umman ýaly gözleri has-da zyba görünýärdi. Onuň gara saçlaryndan melul ediji duhiniň ysy burnuna urup, ýaş kalbynda gozgalaň gopýardy. Bularyň ikisi-de bu ýerik näme maksat bilen getirlendiklerini bilseler-de, gürrüňi nämeden başlajakdyklaryny bilenokdylar. Läle gaýygyň gyrasyndan ýapyşyp, göm-gök suwa elini uzatdy. Tirsege golaý ýokary çekilen gök pombarhatyň nagyşly ýeňi özüniň gizläp saklaýan ak bileginiň ep-esli ýerini görmäge mümkinçilik berdi.

— Bu suwud ýylyjakdygyny! Ýaňy sagylan süýt ýaly.

Indi geplemek gezegi Garlynyňkydy. Emma ol näme diýjegini bilmän, ýöne ýylgyryp oňaýdy.

— Näme ýylgyrýaňyz? — diýip, Läläniň özi sowal berdi. Ol ýene-de näme bahana tapjagyny bilmedi.

— Siziň owadanlygyňyza — diýip goýberdi.

Bu öňküçe-de bolmady.

— Toba. Diýmek, owadan gyz görseňiz, şo ýylgyryp ýörsüňiz-dä? Şeýlemi?

Garly aljyrady. Kirpi ýalyjak ýygrylyp oturan Bibijanam haýsy geplese, şonuň ýüzüne tiňkesini dikýärdi. Garly jigisindenem çekinmän duranokdy. Şol sebäplem rusçalap jogap berdi.

— Şu wagta çenli-hä ýylgyrmandym. Şu gün ilkinji sapar...

— Sen näme rusça jogap berýäň?

— Jigimden çekinýän. Onuň bizi sataýmagy mümkin.

Läle şeýle bir güldi, Garlynyň damarlaryny üýtgeşik ýakymly zat yzarlap giden ýaly boldy.

— A... okazywaýetsýa, rýadom malenkaýa şpionka[1].

Läle Bibijanyň kellesini sypalady.

— Näme diýýäniz-ä?— diýip, Bibijan ikisiniňem ýüzüne gezekli-gezegine seretdi.

Bu sapar olaryň ikisi-de gülüşdi. Läle Garly kürek uranda, çignindäki togalak ýumrusynyň iki-baka loňkuldap süýşüşine täsin galyp syn etdi. «Güýçli bolmaga çemeli. Myratbegden-ä galmaz. Batyr bilen Ahmedi-hä bir kakanda ýatyrsa gerek».

— Siz uniwersitetiň bedenterbiýe fakultetini gutardyňyzmy?

— Hawa.

— Haçan?

— Öten ýyl.

— Aşgabatda-da «ýylgyrdýan» gyz tapmadyňyzmy?

— Aý, men-ä ýylgyrjak bolup gözlemedimem.

— Näme üçin?

— Bilemok... Onsoňam, okuw, trenirowka, ýaryş... Wagtam ýok.

— Belkem, olar sizi halan däldir?

— Olam mümkin.

Ýene-de dymyşlyk başlandy.

Asman göm-gök. Onuň her ýerräginde guratmaga serilen ak goýnuň ýüňi ýaly topbajyk bulutlar bar. Edil şo görnüş gök suwuň ýüzünde-de bolşy-bolşy ýaly görünýär. Bular özlerini iki asmanyň aralygynda ýüzüp ýören ýaly duýýardylar.

— Siz meduçilişäni gutardyňyzmy?

— Hawa... Siz ony kimden eşitdiňiz?

— Kakam aýtdy... Nämüçin medinstituta gireňzok?

Läle Garlynyň sowalyna jogap bermän, özi rusçalap sorag berdi.

— Siziň ýokary bilimlä öýlenesiňiz gelýärmi?

— Siz göwnüňize almaň. Ant içýän, men eýle pikirde soramadym.

— Meň pikirimçe, ras ýokary bilim aldyňmy? Yz ýanyndan kandidat bolmaly, soňra-da doktor. Ýeri, bäş ýyllap kelläňi agyrdyň, saçyňy agardyp, gutardyňmy, gutardym adyna galmak nämä gerek? Ynha, men-ä aýda ýüz manat alýan, bäş ýyllap gözüniň köpügini gyryp, institutyny gutaranlaram ýüz ýigrimi. Arasynyň ýigrimi manatlyk tapawudy bar. Gürrüň pulda däl-de, bu iki aralykda goýulýan sarpada. Sen, wiý, bagyşlaň «sen» diýäýipdirin.

— Gowy-da, indi tanyşdyk ahyryn, sen diýiber.

— Razymyň meň aýdýanlarym bilen?

— Ýüz prosent goşulýan.

Bu ikisiniň rusçalap gürleýişine Bibijan düşünmän, töwerek-daşyna, asmandan suwa özüni oklaýan ak çarlaklara seredip güýmenmäge başlady.

— «Gep pulda däl» diýip men ýaňam aýtdym. Hudaýa şükür, geýmäge, dakynmaga zatlarym iküç ömre ýetjek.

Garly onuň bu sözlerine baýlygyny duýdurmak üçin ýanjap aýdýarmy ýa-da başga sebäbe görä, garaz, düşünmän galdy.

— Ýadan bolsaň, küregi maňa beräý?

— Men seni ömürboýy elimiň aýasynda göterip gezdirmäge-de taýyn.

— Gör, munuň tapýan sözlerini? Başda-ha ýylgyran bolup, gepläbilmän oturdyň. Näm boldy, birden diliň açylaýdy-la?

— Şoňy sorama! Näme bolanyny özümem bilemok.

— Görýän welin, sen «Ýere bakandan ýer gorkar» diýilýäni öýdýän. Aňyrda başga näme basyrylgy häsiýetleriň bar?

— Mende gizlin zat ýok.

— Mende bardyr öýdýärmiň?

— Ä... gyzlar syr saklagyç bolýar diýýäler.

— Kim diýýä?

— Oglanlar.

— Häzirki zamanyň käbir oglanlary namardyň barypýatany bolupdyrlar. Olar gybatçy heleýlerdenem ötüripdirler. Biri bilen ikiçäk durup gepleşseň, ertesi gün hökman pylankes pylany bilen «söýşüpdir» diýip gep ýaýradýarlar. Biri bilen kino ýa tansa gidäýseň-ä — onda gutardy. Hökman bile ýatandyr öýdýärler. Ynha, häzir ikimiziň aramyzda näme boldy? Hiç zat, biri-birimize elimizem galtaşanok. Emma sen diýýän oglanlaryňdan biri göräýse, Hudaý saklasyn, gör, näme diýip jar eder. Bu ýerde iki ýol bar: birinjiden: ýa kino-tansa gitmeli. Mümkinçilik bolsa şun ýaly gaýykda gezelenç etmeli. Men aňrymda zat gizlämok. Hawa, dogry, birki oglan bilen kino-da gitdim, tansa-da. — (Garlynyň ýüregi penje bilen gysymlanan ýaly boldy). — Gepleşdik. Birek-birek bilen içgin tanyşdyk. Ol meniň, men onuň nähili adamdygyny tanadym. Soňam sulhumyz alyşmady. Biri-birimize «Hoş» diýdik. Wessalam. Onda-da, mende-de artyp-kemelen zat ýok.— (Ýürege urlan penje

ýazylmaga başlady). — Ikinji ýol: köneleriň ýodasy bilen oglan-gyzy, gyz-oglany görmän, gepleşmän: «Bolýa, galyňyňyzy getirip, toýuň sähedini belläberiň» diýmeli. Öz on iki süňňüňi mal bilen pula satyp, yzyndanam ýigidiň: «Men seni satyn aldym, gapyl-da otur» diýen hemleli gepini çekmeli. Çekmeseňem, aýrylyşyp, ataň öýne gaýdyp gelmeli. Olaram gyzynyň aýrylyşanyna öýkeläp, öýlerine goýbermese, öz günüňi özüň görmeli. Eliňde-de çagaň bolaýsa-ha, bar onsoň, sen o çagalar bilen haýsy gapydan baraňda-da ýüz tapjak gümanyň ýok. Hany, indi bulaň haýsy dogry?!

— Elbetde, birinjisi.

— Onda näme: «Pylanynyň gyzy, pylanyň ogly bilen öňem kino gatnap ýördi» diýip şyltak gürrüňe gulak gabardýalar?

— Aý, şeýle-dä. Her bir halkyň aň-düşünjesi, onuň ýeten derejesi, kada-kanuny bilen ölçelýär.

— Gybatçylaryň gürrüňi bilen halkyň kada-kanunyny gatyşdyrmasana! Biziň halkymyz bu görünýänleriň köpüsinden ir dörän halk ahyry. Sen näme, köne taryhdan başyň çykmaýamy? Häzirki halklaryň käbiriniň ady-sory ýokka-da, türkmenler ýüpek-parça geýip ýaşaýan halk ekeni. Bir kitapda Çingiz hanyň

murzesi şeý diýip ýazypdyr: «Ymgyr çölüň içinden barýarkaň, gum depesiniň aňyrsyndan duýdansyzlykda gara telpek geýnen, ýyndam atly ýigitler çykýar, ine, şolardan ägä bolmaly». Çingiz hanam öz nökerlerine şol ýigitlerden — türkmenlerden habardar bolmagyny tabşyrar ekeni. Jelaleddiniň baştutanlygynda biziň halkymyz Çingiz hany-da eýmendiren halkdyr.

Garly Läläniň gürrüňlerine gulak asyp, küreklemesini-de ýatdan çykardy. Läle köýneginiň etegini azajyk ýokary çekip:

— Getir, men birazajyk süreýin!=g. diýdi-de, Garlynyň gas-gaty çigninden ýapyşyp, onuň, ornuna owlak ýaly böküp geçdi.

## 15

Han Arkalyýew partiýanyň raýon komitetiniň üçünji sekretary Keýik Zamanowany, guramaçylyk bölüminiň müdiri Ýallakowy, partiýa guramasy hem-de partkomissiýanyň başlygyny kabinetine çagyrdy. Gara Mergenowyň üstünden gelen golsuz haty olaryň öňünde goýdy.

— Ýeri, muňa näme diýersiňiz?! — Han Arkalyýew

entek hatyň mazmuny bilen tanyşmadyk işgärleriniň ýüzüne seredip, öz-özi hüňürdedi. Onuň sesiniň äheňinde nägileligiň alamaty bardy.

— Seniň işgäriň üstünden.

Ol Keýik Zamanowanyň ýüzüne seredip, hata başyny atdy. Zamanowanyň öňki ak pamyk ýaly keşbine bugdaý reňki çaýylypdy. Onuň Gara denziň güneşiniň yzydygyny synçy adamlar soraman biljekdi.

— Hany, onda, Ýallakow, daşyňdan oka.

Ýallakow haty garbap aldy. Aşak süýşen äýnegini burnunyň, ýokarsyna galdyryň, çybyn sesi bilen okamaga başlady.

«— Kommunist, Gara Mergenow raýkompartiýada propaganda bölüminiň müdiri bolup işlese-de, obalarda dini-düşünjäni, könäniň zyýanly galyndylaryny paş etmegiň, berk ýazgarmagyň deregine, özi könäniň kerebine çolaşan adam. Biziň bilýän anyk maglumatlarymyz onuň şeýledigine şek-şübhesiz güwä geçýär. Ine-de, olar:

Gara Mergenowyň alty ýaşly ogluny sünnete ýatyrmagy nämäni aňladýar? Bu könäniň zyýanly galyndysy däl-de, eýsem näme?

Gara Mergenow gowaça otagynyň iň gyzgalanly döwründe «Ýeňiş» kolhozyna raýkomyň wekili bolup geldi. Ol daýhanlary TKP-niň hem-de TSSR-iň 60 ýyllyk şanly ýubileýiniň hormatyna guralan sosialistik ýaryşyň gerimini giňden ýaýbaňlandyrmagyň, şöhratly ýubileýiň hormatyna gowaçalardan «ak altynyň» bol hasylyny almaklyga, maldarçylygy ösdürmeklige ýardam bermeligiň deregine, oba adamlaryny din-adatyň ýoluna gönükdirmäge çalyşdy. Olara gol ýapdy, oraza, gurbanlyk, namaz okamak, töwir galdyrmak ýaly adatlara ynanýanlara goltgy berdi. Ol musulman dininiň tuguny baýdak edinip geteren, garyp halkyň süňňüni gemrip, ýiligini soran, gylyçlaryndan gan daman şalaryň, soltanlaryň (Olaryň işan-molla bolmaklary-da ähtimal. Bu hakda anyk maglumat ýok), metjit-minarasynyň mundan beýläk-de berkemegi, heran-haçan adamlara, (sowet ýaşlaryna) yslamyň ölmez-ýitmez baky tuguny ýatladyp durmakdan ötri golaýyndan zeýkeş gazdyrmaga gatnaşdy. Onuň ýanyndaky Minaraata öwlüýäsiniň içini bolsa arassalatdy, tertibe saldyrdy. Eýsem, şular goltuk jübüsinde Lenin suratly gyzyl biledi götärmäge, hakyky kommunist diýen belent ýady götermäge mynasyp hereketlermi? Elbetde, ýok! Sözümiziň gury bolmazlygy üçin, Gara Mergenowyň minaranyň

kölegesinde hudaýhon aksakgallar bilen hudaýýoluda oturan pursatyndaky suratyny-da iberýäris. (Bu surat Şükür işanyň agtygy Sopy aganyň aýdan janlysyny öldürip, haşar güni Minaraata öwlüýäsiniň başynda beren hudaýýolysynda düşürildi).

Sözümizi jemläp aýtsak, Gara Mergenow Beýik Leniniň döreden Kommunistik partiýasynyň hatarynda gezmäge mynasyp adam däl. Eger-de şu hatymyzdan degişli netije çykarmasaňyz, onda biz Moskwa, baş sekretar ýoldaş Çernenko ýüzlenjekdigimizi Size duýduryarys.

Haty ýazanlar: (iki nokat)

Dini urp-adatyň garşysyna

göreşýän oba aktiwistleri:

(ýazylan wagty) 20-nji awgust

1984-nji ýyl».

Ýallakow, äýnegini ýokary galdyryp, okap gutaran kagyzyny Han Arkalyýewe iki eli bilen uzatdy. Indi oturanlar Arkalyýewiň agzyndan çykjak gepe sabyrsyz garaşmaga başladylar. Han Arkalyýew ýene-de bir sapar suraty synlady. Hatyň ýany bilen goşulyp iberilen suratda Gara Mergenow aýbogdaşyny gurap, çaý içip otyrdy.

Ýanynda oturan Jumaguly aga ak sakgalyny owuşlap, oňa bir zatlary makullaýar, bir seretseň, aksakgal töwir galdyryp iki elini eňegine ýetiren ýaly-da bolup dur. Kellesine ak ýaglyk daňylan Goç minaranyň diwaryna seredip, gyşarylyp ýatyr. Aňyrdaky adamlaryň ýüzleri öçügsi düşüpdir. Megerem, surat uzagrakdan düşürilse-de, esasy obýektiwi Gara Mergeni nyşana alypdyr. Ol birhaýukdan:

— Tä-täk, tä-k, hymm... Ýeri, muňa näme diýersiňiz? — diýip, başdaky sowalyny gaýtalady. — Hatda ýazylanlar dogry bolsa... Tä-äk...

Pauza.

— Onda berk çäre görmeli bolarys. Soňundanam duýdurypdyrlar. Berk jeza bermesek, olar biziň aýagymyzdan ýokarlarada-da ýazarlar. Onda, tak, şeýle. Şu üçiňizden ybarat komissiýa düzýäs. — Ol Keýik Zamanowadan özgesiniň ýüzüne seredip, başyny atyp çykdy. — Faktlary birkemsiz barlaň. Getirjek maglumatyňyz çig çarsy, elmujy bolmasyn. Gepiň kelte ýeri, geljek býuro material taýýar bolsun.

Arkalyýew oturanlara siz boş diýen manyda başyny atdy. Çybyn sesli Ýallakow oturan oturgyjyny öňki ýerine süýşürensoň dillendi.

— Han Arkalyç, Mergenowyň öňem-ä käýinji bardy. Heniz onam aýramzok.

— Hymm... Biz häzir öňkiň gürrüňini edemzok, ýol-laş, Ýallakow! — Arkalyýew ýüzüni telefonlar tarapa sowdy-da, özüniň nägileligini bildirdi. Çybyn sesliň keýpi uçdy. Ol Arkalyýewi özünden nägile edip, kabinetden nähili çykyp gitsin? Onda Ýallakowa bu gije uky haram bolar. Onuň, nähili-de bolsa, süýji söz tapyp, Han aganyň göwnüni ýumşadyp gidesi geldi. Emma beýlekiler eýýäm ýerlerinden turup ugrapdy.

— Han Arkalyç, onda biz işe häzirden başlaberjek? — Ýallakow jyňňyl-jyňňyl seslendi.

— Häzirden başlaň, ertirden başlaň, ol öz işiňiz. Ýöne geljekki býuro material taýýar bolsun diýip men ýaňy aýtdym-a. Näme gepi çagaladyp dursuňyz?!

Mundan artyk geplemäge olaryň hiç biriniň bogny ysmady, Olar basymrak çykyp gidenlerini kem görmediler.

— Bor, bor, bor...

Şol gün raýkompartiýanyň ikinji sekretary Mansurow hem Ýallakowy ýanyna çagyryp, şeýle görkezme berdi.

— Şaguly Garlyýewiň dokumentlerini gyssagly

taýýarlap, oba gurluşyk ministrligine ibermeli. Birigün onuň ähli dokumenti şu stoluň üstünde taýýar bolsun.

Ýallakow Şagulyny kerpiç zawodyna direktor bellejek bolýandyklaryny bada-bat aňdy.

— Bor, ýoldaş Mansurow.

— Ýagşy, gidiberiň onda.

## 16

Okuwlary ýatyrylyp, pagta ýygmaga gelen studentler uly şowhun bilen wagonlardan düşdüler. Olar biri-birleriniň atlaryny tutup gygyrýardylar, eplenip ýygnalýan krowatlarynyň içine ýorgan-düşeklerini salan gyzlar, goşlaryny göterip bilmän, maşynlara tarap ýerden süýräp barýardy. Oglanlar ýetişip bildiklerinden ylgaşyp, gyzlaryň goşlaryny maşyna daşaýardy.

Orta boýly, ak saç adam studentlere haýsy maşynlara münmelidigini düşündirýärdi. Ol uniwersitetiň prorektory Gurdowdy. Onuň studentleri her ýyl «Ýeňiş» kolhozyna gelýärdi. Pirweli Penaýewiň Gurdow bilen arasy sazdy. Hatda ogly Bally medinstitutda okuwa girjek bolanda hem, Gurdowyň öýünde ýaşap, ekzamenlerini tabşyrypdy. Hut Penaýewiň özi ony Aşgabada

— Gurdowlaryň öýlerine eltip, dokumentlerini tabşyrýança, medinstitutyň dekanyny Gurdowlara myhmançylyga çagyryp, hezzet-hormat edipdi, olar: «Sen arkaýyn öýüňe gaýdyber» diýensoňlar, yzyna bilet alypdy.

Studentler «Ýeňiş» kolhozynyň onýyllyk mekdebiniň klaslarynda ýerleşdiler. (Mekdebem boşdy. Bu ýerde-de okuw ýatypdy.) Gurdowyň özi Pirweliniň öýünde, gyzy Jahanaý (Žanna) jorasy bilen Ballynyň bir otagynda ýaşamagy makul bildiler.

Her kursuň studenti bir klasy eýeledi. Eplenýän krowaty ýoklar, düşekçelerini pola düşelen at keçeleriniň üstünden ýazdylar. Bu günlükçe olara agşamlyk nahar bişirilmändi. Onuň üçinem, hurşy ýoklar oba magazinine eňdiler. Peçenýe, kolbasa, balyk konserwasy bilen çaý içip ýatmaly boldular.

Çaýçylyga bellenen studentiň sesi irden mekdebi ýaňlandyrdy.

— Turuň-ow, wagt boldy! Pagta çaý içmän gitseňiz menden däl.

Ol her klasyň gapysyny kakyp çaýa çagyrýardy. Otaglaryň içi-de, daşary-da garaňkydy. Süýji ukuda ýatanlaryň ýylyjak ýorgandan çykaslary gelenokdy.

Äpişgeleriň käbir gözleri döwükdi. Şonuň üçin, otagyň içinden buz öwüsýärdi.

— Sagat näçe bold-a? — Biriniň ukuly sesi eşidildi.

— Çyrany ýaksaňyzlaň!

— Tur-da, özüň ýakaý. Näme, seň satyn alan guluň bamy bi ýerde?

— Eý, myrryh, sen näme, ýerganat ýaly ýagtylykdan gorkýaňmy?

Koridorda bedräniň takyrdysy eşidildi. Bir gyz jakgyldap güldi.

— Eý, o gyzyň näme böwregi bökýär-ä?

— Şo gülýän gyzy şu wagt bäri çagyrsaňyz-la.

— Belkem, ýorganyňa getirip salarys.

— «Wah, dosjan, onda näsini aýdýaň» diýip öňde biri möňňüriberenmiş... Ha... h... uf». Wah, şu çyban çakan ýerlerimi bir gaşatsamdym. Özüniňem dyrnaklary ösgün bolaýbilsedir. — Samrap ýatan aýaklaryny gars-gars gaşady.

— Häý, seniň ýorganyňa girende-de, bar etdirjek işiň gaşatmakmy?

— Jan dosjan, endam-janym pers-ala bold-a meň.

Ýene iki gije ýatsam, meň-ä ganym gutarýa.

— Eý, turalyň-eý indi!

Kimdir biri eli bilen diwaryň ýüzuni sermäp başlady.

— Şu ýerde wklýuçatel bardy-la, içigar nirede bi?

Şyrkyldap çykan sesden soňra jaýyň içi ýagtyldy. Çyraň töwereginde üýşüp ýatan gandaladyr çybanlar, siňekdir kebelekler gymyldaşyp başladylar.

Günüň ilkinji şöhleleri minaranyň depesindäki daşlara salam berende, ýük maşyny studentleri pagta meýdanynyň gyrasyna geçirip düşürdi. Fartugyny dakynyp, atyzyň içine ilkinji giren studentiň dyzyndan aşagy, balagydyr köwşi öl-suw boldy. Agşam düşen çyglaryň entek başy bozulman, gowaça ýapraklarynyň, ak hanalaryň üstünde monjuk-monjuk bulduraşyp durdy. Eliň bilen kaksaň ýa-da hataryň arasy bilen ýöreseň, damjalar paýraşyp ýere dökülýär.

— Bu-uw, entek çygam sowulmandyr! — diýip, studentleriň biri gaýra tesdi.

Kimdir biri atyzyň gyrasyndaky ýandakdyr akbaşy kerzowoý ädigi bilen depip-goparyşdyryp bir ýerik üýşürdi. Pyzlap ýanan odun başyna üýşdüler. Olaryň iküç sanysy eýýäm pagta meýdanynyň ýanyndaky

gawun atyzlykdan fartuklaryny dolduryp terne getirmäge-de ýetişipdir. Güýz çigregi degip, suwy süýjen ternäň bal ýaly tagamy bardy. Olaryň erinlerine ýokaşan çigit gatyşykly şiräniň çyrşagy oduň ýagtysyna ýylpyldap gidýärdi.

Bu wagtlar Penaýew bilen Gurdow agşamky oturylyşykdan soňra giç ýatanlary üçin, ýaňy düşekleripden turupdylar. Olar pallaşyp-gerinşip, el-ýüzlerini ýuwdular. Ertirlik taýýarlanan klýonkanyň başyna geçdiler. Gurdowyň aşgazany agyryp, berhiz saklaýany üçin, Jümmi ala-garaňkyda fermadan täzeje saglan süýt bilen gaýmak getiripdi.

— Henizem kolhozçylar sygyr saklanoklarmy?— diýip, Gurdow tamdyr çöregi gaýmaga batyryp agzyna oklady.

— Köpüsi saklanok. Biri ot ýok diýip bahana edýär. Ýene birisi ýaltalykdan başyna baranok.

— Arada bir gazetde okadym. Afrikanyň bir ýurdundaky halk sygryň suýdi diýen zady bilmeýän ekeni. Häzir Ýewropadan şo ýerik sygyr eltip başlapdyrlar welin, süýdüni içenler allergiýa bolýar diýýä. Her hili zat bar. Bi, onsoň, kolhozçylaryňyz fermaňyzdanam süýt alanoklarmy? Süýt-gatyksyz nähili gün görýärler?

— Nädip aljak? Biziňem döwlete tabşyrmaly planymyz bar. Özümiz, eýdip-beýdip ölümiň öňünde dolýas.

— Ikarada çagajyklar kösenýär-dä!

— Hawa, aý, çaga diýýäni gawun-garpyz bilensm oňşuk ediberýä.

— Biziň Jahanaýymyz pagta gitdimikä?

— Hawa, öz kurslary bilen irden gitdiler. Biziň öý yşgoldan daşda däl-ä. Ynhajykka.

— Aý, gürrüň bolmasyn diýip, onam alyý gaýtdym. Ýogsam: «Wezipeli adamlar ogul-gyzlaryny pagta äkidenoklar» diýip, bazar gürrüňini edýäler.

— Dogry edipsiň. Hem-ä öz diliň uzyn bor. Jahan janam hor etmeris. Deň-duşlarynyň ýanynda güýmenip gezse bor, adyna ýazmaga pagta taparys.

— Häzir kolhoz raýonda näçinji ýerde?

— Bu ýyl yzrakda. Üçünji ýerde barýas. Pagtalar giç. Birki mertebe gaýtalap ekdik. Şu gün-erte Arkalyýewi görjek bolup ýörün. Biraz kömek edip durmasa boljak däl.

— Studentleriň-ä peýdasy bolasy ýok-la.

— Baý-buww... Olaryň berjek peýdasy ürküzen gurbagalaryňa degmeýä. Okuwdan goýup, bulary alyp gaýtmalam däl welin, indi düzgüne giripdir-dä! Öň pagtaň garasyny görmedik ors gyzjagazlaryň, Şagadam tarapdan gelenleriň dat gününe. O görgülüjikleriň ýygan pagtasy iýjek-içjeklerinem ödänok.

Han Arkalyýewiň kolhoza geljekdigini habar berdiler. Pirweli Penaýew oňa pagta meýdanynda garaşdy. Olar iki maşyn bolup geldiler. Arkalyewiň ýanynda oblastdan gelen wekil bardy. Beýleki maşynda raýispolkomyň başlygy Daşgulakowyň ýeke özüdi.

— Pagtalar açylyp ýetişenok, Han aga —diýip, Pirweli zeýrendi. — Ýogsam hasyl-a kän. Ynha, görüň, gozalar düzüm-düzüm, sallanyşyp otyr.

— Pirweli, bahana gözlemäňi bes et! Gürrüň gutardy. Baýrama çenli her etmeli-hesip etmeli plany dolmaly. Bu ýyl aýratyn ýyl — respublika altmyş ýaşaýar. Uly toý boljak. Ýedi ýaşdan ýetmiş ýaşana çenli pagta meýdanynda bolsun. Pagtany tä garaňky gatlyşýança ýygmaly.

— Wah, açylanjasyny kakyp alýas-la.

— Ýapraklaram-a göm-gök boluň otyr. Defoliasiýany çala geçipsiňiz.

— Hawa, şu karta çalarak bolupdyr.

Penaýew Han agany gürrüňe güýmäp, ýanyndaky adamlardan biraz daşlaşdyrdy. Soňra ýuwaşlyk bilen:

— Han aga, geçen ýyllar ýaly biraz kömek bermeseňiz bolmyýa! — diýdi. — Meýlise duýduryň, günde az-owlak emlemese ýagdaý gowy däl.

— Az-owlak bolanda, günde näçe ton?

— Aý, 60 — 70 ton... Pylan doldugy, beren pagtasyny yzyna gaýtararys.

— Eger gaýtaryp bilmeseň?..

— Onda näme, nyrhyny töläris.

— Agşam özüň ýanna baryp aýt. Menem duýduraryn. Anyk gepleşiň.

— Bolýa, Han aga. Sag boluň!

— Biz-z onda beýleki kolhoza geçjek.

— Weý, çaý-nahar iýip gidiň-dä!

— Ýok, bu gün däl. Ýanymdakyň nähili adamdygyny bilemok. Bulary tanamasaň, iýýäler-içýälerde, ýokary barybam, gybatyňy edýäler.

— Beren duzuňy depýäler diýsene.

— Hawa. Biz gitdik onda.

Olar çagyl düşelen ýoldan ýeňiljek tozan bilen şygyrdy turzup gitdiler.

17

Meýlis Bakyýew Penaýewi ugratmak üçin ýerinden turdy.

— Onda gepleşdik, Meýlis jan! Kilosy ýigrimi köpükden, günde ýetmiş tonnany berýäň. — Penaýew ýerinden turup, deňine gelen Bakyýewe elini uzatdy.— Şu ýyl ýüňsakgal etme. Gadyryňy bilerin.

— Bolýa diýdim-ä, Pirweli aga. Ýöne brigadirleriňe berk tabşyr. Muzzuny seň ýakandan tutaryn.

— Baý-bow, muzzunyň gürrüňini etmesene, inim. Şu wagta çenli nägile etmendig-ä.

— Ýyl-ýyldan kynalýa, Pirweli aga. Bizem kellämizi etegimize salyp edýäs şu işi.

— Wah, bilýän-le.

Bakyýew Penaýewi kabinetinden zawodyň howlusyna çykýança ugratdy. Daşary ala-zenzeledi. Tot-tozan gatyşykly pamyk übtükleri gamyş tozgasy ýaly howada

gaýmalaşyp ýördi. Yzlaryna teležka tirkelen traktorlar üsti pagta ganarlaryndan mas ýüklenen maşynlar ses-üýn alyşdyranokdy. Ýoldaşyňa gep düşündirjek bolsaň, gulagynyn ýanyna agzyňy eltip, gygyryp gürleşmelidi.

Penaýew öz maşynyna münüp göni kolhoza gaýtdy.

Agşam çekim gutarandan soňra, pagtaçylyk brigadirleriniň hemmesini kabinetine ýygnady. Onuň kabinetinde ýekeje üýtgän zat — olam Brežnewiň suratynyň ornunda indi Çernenkonyň portreti asylgydy.

Penaýew ýere bakyşyp oturan brigadirlere seredip çykdy. Olaryň hiçisiniň keýpi ýokdy. Sebäbi bir günki ösüşleri bir prosentden zordan geçýärdi.

— Ühük... Adamlar, sentýabryň aýagynda bir günde şeýle ösüş gazansak, biziň ýüzümizi hiç kim sypamaz. Utanç! Utanmaly, adamlar! Heleýleriňiziň gujagynda azrak ýatyň. Sizem, kolhozçylaryňyzam garadaňdandan pagtaň içinde gögermeli. Bilýäňizmi, şu ýylky ýylyň nähili ýyldygyny? Ýekejäňiz pylan dolmasaňyz... onsoň, menden gaty görmäň. Kommunistleriňiz-ä biletleriňizi yssolyň üstünde goýmaly borsuňyz, dälleriňizem gözüňizi gözenegiň aňyrsynda açdyryn. Şony etmesemem, Pirweli adymy itiň guýrugyna dakaryn.

— P... Pirweli aga, bi, öten ýylky ýaly, pagta açylýança,

zawuda ýüzlenäýseňiz... Karz-kowala geçmezmikäk?

— Karz-kowal diýsene... Näme zawudda meniň bajymyň äri işleýämi? Karz-kowal diýýär-ä! Hm... Karz-kowal!.. Nagt puluňy saňap alsaň, telpegiňi göge zyňarsyň.

— Äý, nagt bolsa, nagt bolar-da! Alaç ýok, bermeli bor-da.

— Onda şeýle: demiňiz içiňizde bolsun. Ine, şu ýerde on birgat bolup otyrsyňyz. Heriňize her günde pylanyňyzy dolýançaňyz, ýedi tonna pagta diläp bereýin. Bahasy şo öňki. Kilosy ýigrimi köpükden. Kolhozçylaryňyza özüňiz paýlaň.

Penaýew sag tarapyndaky adama ruçkasyny uzatdy.

— Senem, Tilkibaý, Şagulyň elinde kän işlediň. Nämeler edişdirmelidigine beletsiňiz-le. Başyňy atan bolma. Bilmeýän ýeriňi soramak aýp däl. Tykyrganýan ýeriň bolsa, Şaguly raýonda işlese-de, derýaň aňyrsynda ýaşanok. Agşamara öýlerine bar-da, soraşdyr, mazaly öwren. Biri gelip, sümsünip barlaýanda-da, sepiň bilinmesin.

— Bolýa, ýaşuly.

— Bolýa diýip, bizi aňňalak gapdyraýma! Tilkiligiňi

şu ýerde bildir hany, göreli bakaly.

Tilkibaý ýylgyrdy.

— Ýylgyran bolup, gyzyl dişleriňi lowurdatma, men garaçynymy aýdýan... Bolýa, gaýdyberiň onda.

## 18

Jahan bilen kursdaş jorasy Mira agşamara pagtadan gelip el-ýüzlerini ýuwup durkalar, Bally «Wolgasyny» sürüp işden geldi.

— Pagtaçy gyzlara şöhrat!

— «Hemme zadyň sakasy saglykdyr». Gippokratyň kasamyny içen Lukman Hekimiň nesline-de şöhrat! — diýip, Jahanaý bilen jorasy gülüşdiler.

Bally ýylgyryp gelşine, gyzlaryň ýanynda aýak çekdi.

— Mende bir teklip bar.

— Hany, aýt bakaly. «Mollaň diýenini et, edenini etme» diýipdirler.

— Eger-de raýonymyzyň iň gözel restoranynda agşam nahary iýilse, garşy bolmarmysyňyz?

— O-o, niştýak!.. Häzirki zamanyň öňde baryjy gyzlarynyň restoran serwizinden ýüz dönderýäni az-

azdyr. Gidýäňmi, Mira?

— Gözel göwnüň, Žanna jan. Gitdik diýseň, men taýýar.

— Ballyşka, o ýerde tansam barmy?

— O-o! Onda-da nähili?! Ýokary klas! Respublikan hem-de Bütinsoýüz festiwallarynyň laureatlary.

— O keý!.. Biz häzir geýinýäs.

Geýnip daş çykan gyzlary görmäge göz gerekdi. Olary gören Bally gözlerine ynanmady. Olar Puşkiniň zamanynda ballara gatnaýan perileri ýada salýardy. Jahanaýyň ýarym ýeň gara panbarhaty ak goşarynyň brilliant bilezigini, uzyn barmaklaryndaky ýüzüklerini, jowur ak, açyk boýnunyň üstünden gursagyna gaýdýan tylla zynjyrda lowurdaýan lagly-jowahyr daşy güjeňleýärdi.

Olar jykyr-jykyr gülşüp, maşyna mündüler.

— Kakaň näme ýollary asfaltlatmaýar? — diýip, Jahanaý sowal berdi.

— Kakam diňe pagtany bilýär. Başga zatlara kellesini agyrtmaýa. Bu ýerlerde pagta planyny dolmasaň, «agzyň bilen ak guş» alsaňam gepiň ýol almaýar.

— Restoran daşmy?

— Daşgalaň merkezinde. Alty kilometr. Gazy bir basdyk bardygymyz.

— Niştýak!.. Ballyşka, maşyny menem sürüp bilýän. Papaşam öten ýyl maňa «Žiguli» alyp berdi.

— Molodes! Aşgabada barsak gezdirersiňizmi?

— Gürrüňi barmy? Haçan barjak?

— Barmagyň problemasy ýok. Bäşinji gün samolýota bilet alýaň — elli minutda Aşgabada barýaň. Birinji günem ilkinji reýsde gaýtsaň, işe ýetişýäň.

— Kak horoşo! Seň Aşgabada işe geçesiň gelenokmy? Tem bolee, indi holostýak.

— Gelýä. Kimiň merkezde işläsi gelenok.

— Isleseň, men seni işe ýerleşdireýin. Mediň rektory — sen ony bilýäň-ä — bize köp gelýär. Mamama aýtsam gutardy. Prawilno, Mira?

— Da-a, zaprosta.

— Hon-ha, çyralary ýanyp-öçüp duran jaý biziň Daşgala raýonymyzyň «Metropoly». Adyna-da «Tüni derýa» diýýäler. Siz «Şasenem-Garyby» okansyňyz-a.

— Aşgabatda operasynam gördük.

— Bu ýerlerden öň Tüni derýa diýen derýa akypdyr.

Şasenem şeýle ariýa aýdýa: «Tüni derýa, senden eý-waý, Garyb-eý ötdümi?..»

— O-o-o! Brawo! Solist Bolşowo teatra.

Bally maşynyny boşluk meýdançada goýup, gyzlar bilen restorana ýöneldi. Gapynyň öňünde olara içerden çykyp gelýän Batyr bilen Ahmet pete-pet geldi. Salamlaşdylar.

— Nirä barýasyz? Ýörüň, restoranda oturaly. — Bally olara mürähet etdi. — Ynha, Aşgabatdan iki sany perizat gelipdir.

Batyr göz astyndan gyzlara seretdi. Jahanaýyň açyk ýakasyndan görünýän ak süýt ýaly bedeninde oýnaklaýan göwher gaşly medalýonyň gaşy restoranyň çyrasynyň yşygynamy ýa-da dolan aýyn ýagtysyna lowurdap, Batyryň gözlerini gamaşdyrdy.

— Bally, seniň zordugyňa öňem telpek goýýardym welin, indi-hä hasam göz ýetirdim. Garagumuň gyrasynda gezip, şeýle gözelleri tapyp bilýän bolsaň, sen-ä Ýuliý Sezardanam ötüripsiň... Sag boluň, restorana çagyranyňyza. Biz keselhana barýas. Atam syrkaw. Şoňa oduk-buduk bişirip aldyk— diýnp, Batyr Ahmet bilen ýoluny dowam etdi.

Restoranyň ikinji gatyna basganҫaklardan çykyp barýarkalar, gyzlar o ýigitleriň kimdigini Ballydan soradylar.

— O «Atam syrkaw» diýen ýigide Batyr diýýärler. Biziň raýkomymyzyň birinji sekretarynyň ogly. Ýanyndaky Ahmet, oň kakasam raýkomda işleýär.

Restoranda sazyň göçgünli owazy ýaňlanýar. Gyzlar onuň içini synlap, paýtagtdan alysdaky raýonda-da şeýle restoranyň bardygyna geň galdylar. Türkmen milli nagyşlary bilen bezelen diwarlarda tans edip, aýdym aýdýan oglan-gyzlaryň, gyjakdyr dutar çalyp oturanlaryň ullakan suratlary çekilipdir. Al öwüsýän ýüpek tutuly äpişgeleriň öňünde goýlan küýzelerde gyzyl güller açylyp otyr. Sahnada eli mikrofonly, egnindäki keteni köýnegi bedenine şaplaşyp duran göwüslek zenan Alla Pugaçýowanyň aýdymyny ýaňlandyrýar. Gapyda säginip duran Bally bilen iki gyzy gören äýnekli ofisiant gelin inçe bilinden aşagyny oýnakladyp, olaryň öňünden ýylgyrjaklap çykdy. Dessine boş stoly görkezdi. Daşyna ak pagtanyň hanasy çekilen ýalpyldawuk gyzyl reňkli menýuny öňlerinde goýup, eline galamdyr bloknotyny aldy.

— Ilki bilen-ä Fedorowyň operasiýa ediş çaltlygynda

iki çüýşe sowujak şampan. Onsoň, çişlik. Biz menýuny okap oturjak däl. Wagt tapsak, söýgi hakda romanslary okaýas. Özüň näme gowy zadyň bolsa gysganma-da getiriber — diýip, Bally gaýşarylyp gürledi.

— O Fedorow diýýäniňiz kim?

— Şo adamyň ýanyna barsaňyz, bir hepdede äýnegiňizi hapa oklanýan ýaşige zyňýaňyz.

— Nirede o adam, Aşgabatdamy?

— Siz ilki ýaňky aýdanlarymyzy getiriň. Oň ýanyna barmak üçin ilki bizden propuska almaly. Galanyny soň aýdaryn... Hany, aýagyňyzyň tizligini bir göreli.

Jahanaý bilen Mira ýylgyryşdylar. Ofisiant gyz gaz ylgaýşyny edip, bufede tarap eňdi. Jahanaý ortada tans edýän dört-bäş sany jübüt ýaşlary synlap oturyşyna:

— Niçewo sebe, prowinsiýa!.. — diýdi.

Jahanaýyňam, Miranyňam keýpleri göterildi. Ikinji çüýşe şampanyň ýarysy içilensoň, olaryň ýaňaklary nar ýaly gyzardy. Biri-birleriniň sözlerini «bagyşla» diýip, bölüp başlanlaryndan soňra, Bally oturyşmany aý yşygynda, ak çägäniň üstünde dowam etmegi teklip etdi. Gyzlar täze teklibi ikelläp goldadylar. Bally ýene-de iki çüýşe şampan, gök önüm hem-de çişligi kagyza

dolap bermegi äýnekli ofisiantkadan haýyş etdi.

Gum depeleriniň üsti jana ýakymlydy. Sowujak ürgün çägelikde ýatyp togalanasyň gelýär. Aýyň şuglasyna daş-töwerek gündizlik ýalydy. Älem-jahan bir zada diň salýana meňzeş. Dym-dyrslyk. Gyzlar köwüşlerini çykaryp, aý nuruna bäsleşýän owadan baldyrlaryny ak çägä sokup ses-üýnsüz göz gypyşýan ýyldyzlary synlaýardylar. Jahanaý, ylaýta-da häzir owadan görünýärdi. Ol Aýyň Garagumuň ak alaňynyň üstüne bölünip gçan bölegine meňzeýärdi. Ýok, ol ertekilerdäki asmanda ak kepderilere öwrülip, uçup ýören hüýr gyzlaryň melek-soltanydy. Ine, iki sany ak kepderi boz çägäniň depesine dynç almaga gonupdyrlar. Olaryň birisi has-da gözeldi, Ballynyň melul bolan göwnünde yşkyň bazaryna çykarylan bu perizady gola salmak meýli döredi. Ol han-soltanlaryň hazynasyndan berk saklanýan gyz ýüregiňiň, yşk galasynyň açaryny nireden, nähili, haýsy bahadan tapmalydygynyň pikirine çümüpdi.

— Men seniň näme üçin beýle seredýäniňi, hatda nämäniň pikirini edýäniňe çenli bilýän — diýip, Jahanaý dillendi. — Howlukma, arzuw etseň, yhlasa-myrat diýipdirler.

Bally birhili boldy. Ogurlykda tutulyp, üstüni aldyran adamyň aljyraňňy halyna düşdi.

— Gorkma. Bolýa, bir saparlykça aýtmaýyn — Jahanaý ýylgyranda, nurly Aýyň şuglasyna hünji dişleri agaryp göründi. Ol göreşde üstün çykan pälwanyň merdemsi hem buýsançly gepleýşi ýaly, öňki sözleriniň yzyny ýetirdi. — Biz geleli günümizden bäri Mira bilen seniň göwnüňdäki hyýallary okap ýörüs.

— Wä!.. Indi men-ä içimden pikirlenmäge-de gorkjak on ýaly bolsa.

Gyzlar jak-jak gülüşdiler.

Jahanaýyň goşawujyna alan ak çägesi gamyş barmaklarynyň arasyndan suw ýaly suwulyp akyp gitdi.

— Ballyşka, bahar aýy gumda güller açylýarmy?

— Wah, onda-da nähili açylýar! Baharda sazagyň gülleýşini bir görsediňiz! Akylyňyz haýran galar. Ak çägäniň üstünde biten sazaklaryň gabarasy al-elwan gülli zontigi ýatladýar. Gumda ösýän müň dürli ösümligiň reňbe-reň güller gözleriňi gamaşdyrýar. Olardan kükeýän atyr ysyny demiňe soraňda, huşuň başyňdan göçýä. Sährada guş bolup, ganat ýaýyp uçasyň gelýä.

— Sen-ä Garagumy ertekä dönderdiň.

— Erteki däl, hut bolşy şeýle. Henizem men bärden gaýdýan. Şahyr bolsaň, ýüzugra goşgy goşup, bagşy bolsaňam, zowladyp aýdyma gygyrybermeli.

— Onda öňümizdäki baharda ýörite görmäge geläýmeli-dä!

— Geliň, baş üstüne. Sähra güllerinden bogan çemeniňe dünýede taý tapylmaz.

— Sen sowgat berilýän gülüň hersiniň aýratyn manysynyň bardygyny bilýäňmi?

— Ýok.

— Bilmeseň, gulak as! — Jahanaý goşawujyndaky çägäni döküp, barmaklaryny ýeke-ýekeden bükmäge başlady. — Mysal üçin: Ak siren — «Men sizi baky söýerin» diýen manyny aňladýar.

— Bägül nämäni?

— Bägülmi? Onuň her reňki bir zady aňladýa. Gyzyl bägül — Söýgiňiziň çyndygyny subut ediň, ynandyryň; Ak bägül — Siz meniň ýüregimiň päkdigini bilýäňizmi? Landyş — Men saňa bir bakyşda aşyk boldum; Astra — Biz aýrylyşmaly bolarys; Gortenziýa — Meni unudyp bilermikäňiz? Jasmin — Men asuda maşgala durmuşy

üçin ýaradylan, Mira, ýene haýsy gül galdy?

— Ala melewşe gül — Biz dost bolup galarys. Menden muhabbete garaşma. Fialka — Söýginiň iň datlysy ýaşyryn — gizlin söýgi — diýip, Mira üstüni ýetirdi.

— Mahmal bägül — Duşuşýançak, men hakda ýagşy niýetde bol...

— Bä... Siz-ä güller boýunça spesialist ekeniňiz. Biz-ä sowgat bermäge ady gül bolsa bolýandyr öýdüp ýördük.

Mira:

— Men tost aýtjak— diýip, teklip girizdi.— Geliň, şuny her kim içinden ýaňky gülleriň haýsyny halaýan bolsa, şoňuň üçin içsin.

Bally: «Landyş — men saňa bir bakyşda aşyk boldum».

Jahanaý: «Gyzyl bägül — söýgüňiziň çyndygyny subut ediň ynandyryň».

Mira: «Ala-melewşe gül —Biz dost bolup galarys. Menden muhabbete garaşma».

Boýny şykyrdawuk kagyzly çüýşäniň ak dykysy gyrmyzy köpükden guýruk ýasanyp, Aýa baka atylyp gitdi...

## 19

...Han Arkalyýewiň howlusy. Üzüm dalbarynyň astyndaky sekide Gara Mergen, ýene-de dört-bäş adam gawun iýip otyr. Pirweli Penaýew olara gyjak çalyp berýär. Gyjagyň owazy inçeden gelen ýürege düşgünç eşidilýär. Nämüçindir, bu howluda Selbi-de gezip ýor. Howlynyň töründäki, öňki Arkaly aganyň ýaşan jaýynyň penjiresinden Han Arkalyýewiň ýalaňaç arkasy görünýär. Ol köýneksiz. Bir eli bilen aşak gaçýan balagyny ýokary çekip goýberýär. Özi-de iki-baka gezmeleýär. Megerem, oňa gyjagyň sesi ýaranok. Ol aýnany ýapjak bolýar. Birki sapar synanyşýar. Bolanok. Oturanlar Han Arkalyýewe gyjagys se* sinis ýaramaýanşy bilmeöň bolara çemeli. Ol bu sapar penjiräniň ýanyna gahar bilen batly ýöräp gelýär-de, onuň daş ýüzündäki goşa gapysyny gürpüldedip ýapýar. Birdenem Gara Mergen agzyna salan bir kerç gawunyny owurdynyň daşyndan tutup, «Ymm...» edýär. Gaşlaryny çytýar. Soňra eliniň aýasyna gopan azy dişini taşlaýar, Adam pahyr ölmeseň, her zat görjek, Onuň gopan dişinin daşyna çüýşe ýaly ak buz örtülipdir. Selbi adamsyna: «Dişiň düýbi bitin, diňe üsti gopupdyr» diýýär.

Gara Mergen «ymm...» edip, owurdyny tutup yňranýar...

Selbi adamsynyň sesine howpurgap oýandy. Gören düýşi ýadyna düşüp, özi eýmendi. Köýneginiň ýakasyny açyp, üç gezek içine tüýkürdi. Krowatda oýanman ýatan Gara Mergen bir zatlary samrap, başyny ýassyga oýkaýardy. Onuň ýanynda kiçi ogly Altyjyk çaga pişigi ýaly myrlap ýatyr. Selbi polotensany alyp, ýüzüni ýelpedi, çekgelerine bulaşan zülplerini sypalap, yzyna gaýtardy.

Jahan ýagtylypdy. Garry tuduň tallarynda serçeler jürküldeşse, jaýyň üstüne basyrylan şiferiň eteginde öý ýasan garlawaçlar pel-pelleşip uçýardy.

Selbi krowatyndan ýuwaşlyk bilen aýagyny sallap, geýim-gejim salynýan şifoneriniň ýanyna bardy, täze iç köýnegine elini ýetirdi. Onuň egnindäki keýnegi öl-myžžyk, endamyna ýelmeşip durdy. Bu-da ýatanda rahat ýatman, ejir çekene ogusýa.

Selbi gören düýşüni halamady.

«Howul bela, sowul bela» diýip, içini gepletdi. Adamsynyň başynda bir belanyň bardygyny aňsa-da, gören düýşi hakda kelam-agyz dil ýarman, çaý-suw berip, ony işe ugratdy.

Gün guşluk wagtlary Ýallakow üç adamy yzyna tirkäp, olara geldi. Selbi kir ýuwup ýördi. Altyjyk bolsa

hol gün kakasynyň getiren güjüjegi bilen oýnaýardy.

Ýallakow salam-helikden soň, hiç hili sypaýylyk edip durman, ogullaryny sünnet etdirendikleri barada, olaryň üstünden arza bardygyny, şony anyklamaga gelendiklerini aýtdy. Selbi:

— Hawa, men oba äkidip etdirdim. Garanyň mundan habary-da ýok — diýdi.

Ýallakow ýylgyrdy. Selbiniň gahary geldi.

— Nämä ýylgyrýaňyz? Siziň haýsyňyzyň ogluňyz sünnetsiz?

— Daýza, arza siziň üstüňizden...

— Men siziň daýzaňyz däl. Enem-atamyň «Selbi» diýip dakan ady bar. Hawa, onsoň, indi näme etsek diýýäňiz?

— Görsek bolany. Başga hiç zat.

— Hiý-wiý, nämesini görjeksiňiz? Men sünnetletdim diýip aýdyp durun ahyry.

— Ýok, onda-da biz gözümiz bilen görmeli.

— Toba-tagsyr, näme sünnetlenen çagany göreňzokmy? Sizde bir utanç-haýa bamy?

Ýallakow Selbiniň soňky diýenlerini gulagynyň

duşundan geçirip goýberdi-de, Altyjygyň ýanyna baryp, güjügine uzyn barmagyny uzatdy.

— Bi güjügiň ady näme?

Altyjyk bir-ä güjügine, birem Ýallakowyň ýüzüne seretdi. Ýallakow şo wagt onuň, trusysyny dyzyna çenli sypyryp ýoldaşlaryna:

— Gördüňizmi? — diýdi.

Altyjyk bu daýynyň bolşuna haýran galdy. Duranlardan utanyp, haýdan-haý balagyny ýokary çekdi-de, Ýallakowyň ýüzüne mönterilip seretdi.

— Görüp ynjalan bolsaňyz, çaga azar bermäň. Ýagşam bir kär tapypsyňyz! Saçyňyzyň agyndan utanyň!

— Saçymyzyň agy bilen işiňiz bolmasyn, daýza! Biz partiýanyň garşysyna gidip, diniň ýolundan ýöreýänler bilen göreşýäs.

— Wah, günüňize ýanaýyn! Partiýa indi başga işini gutaryp, çagalaryň jüllügini barlaň diýýämi? Bujagaz oýunlar özüňiziň tapýan pyrryldagyňyzdyr. Ediň bakaly, partiýa siziňem yzyňyzdan bahym ýeter.

Ýallakow sesini çykarman, howlukmaç gapa ýöneldi.

Altyjyk henizem olaryň bolşuna düşünmän, yzlaryndan haýran galyp seredip durşuna, balagyny

çekip goýberdi.

***

Raýkompartiýanyň býurosy Han Arkalyýewiň kabinetinde geçýärdi. Gapynyň öňündäki jaýda býuro garaşýanlaryň hal-ýagdaýynyň nähilidigini ýüzlerinden okabermelidi.

Kabul ediş jaýynyň «hojaýyny» özüm däldirin öýtmeýän erkek sseli aýal oturanlaryň ýüzlerine parhsyz garap, oňa-muňa güýmenen bolýardy. Telefon gelen çagty, käte ýeke agyzdan: «Býuro» diýip trubkany patladyp ýerinde goýýardy, käte-de: «Býuro gidýär, pylankes, sen näme bileňokmy? Ha-ha-ha» edip gülüp goýberýärdi, soňra üç-dört minutlap ýerliksiz sowallar bilen telefon edeniň ýüregine düşýärdi. Bu saparky telefon eden söwda işgäri bolarly. Erkek sesli aýal:

«Näme üýtgeşik zadyň bar?» diýip sorady. Elbetde, aňyrdakyň sesi eşidilmeýärdi, emma bärkiniň berýän sowallaryndan, onuň jogaplaryny aňmak mümkindi.

«Ýaryşçylar barsyny göterip giden däldir-ä?» (Diýmek, aňyrky «pylan zat bardy, onam düýn-öňňünki ýaryş barlamaga gelenlere berdik» diýen bolarly). «Özüňe goýanyňdan birini beräý. Aý, maňa razmeriniň tapawudy ýok. Hawa... Keýpimi? (Han aganyň keýpini

soraýar). Bi işde-de keýp goýarlarmy? Näme etjekdiň? Aý, onuň, ýaly bolsa işiň ahyrynda jaň edäý. Ä... bär-bärde gutarmaz. Mesele köp... Bolýa, gutaransoň özum saňa duýduraýaryn. Ýöne, ýaňkyny ýatdan çykaraýma. Ertir aýlanaryn».

Gara Mergenowy iň soňundan çagyrdylar.

Giren badyna salam berdi. Oturanlar Gara Mergeni ilkinji sapar görýän ýaly, onuň ýüzüne dikanlap seretdiler. Ol boş duran oturgyjy gördi. Şol ýerde baryp oturmalydy. Býuro çlenleriniň aňyrsynda oturan Han Arkalyýewiň turbadan çykan ýaly sesi kabineti doldurdy.

— Ýoldaş Mergenow, partbiletiňiz ýanyňyzdamy?

Onuň ýüreginiň üstünden gyzgyn ergin guýlup, daglap giden ýaly boldy-da, ýagyrnysyndan biri demir penjäni salyp, şatyrdadyp gysýana meňzedi. Ol agyry ýeňse damaryny hem aşak çekip başlady. Mergenowy şagga sowuk der basdy. «Bar» diýip ysgynsyz aýdanam bolsa, ondan ýa ses çykmady ýa-da gulaklary eşitmedi. Onsoň, sag elini çep gursagyna ýetirip, «Bar» manyda başyny atdy. Gulaklarynda reaktiw samolýotyň dagdan şaglap inýän şaglawugyň, gijelerine çyrlaýan mör-möjekleriň, ýala gelen gurtdyr şagallaryň, garaz,

dünýede bir ses bar bolsa barysy ýaňlanyp, beýnisiniň içini lerzana getirýärdi. Kimdir biri: «Otur» diýip boş oturgyjy görkezdi. Ol duman sebäpli iküç gije aeroportda ukyny haram eden ýolagçy ýaly, pamykdan ýasalana dönen aýaklaryny yraň-daraň bir-birinis öňüne atyp, boş oturgyja zordan özüni oklady. Şol berlen sowal onuň kellesinden çykmaýardy:

«Partbiletiňiz ýanyňyzdamy?.. Partbiletiňiz ýanyňyzdamy?..»

Mergenow býurolara öňem köp gatnaşypdy. Öz bölüminiň işlerinden hasabatam beripdi. Býuroda personal işlerine garalan adamlaryň «Partbiletiňiz ýanyňyzdamy?» diýlip soralanlary gyzyl biletlerini stoluň üstünde goýup gidipdiler. Käte o zeýilli adamlaryň käbirine «Býuro partbiletiňiz bilen gelmeli» diýlip hut öňünden tabşyrylýany-da bolýardy. Gara Mergeniň ýagyrnysy gurşup, ýeňse damary has beter dartyldy. Alýan demi kükreginde lowlap, içine ýalyn bolup çabyrady. Oňa howa ýetmän, gury ýerde çabalanýan balyk ýaly agzyny açdy. Kabinetiň içindäki iki sany ýapon kondisioneri işleýärmi-işlemeýärmi, ony-da duýanokdy, sesini-de eşidenokdy. Has dogrusy, onuň gulaklary gapylypdy. Öz gulagynya içindäki güwwüldiden başga ses eşidenokdy. Han

Arkalyýeweýem, Ýallakowam, beýleki býuro çlenleri-de ýöne agyzlaryny açyp-ýumup duran ýalydy. Kondisionerlerem salkyn howapyň deregine, tamdyryň howry ýaly gyzgyn howany üfleýärdi.

Çybyn sesli şilliň Ýallakow ilki bilen golsuz haty okady.

Onuň agzyndan çykýan sözler Gara Mergenowyň gulagyna bölek-büçek eşidilýärdi. Ol:

«Beýle bolmagy mümkin däl. Bi meniň düýşümdir. Ertir irden oýanaryn, hemme zat oňat bor» diýen karara geldi. Bu pikirine ynandygyça, ýagyrnysyndaky demir penje şatyrdadyp gysmasyny gowşadan ýaly boldy.

Şilliň adam Gara Mergenowyň personal işi üçin düzülen komissiýanyň köp adamlar bilen duşuşyp, olardan anyk maglumatlary alandyklaryny, golsuz arzada görkezilýän faktlaryň tassyklanandygyny aýtdy.

«Mysal üçin, Gara Mergenow öz ogly Altyny bäş ýarym ýaşynda sünnete ýatyrandygyny, raýon poliklinikasynyň baş wraçynyň gatnaşmagynda düzülen komissiýa doly tassyklap, ýazmaça akta gol çekdi. Ine, şu kagyz...»

Gara Mergenow ýuwdunjak boldy, emma dili äňine

ýelmeşipdi.

— Yh-mm... Gara Mergenow, sünnet meselesindäki günäni boýnuňa alýaňmy? — Han Arkalyýew göni onuň göreçlerine dikanlap, çiňerilip seretdi.

Gara Mergenow iki eli bilen stoluň gyrasyndan ýapyşdy. Sesi gyrlyp çykdy.

— Sünnet meselesi şeýle. Bahar aýy Aşgabada bir aýlyk okuwa gitdim. Şonda yzymda aýalym sünnetledipdir. Meň habarym ýok...

«Şu oturanlaryň haýsynyň ogly sünnetli dälkä? Näme üçin, bular ala-böle meň üstümden düşýärkäler? Şeýdip aýdaýsam näme diýerkäler?»

— Mergenow!

Ham Arkalyýew bu sapar ýoldaşam diýmän, gös-göni familiýasyny tutdy.

— Aýalym-beýleki diýip balyk sypjyklygyny etmede, göniňden gel. Hiç bir aýal ärinden birugsat, muň ýaly işe baş goşmaz. «Men okuwa giderin welin, yzymda sünnetlediber» diýip maslahaty bişiren adam diýerler size. Şeýle gerek?

— Barybir, siz meň sözüme ynanjak däl.

— Sebäbi sen hakykaty aýdaňok. Dogryňdan

geleňok. Emma fakt tassyk boldy. Temeni haltada gizläp bolmaýşy ýaly, müň buýtar-suýtar etseňizem fakty inkär edip bilmersiňiz. Onuň üçin günäni boýnuňyza alandan gowusy ýok...

Gara Mergenow göwresiniň agramyny aýaklarynyň üstüne gezekme-gezek atyp, ýüzlerini aşak salyp, maňlaýlaryny tutup oturanlara seretdi, olardan haraý gözledi. Emma olaryň hiçisi sesini çykarmady.

— Dowam ediber! — Han Arkalyýew şilliň adama — Ýallakowa kellesini kakyp goýberdi.

— Hawa, komissiýa çlenleri «Ýeňiş» kolhozynyň kolhozçylarynyň hem-de kolhozçy aýallarynyň köpüsi bilen gürrüňdeş boldy. Gara Mergenow dine uýýan adamlaryň din kerebine çolaşyp, şahslary belli bolmadyk, köne wagtda halkyň süňňüni gemren, ýülügini soran han-begleriň, şadyr soltanlaryň guburynyň üstünden galdyrylan ýadygärlikleri şordan-zeýden halas etmek maksady bilen, raýon hem kolhoz ýolbaşçylaryndan geňeşsiz zeýkeş gazylmagyna gözli şaýat bolsa-da, olara garşy çykmagyň, öwüt-ündew bilen olaryň bu nädogry hereketlerini ýazgarmagyň, olary saklamagyň deregine, gaýtam haşaryň ýowaryna özi-de gatnaşypdyr. Munyda tassyklaýan maglumatlary biz topladyk, ýoldaş

býuro çlenleri. Olaryň ýazmaça görkezmelerini siz okadyňyz, ýoldaşlar. Şonuň ýaly-da, bütin raýona däl, eýsem oblastymyza belli bolan öwlüýä — oňa halk içinde Minaraatanyň öwlüýäsi-de diýilýär. — Oňa sygnyp gelýänler üçin amatly şertler döretmek maksady bilen, Gara Mergenowyň dine uýýan aksakgallar bilen öwlüýäligiň hapa-haşal otlaryny arassalamaga, tertibe salmaga hut özi gatnaşýar. Ine, şonda, hut Gara Mergenowyň iki ýerinden — gulagyndan hem aşak gabagyndan ary-da çakypdyr. Bu hakdaky faktlar hem doly tassyk boldy.

Býuro çlenleriniň üçüsi çykyp gepledi. Olar Gara Mergenowy SSKP hataryndan çykarmaklygy teklip etdiler. Raýonyň komsomol komitetiniň birinji sekretary Suhanow, raýon harby komissary Bazarow ikisi minaranyň, mawzoleýleriň taryhy ýadygärliklerdigini, olaryň hökümet tarapyndan hem goralýandygyny delile getirip gürlediler. Han Arkalyýew olara göreçlerinin agyny köpeldip seretdi.

— Täk, bu näme boldugy? Diýmek, ikiňiz bu oturanlardan akylly bolduňyzmy? Bizonda bigünä adama nähak ýerden jeza berjek bolýarys-da, şeýlemi? Ýa-da ýüzleklik etjek bolýaňyzmy? Partiýa kommunistleri prinsipial bolmaklyga, her adamyň etmişine görä jeza

bermeliklige çagyrýar. Ýoldaş Suhanow, Bazarow, biz siziň ýüzgörüjiligiňiz, ikiýüzlüligiňiz barada hem oýlanmaly bolarys.

— Biz ikiýüzlulik edemzok. Hakykaty aýdýarys— diýip, döşi komsomol nyşanly ýigit gyzaryp jogap berdi.

— Kimiň hakykaty aýdýandygyny soň görübiris. Häzir býuro Gara Mergenowyň personal işine seredýär. Siz býuronyň garaýan meselesini başga tarapa sowjak bolmaň-da, Mergenowa näme çäre görmelidigini konkret aýdyň. Hany, Suhanow, siziň teklibiňiz näme?

— Berk käýinç yglan etmeli.

— Berk käýinç diýýän bolsaňyz, diýmek, günäsi bar eken-dä? Öz-özüňize garşy gidýäňiz!.. Siz Bazarow?

— Menem berk käýinç bermeli diýýän.

Han Arkalyýew azajyk salym pikire batdy: «Býuro çlenleriniň arasyndaky bu ikisiniň öňem-ä obýektiw kişi boljak bolýandyklaryny aňýadym. Ýöne Han Arkalynyň garşysyna gidip enteg-ä gönençlik tapan ýokdur. «Ajaly ýeten tilki hinine bakyp uwlarmyşyn». Siziňkem şol bolaýmasa! Men siziň heriňiziň terjimehalyňyzdaky tegmil ýerleri bilip, işe alýan ahyry. Maňa tarap başyňyzy galdyran halatyňyz, terjimehalyňyzyň şo ýerini býuro

çlenlerine äşgär ederin welin, kabinetden ýa partbiletsiz çykarsyňyz ýa-da «ýaglyja» käýinji ýagyrnyňyza doňduryp, işiňizdenem küşdiňizi berler. Heý-de, siziň meň bilen döwüňiz deň gelermi? Janyňyz çyksa-da gelmez! Suhanow düýnki serçejik. Burnuň sumügini ýeňine çalyp, kirşenli ýolda balaksyz oýnap ýöreniň düýn dälmidi? «Öwez doganyň türmede ýatanyny partiýa girjek bolanyňda näme üçin ýazmadyň?» diýip ýakaňdan şatyrdadyp tutaryn welin, ejeň adyny tapman, nädersiň, möňňüriberseň. Sen, sen, Bazarow! Pormyň gursun. Sen-ä ystolyňdan ýarym günde taýdyryp bolýa. Göwnüňe ýetseler, birdir ýarym oglany harby gullukdan alyp galýamyşyň diýen habar gulagyma ilýär. Birini-hä bilýänem. Şiralynyň (ýatan ýeri ýagty bolsun) ogly. Islesem, ýene taparyn... Onsoň, siziň gitjek ýeriňiz barmy? Aljak galaňyz näme? Köplük bir ýana— siz bir ýana. Köplük meň bilen. Meň tarapymda. Siz näme arkan gaýyşýaňyz? Özüňiziň kimdigiňizi tanadasyňyz gelýärmi? Äý, eýýäm tanatdynyz-la! Besdir, şo...»

— Täk... Täk... Düşnükli. Býuro çlenleriniň arasynda iki teklip ýüze çykdy. Biri Gara Mergenowy SSKP-niň hataryndan çykarmaly, beýlekisi berk käýinç bermeli diýen teklip. Kim Mergenowy SSKP-niň hataryndan çykarmaga ses bärýän bolsa elini galdyrsyn.

Han Arkalyýew ilki öz semiz aýaly elini galdyrdy. Onuň elini göz astyndan synlap, ýene alty adam şobada goluny göterdi.

— Diýmek, köpçülik Gara Mergenowy SSKP-niň hataryndan çykarmaklyga ses berdi. Mergenow, partiýa biledińizi stolun üstünde goýuň! Ol indi siziňki däl. Eger-de raýkompartiýanyň býurosynyň karary bilen ylalaşmasaňyz, onda obkompartiýa apelýasiýa berip bilersiňiz.

Kabinetiň içinde gyzlymtyl-sary uçgunlar peýda boldy. Oturgyçlarda oturanlar Mergenowyň töwereginden aýlanmaga başlady. Birdenkä-de otagyň içini tüm-garaňkylyk gaplady. Gara Mergenowyň gözleri hiç zady saýgarmady. Gara ýer hopan ýaly, oturan oturgyjy bilen aşaklygyna bir ýerlerik süýşüp barýardy...

Ol gözlerini keselhanada açdy. Ak potologyň dörtburç bölünen ýerlerini ýuwaş-ýuwaşdan saýgarmaga başlady. Onuň ýadyna hiç zat düşenokdy. Bir zatlary ýatlajak boldy. Oňa çenli ak ýaglygyň aşagyndan altyn sary saçlary çogup duran rus aýalynyň keşbine gözi düşdi. Onuň:

— Siz gozganmaly däl. Şu ýatyşyňyza ýatyň — diýen

sesini alysdan eşiden ýaly boldy.

Onuň ýadyna derrew býuro düşdi.

Ol ýüregine bir zat bolanyny şobada aňdy. Ýuwdundy.

— Özüňizem, gaýrat ediň-de, geplemejek boluň! Onsoňam, hiç zadyň pikirini etmäň.

Gara Mergenow gözlerini ahmyrly ýumup, uludan demini aldy...

## 20

Han Arkalyýew kabinetine gelip oturan badyna, erkek sesli aýal içeri girip: «Täze howa girsin» diýip açyp goýan äpişgelerini ýapyşdyrdy. Yzyndanam hemişeki endigi boýunça gök çaý getirdi.

— Gaýtarandyryn, Han Arkalyç.

Han Arkalyýew «sag boluň» manyda başyny atdy. Gyzyl gülli käsesine çaý guýdy. Çäýnegiň jürünniginden boýçy gaçyp, käsäň içinde bir gezek aýlandy-da, ortasynda dim-dik durdy. Stolunyň üstündäki çyrajyk ýandy. «Diýmek, kimem bolsa ýokardan telefon edilýär».

— Alo!

— Han Arkalyç!

— Ä... Salam, Omar Soltanowiç! Nähili saglyk? Öý-içerleriňiz?

— Hemmesi ganymat. Han Arkalyç, bu nä boluş-how? Swodka seredýäňmi? Düýn ösüşiň öňňinkiden yza gaýdypdyr-la. Ozalam-a ugruňyz ýok.

— Düýn biraz ýagyn ýagdy. Şo päsgel berdi, Omar Soltanowiç.

— Mundan beýläk, bir gün ýagyş ýagar, ýene bir gün görlähet, bahana tapylar. Hany, tijen, tijen! Oblastyň aýagyndan aslyşýaň. Bu ýylyň nähili ýyldygyny-ha özüň bilýäň. Bütin respublika toý etjek. Toýa iki eliňi burnuňa sokup barjakmy? Sen-ä döşüňe ýyldyz dakalyň bäri işiňi gowşadaýdyň öýdýän.

— Ýo-ýo-k, ýok...

— Hany, ýok bolsa, gudratyňy görkez. Şu gün prosentiň bir ýarymdan az bolmasyn.

— Synanyşaly, Omar Soltanowiç!

— Maňa synanyşanyň gerek däl, netije gerek. Ýogsa-da, bi Gara Mergen diýen adamyň kim-aý? Apelýasiýa beripdir-le. Näme dawasyz bar?

— Aý, bizde her jüre adam bardyr. Gözenegiň

aňyrsyna dykmadygymyza şükür etmeli welin, o siziňem başyňyzy agyrdýamy? Raýona-ha ýarym ýyl iş boldy. Gepiň gysgasy, özi-hä, bizde propaganda bölüminiň müdiri. Üstesine-de ogluny sünnetledipdir. Gör, muň edýän işini. Biz mollasumaklary, dindarlary öwlüýäden kowup çykarybilemzok welin, a bi nädýä diýseňiz-le? Hakyt wekil edip iberen kolhozymyzdaky öwlüýäligiň içini arassaladýa kolhozçylara. Biz bolsa pagtaň haşal otuny arassalap ýetişibilemzok. Näme, ol öwlüýälik seýil bagymy diýsene! Raýonyň parkynda-ha ýowar geçireliň diýenok. Ine, onuň edip ýören işleri... Aý, oň özi, Omar Soltanowiç, partiýa haýyr getirjek adam däl-le. Biz öz kadrymyzy gowy tanaýas, şoň üçin wagtyňyzy ýitirip, kelläňizi agyrdyp ýörmeseňizläň.

— Şeýle diýsene... Ýagşy onda, häzirlikçe pagtaňa gaýrat et.

— Täk, täk...

Han Arkalyýew stolunyň erňegindäki knopkany basdy. Erkek sesli aýal şol bada bosaganyň iç ýüzünde peýda boldy.

— Kolhoz başlyklarynyň ählijesi bilen häziriň özünde meni gepleşdir. Edil şu mintde-de Meýlis Bakyýewi ýanyma çagyr. Igenji diňe meniň ýeke özüm çekmeli

däl. Bularyňam eýmejini ýetireýin.

Erkek sesli aýal gelşi ýaly-da gaýyp boldy. Arkalyýew käsesindäki sowan çaýyny döküp, täzeden guýdy. Ony içip gutarmanka, Meýlis Bakyýew salam berip içerik girdi.

— Ýaşuly, ýüzüňizden gar ýagýa-la. Hany, açylybrak otursaňyzlaň.

— Ýagmaz ýalymy? Ýaňy obkomdan jaň edip igeläbildiler. Biz oblasty yza çekýäs, oblast respublikany... Ä, senden näçe kolhoz pagta satyn alýa?

— Häzir-ä bäş... Ynha-da, siziň paýyňyz. Iki ýüz müň. — Meýlis Bakyýew papkasyndan kagyza oralgy «paýy» çykaryp, Arkalyýewiň öňüne süýşürdi.— Men şuň üçin çagyrýarmykaňyz diýip alyp gaýdyberdim.

— Beýleki ýedi kolhoz näme üçin alanok?

— Men näbileýin! Ony siz bilmeli. Ýa pullaryny gysganýandyr, ýa-da siz gyssaýan dälsiňiz.

— Täk, men şolaryň şu gün derisini duzlaryn. Sen iş üstünde bol, ýanyňa ýalbaryp bararlar. Ýöne oglanlaryňa berk tabşyr. Dokument işlerine jür bolsunlar. Kolhoza satýanyňyzyň gündelik hasabyny ýörediň. Öten ýylkydan galan bergileriň-ä düýnki ýangyn bilen üsti

ýapylandyr?

— Hawa-la. Geçen ýylkymyz «şoň bilen» tep-tekiz boldy.

Stoluň üstündäki çyrajyk ýandy.

— Alo! Ä... Täk... Senmi? Gurgunmyň?.. Sen maňa gepiňi köpeltme-de, pagtaňdan habar ber! Haçan prosentiň ýokary galjak? Näçe garaşmaly? Haçan açyljakmyş o pagtaň? Näme, saňa Hudaýdan telefon etdilermi?.. Sen, näme diýsene. Garpyz ýaly togalanyp, nokgy-nokgy ýaňramaňy bes et! Men senden pagta talap edýän... Hawa, howaňam bilemok, ýene bir zadyňam. Nireden tapsaň şondan tap. Näme, «Ýeňiş» pagtany ýerden gazyp alýamy? Ýa oňa asmandan Hudaý oklaýamy? Näme diýsene, ikimiz şeýle gepleşeli: ýa şu günden şeýlek ikiden ösersiň, ýa-da indiki býuro partbiletiň bilen bile gel. Gürrüň gutardy, men galan zadyňy bilemok. Dawaý, wsýo!

Han Arkalyýew haşlap trubkany goýdy. Elýaglygyny çykaryp, çygjaran maňlaýyny süpürdi.

— Haramzada, ýal ýagylary! «Oktýabryň» kelte başlygy jaň edýä — diýip, Han aga haşlady. — Bolýa, sen gaýdyber, Meýlis. Häzir beýleki başlyklara-da diýjegimi diýip, içimi sowadaýyn.

Meýlis Bakyýew gapydan çykansoň, Arkalyýew kagyza dolangy pullary alyp seýfiniň ýanyna bardy. Aşaky gözüniň demir gapysy saldam bilen açyldy. Onuň içi elindäkä meňzeş kagyza oralgy «harytlardan» — paçka-paçka gyzyl onluklardan, ýigrimi- bäşlikdir elliliklerden doludy.

«Gökjä bir halta getirdip, munuň içini boşadaýyn...»

Ol seýfiniň açaryny şakyrdadyp, iki sapar towlap ýapdy. Samolýotyň salonyndaky ýaly arkaýaplangyjy beýik, dört töweregine pyrlanýan ýumşak oturgyjyna agyr göwresini taşlady. Seýfdäki pullaryň ilkinji gözbaşy — gönezligi ýadyna düşdi, Ol baryp-ha ýigrimi ýyl mundan ozal bolupdy. Ondan bäri seýfiň içi näçe sapar puldan doldy, näçe sapar Gökje kagyz haltany hyryndykyn dolduryp Mylaýyma eltip berdi...

Raýkomyň birinji sekretary bolup işleýän ilkinji aýlarydy. Günleriň birinde, işiň ahyrynda Pirweli Penaýew kabinete geldi. Ikisi öňem tanyşdylar. Ýöne, beýle içgin däldi. Täze sekretar ony oňat garşylady. Hal-ýagdaýlaryny sorady. «Ýeňşiň» pagtasy öňde. Sekretaryň başlykdan nägile ýeri ýok. Ikisi-de biri-birinden razy. Pirweli ondan-mundan gürrüň edip, turar ýerde turmady. Raýkomyň ähli işgärleri bireýýäm

öýlerine gaýdypdy. Täze sekretaryň hem bu gün öýlerine irräk barasy gelýärdi. Emma, gelen başlyga: «Iş wagty gutardy, tur, men öýe gaýtjak» diýip bolýarmy? Han Arkalyýew öýlerine jaň etdi. Özüniň işde biraz eglenjegini, başlyklaryň biriniň gelenini duýdurdy. Aýaly nägile boldy öýdýän. Han Arkalyýew Pirwelä duýdurmajak bolup, ýasama ýylgyrdy. Telefonly gürrüň ýüregiňe düwüp gelen zadyňy aýtmaga Pirwelä oňat bahana boldy.

— Han aga...

— Maňa entek «aga» diýerden ir dälmi?

— Wah, ir-le. Ýöne wezipäň uly bolansoň diýäýýäsdä! Siz täze öýlenen adam. Indi hojalyk guramaly. Şonuň üçinem, göwnüňize hiç zat getirmäň. Men-ä geIenimize şujagaz sowgady getiräýdim.

Pirweli Penaýew dagy goňur mahmal gutujygy açyp, Arkalyýewiň öňünde goýdy. Gutynyň içinde göwher gaşly brilliant ýüzük bilen gulakhalka bardy.

— Bip... Bi näçe manat? — Arkalyýew çalaja sakawlap sorady.

— Biziň üçin gymmat däl. Gelniňiz üçin-ä, ylaýta-da şu gün şundan mynasyp sowgat tapmarsynyz.

«Şu gün şundan mynasyp sowgat tapmarsyňyz». Diýmek, Pirweli bu gün Mylaýymyň doglan günüdigini bilýär. Nireden bildikä? Dogrudanam, muny Mylaýyma eltip beräýsem, begenjinden iki bolup bilmez. Onuň ýatsa-tursa arzuwy, düýşünde görüp ýören zady şudy ahyry ýa-da bi onam bilýärmikä?»

Arkalyýew aýalynyň doglan gününi Pirweliniň nireden bilýändigini sorady.

— Weý, ondan aňsat zat barmy. Pasport bölüminde raýonda ýaşaýanlaryň ählisiniň doglan ýylam, günem ýazylgy. Me, bu-da bäş müň, çaý pulyň bolsun. Häli-şindi oblasta, Aşgabada ýygnaga gidýäňiz. Deň-duşlaryň elini jübüsine sokanda, sizem kem galmaň.

Han Arkalyýew öňki sowgady köp görüp, aljagyny-almajagyny bilmän otyrdy.

«Belki, bu meni synap görýändir. Bu zatlary goýup gidip, KGB-ä tutdurjak bolýan bolaýmasyn...»

— Munça-da sowgat bolarmy?

— Han... Men saňa pynhan öwüt bereýin. Ras aldym adyna galdyňmy — alan şekilli algyn.

— Eger almasam.

— Almasaň, özüň hor borsuň. Maşgalaň hor bor.

Özüň ýaly adamlaryň haýsy biri hökümetiň berýän aýlygy bilen gün görýändir öýdýäň? Hany, oňatja oýlan.

— Eger men seni häzir... — Arkalyýew Pirweliniň çyny bilen ýürekden aýdýanyny bilmekçi bolýan ýaly, göreçlerine seretdi. — Häzir milisiýanyň öňüne salyp goýbersem nädersiň?

— Ehk onda... onda ikimizem günäkär bolarys...

— O nähili? Bi ýerde meň näme günäm bar? Para getiren sen.

— Çaga bolma, Han! Eger şeýle samsyklyk etseň utularsyň. Men o tarapynam oýlandym. Ýaňy işe başlap, agzyň aşa ýetdi. Ikimizem diňe bir oblastda däl, bütin respublikada gep-gürrüň bolarys.

— Para getiren sen. — Arkalyýew ýene gaýtalady. Bi ýerde meniň näme günem bar?

— Hk, ahyry aýtdyrjag-ow sen. Eger şeýtseň, ikimizem deňşärik günäkär.

— Hany, sebäbini aýt.

— Sebäbini aýtsam, men bu ýerik gaýtmazymdan öň seýfimde bir hatjagaz goýup gaýtdym. Oňa-da şeýle ýazdym: «Şu gün 30 sentýabrda raýkomymyzyň täze sekretarynyň aýalynyn doglan güni. Ol maňa şu zatlary

getir» diýdi. Ine, milise çagyryň, men şeýle diýerin. «Ynanmasaňyz, ýörüň seýfi açaýyn, okap göreýin». Ol ikisi biri-biriniň ýüzüne seredip esli oturdylar.

— Ýeser adam ekeniň-ow! — diýip, Arkalyýew çalaja ýylgyrdy. — Onda, Mylaýymyň doglan gününi bile belläliň. Me, sowgadyňy özüň gowşur. Puly bolsa, özüň öz eliň bilen stoluň çekmesine sal.

Arkalyýew stolunyň ýokarky çekmesini açdy. Pirweli puly penjeläp çekme oklap durşuna:

— Täze sekretarymyzyň towşan ýürek adamdygyny bilmändirin — diýdi.

— Pirweli, entek men sizi tanamok. Ätiýajy elden bermeli däl...

Stoluň üstündeki çyra ýylp edip ýandy. Arkalyýew tisginip gitdi. Ýigrimi ýyl mundan ozal bolan wakadan indi gorkup ýörşüne öz-özüne käýindi. Trubkany galdyrdy.

— Alo! Ä... senmi? Hany, soň salamlaşarys. Maňa salamdan öňürti pagta gerek, pagta... — diýip, ýolbars ýaly arlap başlady.

## 21

Obkomyň partiýa komissiýasynyň başlygy, kelte boýly, saçy timar bilen ýeňsesine daralan ýigit Gara Mergenowy hoşamaý garşylapdy.

«Elimizden gelenini ederis. Meseläni obektiw çözeris. Siz hiç zady gaýgy etmäň. Hemme zadyň änigine-şänigine ilik-düwme ýeteris».

Ol ýerinden turup, äpişgesiniň öňünde duran çäýneginden bir käse çaý guýup, Gara Mergenowa hödürläpdi. Onuň öňünde Gara Mergenowyňky ýaly papkalaryň ençemesi biri-biriniň üstünde durdy.

Men siziň deloňyzy okap çykdym. Gaty agyr jeza beripdirler, Gara Mergenowiç. — Ol haýpygelijilik bilen aşaky dodagyny dişledi. — Käte şeýle-de bolaýýar. Bigünä adama nähak jeza berilýä. Bizem elimizden geldigiçe düzedýäsem. Öňräk «Dostluk» raýonyndan bir mugallyma berk käýinç yglan edipdirler. Bize apelýasiýa berdi. Obkomyň býurosynda, ine, şonuň berk käýinjini duýduryşa getirdik. Görýäňizmi, nähili bolýar? Garaz, bizem elimizden geldigiçe işleýäs, kömek edýäs. Raýkomlara obýektiw seretmeli, prinsipial bolmaly diýip berk duýduryas. Ýöne, näme, kollektiw üýtgeýär, şeýdibem ýalňyşlyklar gaýtalanyp dur. Häzir men size

ýüz prosent boýun bolubiljek däl. Ýöne, hakykatyň hatyrasy üçin, hökman kömek etjek bolaryn.

Gara Morgenow göwresinde ýeňillik duýdy.

— Gaýrat ediň. Maňa obýektiw çözseňiz bolýa.

— Hökman, hökman. Onuň gürrüňi bolmaz. Onda siz gaýdyberiň, geljek hepdede maňa telefon ediň.

— Bolýa, sagja boluň. Hoş.

Omar Soltanowiç partkomissiýanyň başlygy Janaýewi ýanyna çagyrdy. Oturmaga oturgyç hem hödürlemän, elindäki kagyzy uzatdy-da:

— Men bu adam hakda Han Arkalyçdanam sorap gördüm. Umuman, raýkomyň býurosynyň kararyny öňki güýjünde galdyrýarys. Ýagşy, gidiber indi.

Hatyň mazmunyna göz gezdiren ýaş ýigýt bir zat diýmäge çemeleşende, Omar Soltanowiç onuň diýjek bolýan pikirini aňyp, şol bada jogap berdi.

— Bi kagyzdaky petisiýanam aksakgallaryň adyndan özi gurandyr. Näme, garrylaryň indi şol adamdan başga işi ýokdur öýdýäňmi? Ol her zada ukyplymyş. Basym gahryman eneleriň adyndan hat getirse-de geň görmeli däl.

Ýaş ýigit mundan soň Omar Soltanowiçiň öz

sözünden dänmejegini bilip, nägileligini duýdurmasa-da, dodagynyň içini dişläp kabinetden çykdy.

Ol öz kabinetine gelip haty ýene-de okamaga başlady.

Obkompartiýanyň hormatly býuro çlenleri!

Partkomissiýanyň hormatly çlenleri!

Biz «Ýeňiş» kolhozynyň aksakgallary bolup, sizden towakga edýäris! Biziň köpimiz basmaçylara garşy göreşip, kyn günlerde kolhoz gurmaga gatnaşdyk. Birnäçämiz Beýik Watançylyk urşunda faşistIer bilen göreşdik.

Biziň sizden etjek haýyşymyz öz obadaşymyz Gara Mergenow hakynda. Ony bizden oňat tanaýan adam ýok. Gara biziň gözümiziň öňünde ösen adam. Onuň hakasy merhum Mergen bilenem egin-egne berip işleşdik. Gara işjanly adam. Ol biziň «Ýeňiş» kolhozymyzda brigadir. Hemme ýyl pagta planyny doldy. Uniwersiteti gaýybana gutaransoň, mugallym, soňra raýon gazetiniň redaktory bolup işledi. Raýkomyň apparatyida işläp başlanyna bir ýylam bolanok. Emma biderek bahana tapyp, ony partiýa hataryndan çykardylar. Biz muňa düýpgöter garşy. Biz sizden Gara Mergenowy partiýa hatarynda galdyrmagyňyzy uly haýyş edýäris. Ony ýene bize işe goýberäýiň. Özünem iň yza galak pagtaçylyk

brigadasyna, Garanyň şo brigadany aýak üstüne galdyrjagyna ynanýarys.

Arkaly Hanow — 1935 ý. bäri SSKP çleni.

Jumaguly Durdyýew — 1938 ýyldan bäri

SSKP-niň çleni, ýene-de 26 gol.

Gara Mergenow bir hepdeläp partkomissiýanyň başlygynyň gujurly, erjel gepleýşine bil baglansoň, uly umyt-arzuwlary göwnünde besläp gezdi.

Obkomyň işgärleri raýkomyňkydan parhlydyr. Ýokary wezipede işleýänler aşakdakylardan has akylly hem adamkärçilikli. Olar adam ykbalyna Arkalyýew, Ýallakow ýaly biparh seretmezler. Ajyny-süýjini görüp, döwlüp biten adamlardyr. Arkalyýewiň soňky ýigrimi ýylda ýekeje-de çeper eser okamandygyna ant içse bor. Onsoňam, aksakgallaryň hatyna-da gulak gabartmaly bolar ahyry. Bu döwleti guran, häzirki obkomda, raýkomda işleýänleri okadan, olara oturan stollaryny beren şo aksakgallar dälmi näme? Düşünseler-ä, şolar. Şeýle bolansoň olaryň töwella-towakgasyna gulak asmaly ahyry. Ýa indiki stoly eýelänler düýn özüni kimiň terbiýelänini, bularyň şu günki güni üçin gan dökendiklerini ýatdan çykaryp, olaryň sarpasyny bir köpüge-de almazlarmyka? Onda nähili bolar?

Arkalyýew, Ýallakow ýalylar özleriniň geçmiş taryhynyň üstünden atanak çekýärler. Näme, on ýedinji ýyldan öň ýaşanlaryň hemmesi akmak, molla-müfti-de, ondan soňkular akja guşmy?

Gara Mergenow horaz gygyrýança gam-gussa batyp, ol egninden bu egnine agdarylyp, urnup çykdy. Häli-şindi uludan demini alanda, agzyndan otly howur çykýardy. Ol başujunda goýan sowuk suwundan owurtlanda, gursagyndaky otly közüň üstüne suw dökülene dönýärdi. Ahyry ol uky dermanyndan iki tabletka atdy. Hiç zady ýatlaman, pikir etmän, «bir, iki...» diýip sanamaga başlady. «Ýüze çenli çenli sanasaň uka gidersiň» diýýäler. «Ol-a ýalan ekeni» diýip, Gara Mergen tä uklap galýança sanap, daňa golaý irkildi.

Ahyry onuň partkomissiýa telefon etmeli güni geldi. Iki gezek guk-gukdan soňra, aňyrdan trubkany galdyrdylar.

— Alo!

— Salawmaleýkim. Partkomissiýamy?

— Hawa.

— Bi, men... Mergenow!

Aňyrdan jogap beren, indi geplänokdy.

— Alo... Eşidýäňizmi? Ýoldaş Janaýew!

Aňyrdaky adam ýene-de dymdy.

«Ýygnak zat geçirýärmikä? Biwagt jaň edäýdim öýdýän».

Gara Mergenow ýene-de bir sapar:

— Alo! — diýip, bagtyny synap görmekçi boldy.

— Diňleýän, aýdyberiň. — Ol ses adatdakylardan sowuk çykana meňzedi.

— Maňa bir hepdeden jaň et diýipdiňiz ýol...

— Hawa, ýoldaş Mergenow, gerek bolan çagtyňyz özümiz taparys.

Gara Mergenow birbada näme diýjegini, näme sorajagyny bilmän aljyrady. Ýene biraz trubkany tutup duransoň:

— Bolýa, onda ýoldaş Ja...

Partkomissiýanyň başlygy öz familiýasyny diňlemän, trubkany goýdy.

Gara Mergenow esli wagt trubka seredip, iki jahanowarrasy bolup galdy.

Aradan bir hepde geçdi... On gün...

Obkomdan habar-hatyr bolmady.

Gara Mergenowyň her sagady — bir güne, her güni — bir aýa barabar geçýärdi. Onuň kalbynda partkomissiýanyň başlygyna bolan umyt uçgunlary ýekän-ýekän ýylpyldaşyp uçup barýardy. Beýnisinde müňde-bir sowal döreýärdi. Olaryň haýsyna nähili jogap berjegini bilmän, aljyraňňy ýagdaýa düşýärdi. Ýene ýürek agyrysy güýjäp başlapdy, işdäsi ýokdy, ukusy bütinleý gaçypdy. Soňabaka kellesine gum dykylan ýalydy, wagtal-wagtal ýüregi bulanýardy. Raýkomyň býurosynda dalanyşy ýadyna düşende, on iki süňňi elenip gidýärdi. Ol ýene-de ýerinden turdy. Näme üçin? Nirä hyýallanananyny özi-de bilenokdy. Daş çykdy. Näme üçin çykanyny ýatlajak bolup gördi. Ýene-de bolmady. Başyny galdyryp, uly köçä seretdi. Maşynly-maşynsyz adamlar bir ýerik haýdaşyp barýarlar. Olar beýle nirä howlugýarkalar? «Menem gideýin» diýen pikir beýnisine urdy. Birdenkä saklandy. Olar-a işe barýar. Sen nirä gitjek? Gara Mergenowyň ýene-de demligi tutuldy. Adamlar oňa seredip: «Hon-ha, partiýadan çykarylyp, işden kowlan Gara Mergenow!» diýip, biri-birine görkezýän ýalydy. Ol başyny aşak salyp, ýene-de öýlerine girdi. Altyjyk çaga gözleri bilen onuň ýüzüne soragly seredýär. Ol bir zatlary sorajak bolýar. Emma

näme sorajagyny ýatdan çykaran çaga barmajygyny dodagyna basyp, pikire çümüp dur. Uçganaklap duran müýnsüz gözlerden sowal bary ýagaýjak ýaly. Häzir Gara Mergen ulynyň-kiçiniň sowallaryndan üýşenýär. Oňa şu pille hiç kim, hiç hili sowal bermese, habar gatmasa ýagşy. Şonuň üçinem, ol ýüzüne seredilse, öz nazaryny başga ýana sowýar. Öýüň içinde özüne nähilidir güýmenje gözleýär. Onam tapanok. Mundan ozal Selbi günde-günaşa ony eýtmeli, muny beýtmeli diýip, öýüň içinde müň-bir işiň adyny tutardy. Indi bu-da içini hümledip, agzyna suw alan ýaly bolup otyr. Gepiň gysgasy, öýde güýmenere zat ýok. Dym-dyrslyk. Siňek uçsa, sesi eşidilip dur. Hernä Altyjyk:

— Eje, aý, eje, bu gün nä bazarmy? — diýip sorady.

— Ýok, balam, hä, näme?

Altyjyk sesini çykarman, beýleki otaga gidip geldi.

— Me, kaka!

Gara Mergenow başyny galdyrdy. Altyjyk onuň işe göterýän papkasyny uzadyp durdy. Selbi görmedik bolan bolup, haýdan-haý kuhnýa ylgady. Gara Mergen çaga ýaly kemiş-kemiş etdi. Göreçlerine bada-bat inen ajy ýaşy oglundan gizlemek üçin, olam öz otagyna hasanaklap gitdi.

Altyjyk ýene-de hiç zada düşünmän, bir ejesiniň birem kakasynyň giden tarapyna seredip, ortada sadylla bolup galdy.

Gara Mergenow gyzyl «Žigulisini» münüp, oblast merkezine gidýän ýola düşdi. Ol indi ilkinji sapar-a ýitirip tapan ýaly garşy alan, soňam telefonda gepleşmeni-de gaty görüp, «Gerek wagtyňyz özümiz taparys» diýip, sowuk-sala gürleşen adam bilen bellisini etmäge, egri oturyp, dogry sözleşmäge barýardy. Öljek hassa ölüp dynsa ýagşy. Ýa eýle bolsun, ýa-da beýle. Meseläni çürt-kesik etmeli. Süýji-süýji arzuwlara ymsynanyňdan, ajy hakykaty ýuwdup dynanyň gowy dälimi?

Gara Mergeniň iş üçin janyndan geçmäge, kellesini orta goýmaga taýýardygyny kim bilmeýär? Hemmeler bilýär! Ol soňky ýyllarda haçan dynç alyş günleridigini hem ýadyndan çykarypdy. Her ýylky dynç alyş rugsadyny alanda, bir hepde öýünde ýatyp, ýene işe çykýardy. Ilkinji gün ýoldaşlaryna «Aý, ýöne geläýdim» diýýärdi. Ikinji, üçünji günleri ýoldaşlary, ýolbaşçylar onuň otpuskadadygyny hem ýatdan çykaryp, ýumuş buýrup, iş talap edip ugraýardylar. Şeýdip, Gara Mergenow her ýyl rugsadynda özüniň mugt işläp ýörenini diňe ýoldaşlary aýlyk alanda duýup galýardy. Kassir aýal ony günde işde görse-de, hemme kişä pul

paýlap ýörkä: «Mergenow, siz otpuskada» diýip, başga biriniň adyny gözleýärdi.

Mekdep direktoryka kä halatda bankda wagtlaýynça pul bolmaýardy. Mugallymlar aýlyk alyp bilmän, gözlerini tegeleşip, Gara Mergeniň ýüzüne seredip oturýardy. Ine, şonda Gara Mergen maşyna ýygnan puljagazyny, gör, näçe sapar kassadan alyp, mugallymlara aýlyk paýlapdy...

On ýyllap gözleriniň köküni gyryp gazet çykardy. Işe äýneksiz baran Gara Mergen indi, dört ýarym nomerli äýnegi dakynýardy. Käte tipografiýanyň harp ýygnaýjylary ýetişmän, käte-de raýkomyň býurosynyň, plenumynyň materiallaryny rusçadan terjime edip, ertirki gazetde çykarmak üçin gijäniň bir mahaly — horazlar gygyranda, käte-de gün doganda öýlerine barýardy. Bir sagat irkilip-irkilmänkä, ýene-de ukusyny almadyk hurmaýy-gyzyl gözlerini owkalap işe ylgaýardy. Ine, iň soňunda-da şol ylganlaryň üçin «Me, saňa, sag bol...»

Şu zatlary bir adamyňam ýatlamandygyna Gara Mergenowyň hem gahary gelýärdi, hem-de içi ýanýardy. «Bu adamlar öz ynsaplarynyň öňünde hasabat bermeýärmikä? Hawa-da, «Adam alasy içinde» diýleni-

dä. Käbirleriniň dilleri bir zat gepleýär, edýän işleri tersine... Bizden üç kurs öňde okan Myradow diýen ýigit, soňra atly ýazyjy bolup gitdi. Ýöne ömri gysga ekeni bendäniň. Ine, şol bir kitabynyň adyna «Muňa durmuş diýerler» diýip goýupdyr.

Ine, käbir ýaşlary alyp gör! Ilki birini söýýäler. Onuň ugrunda ölüp-öçüp mejnun bolýarlar. Soňam başga biri bilen baş goşýarlar. Oňa mysaly uzakdan gözläp näme etjek? Ahmet. Eger Han ArkaIyýewiň gyzyňa öýlenen bolsa, meň üstümden guşam uçmazdy. Ýele ýanyma gelen adam bolmazdy. Onda, raýonda abraýly adamlaryň biri men bolardym. Öýlerine gelenler, Altyjygyň güjügine çenli öwüp arşa çykardylar. Hmm!.. Ýok, on ýaly mugt abraýy başyňa ýapjakmy diýsene. Ol abraý wagtlaýynçadyr. Diňe Han Arkalyýew şu kärinde otyrka saklanar. Soň... Soňra Arkalyýewiň işden kowlan güni, seňem abraýyň salgym ýaly gaýyp bolar. Ahmet akyl edipdir. Soň ömürboýy oglum heleýguly bolup, ejir baryny çekenden, häzir özüm başyma düşenini göreýin. Görgini özüm çekeýin. Häý, durmuş, durmuş! Magtymguly «Bu dünýäniň işleri» diýen goşgusyny bi jahanda bolýan zatlara haýran galyp ýazdymyka?..

Gara Mergenow haşamly agyr gapyny açdy. Giren ýerinde kiçiräk stoluň başynda oturan murtlak

milisioner, bir elini gaşyna ýetirip, salam berenden soňra:

— Partbiletiňiz barmy? — diýip sorady.

Gara Mergenowyň çep gursagy gyzgyn iňňe bilen çyzylyp goýberilene döndi. «Ýok» diýmäge dili barmady.

— Häzirmi?.. Pasportym-a bar.

— Onda, propuska alyp geliň. Daş çyksaňyz çep gapdalyňyzdaky gapy.

Ahyry Gara Mergenow giň koridora ýazylan halyçanyň üsti bilen ýöräp, gapylaryň ýazgylaryna syn edip barşyna, «Partkomissiýa ýol. Janaýew M. S.» diýlip ýazylan dermatinli gapynyň öňünde sägindi-de, çalaja itdi. Partkomissiýanyň başlygy Gara Mergeni başda kabul edişindäki ýaly şähdaçyk ýylgyryp, kimdir biri bilen çaý içýärdi. Ol başyny galdyryp, gapydan jyklaýan Gara Mergene gözi düşende, sahnadaky ökde artist ýaly ýüz-keşbini şobada üýtgetdi. Çytylan gaşlaryny bürüşdirip, gabaklaryny aşak sallady.

«Muňa ne jyn urduka? Öňki gelenimde, allanäme güler ýüz beripdi. Häk, şo telefonda sowuksala gepleşeniňdenem-ä, üýtgäniňi aňypdymla. Indi nätsemkäm? Girsemmikäm ýa daşarda

garaşsammykam? Özem sesini çykarman, dommarylyp otyr. Ýaş başyna bi bolup oturyşy özüne-de gelşenok».

Oňa çenli Gara Mergen jogabyny aldy.

— Biraz garaşyň!..

«Sesinde öňki mylaýymlykdan, sypaýylykdan namnyşan ýok. Oňlulygyň alamaty-ha däl. Eýgilik bolsunda!»

Gara Mergenow dermatinli gapyny daşyndan ýapyp, koridorda ötüp-geçýänlere päsgel bermelizlik üçin, diwara ýaplanyp durdy.

«Ýa-da munuň iş stili, bolşy şeýlemikä? Ilki gürleşende, adam ýalydy. Obýektiwlik, prinsipiallyk, ahlak hakda bir topar gürrüňleriň başyny agyrdypdy. Gara Mergeniň gursagynda adalatyň umyt uçgunlaryny ýakypdy. Indiki bolşy näme? Muňa nähili düşünmeli? Ýa «Pişigiň ýüwrükligi samanhana barýança» diýlenimikä? «Raýkomlara duýduryas, ony eýdýäs, muny beýdýäs» diýip, başda öwüniberşinem-ä halamandym. Iş bitirýän adam beýle lakgy bolmaz ahyry. Belkem... «Indiki hepde gel, aňyrky hepde gel» diýip, bi menden bir zat hantama bolaýmasyn?! Şu Arkaly aga bilen Jumaguly aganyň «Henizem, Lenin guran döwletiniň düýbüni berk gurupdyr» diýmesiniň jany bar-ow. Adalatyň

tuguny şular ýaly adamlar arşa götermeli ahyry. Ýa-da başga «emmasy» barmyka?»

Gara gapy açylyp, ondan çykan adam lotereýasy maşyn utan ýaly, dylym-dylym etdi-de, Gara Mergene: «Giriň» diýdi.

«Bu biçäre-de ilki meni garşy alandaky ýaly ýylyjak söz beripdir-ow. Bir hepdeden gelseň, seniňem erniňde ýyrşarma görnäýmese gerek».

Ýaş ýigit çäýnek-käselerini eýýäm äpişgäniň öňünde ýygnaşdyrypdyr. Ol öz ýaşyna gelişmeýän ýasama agraslyk bilen aşak bakyp oturdy-oturdy-da, öý işini ýat tutan okuwçy ýaly, çalt-çalt gepläp ugrady.

— Gara Mergenowiç, men «işiňizi» ýene bir gözek üns berip okadym. Käbir adamlar bilen gürleşdim. Maslahatlaşdym. Umuman, bizem raýkomyň býurosynyň kararyny tassyklamagy makul bildik. Siz ýygnakda ýekeje saparam «Şu diýýänleriňiz galat ýa töhmet» diýmänsiňiz. Eger size ýöňkelýän günäler ýalan bolsa, näme üçin şeý diýmediňiz?

Ara ep-esli wagta çeken dymyşlyk düşdi.

Ýaş-ýigit müýnli ýaly, Gara Mergenowyň ýüzüne bir gezegem seretmedi. Ol ýene biraz oturansoň,

aýdylmasyz gürrüňi-de dilinden sypdyrdy.

— Omar Soltanowiç Han Arkalyç bilenem gürleşipdir...

Janaýew şol bada dilini dişläp saklandy. Iki ýaşulynyň arasynda bolan gürrüňi aýtmaly däldigine akyly çatsa-da, nähilelik bilen dilinden sypanyny duýman galdy. Onuň öz-özüne gahary gelip gaşlaryny çytanda, tekiz maňlaýyna ýygyrtlar indi.

— Umuman, Gara Mergenowiç, siz bagyşlaň, işiňizi okaman bir zat diýen bolmagymam mümkin, ýöne günäňizi ýeňledip biljek däl.

Ol içindäkini dökensoň, uludan demini alyp, oturgyjynyň ýeňsesine gaýyşdy.

— Eger, isleseňiz indiki býuro geliň.

«Hemme zat düşnükli. Gör, seni jylawyňdan kim çeken ekeni! Elbetde, Omar Soltanowiç Han Arkalyç bilen gürleşen bolsa, işiň men peýdama çözüljek gümany barmy? Näme, Han Arkalyç öz býurolarynyň kararynyň ýatyrylmagyny ýa üýtgedilmegini islärmi? Samsyk, gawunkelle! Men bu tarapyny oýlanmandyryn... «Sygryň şahyna ursaň, endamy syzlarmyş». Akmak Gara, Omar Soltanow bilen Han Arkalyýewiň arasyndan gysyr

çybynyň gysylyp geçýänini, ikisiniň bir adamdygyny hiç kim bilmese-de, sen bilýäň ahyry. Eý, akyly çaşan Gara Mergen, adamlary tanaýşyň şu bolsa, ömürboýy işiň düzelmez. Şol ýalňyşar gider otyrsyň. Onsoňam, karar öňki güýjünde galjak bolsa, býuroda nä körüň bar? Otur öýüňde gömlüp. Raýkomyň býurosynda infarkt alan bolsaň, obkomyňkyda gabra dykarlar. It alan sanaja döndärler...»

— Ehk, «isleseňiz geliň» diýmäňiz näme? Oňa düşünmedim-le. Islemesem, gelmelem dälmi? Elbetde, öňki-öňkülik boljak bolsa, býuroda nä körüm bar?

— Onda «Meň apelýasiýama seretmäň» diýip, täzeden arza ýazyň.

Gara Mergenow oýlanyp oturman:

— Hany, maňa bir tagta kagyz beriň — diýdi. Gara Mergenow kagyza dört-bäş setir ýazyşdyryp, gapa ýöneldi. Ol nähili ýöräp barýanyny özi-de bilenokdy.

— Gara Mergenowiç! Bir minut aýak çekiň.

Bu ses ýaş ýigidiň öňki, ilkinji mertebe sataşandaky sesine meňzedi. Ol sakga daýandy. Ýuwaş-ýuwaşdan yzyna gaňryldy. Ýaş ýigit kabinetiň ortasyna ýöräp gelipdi. Olaryň göreçleri biri-birini ilkinji sapar görýän

ýaly bolup seredişdiler.

— Ýaşuly diýsem aýyp görmäň. Bir zat sorajak... Han Arkalyýew bilen siziň araňyzda nähili konflikt boldy?

Gara Mergenow onuň göreçleriniň içine seretdi.

— O size indi nämä gerek? Men ony siz kim diýip aýdaýyn?

— Ýa... ýaşuly... Gara Mergenowiç, meň şahsyýetime dil ýetirmäň.

— Men hiç kimiň şahsyýetine dil ýetiremok. Onsoňam, siz özüňizi beýik şahsyýetdir öýdýän bolsaňyz, gaty ýalňyşýaňyz. Siz entek şahmat tagtasynyň üstündäki pyýadajyk... Oýunda ilki bilen pyýadany ýa çalyşýalar ýa-da degişli peýda gözläp pida edýärler. Edil durmuşda-da şonuň ýaly. Onuň üçin siz pyýadajyklar, şo-ol (ol barmagyny ýokary çommaltdy) agalaryňyz näme diýse, diýenleri bilen boluberiň. Konflikt bilenem, beýleki bilenem işiňiz bolmasyn. Siz gije-gündiz ösmegi gaýgy edýäňiz. Size stol gerek. Biz ýalakyň aladasy-gaýgysy siziň nä azaryňyza? Siz dokuzdan alta çenli stol gujaklap oturmany, Soltanowiç ýalylara «lepbeý» diýmäni oňarýaňyz. Hany, şeýle etmänem bir görüň? Alajyňyz ýok. Etmeseňiz, meniň günüme düşersiňiz. Çagalaryňyz hor bor. Siz olary kolhoza

gidip, ýekegulak piliň arkasyndanam ekläp bilmersiňiz, stanogyň başynda durubam, ýa-da gurluşyga gidibem. Siziň başarýan ýekeje zadyňyz bar. Olam, täze çykýan kararlardan iküç sitatany ýat tutup, özüňizi okumyş saýyp ýörmeklik. Beýdip, kölegäňden gorkup ýörşüňize, uzaga gitmersiňiz, ýagşy ýigit.

Janaýew onuň gürrüňlerine aňk bolup, näme jogap berjeginem bilmän, duran ýerinden sarsman, yzyndan seredip galdy. Gara Mergenow egnine mähnet daşy göterip barýan ýaly ýegşerilip gelşine obkomyň jaýynyň oňündäki bagjagazyň uzyn oturgyjyna özüni atdy. Pikirlenip köp oturdy. Indi nirä maňlaýyny urmaly? Haýsy gapyny kakmaly? Oblastdaky gapylaryň hemmesiniň özi üçin ýapykdygyna ol göz ýetirdi. Onuň näler çilim çekesi geldi. Ýöne keselhana düşende wraçlaryň çilimi çürt-kesik gadagan edeni üçin, ýanynda sigareti-de, otluçöpi-de ýokdy. Ol tarsa ýerinden turup, «Žigulisine» tarap ýöneldi. Aradan sähel salym geçensoň, maşynyny oblast gazetiniň redaksiýasynyň öňünde saklady. Ýöne maşynyny öçürmedi. «Bu ýerde-de köne tanyşlar: «Bir ýakymsyz habar eşitdik, näme boldy?» diýip sorarlar».

Bu sowaldan onuň halys bizar-peteňi çykypdy. Her sapar sorana gaýtalap aýdyp berip totuguşa öwrülipdi.

Her gije ýorgana girenden soň, ol öz-özüne-de bu wakany gaýtalap gürrüň berýärdi. Indi ol bu gürrüňden halys basylypdy...

Ýene-de maşynyny sürüp gidişine gapysyna «telefon-awtomat» diýlip ýazylan jaýyň öňünde saklandy. Öýlerine telefon etdi. Selbä bir zatlar diýdi. Soňra Ahmet bilen gepleşdi.

— Ahmet jan, men maşyny aeroportuň öňündäki meýdançada goýup gidýän. Seň öz açaryň bar dälmi? Bolýa, bar bolsa. Men iküç günden gelerin. Ejeňe kömekleş. Agşamlaryna öýde bol, jigileriňe seret, Ýagşy, hoş onda.

22

Daşgalanyň çaýhanasynda ýene-de gürrüň gyzyşdy.

— Şaguly ogluna Han Arkalyýewiň gyzyny alyp berjekmiş. Pirweli bilen Meýlis eýýäm gudaçylyga-da baranmyş. Toý sähedini pagta ýygymynyň gutarar uçuryna bellänmişler.

— Köne döwürde-de bar ekeni şeýle däp-dessur. Illäp-günläp kel gyzy äre berer ekenler.

— Hanyň gyzy-ha aýyň bölegi ýaly-la. Oňa at daksaň,

agzyň gyşarar.

— Akyl-huşy bolsun. Owadanlygyny käsä salyp, ezip içjekmi?

— Sakgaldaş, o Çernenkäň ýaňy dälmidi üçünji gezek giroý bolany. Düýn radio Mongoliýaňam gahrymany boldy diýip habar berdi. Aý, özüniňem-ä saglygy juda haýallapdyr-ow...

— Ýaňy sen Şagulyň oglunyň gürrüňini etdiň. A onuň öňki giýewisi, hol adam kesýän dogtor bardyr-la, kimdir şoň ady?

— Bally.

— Hawa, Bally, Bally. Nebir at. Olam-a aýalynyň guburynyň gumy guramanka, Aşgabatdaky unwersutyň ketdesiniň gyzynyň başyny-gözüni aýlap, «Wolgasyndan» düşürenok diýýäler. Toý-soý etmän, eýýämden bile-de ýatyp-turup ýörenmişler. O gyz pagta ýygmaga gelenmiş...

— A-how, adamlar, ony aýdyň-da, muny goýuň! Basym, biziň Daşgalamyza ýokardan birgiden barlagçy geljekmiş.

— Düýn Daşgalamyzyň pagta plany näçe ösdükä?

— Zordan bir ösýär.

— Jemi näçe prosent bolupdyr?

— Ýetmiş iki.

— Bu-uw, ýene ýigrimi sekiz prosent gerek. Dolarmykak?

— Noýabrdanam ýigrimi gün galdy. Nireden doljak? Eýýäm howalaram bulaşýa. Bu gün-erte ýagyş ýagyp, yzynam gara tutsa... Wessalam.

— Äý, Han doldurman goýmaz. Görersiň. Bu zatlaryň hasabyna, gaty ökde ol. Meýlise bir gözüni alardar welin, nädersiň raýon günde ikiden towsuberse.

— On ýaly bolsa biljek däl.

— Näme, myndan öňki ýyllar kilo-kilodan gapana basyp, pylany dolandyrys öýdýäňmi? Päheý-de walla, şäherde ýaşaýanyň bildiräýýä. Bazara gelýän kolhozçylary geplet. Içleri tutäp dur. «Pagta ýygdyk, puluny aldyk» diýip gol-a çekýäs, emma pagtasynam göremzok, pulunam diýýäler. Pagta-da, pylan-da, hemmesi kagyz ýüzünde.

— Arkaly aganyň yzyndan ogly Han soramaga baranmyş. «Ýeňişden» Jumaguly aga diýýär. Düýn şu ýere gelende gürrüň berdi. Aksakgal oglunyň bir topar adamy yzyna tirkäp, gapydan girenini görüpdir-

de, aňyrsyna öwrülip ýatyberenmiş. Bir zat diýip sorasalaram jogap bermändir.

— Aksakgalda sypaýyçylyk ýog-ow.

— Bu-uw, gaty hötjet ýaşuly o.

— Onsoň?

— Onsoň, Hanyň erbet ýagdaýa düşenini görüp, baş wraç Jumaguly aga: «Ýaşuly, siz biraz daş çykyp duruň» diýipdir welin, Arkaly aga öňki ýatyşyna bärik ýüzünem öwürmän:

— Oňa azar bermäň, dogtor! Daşaryk, şu gelenler çyksyn — diýenmiş.

— Gara Mergeniň Aşgabada arz etmäge gidenini eşitdiňizmi?

— Hawa, nä habar?

— Aý, ýok, ýöne aýdaýdym-da!

— Onuňam-a indi ýitirjek zady ýok. Hakykat diýlen zat bar bolsa-ha, ýeriň aýagujyna gidip, gazyp tapmalam bolsa irinmez.

— Weý, ýogsam näme? «Şu dogry sözliň dosty ýok» diýleni çyp-çyn. Ýogsam, Gara Mergen Han Arkala ýa ýene birine näm edenmiş? Hiç zat! Ony diňe dogry gepi

üçin ýigrenýärler!

— «Kasas kyýamata galmaz» diýipdirler.

## 23

— Jumaguly aga: «Sallahlar, agşam geliň, men size künji ýaga bişirilen towukly palaw bereýin» diýdi — diýip, Batyr Ahmeda onuňka — kolhoza myhmançylyga alyp gaýtdy.

Batyryň ak «Niwasy» raýon merkeziniň köçelerinden çykan badyna agşam şapagynyň goňras-gyzylymtyl boýagyny süňňüne siňdiren minara göründi. Ol gara baga bürenip oturan obanyň depesinde garawulçylyk çekip, dim-dik, zyba syratly keşbini, uzak ömrüni, görer göze ýatladyp duran batyr gerçege meňzeýärdi. Häzir onuň depesinde şapagyň hurmaýy-gyzyl reňkine boýalan, al-elwan öwüsýän topbak bulut bolsa depä çykyp ýarynyň ýoluna garaýan bir gözel perizadyň owadan saýawanyna çalym edýärdi. Hawa, minara ýaryny wajyp işe ugratmaga çykan gyrmyzy köýnekli uzyn boýly päkize gelni-de ýatladýardy.

— Minaranyň owadanlygyna bir seret! — Batyr öňe ümzügini atdy.

— Hawa, seretseň gözüň doýanok. Ýöne har saklaýas-da.

Ahmediň kakasynyň o minara üçin temmi alany Batyryň ýadyna düşdi.

«Minarany ýatlap, Ahmediň köne ýarasyny gozgadym-ow. Ýatlamaly däl ekenim...»

Batyr gürrüňi başga tarapa sowjak boldy. Emma nämeden başlajagyny bilmän, oýa batdy. Maşynynyň radiosynyň burmasyny towlady. Studentleriň hem-de şäher ilatynyň pagtaçylara kömege gelişleri barada gepleşik gidýärdi. Batyr radiosyny ikinji programma getirdi. Diktoryň sesi ýaňlandy:

«Pagta meýdanynyň zähmetsöýer gerçekleri, ýubileý ýylynda «ak altynyň» ýeke hanasyny-da zaýa etmän, Watan öňündäki plan-borçnamamyzy abraý bilen ýerine ýetireliň! «Ak altynyň» pälwanlary, häzir siziň üçin konsertimize başlaýarys. «Ak pagtam» ýerine ýetirýär türkmen radiosynyň we telewideniýesiniň hory».

Batyr kinaýa bilen ýylgyrdy.

— Şu aýdymy diňlemäge kolhozçylar gulagyny gerip oturandyr-ow.

— Aý, radio-da, garaz, bir zat bermeli-dä!

Şol wagt olaryň yzyndan ýeten «Žiguli» gapdallaryndan ozup geçdi.

— Tilkibaýyň ogly — diýip, Batyr yzky çyralaryny gyzardyp, barha daşlaşyp barýan maşyna bakan baş atdy. — Kakasy glawbuh bolan kişi-dä! Ýüregi ýellijedir muň häzir. Bu gün oň kakasy Tilkibaý meni ýanyna çagyrdy.

— Näme diýip?

— Partiýa girerin diýseň, rekomendasiýalaň birini men bererin diýýä.

Ahmet geplemedi. Batyr gürrüňini ýene-de dowam etdi.

— Menem: «Göreris, oýlanyşaýyn» diýdim.

— Näme üçin? Ondan alasyň gelenokmy?

Batyr oňa jogap bermän, ep-esli wagt geplemän gitdi. Ýene-de Ahmet dillendi.

— Aý, saňa-ha rekomendasiýany kime ber diýseňem ikelläp berer-le. Maňa-ha raýkomdan anket bermeýämişler.

— Be.

Batyr şeý diýdi-de oňdy. Başga zat soramady.

— Men saňa näme üçin «oýlanyşaýyn» diýmegimiň emmasyny soň aýdaryn. Häzir, dogrudanam, oýlanýan. Pikir edip aňyrsyna çykyp bilemok. Bir aýylganç hyýal kelläme gelýä. Atama-da aýdamok. Ýöne, tizara ikiňize-de sala saljak.

— Şu partiýa girmek meselesi hakdamy ýa öýlenjek bolup ýörmüň?

— Nätdiň-aý sen, öýlenmek gürrüňi bu ikara nireden geldi? Partiýa girmek meselesi hakda.

Jumaguly aga gapydan tirkeşip giren Batyrdyr Ahmet bilen iki elini uzadyp görüşdi.

— Tüweleme, geliň, goçaklar! Owal ikidik, indi dört sallah bolduk. Hany, geçiň töre, bi gün bir hezil edip oturalyň.

Öňündäki jama gyzylymtyl käşirleri dograp oturan Goç pyçagyny klýonkanyň üstünde goýup, goşary bilen salamlaşdy.

— Biz-ä ýakýan ýagyňyzyň ysyny minara ýetmänkäk alandyrys.

— Künji ýagynyň ysy Daşgala-da ýetýändir. Hä-ä. Aý, indi juwazyňam, künjiniňem ady ýitip barýa. Künji

ýagy adam üçin tenekär zatlaň biri ahyry. Mynam, derýaň arkasynda ýaşaýan garagalpak aşnam iberipdir. Menem, gel, şu ýigitlerem bir çagyraýyn, dadyp görsünler, ýeke özüm iýende şah çykýamy diýip, size-de «Bäri gel» edişim boldy. Künji ýagy aşgazany, bagry agyrýanlar üçin bire-bir emdir. Hol, Pirweliniň öýünde ýaşap, studentlere pagta ýygdyrýan mugallym bardyr-a.

— Gurdowmy?

— Hawa, anha, şo künji ýagyndan bişirilmese, nahar iýmeýä diýýäler. Ynha, görseň Aşgabada-da iki piläk äkider. Pirweli oňa ýer gazsa-da tapyp berer. Men size bir rowaýat aýdyp bereýin. Belkem, bi bolan wakadyr. Garrylar şeýle bir zady gürrüň berýärler. Gadym zamanda Hywa hökümdarlarynyň biri tomsuň yssysynda şikara çykypdyr. Ýol ugruna Bugdaýly diýlip atlandyrylýan obada düşläpmiş. Ol obanyň aksakgallary hökümdardan nähili nahar taýýarlamalydygyny sorapdyrlar. Hökümdar bolsa: «Bir okara buz ýaly köje bolsa besdir» diýipdir. Aksakgal iki epilip çykyp gidipdir. Emma hökümdaryň sargan köjesi wagtynda getirilmändir. Ep-esli salymdan soň, ol obanyň aksakgalyny çagyryp, näme üçin beýle köp garaşdyrýanlarynyň sebäbini sorapdyr. Aksakgal ýere bakyp, Bugdaýly obasynda diňe bugdaý ekilýändigini,

jöweniň bolsa tohumynyňam ýokdugy zerarly goňşy oba jöwen üçin atly iberilendigini, ol tapyp getiräýse, onsoň, hökumdara köje bişirip berjekdigini aýdýar. Hökümdar gazaba münüpdir. Şol wagtyň özünde aksakgaly dardan asmagy buýrupdyr. Hökümdaryň ýanyndaky wezirleriň biri: «Aly Hezret, bir tabak köje üçin bir bendäni ölüme buýursaňyz, halk sizi zalymlykda aýplamazmy?» diýip, oňa töwella edipdir. Onda hökümdar: «Men ony bir tabak köje üçin däl, obada jöwen ýaly ekiniň tohumynyň ýitmegine ýol bereni üçin ölüme höküm etdim» diýipdir.

— Ine, goçaklar, künji-hä künji, biziň Daşgalada jöweniňem tohumy ýitdi. Oň üçin kime nähili jeza berseň beribermeli. Biragyz sözüne bitýänler, künji ýagyny, jöwen ununy iýmegi bilýärler, emma ekdireýin diýip ugruna çykýan ýok... Hany, Goçum, bir çäýnek çaýam demläp goýber.

Goç çaý demleýänçä, Jumaguly aga dogralan käşiri gazana gapgaryp, uzyn saply kepgiri bilen garyşdyrdy. Towuk eti bilen gyzyl käşir künji ýagda birsalym gaýnansoň, suwa ezip goýan atyň dişi ýaly iri-iri ak tüwini atdy. Tüwiniň üstünden guýan suwy orta barmagynyň bognuna ýetende, ony guýmasyny bes etdi. Soňra gazanyň ýag bilen bug siňip giden gapagyny

ýapyp, ýigitleriň ýanyna gelip oturdy.

— Al indi, Goçum, galan işleri seň boýnuňa. Özüň oduny ýak, özüň agdar, demine goý, garaz, palawyň garamaty seniň boýnuna.

— Onsoň, Jumaguly aga, palawy bişiren kim bolýa?

— Gazana salan-a men bolýan. Iýip göremizsoň aýdaryn, kimiň bişirenni!

— Inijikler, palawy myhman iýip görýänçä, kimiň bişireni aýdylýan däldir. Eger palaw diri bolmasa, öý eýesi «men bişirdim» diýer. Bardy-geldi suwuny köp ýa az guýup, tüwüden aldanaýsa, meň boýnuma atar. Bi aksakgalda oýun kän.

— Ha-ha-ha!..

— Men öň Pirweliň daçasynda birküç aý aşpezlik etdim. O meni daçasyndan «elin tagamsyz» ýa-da «pylan zady bişirip bilenok» diýip aýranok. Şu käte... garaňky düşende ogryn-dogryn o jynsdan getirýänjelerini bir ýerde dilinden gaçyraýmasyn diýip, ornuma Zöhräni aldy. Ýöne siz «Dogry gepliň dosty ýok» edäýmäň? — Jumaguly aga ýigitlere degişdi, soňra köne keçesiniň ýüzundäki bir ujy gopan goçak gülüň ýüňüni iki barmagy bilen towlaşdyryp, güýmenen

boldy. — Bi ýigitler nämäni gaty görsün? Näme, bular menem, Pirwelinem bäş barmagy ýaly tanaýalar. Ynha görersiňiz, ýetim oglan, dul hatynyň gözýaşy aýylganç zatdyr. Hökman göz görkezer. Öz-özünden tapar. Onsoňam, häl-ä Pirweli ekeni, Batyr jan kakasy Hany kötekleseňem göwnüne almaz. Bi ýigidiň edep-ekramy, hüý-häsiýeti Hana däl-de, ylla aksakgalyň özüne çekipdir. Düýn aksakgalyň ýanyna-da baryp gaýtdym. Ejizläpmi-nämemi, günde-günaşa ýanna barsamam «Jumaguly, näme işiň känmi? Seýrek gelýäň-ä?» diýýä. «Aksakgal, hol gün geldim-e!» diýdim. «Her gün geleňde näme, sygyrlaňňy gije sürüp äkitjek ogry-jümri bamy?» diýýä. «Bor, indi gelip duraryn» diýip, zordan köşeşdirdim... Könäni ýatlaşyp, gaty köp oturdyk. Olam şeý diýdi: «Biziň tohummyzda maňa çekeni bir Batyr jan. Han bilen ikisiniň topragy bir ýerden alnana meňzeş däl. Hersi bir tüýsli adam...» Ýöne, aksakgal agyr derde uçrady. Çaga ýaly bir sykym bolupdyr. O zalym kesel bir degse alman aýrylmaýar-ow. Özem şagalyň süýji gawuny saýlaýşy ýaly, adamlaň ýagşysynyň ýakasyndan ebşitläp tutdygy sypdyranok. Goçaklarym, indi biz — aksakgallaram seýreklenip barýas. Ýöne bir zada begenýän, ajal gapymy kakan günem, ynsabymyň öňünde müýnürgejek ýerim ýok. Il-güne, hököwmede

ikilik eden däldirin.

— Aksakgal, hany, bi ahyrýetli gürrüňi goýalyň.

— Häh? Goçum, maňa bir zat diýdiňmi?

— Bi oglanlary palawa çagyryp, gürrüňi tükezybana tutdyň diýýän. Entek-entekler Ezraýyly seň golaýyňa goýbermeris.

— Hä, şeýlemi? Bi sürpek aşyga dönen eňek bir gyzyp, sakyrdap ugrasa, aňsat-aňsat durzup bolanok. A şonda öňräjik, o nämedir ol... Batyr jan, «Žiguliň» basylyp saklanýan zady? Hä!.. tormozy. Şonda «Aksakgal, tormozyňy bas!» diýseň boljag-a. Men şo aspalta düşüp, sürüp oturypdyryn... Häý, Goçum!

— Hany, onda diliňem biraz dynjyny alsyn. Bizem... — Goç garnyny sypalady — zaprawka edeliň. Seňem motoryň sowasyn, Oňa deňiç gazany göreli. Palaw nähili bolduka? Tüwüsini agdaraýsak näderkä?

— Hany, ýene biraz dursun. Ody-da — bir kesindi çalaja ýylpyldap dursa besdir.

— Onda maşynyňy otlama.

Hemmeler gülüşdi. Ara dymyşlyk düşdi.

Daşarda bir sygyr molady. Ýene biri «Hüm-m-m» edip jogap berdi.

— Beýdip, ýasa gelen ýaly ýere bakyşyp oturmalyň. Biriň gepläň — diýip, Jumaguly aga dillendi. Ahmet aksakgal bilen Goçuň ýüzüne seredip sowal berdi:

— Sygyrlaryňyz nähili? Süýt-ýag pylany dolýamy?

Hiç kimden birbada jogap bolmady. Ahyry Goç üsgürinjiräp:

— Sygyr diýer ýaly, kolhozda sygyr galdymy? Bahar hemmesiniň ýogyna ýanmadykmy?—diýdi.

Baharda bolan wakany Batyryň gürrüň bereni Ahmedis ýadyna düşdi.

— Häzir kolhozyň ýerden ýöräni pagtada. Ondan başga zadyň gürrüňini etseň, Pirweliň ýeňse damary gataýa. Kolhozçy bendeler pul berip, pagta satyn alsynmy ýa-da süýt?.. O siziň, işleýän kolhozyňyz nädýä?

Oturanlar Ahmediň Batyr bilen bir instituty gutaranyndan, onuňam Batyr ýaly goňşy kolhozda zootehnik bolup işleýäninden habarlydy.

— Biziň kolhoz — diýip, Ahmet özleriniň Oržonikidze adyndaky kolhozynyň ýagdaýyndan gysgajyk aýtdy. — Şo bir bolşy. Pagtasam, süýdem raýonda orta gürpde. Satynam alanok, oň üçinem, ýylyň-ýylyna ortalygam

hiç kime berenok. Ýerden ýetişdirenimizi ýygýas, sygryň eçilenini sagýas.

— Dogry edýäňiz. Hököwmedi aldadym diýip kimi aldaýas? Öz-özümizi.

— Ýöne, oň üçin her ýygnakda başlygymyzy Han aga kötekleýä. Öňräk Han aga oňa: «Meýlisiň ýanyna baryp, karz pagta alaýsaň bolmaýamy? Beýleki başlyklar şeýdýä! Git, soraş, maslahatlaşam» diýip ýol salgy beripdir. Olam: «Beýleki başlyklaryň nädýänini men bilýän. Ýöne, pagta pylanymy doldum diýen ada galyp, daýhanam ýylyň ahyrynda aç goýup biljek däl» diýenmiş.

— Dogry diýipdir başlygyňyz. Biziň kolhozyň pagta bazasyndaky wekili Ýalow (Obada oň lakamy Ýalow ýalançy) gije-gündiz bazadan çykanok. Üç ýyldan bäri şo ýerde işleýä. Kerpiçden jaý saldy. Özüniň «Wolgasy», oglunyň «Žigulisi» bar. Bir pyrryllak iş-ä edýä olar. Pirweli şo ýerik Ýalowdan başgany iberenok. Hemme zat ýokardan başlanýar. Belanyň korugi ýokarkylarda — baştutanda. Şolar dogry işlese, aşakkylaram dogry işleýä. Atam pahyr: «Balygam kellesinden porsaýa, belent-belent daglaram depesinden ýumrulýa. Baş bolmasa göwre läş» diýerdi. Ýatan ýeri ýagty bolsun,

otursa-tursa şu nakyly gaýtalamagy gowy görerdi. Türkmen ýöne ýere: «Baş saglygy bolsun, mal-başyp bitin bolsun» diýýän däldir. Danalaryň bi sözlerinde uly many bar ahyryn.

Gülli ýalpak tabaga salnan palawyň ak bugy potologa çenli göterilip, ysy otagyň içini tutdy.

— Bissimilla, alyň, oglanlar! — diýip, ilki Jumaguly aga elini palawa uzatdy. Ak sakgalynyň üstüne gaçan bir düwür tüwini çep eli bilen alyp, onam agzyna saldy. Ortadaky üýşmek etden iki omaçany saýlap, Ahmet bilen Batyryň öňünde goýdy.

— Haýal etmäň, meýdanda erkana gezip ýören gyzyl horazyň etidir. Bular üçdi. Mäkiýanlara galan ikisem ýeter.

Ýigitler gaty gülmäge çekinip, ýöne ýylgyryşaýdylar.

Palaw iýlip bolnandan soň, Jumaguly aga:

— Hany, indi Goçum, peje birki kesindi odun okla. Derläp bir gök çaý süzeliň — diýdi.

Çaý başynda Gara Mergeniň üstünden gürrüň açyldy. Ahmet öz kakasynyň tarapyny çalyp oturmagy uslyp bilmän, soralan soraga jogap berdi-de, başga gürrüňe goşulmady. Ol:

— Aşgabada gidip, Merkezi Komitete arza berip gaýdypdyr. Başga belli zat ýok. «Derňäris, gaýdyberiň» diýipdirler — diýdi.

Jumaguly aga dyzynyň üstündäki uly ýaglygy bilen ýüzüni süpürişdirip:

— Aksakgallaryň haýyş-towakgasyny bizem-ä iberendiris. Bi jelegaýda-ha oňa pitiwa bermelidiler. Hany göreli, Aşgabatda nädýäkäler? Olaram gözlerini ýumup, bassyr-ýussur etseler, gös-göni Meskewe ýazarys.

— Onça adamyň golly hatyna biparh garamaklyk, adamkärçilige-de, kanuna-da syganok — diýip, Batyr Jumaguly aganyň ýüzüne seretdi.

— Häzirlikçe-hä, sygyp dur. Obkomda biz ýazdykmy-ýazmadykmy, parh beren bolmady. Kitaplarda, gazetde, radioda, telewizorda dogruçyl, hakykatçy bolmaly diýip, gije-gündiz gygyryp durlar. Emma hakykat üçin aýdýan sözüňe pitiwa berilmese, şondan beter biabraýçylyk barmy? Onda, diýmek, seni itçe-de äsgermedikleri. «Bar, eliňizden geleni aýamaň, asmana ot beriň» diýdikleri bolýar-da! Hany, Aşgabatdakylaňňam sözüni diňläli, bolmasa, soňuny görübiris. Bizem gol gowşuryb-a oturmarys.

Batyr ýere bakyp diňledi-de, başyny galdyrdy. Jumaguly aganyň ýüzüne seredip gürledi.

— Kakam soňky döwürde gaty başyna gitdi. Ylaýta-da, şo ýyldyzy döşüne dakaly bäri.

— Hawa, onuň bilen indi gepleşibem bolanok. Baýak, aksakgalyň ýanynda otyrkam, özüniň «guýruklary» bilen keselhana bardy. Hiç bolmasa, sakgalymyň agyny sylap salam beräýmelidi ahyry? Boýnunda çyban bar ýaly, çalaja başyny yrgyldatdy. Näme, sen ýaşuly adama salam bereňde kiçelýäňmi ýa beglikden düşýäňmi? Äý, bolýa-da. O ýyldyzy Hanyň döşüne Arkaly aga dakanok. Ony partiýa, halk berdi. Beren adam ony yzyna-da alyp bilýändir.

## 24

«Ýeňiş» kolhozy noýabryň ýigrimisinde döwlete pagta satmak planyny doldurdy. Oblast, raýon gazetleriniň «Hormat tagtasynda» kolhoz başlygy Pirweli Penaýewiň adyny uly gara harplar bilen ýazdylar. Kolhozda hasyl toýuny geçirmegi bolsa raýon dolaryňa goýdular.

Şol gün agşam Pirweliniň daçasynyň çyralary daň atyp, jahan ýagtylansoňam ýandy durdy. Bagşynyň

sesi, serhoş bolanlaryň orlaşygy daňa çenli dowam etdi. Pirweli özüne ýakyn adamlar bilen kolhozyň bu «ýeňşini» belläp geçipdi.

Raýon bolsa 90 prosentden ýaňy geçipdi. Gündelik ýygylýan pagta ýarym prosentiň töweregidi. Eger-de şu depgin bilen gidilse, planyň doljagam gümana.

«Gyşyň güni kyrk tüýsli, kyrkysy-da gylyksyz» diýlip ýöne ýere aýdylmandyr. Howa her gün birhili «oýun» edýärdi. Gowaça çöpleri ýylan ýalan ýalydy. Gamçynyň sapyna menzeýän syp-gyrdam baldaklardaky «göz aldaýan» ýekehana übtükleri şyňlaýan aýazyň ýeline sozguşyp, uzakdan seredeňde, gowaça atyzlary pagtadan doly ýalydy. Emma ýanyna barsaň derek ýokdy. Günuzyn bilini ýazman haýdaňda-da, bir fartuk ýa ýygarsyň ýa-da ýok. Gije düşýän gyrawyň derdinden studentler Gün guşluga galýança atyzlaryň gyrasynda ot ýakyp geçirýärdiler. Olaryň elleri çyzyk-çyzyk ýarylypdy. Käbirleriniňki çorlapdyram. Onda-da daşyna ýukajyk buz örten körek görseler, gyzyl tapan ýaly topulýardylar. Buz-kesek körekleriň çişe dönen uçlary ýaryk-ýaryk barmaklaryň ýarasyna degende, ýürege sünjülen iňňeden kem däldi. Şol bada gözüňe ýaş aýladýardy. Studentleriň ýüzleriniň bir gat hamy-da güne-aýaza garalyp, indi Afrikadan gelene

menzeýärdiler. Pagta geýýän gelen geýimleri-de şylha dönüp, ýeňleri, tirsekdir dyzlary aşyklynyň eti ýaly sallanyşyp durdy. Ýöne bular Jdhanaýa, Mira we ýene dört-bäş studente degişli däldi. Olaryň adyna Sülgün brigadir niredendir bir ýerden, «Öz fondundan» pagta «tapyp» ýazýardy.

Atyzlarda pagta gytaldygyça, onuň frontunyň çägi-de, hüjümi-de güýçlenýärdi. Öň «Kolhoz dolsa, Aşgabada gideris» diýen umytda gezip ýören studentlere indi: «Raýon dolansoň gaýtmaly» diýip, tamalaryny üzdürdiler. Ýolbaşçylar pagtadan başga zadyň gürrüňini etseň dinlänokdylaram. Garagumdaky goýunlaryň, kolhozdaky gara mallaryň halyndan habar alýan ýokdy. Diliňden gaçyraýdygyňam: «Sen pagta zyýan bermelik üçin, bi gepi bilgeşleýin tapýarsyň» diýjekdiler.

Aşgabatda, ähli oblast, raýon merkezlerinde kärhanalaryň, edaralaryň, zawod-fabrikleriň işçi-gullukçylary-da pagta «frontuna» mobilizlenildi. Gazetlerde, radio-telewideniýede, adamlaryň agzyndan ýeke söz gaçýardy. Olam: «Hemme zat pagta üçin!» Emma «ak altyn» atly gaçýardy, adamlar bolsa pyýada kowýardy. «Ýorgan-ýassyklaryňyzy sekup, pagtasyny tabşyryň welin, garaz, ýer gazmaly, asmana uçmaly, ýöne pagta tapmaly» diýlen buýruk berildi. Ölmeli-

ýitmeli respublika pagta planyny dolmaly. Nokat. Başga gepem, bahana-da bolmaly däl.

Körek arassalaýjy maşynlar öl-myžžyk gozalaryň süýümini alyp bilenokdylar. Onuň üçinem, gozalary açmak üçin kolhozda tüsse çykýan öý bolsa, körek paýlanylyp berilmäge başlandy. Garrysy-gurtusy, çagasy-çugasy ýok, gije çyrasy ýanmaýan öýler barlanylyp, bardy-geldi uklap galan adamlaryň üstünden baraýsa, gygyrýan brigadirleriň agzyndan çykýan paýyş sözlerini obanyň aňry çetinde diňläp durmalydy. Agşam açan gozalaryndan alan pagtasyny ertesi irden gapana getirmedik hojalyklar kolhozyň ähli ýeňilliklerinden kesilýärdi. On iki sotuk melleginе eken ekiniňe şol tomus suw berlenok. Toý edip, işigiňe mähelle üýşürmersiň. Pirweli rugsat bermez. Bigeňeş etseňem, kolhoz ýolbaşçylaryndan biri-de «Toýuň gutly bolsun!» diýip gapyňdan sekmez. Şolardan gorkusyna, oba adamlarynyňam köpüsi toýa gelip bilmez. Adamçylykdyr, bardy-geldi ýasyň-beýlekiň bolaýsa, öliňi mazarystana göterip äkidersiň, kolhozdan ulag tamasyny etme.

Şeýle günleriň birinde Batyr irden kolhozyň edarasyna geldi. Ol käte ýa şu ýerik ýa-da göni ferma maňlaýyny urýardy. Batyr «Niwasyndan» düşüp-

düşämänkä, Tilkibaýyň kömekçisi eli kagyzly ylgap ýanyna geldi.

— Ýaňyja gumdan telefonogramma berdiler. Gyzylgül ýeňňäniň adamsy ýogalypdyr. Saňa-da habar etmeli diýipdirler.

Gyzylgül Batyryň ejesidi.

Bu wakanyň pajygaly taryhy bardy.

Batyr Pirweliden iki günlük rugsat alyp, Arkaly aganyň ýanyna ugrady. Elbetde, muny atasyna-da aýtmalydy.

Batyryň ejesi Gyzylgül Garagumuň ortasyna şeýle ýagdaýda düşüpdi...

Batyr özüni bileli bäri Arkaly aganyň elinde terbiýe alypdy. Aksakgalyň kempiri ýogalyp, Batyram Aşgabatda okap ýörensoň, Han kakasyny öz ýanyna göçürip getiripdi.

Bu waka şeýle başlandy. Batyr Aşgabadyň oba hojalyk institutynyň zootehniklik bölüminiň birinji kursuna okuwa girip, studentler bilen dekabra çenli pagta ýygymynda boldy. Pagtadan gaýdyp gelenlerinden soň — täze ýylyň öň ýanlary kyrk bäş ýaşlaryndaky bir adam agşamara Batyryň ýanyna

geldi. Batyr ony ilkinji sapar görýärdi. Ýöne nämede bolsa, gelen adam bilen mylaýym gürleşdi. Ol özüniňem Daşgala obasyndandygyny aýdyp, Batyryň ähli garyndaşlarynyň atlaryny ýeke-ýekeden sanap çykdy. Onuň ady Meýdandy. Aşgabatda akademiýada işleýändigini, şu ýerde öýüniň, aýalynyň, çagalarynyň bardygyny aýtdy. Şo gün agşam Meýdan Batyry öýlerine myhmançylyga äkitdi. Meýdanyň aýaly ony «Batyr jan» diýip, mähirli garşy aldy. Batyr Meýdany kakasyndan bir ýagşylyk görendir diýip oýlandy. Öňräk oba baryp gaýtdym diýýär. «Belkem, şonda kakam dagy Batyrdan habar tutup durgun diýip adresimi berendirler». Bular oturyp-oturmanka, ol aýal bir okara etli böregi adamsy bilen Batyryň öňünde goýdy. Meýdan aýna gapyly bufedinden bir çüýşe konýak bilen iki sany kiçiräk stakanjygy aldy. Batyr:

— Men-ä içemok, Meýdan aga — diýdi.

Meýdan, nämüçindir, ýylgyrdy.

«Bu näme içmeýänime ynanman ýylgyrýarmyka?!»

Emma ol başga zada ýylgyrýan eken.

— Bu gün içmeli borsuň...

Meýdan ynam bilen onuňka hem guýdy.

— Hany, tut eliňe. Ullakan adam bolupsyň. Mundan ulalyp düýe boljakmy?» diýýäler.

— Çynym bilen, men içip göremok.

— Içip görmedik bolsaň, görersin. Bol hany, ýalbartma! Birje sapar içäý.

Batyr stakanjygy eline ikigöwünli aldy.

— Şeýt ahyry, ynha, öýe birinji sapar gelýäň. Hany iç, onsoň sada gowy bir zat aýtjak. Bol, bolsana!

Batyr: «Näme gowy zat aýtjakka?» diýip pikir edenden Meýdan has-da gyssap ugrady. Onuň aýaly-da:

— Ballym, birje sapar içäý — diýdi.

Batyr gözüni ýumup, stakany başyna çekdi. Konýak sowujagam bolsa, ýuwdandan soň aşgazany gyzyp gitdi.

— Al, indi börek iý — diýip, Meýdan çemçesi bilen onuň öňüne çykaryşdyrdy. Birsalymdan Batyryň göwresi ýeňlän ýaly boldy. Meýdan eýdip-beýdip oňa ýene iki sapar içirdi. Ol okuwlaryndan, kursdaşlaryndan gürrüň berip ugrady. Kellesi çalarak aýlansa-da, süňňi guş ýaly ýeňildi.

— Daýyň bilen ýene bir sapar içjekmi? — diýip, Meýdan dillendi. Batyr o wagt «daýyň bilen» diýen söze ünsem bermän ýylgyryp, «Ýok» manyda başyny atdy.

— Öň içmedik oglana azar bermesene — diýip, aýaly Batyryň tarapyny çaldy. Meýdanam öz sözüne Batyryň biperwaý garap ýylgyrýanyny gördi-de, birhili boldy.

— Bolýa, onda saňa indi berjek däl. Gulak as, Batyr jan — diýdi. Batyr onuň ýüzüne ýylpyldaýan göreçlerini dikdi. — Asýaňmy?

— Hawa.

— Assaň, men seniň dogan daýyň.

Batyr kem-kemden ýylgyrmasyny goýup, onuň ýüzüne seretdi galdy. Meýdan ýere bakyp oturyşyna:

— Seniň hakyky ejeň, menis aýal doganym. Adyna Gyzylgül diýýärler. Häzir Garagumuň ortarasynda ýaşaýar.

Batyr «Eje» sözüni eşidende, Arkaly aganyň kempirini göz öňüne getirdi. Öňem aýlanyp duran kellesi bulaşan ýaly boldy-da, kem-kemden açylmaga başlady.

— Hawa, ballym, Meýdan seniň hakyky daýyň.

Gyzylgül gumda ýaşaýar. «Batyr jany» görüp öläýsem armanym ýok» diýýämiş görgüli.

Meýdan elýaglygy bilen gözüni tutdy. Soňra ýaglygyny aýranda, onuň gözleri gyp-gyzyldy. Özem çygjarypdyr. Daýysynyň aýaly gürrüňini dowam etdirdi.

— Sen ýaňy üç aýlyk bäbekkäň, Han Gyzylgüli diňe bir öýünden kowany bilen oňman, obadan çykardy. O wagt ol kolhoz başlygydy. «Obada dursaň öldirin» diýenmiş. Soň Gyzylgülüň garyndaşlary ony Borjak atly çopana beripdirler.

Häzirem gumda ýaşap ýörler. Iki gazy, bir ogly bar. Han bolsa şondan soň häzirki Mylaýym diýen aýaly alýar. Seni bolsa Arkaly aga ogullyk berýärler. Goňşy-golam, ýoldan ötüp-geçýän aýallaryň işi-pişesi seni emdirmek bilen bolýar. Tä süýtden aýrylýançaň, bütin kolhozyň aýallaryny emip çykdyň, ballym. Ine, şeýdibem, adam bolduň. Gyzylgülüňem guma şo gidişi... Iki gözi seniň ýoluňdamyş. Ötenden-geçenden «Görýäňizmi?» diýip seni sorap, ölüp-öçýärmiş...

Batyr şo günden soň Meýdan daýylaryna hepdede birki sapar gelýärdi. Ahyry ol gyş kanikulynda ejesini görmek üçin ýola şaýlandy. Meýdan daýysy kükürt zawodyna çenli samolýota bilet aldy. O ýerde-de posýolok Sowetiniň başlygy onuň dosty ekeni, eline hat berdi. «Bir ulag tapyp, seni ugradar. Kükürt zawodyndan gündogarlygyna «Köne guýy» diýen ýerdäki çopan goşuna çenli 80 kilometr» diýdi.

Posýolok Sowetiniň başlygy Meýdanyň hatyny okap

başyny atdy.

— «Köne guýynyň» bäş kilometr bärsinde biziň metostansiýamyz bar. Şo ýerde beýleki kolhozlaryň çopan goşlary-da bolmaly. Ertir metostansiýa wertolýot gidýä. Men seni şoňa mündürip goýbärin. Aňryk — «Köne guýa» çopanlar aşyr. Bu günlükçe bizde dynjyňy al — diýip, Batyry öýlerine äkitdi.

Wertolýotyň ýelgini palçyk tamyň töweregindäki garlary dyr-pytyr peşedi, «un» edip asmana sowurdy. Jaýdan çykan iküç ýaşuly gaba telpeklerini bir elleri bilen tutup, wertolýotdan kimiň düşerine garaşyp durdular. Elbetde, ol ýerlere wertolýot bilen ýöne-möne adam barmaýardy.

Batyr kiçiräk çemodanyny göterip, olaryň ýanyna bardy. Salam berdi. Olar gelen adamdan hiç zat soraman öýe çagyrdylar. Wertolýotda mazaly üşän Batyry pejiň böwründäki «myhman» orna geçirip, täze demlenen gök çaýy öňüne süýşürdiler. Saglyk-amanlyk soraşyldy. Olar «Nireden gelýäň? Niräk barýäň?» diýip soramansoňlar, Batyr hem hiç zat aýtmady. Gaba telpekli ýaşulular, megerem, Batyr gelmezinden öňki edip oturan gürrüňlerini dowam etdiler. Biri: «Eger gar 68-den 69-a geçilýän gyşdaky ýaly köp ýagsa, bujagaz

ýygnan otumyz, hiç zadam bolmaz» diýdi. Şol ikarada otaga egni paltoly, kellesi gulakjynly adam girdi. Batyra gözi düşenden:

— Beh, bi senmi-aý, Arkalyýew?! Adamlar, çopanlar, siz bilýäňizmi kimiň gelenni? Meň okuwçym gelipdir. Şunam tanaňzokmy? Han Arkalyçyň ogly ahyry bi. Aşgabatda okaýar. Batyr jan, nähili ýagdaýlar? Arma okuwlar bilen. Sen nire, bu ýerleri nire?

Gulakjynly mugallym, paltosyny düýpdäki ýorgan-düşek galdyrylgy, ýüzüne alýuminden haşamly nagyş çekilen sandygyň üstüne oklap, Batyryň ýanyna geçip, aýbogdaşyny gurdy. Oturanlar Han Arkalyýewiçiň oglunyd garaşylmadyk ýerden öýlerine gelşine birbada haýran bolşup, biri-biriniň ýüzüne seretdiler. Batyryň biperwaý garap ýylgyrýanyny gördi-de, birhili boldy.

— Bolýa, onda saňa indi berjek däl. Gulak as, Batyr jan — diýdi. Batyr onuň ýüzüne ýylpyldaýan göreçlerini dikdi. — Asýaňmy?

— Hawa.

— Assaň, men seniň dogan daýyň.

Batyr kem-kemden ýylgyrmasyny goýup, onuň ýüzüne seretdi galdy. Meýdan ýere bakyp oturyşyna:

— Seniň hakyky ejeň, meniň aýal doganym. Adyna Gyzylgül diýýärler. Häzir Garagumuň ortarasynda ýaşaýar.

Batyr «Eje» sözüni eşidende, Arkaly aganyň kempirini göz öňüne getirdi. Öňem aýlanyp duran kellesi bulaşan ýaly boldy-da, kem-kemden açylmaga başlady.

— Hawa, ballym, Meýdan seniň hakyky daýyň. Gyzylgül gumda ýaşaýar. «Batyr jany» görüp ölsem armanym ýok» diýýämiş görgüli.

Meýdan elýaglygy bilen gözüni tutdy. Soňra ýaglygyny aýranda, onuň gözleri gyp-gyzyldy. Özem çygjarypdyr. Daýysynyň aýaly gürrüňini dowam etdirdi.

— Sen ýaňy üç aýlyk bäbekkäň, Han Gyzylgüli diňe bir öýünden kowany bilen oňman, obadan çykardy. O wagt ol kolhoz başlygydy. «Obada dursaň öldirin» diýenmnş. Soň Gyzylgülüň garyndaşlary ony Borjak atly çopana beripdirler.

Häzirem gumda ýaşap ýörler. Iki gyzy, bir ogly bar. Han bolsa şondan soň häzirki Mylaýym diýen aýaly alýar. Seni bolsa, Arkaly aga, ogullyk berýärler. Goňşy-golam, ýoldan ötüp-geçýän aýallaryň işi-pişesi seni emdirmek bilen bolýar. Tä süýtden aýralýançaň, bütin kolhozyň aýallaryny emip çykdyň ballym. Ine, şeýdibem, adam

bolduň. Gyzylgülüňem guma şo gidişi... Iki gözi seniň ýoluňdamyş, ötenden-geçenden «Görýäňizmi?» diýip seni sorap, ölüp-öçýärmiş...

Batyr, şo günden soň Meýdan daýylaryna hepdede birki s.apar gelýärdi. Ahyry ol gyş kanikulynda ejesini görmek üçin ýola şaýlandy. Meýdan daýysy kükürt zawodyna çenli samolýota bilet aldy. O ýerdede posýolok Sowetiniň başlygy onuň dosty ekeni, eline hat berdi. «Bir ulag tapyp, seni ugradar. Kükürt zawodyndan gündogarlygyna «Köne guýy» diýen ýerdäki çopan goşuna çenli 80 kilometr» diýdi.

Posýolok Sowetiniň başlygy Meýdanyň hatyny okap başyny atdy.

— «Köne guýynyň» bäş kilometr bärsinde biziň metostansiýamyz bar. Şo ýerde beýleki kolhozlaryň çopan goşlary-da bolmaly. Ertir metostansiýa wertolýot gidýä. Men seni şoňa mündürip goýbärin. Aňryk — «Köne guýa» çopanlar aşyr. Bu günlükçe bizde dynjyňy al — diýip, Batyry öýlerine äkitdi.

Wertolýotyň ýelgini palçyk tamyň töweregindäki garlary dyr-pytyr peşedi, «un» edip asmana sowurdy. Jaýdan çykan iküç ýaşuly gaba telpeklerini bir elleri bilen tutup, wertolýotdan kimiň düşerine garaşyp

durdular. Elbetde, ol ýerlere wertolýot bilen ýöne-möne adam barmaýardy.

Batyr kiçiräk çemodanyny göterip, olaryň ýanyna bardy. Salam berdi. Olar gelen adamdan hiç zat soraman öýe çagyrdylar. Wertolýotda mazaly üşän Batyry pejiň böwründäki «myhman» orna geçirip, täze demlenen gök çaýy öňüne süýşürdiler. Saglyk-amanlyk soraşyldy. Olar «Nireden gelýäň? Niräk barýaň?» diýip soramansoňlar, Batyr hem hiç zat aýtmady. Gaba telpekli ýaşulular, megerem, Batyr gelmezinden öňki edip oturan gürrüňlerini dowam etdiler. Biri: «Eger gar 68-den 69-a geçilýän gyşdaky ýaly köp ýagsa, bujagaz ýygnan otumyz, hiç zadam bolmaz» diýdi. Şol ikarada otaga egni paltoly, kellesi gulakjynly adam girdi. Batyra gözi düşenden: — Beh, bi senmi-aý, Arkalyýew?! Adamlar, çopanlar, siz bilýäňizmi kimiň gelenni? Meň okuwçym gelipdir. Şunam tanaňzokmy? Han Arkalyçyň ogly ahyry bi. Aşgabatda okaýar. Batyr jan, nähili ýagdaýlar? Arma okuwlar bilen. Sen nire, bu ýerleri nire?

Gulakjynly mugallym, paltosyny düýpdäki ýorgan-düşek galdyrylgy, ýüzüne alýuminden haşamly nagyş çekilen sandygyň üstüne oklap, Batyryň ýanyna geçip, aýbogdaşyny gurdy. Oturanlar Han Arkalyýewiçiň

oglunyd garaşylmadyk ýerden öýlerine gelşine birbada haýran bolşup, biri-biriniň ýüzüne seretdiler.

— Ýoldaş mugallym, siz bu ýerde näme işläp ýörsüňiz?

— Menmi? — «Ýoldaş mugallym» eňekleri gulagyna ýetýänçä ýylgyrdy. — Menem sentýabrdan bäri şu ýerik mugallymçylyga işe geldim. Ýigrimi okuwçym bar. Özüm direktor, özüm zawuç, özüm mugallym, garaz, şu mekdebiň bendesem özüm, Hudaýam. Biraz arassa howadan dem alaýyn diýdim. Şeýdibem, ynha, gezip ýörün. Bi aksakgallar bilenem öwrÝeňişip gitdik. Günde biri toklyň täzeje keltegapyrgasynyň çekdirmesine çagyrýa.

— Maşgalaňyz aňyrdamy?

— Hawa, enteg-ä raýonda... Geçmekçi bolsak, görübiris-dä!

— Möjek mollum diýýän-ä, bi ýigit Arkaly sakgaldaşyň elinde terbiýelenen Hanyň şol ilkinji dogmasy-ha däl?

— Şol aksakgal, şol.

— Hä, onda Gyzylgülden bolan diýsene...

Oturan çopan-çoluklar bir ýaşulynyň, birem Batyryň ýüzüne seretdi.

— Onda, Gyzylgül ýeňňä buşlamaly ekeni — diýip, biri seslendi.

— Buşlaň, ýöne... — ýaşuly sözüne dyngy berdi— Ägäräk boluň. Biçäräň birden ýüregi ýarylaýmasyn. Ene ýüregidir, näçe ýylyň aýralygyndan soň, balasy bilen duşuşygyň oňa nähili täsir etjegini kim bilýär.

Möjek mugallym köne paltosyna ýapyşdy.

— Men häzir, bir sagada galman gelerin. Siz çaý-paýa güýmenip oturyň.

Az salymdan daşarda çykan motosikletiň sesi kem-kemden daşlaşyp gitdi.

Egni güpbüli ýigit, bir elinde legeni, beýleki elinde kündügi tutup, ilki ýaşulynyň, soňra-da bir çetde oturanlaryň ellerini mylaýym suw bilen ýuwdurdy.

Orta omaçaly gaýnatma geldi.

— Alyň, bissimilla — diýip, ýaşuly adam etiň ýumşak bölegini barmagy bilen çümmükläp görüp eline aldy-da, ony tüýdüşdirip, dişsiz agzyna oklansoň, aşaky äňi ak sakgalyny ýelpildedip, burnuna degip-degip gaýtmaga başlady. Mele myssyk gyzgynja nany guýruk ýaga batyryp, gapyrganyň gemmikli ýerine syrylyp süýşen eti azysy bilen kakyp alýan çopanlaryň iýşine

seredende işdäň açylýardy.

Nahar iýlip bolnansoň, ýene-de öňki tertip boýunça el ýuwduryldy. Ýaşuly pejiň agzynda oturan ýigide başyny atdy.

— Oglum, nahara güýmenip, peji sowadaýdyň öýdýän. Ojardan salyşdyraweri.

Ýigit pejiň üstünde lakyrdaýan tüňçeleri tutawaç bilen tutuşdyryp, gülli çäýnekleri demledi. Her kimiň öňüne ýene bir çeýnek çaý geldi. Şol wagt daşardan motosikletiň sesi eşidildi.

— Ana, Möjek mollum geldi!

— Hawa, şo geldi öýdýän.

Oňa çenli Möjek mugallymyň sowuga üşän çym-gyzyl ýüzi gapydan göründi.

Aksakgal, ýumşuny häk edendirin... Eý, siz eýýäm nahar iýäýdiňizmi?

— Seňem paýyn bardyr!

Möjek mugallym şapbyldadyp hem nahar iýdi, hem gürrüň berdi.

— Bardym. «Gyzylgül ýeňňe» diýdim. «Hä» diýdi. «Öňräk Aşgabatda boldum, seň Batyryňy gördüm»

diýdim. Elindäki igini biryana oklap, alkymyma omzap süýşdi. «Hawa, Möjek jan, nähili? Ulalypmy? Aýtsana, wah!..» diýip, gözlerine ýaş aýlap barýa.

— Häý, görgüli!..

— «Ýok, Gyzylgül ýeňňe, gözüňdäki ýaşyňy ýok etmeseň, gürrüň berjek däl» diýdim. Pahyr, «Ine, ine» diýip, gyňajynyň çowy bilen gözlerini süpürdi. Men Batyra: «Ýör, ejeň ýanyna äkideýin, indi menem şo ýerde işleýän. Kanikulyňda hem gezip gaýdarsyň, hemem ejeňi görersiň» diýdim.

— Gör, muň toslap tapaýan zatlaryny! Batyry özi getiren ýaly edäýipdir-dä!

— Hawa, duruň! Onsoň, Batyr: «Kanikulda baraýmagym mümkin, ýoldaş mugallym» diýdi. Eger geläýse nädersiň, Gyzylgül ýeňňe?» diýdim. «Wah...» diýip, gepläp bilmän otyr. Ýene damagy doldy... «Ýo-ýok, munyň bolanok, ýeňňe, ikimiz gepleşdik. Eger gözüňden çalaja çyg çyksa-da, ogluňy getirjek däl» diýdim. «Bolýa, aglamaýyn» diýdi. «Onda, erte-birigün, ogluň geldi» diýip buşlap geläýsem, näme biýrsin?» «Näme diýseň bereýin». «Ýo-ýok, sen belli bir zadyň adyny aýt. «Bir goýun biýrmiň?» «Wah, ikisini al, Möjek jan» diýdi. Ine, şeýdip, iki goýunly bolup gaýtdym.

Garaz, eýdip-beýdip Batyryň siziň ýanyňyzdadygyny ahyry aýtdym-ow! Eýýäm olar goýun öldürip, taýýarlyk görüp ýörler. Hemmäňize-de gelsin diýdi.

— Bä... Şeýdip, bir sagatda jübüt goýunly bolduň oturyberdiňmi?

— Hawa, bahar olaram guzlasa, dört bolýa.

— Süri başy bolsun!

— Aýdanyň gelsin — diýip, Möjek mugallym agzyna eltjek bolup duran gapyrgasyny gapdala çekip, ýaşula kellesini atdy.

«Köne guýa» ugramaly wagty Möjek mugallym ýene bir «hokga» çykardy. Ol Batyr ýaly ýigitlerden ýene üçüsini saýlap, hemmesine gyrmyzy don, ak telpek geýdirdi.

— Goý, Gyzylgül ýeňňe şularyň içinden öz ogluny saýlap alsyn — diýip, Möjek mugallym öz tapan oýnuna hezil edip güldi.

Maşyn ýola düşdi.

Çopanlaryň «Köne guýudaky» goşunda dört hojalyk — dört sany tamkepbe bar eken. Maşyn öňüne çaga-çuga, dört-bäş adam üýşen tamkepbäniň öňüne baryp durdy. Möjek mugallymyň buýrugy boýunça dört ýigit

nyzama durdy.

— Ine, men-ä ogluňy getirendirin, Gyzylgül ýeňňe! Ýöne, bulaň içinden ogluňy özüň tanamasaň, biz-ä biljek däl.

Bili çalarak bükülen Gyzylgül ýeňňe oglanlara bakan ýuwaşja ýöräp gelýärdi. Gyňajynyň maňlaýyndan çogup çykan çal saçlary ýeliň ugruna mekgejöweniň gulpagy ýaly ülpüldeýär. Batyr ilki ony görende «Nähili bolarkam?» diýip ýolboýy oýlanyp alada galypdy. Emma hiç hili-de bolmady. Ol özüni ýat bir aýalyň öýüne gelen ýaly duýdy. Ýüregi-de tolgunmady, on iki süňňi-de saňňyldamady. Onuň tersine, güne ýanan ýaňaklaryndan, küteleşen gözlerinden sandyraýan elleri bilen saçlarynyň ýele çaşan tarlaryny aýyrýan enäniň bolup durşy gözgynydy. Ol ýeke-ýekeden oglanlaryň gözlerine seredýärdi. Ahyry... onuň göreçleri Batyryňka dikildi. Ene duýgusy... Ene yhlasy... Ene gudraty bilen syçrap çykan uçgun Batyryň gözlerini gapdy. Betbagt enäniň gök çybyk ýaly damarlary, çylgym-çylgym çykyşyp duran elleri ilkinji perzendiniň gerdenine ýuwaş-ýuwaşdan saňňyldap uzady...

Ene mähriniň ýylysyna çoýunmadyk, bäbeklikden bir tokgaja buza öwrülen perzent ýüregi ýene-de

eremedi... Imrinmedi. Eremedi!

Hamana, nätanyş, bir ýat kempir oňa elini uzadýan ýaly bolup göründi.

Mährem enäniň bolsa uzak ýyllaryň ajy aýralygyndan ýanan ýüregi atygsap, kükreginden çykaýjak bolýardy. Ol asmandan düşen ýaly, gaşynda peýda bolan perzendini garbap tutaýmasa, ýene-de elinden sypdyrarly göründi. Indi enäniň hälki ýele ykjaýan ak saçlary öljümek ýaňaklaryna ýapyşyp ýatyrdy.

Gijäniň ýaryndan agýança ondan-mundan gürrüň edildi, iýlip-içildi. Batyryň ilkinji myhman bolan ýerinden gelenler gaýtdylar. Tä uklap galýança, hem ýaňran, hem içen Möjek mugallymdan özge goňşy-golamlaram öýli-öýlerine dargadylar. Gyzylgül eje Möjek mugallymyň ýatan otagynda Batyra-da ýer taýýarlady. Düşekçäniň aşagyndan ýene-de iki sany täze keçäni oklap, entek ýatylmadyk iňňeden çykma düýe ýüňli atlas ýorgany, sandyga galdyrylgy gat-gat ýorganlaryň astymdan çekip aldy. Per ýassyklary başujyna oklady.

Batyryň näçe wagt ýatany belli däl. Ol erbet suwsap oýandy. Gözlerini açan badyna ejesiniň ýüzüne ýüzi düşdi. Onluk çyranyň ýagtysyna ol gözlerini gyrpman,

Batyra seredip, başujynda otyrdy. Ine, şu pursatda Batyryň endamy jümşüldäp gitdi. Alýan demi gursagyna sygman yzyna gaýdyp, agzyndan howur bolup çykdy. Kekre ýaly ajy nem göreçlerini awuşatdy...

— Eje!..

— Balam!..

Ömründe ilkinji sapar ol «eje» sözüni agzy bilen däl-de, ýüreginden syzdyryp çykardy. Batyryň kellesini bagryna basan enäniň butin kalby saňsyldady. Batyryň gara saçlary suwa ezilen ýaly boldy.

— Sowuk suw içme. Men saňa häli çaý demläp goýupdym, şundan içäý. Elin basyran gatygymam bar. Ýa-da düýeçal içjekmi?

Ençeme ýyllardan bäri toplanan ajy ýaşlaryny dökensoň, eneli-ogluň göwrümleri giňän ýaly boldy. Gyzylgül eje kesek peçdäki şyglap duran tüňçesini oda golaý süýşürip, lakyrdap gaýnansoň çaý demledi.

Ol ara düşen ýigrimi ýylky ajy aýralygyň nämeden başlanyny, demini mahal-mahal iki egninden alyp gürrüň berip otyr...

— ...O wagtlar kakaň kolhoz başlygydy. Arkaly aganyňam aýaly bardy. Biçäre oňat naçardy. Garrylara

at dakar ýaly däldi. Oňat adamlar. Hemmämiz bir jaýda ýaşaýardyk. Nahar-suwumyz birdi. Sen göwrämde galansoň, Han öýden sowaşyp ugrady. Onda-munda ýabany ýatmany çykardy. Işi bahana edýärdi. Şo arada häzirki aýaly Mylaýym raýondan obamyza dogtor bolup geldi. Ol biziň öýe ýygy-ýygydan gelmäni çykardy. Özem owadan ulygyzdy. Käte gün batyp barýarkada geläýýärdi. Onsoň, ýeke özüni garaňkyda raýon merkezine ibermeklige çekinip, boş otaglaryň birinde düşek ýazyp berýärdim. Meniň näme, göwnümde çigit ýaly garalyk ýok. Ýatar, irden işine gider diýip pikir edýärdim. Aýagym has agralansoň, ol öýe gündegünaşa gelmäni çykardy. Maňa seredýärdi. Sada, türkana bolamsoň «Meň halyma dözýän däldir» öýdüp, içimden minnetdar bolýardym. Bahar aýlarydy. Hanam her hepdede sowuklamany çykardy. Dogtor gyz ony özbaşyna otaga salyp em edýärdi. Kiçijik bankalaryň içine ýalaw tutup arkalaryna goýuşdyrýardy. Menem näme, göwnümde garalyk bolmansoň, hiç zada ünsem beremok. Sag-aman sen dünýä indiň. Onsoň-a ol porhana okatmaly jynly boldy. Endam-janymdan gamçyň gögi aýrylmaýardy. Onda-da çydap ýörün. Nädeýin? Kime arz edeýin? Ol başlyk. Diýeni-diýen, demi bilen degirmen aýlaýa. Pagta ýygymynyň

gyzgalaňly günleridi. Öýümiziň on ädim golaýjagynda pagta atyz bardy. Seni emdirip, sallançakda ukladamsoň, ylgap baryp, bir fartuk ýygýardym, ýene senden habar tutýan. Bir gün günorta golaý fartugymy işikde goýup, seni emdirip otyrkam ol geldi. Şo wagt, nämüçindir, senem agladyň... Ine, şü-de bahana boldy. Ol ädiginiň gonjundan gamçysyny çykardy. — Sen heleý, şuny men gelemde bilgeşleýin agladýaň. Pagta ýygyp gyzgyn süýdüň bilen emdirýäň — diýip, ýolbars ýaly üstüme topuldy. Seni zordan sallançaga salyp ýetişdim. Üstüňe kükregimi gerdim. Gamçy saňa deger öýdüp gara janym galmady... Özi ýadaýança urdy. Onsoňam: «Agşama çenli zatlaryňy taýýarla. Şu öýden näme alsaň al-da, gümüňi çek. Hyk-çok etseňem, minaraň depesinden başaşak okladaryn» diýip gitdi. Ine, şeýdip, şo gün agşam meni Gökje diýen şopury bilen atam öýüme iberdi. Senem alyp galdy. Bir aý geçip-geçmänke, erkek doganlarym, ynha, şu ýerik guma satyp goýberdiler...

...Batyr keselhananyň öňünde «Niwasyny» goýup, Arkaly aganyň ýanyna bardy. Aksakgal krowatyň şahyna ýaplangy ýassygyna arkasyny diräp otyrdy. Ol ajy habary atasyna aýtdy. Arkaly aga biraz oturansoň: «Batyr jan, Gyzylgülüň göwni üçin onuň patasyna gitgin. Sen indi agy-garany tanaýaň. Ýigit çykdyň. Bu-

ýä özüňki. Iliň ýasyndanam galma. Onsoňam...

Arkaly aga bir zat aýtjak boldy. Batyryň ýüzüne seredip goýberdi. Aýagujyndaky dyzyna çenli ýapylgy ak prostyna garap, ep-esli wagtlap gözlerini süzüp oturdy. Onuň bir zat aýtjak bolany Batyryň ýadyndady. «Ýa-da ýatladaýsammykam». Oňa çenli aksakgal çalaja ardynjyrady.

— Batyrym, sen entek öýleneňok. Bardy-geldi, duz nesibämiz kesilip, ýagty jahan bilen hoşlaşmaly bolsam, ejeňi ýanyňa getir. Bolmasa, olam, senem horlanarsyňyz.

25

Arkaly aganyň saglygy gün geçdigiçe haýallaýardy. Han Arkalyýew oblastdanam, Aşgabatdanam özüne göwni ýetýän, men diýen doktorlary, professorlary çagyryp, gojany görkezdi. Emma olaryňam nepi degmedi. «Gojanyň keseli ötüşipdir, etjek alajymyz ýok. Indi giç» diýdiler.

Gojanyň näçe gün ýaşajagy belli däldi.

Mylaýym bolsa gonjuna gor guýlan ýaly, iki-ýana zowzuldaýardy. Gojanyň agyr keseline ýa-da onuň demini sanap ýatyşyna däl-de, birdenke onuň kazasy

dolaýsa, Läläniň toý sähedini yza süýşürmeli bolar diýip gorkýardy. Mundan öň-ä, Han aga «raýon pagta planyny dolmasa, bizem toý edip ýörsek gelşiksiz bolar, oblast ýolbaşçylary näme diýer?» diýip, toýy yza tesdirdi. Mylaýym her gün raýonyň pagta hakdaky swodkasyna seredip, kolhoz başlyklaryny tijemegi ärine sargap-sargap, halys bizar-peteňi çykdy. Indem bu gün-erte plan doljak bolup durka, «Ýetimiň agzy aşa ýetende burny ganar» diýlişi ýaly, «gojanyň ýagdaýy sal üstünde» diýip eşiden badyna Mylaýymyň howsalasy artdy. Ol bir ýerde karar tapman, ötlem-ötlem giň otaglaryň çinde iki-ýana zowzuldady. Ilçilikdir, birdenkä agzyboşuň biri gyzynyň Myratbeg bilen bolan gatnaşygyny, Garlynyň ýa Şagulynys gulagyna ýetiräýse, ähli iş bulaşjakdy. Daş edewersin! Onuň üçinem, gyssanmak gerekdi. Ähli zat agza-burna gelende, bir bolgusyz iş bolmaýbilse ýagşydyr. «Jany ýanan Taňrysyna gargar» diýen ýaly, ärine agzyna gelenini hüňürdemäge başlady.

Ol häzirem ýeke özi otagyň içinde. Näme etjegini bilmän, ýumrugyny eliniň aýasyna urup, bigünä goja gargynýardy, ýeňsesinden kölegesini saýgylaýardy «Sakgaly ütülmiş, ülhüt. Ýagşy zada sebäp bolmarsyň sen, ylaýym o dünýede görüňde dik oturasyň-da. Ýeri, haýallajak bolsaň, öljek bolsaň, şu günlerden başga gün

tapmadyňmy? Birki aý mundan öň öläýeňde, ýoluňy saklap duran barmydy diýsene? Munça ýaşap ýurdogly boljakmydyň? Eý, hudaý-eý, birdenkä, toý güni kazasy dolaýsa? Onda-ha, o päli ýamanyň, hut toýy bulamak üçin garaşyp ýatdygy bolýar. Aý onda hiç kime duýdurman, boş tamlaryň birinde gapysyny gulplap goýaýarys-da! Wiý, nädip goýjak diýsene, o enesi ýalamadyk Batyr ýetimçe, äleme jar eder ahyry ony. Wah, hemmesem gara garynja ýaly bolup Toty heleý bilen aýakly garpyza meňzeş Şagulydan. «Künti boýuny bezär, heleý öýüni» diýleni. Toý etjek, taň etjek adamlar öňünden gamyny iýmez oguşýan? Bi, Toty heleýiňki näme diýsene bukja-halada bir gün o ýetenok, ýene bir gün bi ýetenok diýip bizarymy çykardy. Ýeri, toý tutup gelin edinjek gaýynene bi zatlaryň öňünden alajyny görmeli ahyry. Hamana, ogluna bir günde sakgal-murt çykyp, öýlenmäge ýetişen ýaly. Hil meň başyma hiç zada ýetişmeýän, üstüni gapyl basdyran adam bolýar. Tomusdan bärem çynyňy etseň, on gyzyň bukjasynyň dokuzyny düzüwläp bolýardy. Bi süýdi ýanmyşyň özi gaýyň tazy ýaly bolup, iki-ýana byzbydyklap ýörmekden başga, bitirýän goşy ýok. Bize arkaýyn bolup edýä bi zatlary. Raýkomyň heleýi, ýetmeýän zadymy ýetirer diýip pikir edýändir. Dek düýnem: «Mylaýymjan,

ertir biz-ä Aşgabada bilet aldyk. Jygyllyklaryny görüp gaýtjak. Läle jana, lodka ýüzük bilen han ýüzügini hiç ýerden tapamzok. Galan halatlardanam kem-käs ýetmeýäni bar» diýip telefon eden bolýar. Tilkä sapak beren süýdi ýanmyş heleý şeý diýip, meň taryma kakyp görjek bolýarmyka? «Toty jan, oň üçin Aşgabada gidip, heläk bolup ýörme, men altyn magazine tilpun ederin, bardajyk alaý» diýdirjekdir oň hyýaly. Owalam, şeýdip, lama paltony, göwher gaşly ýüzügi, gulakhalkasy, boýnunyň zynjyry bilen öz bahasyna oturan ýerinde tapyp beremsoň ýaman öwrendi-dä! Indem şony isleýä o albassy heleý. Eýýämden, raýkomyň gyzyny alýan diýip donyna sygman, demi bilen degirmen üwejek, ýatan çöpi galdyrjak däl bolýar. Han-a bi zatlara başynam galdyranok. Meniň bi görüp ýören görgülemden habaram ýok. Ertir gidýä, agşam gelýä. Gyz çykarjak, ogul öýerjek ata boljagy bi zatlary deň çekişmeli dälmikä? Asyl onuň şu öýe getirýän pullary diýäýmeseň, şu öýe peýdasam ýok. Erkek eşigini geýip ýören mahluk. «Ärlik borjunam ýerine ýetirenok» diýsem-ä, özum aýbygadym, ilden çykan mes heleý diýjekler. Wah, munuň, sepini bildirmän, «Ýagşysyny ýaýyp, ýamanyny ýapyp» Omaryň ýanynda arşa galdyryp ýören özüm dälmi? Menden başga heleý

bolanda, bireýýäm «getirýän haram pullaryňy başyňa ýap» diýägede, syrtyna şakyrdyk dakyp goýbärdi. Şonda-da meň gadyrymy bilmeýä, bi haýwanyň biri. Mal bolup adam hatarynda sana goşulyp ýören porsy öküz. «Pis pisi tapar, suw pesi» diýen ýaly, tirkeşýänem şo erkeklik tohumy bolmadyk, önelgesiz Meýlis köse».

Gojanyň haly teň bolansoň, onuň ýeke özüni aýratyn palata geçirdiler. Indi ol birki agyz gürlese-de ýadaýardy. Başujynda esewan bolup oturýan şepagat uýasy häli-şindi içine nabat ezilen suwdan birki owurtladyp, gojanyň bogazyny ölleýärdi.

Batyr her gijäni atasynyň ýanynda geçirýärdi. Oňa-da gojanyň palatasynda ýatar ýaly krowat goýdular.

Näçe gije, uky diýen zat harama çykdy. Uklaman geçirseň, gije-de uzak bolar ekeni. Batyr şepagat uýasy bilen gezekli-gezegine gözleriniň awusyny alýardy. Gojanyň süňňi sagat bolmaga çemeli. Eger şol ady ýiten kesele uçramadyk bolsa, ol garrylyga ýan bermän, entek-entekler ýaşajak ýörjek ekeni.

Goja gerek zadyny köplenç üm bilen düşündirýärdi. Käte-de gury süňk bilen damara öwrülen eliniň barmaklaryny gamyş ýaly sandyradyp, köplenç suwly grafini görkezýärdi. Onuň ýüz-gözüniň hamlary juda

ýukalan ýalydy. Bulardan aňyrsyndaky gyzylja sapak ýaly damarjyklaryna çenli görnüp durdy. Goja köplenç uklasa-uklamasa-da, gözlerini ýumup ýatýardy.

Belkem, goja ömrüniň pellehana ýetenini aňýandyr. Geçen ýollaryny ýatlaýandyr. Nirede näme iş edenini, haýyr-sogabynyň agramyny göwün terezisinde ölçäp görýändir.

Belkem, kä ýerde goýberen ýalňyşlygynyň ahmyryny çekýändir? Birdenkä...

Potolokdan asylgy çyranyň ýagtysy öçügsi şugla saçdy-da, çyzylan otluçöpe öwrüldi... Goja otluçöpüň göreçleriňi deşip gelýän ýalnyny görmejek bolup, çilige dönen barmaklaryny gözleriniň öňüne tutdy.

1943-nji ýyl, açlyk döwri...

Arkaly Hanowyň men diýen wagty, Ol Minaraata obasynyň «Gyzyl baýdak» (häzirki «Ýeňiş») kolhozynyň başlygydy. Ol oba Sowetiniň başlygy Mergen bilen ýaşy ýeten oba ýigitlerini fronta ugradýardy. Aýlar-günler geçýärdi, ugradylan ýigitler ýa maýyp bolup gaýdyp gelýärdi, ýa-da «öldi» habary gowuşýardy. Şol gidenleriň arasynda Goçuň ejesiniň aýal dogany Mamagülüň ogly Torum hem bardy. Torum obadaky kiçiräk toý-tomaşanyň bezegidi. Dutar çalanda, ýüregiň

üstünden aýakýalaňaç ýörelen ýaly, damarlaryňdan gan däl-de, lezzete ýugrulan duýgular akýana meňzeýärdi. Garamaňlaý Mamagül dogabitdi laldy. Ol frontdan gaýdyp gelenleriň ýüzüne naýynjar garap, şinellerini ogşaýardy. Eli bilen ýerde ýatan taýagy alyp, dutar edip çalýardy-da, bir barmagyny çommaldyp görkezýärdi. Goçuň ejesi onuň ümlerine düşünip: «Ýalňyz balam, Torum jan nirede?» diýip soraýar» diýip düşündirýärdi. Mamagülüň depe saçyny düýrükdirýän birhili owazyna, uruşdan gaýdyp gelenleriňem, töwerekdäkileriňem ýürekleri para-para bolýardy. Her kim, Torumyň garamyk ýaly gara gözlerini güldürip, dutaryny çalyp oturyşyny göz öňüne getirýärdi. Hemme kişi «geler» diýip, o biçäräni başyndan sowsalar kaýyl bolýardy. Mamagül Arkalyny gördügi besdi. Torumy şol iberdi diýip düşünýärdi. Arkalynyň atynyň deňinden öň etegini çermegine gysdyryp ylgaýardy. Başlygyň «ogluň gelerine-goýaryna», ýalbaryp-ýakararyna gulak asman, güjükleri gyrlan ene itiň çyňsaýşy ýaly uwlap, ýakalaryny çäk-çäk ýyrtyşdyrýardy. O günler Arkalynyň gaçgyny Mamagül boldy. Emma ol öýünde-de, edarasynda-da Arkalyny gününe goýmaýardy. Ylaýta-da, tomus gijeleriniň birinde kolhoza gelen uruşly kinony gorensoňlar-a, Mamagüli zynjyrlap

saklaýmaly boldy. Ol okuň zarbyna ýykylýan soldatlary görüp, saçlaryny ýolmalaşdyrýardy. Aýagyny oda basan ýaly, towsup ýerinden turýardy. Elinden çekip ýerinde oturtsalar: «Meniň oglumam şeýle öldümi?» diýýän ýaly, ellerini kelemenledýärdi. Gözlerini ýumup, dyzlaryna ýumruklaýardy. Ýanyndakylar «ýok» manyda kellelerini ýaýkap, höre-köşe bilen köşeşdirjek bolýardylar.

Hakykatdan bolsa, onuň, ogly Torum «Watan goragynda mertlerçe wepat boldy» diýen habar bireýýäm gelipdi.

Uruş gutardy.

Geljekler geldi, Mamagülüň Torum ogluna nazary düşmedi.

Obada uruşda wepat bolanlaryň patasy alyndy. Mamagülem öz Torumynyň şolaryň hatarynda ýogalanyna göz ýetirdi. Onuň eşiklerini bagryna basyp, adam ogly düşünmeýän dili bilen bir zatlary samrap, kellesi hum ýaly çişýänçä aglady. Ahyry eňki agyp, üçülenji güni ysgyndan gaçyp ýatyp galdy.

Bir gün agşamara Arkaly sütüni süýnüp işden gelende, aýaly ýarym-ýaş aglamjyrap öňünden çykdy. Näme bolanyny Arkalynyň basymrak bilesi geldi. Emma birbada hiç zada düşünmedi. «Hany, şumjarmaňy bes et-

de, düşnükli edip aýtsana?» diýip, aýalyna gaharlandy.

Bolan waka şeýle eken.

Mamagül gijöýlän öýleriniň ýanynda aşyk oýnap ýören Hanyň ezeneginden tutupdyr-da, südenekledip alyp ugrapdyr. Oglanlar haýdan-haý Arkalynyň aýalyna habar edipdirler. Ol zordan Mamagülüň yzyndan ýetip, ogluny elinden alyp galypdyr. Onuň näme maksat bilen Hany nirä alyp barýanyny Hudaý bilsin.

Bu nämäniň alamaty?

«Ol taňrygargan ogluny pronta sen iberdiň, gelmeýänine-de sen günäkärsiň öýdýä. Indem bizden ar aljak bolýar» diýip, aýaly ýene-de şumjaryp aglady.

Arkalynyň gany depesine urdy. Gamçysynyň sapy bilen elleriniň aýasyna urup, hyrçyny dişledi. Ýene-de aýaly dözmezçilik etdi. Ene ýüregine ene belet-dä!

«Bir saparlykça hiç zat diýmesene şo garabagta! Ozal-a özüni Hudaý gargap, dilsiz-agyzsyz ýaradypdyr. Indem ýeke perzendiniň ýürek awusyna çydap bilýän däldir».

Şo gije Arkalynyň gözüne uky gelmedi. «Ol indi bizi günümize goýmaz. Çemini tapsa, her zat etmekden gaýtmaz. Indi ondan ägä bolmaly...»

Ertesi aýalyna: «Hany gözüňden salma, howlynyň gapysynam içinden ildirip otyr» diýip işine gitdi. Goçuň ejesini edara çagyrdyp, Mamagülüň düýnki eden işlerini aýtdy. «Höre-köşe ediň, köşeşdiriň. Bolmasa, dälihana dykaryn» diýip tabşyrdy. «Wah, jan başlyk, men nädeýin. Şubela ýalbarýan, gorkuzybam gördüm. Içini hümledip otyr. Hiç zat iýibem-içenok. Şo Torumyň geýimlerini bagryna basyp, zarynlap ýatyr» diýip, Goçuň ejesi zeýrendi. Arkalynyň Mamagüle ýene-de ýüregi awady. «Görüň-dä, kän gözden salmaň, ýene birden bir masgaraçylygyň üstünden baraýmalyň» diýdi.

Aradan bir hepde geçdi. Ýarym agşama golaýlapdy. Arkalynyň kabinetde ýeke özüdi. Ol pagta ýygymynyň swodkasyny getirjek brigadirlere garaşýardy. Stoluna maňlaýyny goýup, nähili irkilenini özi-de duýman galdy. Gapynyň jygyldap açylanyna kellesini göterende birhili boldy. Saçlary bulaşyp, perişan hala düşen Mamagülüň elinde aş pyçagy bardy. Arkaly ýerinden turdy-da, stolunyň üstündäki gamçysyny almaga ýetişdi. Mamagül pyçagyny gezäp syçanyň üstüne towsan pişige döndi. Oňa çenli şarpyldap ýagyrnysyna degen gamçyň awusyna çala buruldy. Göz açyp-ýumasy salymda Arkaly onuň ysgynsyz elinden pyçagyny gaňryp ýere

gaçyrdy-da, ýene birki mertebe ýagyrnysyna gamçy bilen saýgylady. Mamagülüň ýuwlup-ýuwlup ysgyny gaçan köne köýneginiň gamçy degen ýerleri bölünip, endamy pers-ala boldy. Ol gapa tarap emedekläp gaçdy. Şoldurda-şoldur, Mamagül görünmedi. «Ol öýünde sessiz-üýnsüz ýatanmyş» diýip, Arkaly ondan-mundan eşitdi. Garawsyz, işigaýdan naçara el galdyranyna ökünip, aňyrsyna çykyp bilmedi. Gijelerine Mamagül her hili bolup düýşüne-de girdi. Ahyry ol «Biçäräniň halyndan habar tutaýyn hem-de ötünç soraýyn» diýip, Mamagülüň öýlerine bardy. Ol biçäre pejiň böwründe salnan düşekde süýnüp ýatan ekeni. Başujynda Goçuň ejesi (Olam indi pahyr boldy) otyrdy. Arkalyny görende, Mamagülüň dodaklary çaga ýaly kemşerdi. Gözlerinden ýaş syrygyp gitdi. Barmaklaryny büküp-ýazyp, birini çommaltdy. Arkala naýynjar, delmuryp garap, gamyş ýaly inçe barmaklary bilen howada saz çaldy. «Wah, bagtygaraň, şo bir soraýan zady: «Ýalňyz, sazanda oglum nirede?» diýýä. — Goçuň ejesi Arkalyň ýüzüne serediň dillendi. Arkaly ýere bakdy. Uludan demini alanda, iki egni aşak-ýokary hereketlendi.

«Ogluň Watan üçin mertlerçe wepat boldy, jan Mamagül! Men nädeýin!.. Men nädip, näme bilen onuň öwezini dolaýyn? Ýöne men senden ötünç soraýan. Sen

meniň günämi geç! Men saňa nähak el galdyrypdyryn...»

Mamagül sesini-üýnüni çykarman, gözlerinden ýaş akdyryp ýatyrdy. Birdenkä ol, has beter ejizledi. Aşaky dodagyny dişlände, äňleri sandyr-sandyr etdi. Soňra garysyna galyp, el ýeter ýerinde ýatan otluçöpi çyzyp görkezdi-de, bir elini ýüreginiň üstünde goýup, perişan halda ýene barmagyny çommaltdy.

«Ýüregim ot bolup ýanyp dur, ýalňyz oglum nirede?»

Arkaly «Ah» çekdi, gözleriniň ýaşyny naçarlara görkezmejek bolup, hyrra yzyna dolandy-da, ümdüzine çykyp gitdi.

Mamagül üç gün ýatyp, dördülenji gün ýogaldy. Ine, häzirem onuň çyzan otluçöpi Arkaly aganyň gözlerine düşüp gamaşdyrýan ýalydy. Gojanyň ýürek urgusy batlandy. Dodaklary kepedi.

— Batyr jan... Suw!..

Krowatda okap oturan kitabyny gapdala taşlan Batyr ýerinden böküp turdy.

Goja birki owurt nabatly suw içid, demini dürsedi. Batyra minnetdar manysynda başyny atdy.

Goja öz ömründe ýene-de hata iş eden ýerlerini ýatlajak boldy.

Emma başgasy ýadyna düşmedi...

Batyr eşiklerini çykarman krowata gyşardy-da, gözlerini potologa dikip, kolhoza gelen derňewçiler barada oýlanmaga başlady. Olar on adamdy. Bäş-bäşden iki topara bölündiler. Bir topar kolhozyň maldarçylygyny: buhgalteriýadaky dokumentlerini barlamaga, sygyrlaryň, goýunlaryň, doňuzlaryň, towuklaryň baş sanlaryny sanamaga girişdiler. Barlag mahaly o sürüden beýleki sürä goýun goşulmaz ýaly, her sürüde öz adamlaryny goýýardylar. Beýleki topar pagtanyň dokumentlerini ýygnadylar-da, hersi öňüne birki papkany alyp, ýapyrylyp öwrenmäge başladylar. Beýleki dokumentleri-de sürgüçläp demir seýfe dykdylar. In ýaman ýeri-de, bu derňewçiler duýdansyz geldiler.

Pirweli Penaýewiň ýüregi ilkinji güni suwlujady. «Aý, bularam näme, öňküler ýaly derňewçidir-dä» diýip, özüni giňlige salan boldy. Emma o diýeni çykmady. Olar Pirweliniň hödürlän çaý-naharyny-da iýmediler. Kolhozyň daçasynda ýaşamakdanam boýun gaçyryp, Daşgaladaky myhmanhanadan gatnap başladylar. Hatda derňewçiler Bally bilen Jahanaýyň toýuna barmakdanam ýüz öwürdiler. Pirweli şondan soň derňewçileriň rejesiniň düzüw däldigine göz ýetirdi.

Hiç bolmasa, saçagyň duzuny sylap «Toýuň gutly bolsun diýmedik adamlardan näme tama etjek? Bi, orsuň, türkmeniň däbine sygjak zat däl ahyry! Olardan ýüz tapman, paltasy daşa degen Pirweli Han Arkalyýewiň ýanyna eňdi.

«Han aga, bi gelen derňewçiler adammy ýa-da Ezraýylmy? Nä jüre adam bular?..»

Han Arkalyýew, elini arkasyna tutup, kabinetinde eýläk-beýläk aýlanmaga başlady. Ol otlan çilimini aldygyna kükedip, soňra-da stoluň üstündäki küldanyň içinde mynjyratdy. Aýlanýan oturgyjyna geçip oturandan soň, ilkinji mertebe Pirweliniň gözlerine seretdi. Penaýew Arkalyýewiň göreçlerine dogry garap bilmedi. Onuň gözleri içiňden geçip barýardy.

— Täk... Pirweli, men saňa dogrymy aýdaýyn. Bu gelenler öňküleriň çeni-çaky däl. Menem ýaňyja eşitdim. Seni çagyraýyn diýip otyrdym. Görýän welin, üstümizi basdyraýdyk öýdýän. Täk... Dokument ugry düzüw diýýädiň welin, men oňa ynanamok. Entek barsyny düzediň ýetişen dälsiňiz.

Pirwelä şagga sowuk der indi.

— Täk... Gyrlan mallaryňyzyň ornuna alan göleleriňiz entek sygyr bolup ýetişen däldir. «Göleden

nädip süýt aldyňyz?» diýseler, agzyňyza suw alan ýaly bolar oturarsyňyz-da.

— Biz olaryň hemmesini haram öldi diýip aktlaşdyrmadyk. Şaguly olary et plana, raýonyň, oblastyň naharhanalaryna paýlaşdyrdy. Ýöne, muny Şaguly ikimizden başga bilýän ýok. Ýalňyşan ýerimiz: hemmesiniň ornuna sygyr alaýmandyrys. Göle alaýdyk-da.

— Gara nebsimize buýrup bilmedik diýsene. Garagumdaky goýunlaryňyzyň baş sanynyň tükeldigine-de güwä geçip biljek däl. Iň esasy zat... — Han Arkalyýew ýene-de çilimine ýapyşdy. — Iň esasy zat pagta. Bazadan satyn alan pagtaňyz. Ine, şolaryň kagyzlarynyň düzüwdigine men-ä ynanjak däl. Eger Şaguly bolan bolsa, bil baglamak bolardy. Emma bi Tilkibaý diýdiňmi, Şagalbaý diýdiňmi, onuň ýüzünde albassylar at salyp ýör. Alnan pagtany kolhozçylaryň adyna paýlap ýazyp ýetişse ýetişendir, emma mehanizatorlaryň, şofýorlaryň ýygan, daşan, harçlan ýaglary, ine, muňa meňzeş maýdaja görrüňiň işleriň wedomostlary ellenenem däldir. Onuň üçin, her gün ýary gijä çenli käbir ýeriňe agram salyp oturmaly bolýrsyň.

Ara dymyşlyk düşdi.

Pirweli Han aganyň aýdýanlary bilen müňde bir razydy. Hut onuň özi-de şu pikirdedi. Şonuň üçinem ol: «Indi, näme etmeli?» diýen maslahata gelipdi.

— Indi näme etmeli? Ýol salgy ber, Han aga!

Han aganyň ala gözleri ýene-de Pirwelä gezeldi.

— Täk... Mertlik bilen çekmeli! — Arkalyýew gözlerini süzüp, Pirweliniň göreçlerinden onuň göwnündäkini aňjak boldy. «Düşünýämikä? Meniň diýýänimiň manysyna düşündimikä? Ýa mahluk düşünmedimikä? Ýene-de biraz gönüläbräk aýdaýyn...»

— Nähili-de bolsa, mertlik bileň öz gerdeniňde çekmeli! «Mert özünden, namart ýoldaşyndan görer» diýlen nakyl bar.

Pirweliniň gulaklary şaňlady. «Han aga maňa hemme zady öz boýnuňa almaly borsuň» diýýämikä? Eý-weý...»

Pirweli ýuwdundy. Emma onuň bogazynda nem ýokdy. Gözleriniň öňüne hasa tutulan ýaly, Arkalyýewiň ýüzi görünmän, diňe iki göreji gara bulutdan jyklap ýaldyraýan sowuk ýyldyza meňzeýärdi.

— Bu gelen derňewçiler pul bilen satyn alyp, dil bilen yryp boljak adamlar däl. Maňa «päliňiz azyp, bir

zat hödürläýmäň» diýip, berk sargadylar. Ýolbaşçylary, ýene-de iküç sanysy Moskwadan, galanlaram Aşgabatdan gelipdir. Olaram biri-biriniň yzyndamyş. Haýsynyň KGB-niň işgäridigini-de bilýän ýok. Tak şto, senem adamlaryňa mäkäm tabşyr. Dillerine gaýym bolsunlar. Biri-birin satmasynlar. Satsaňyz... (Arkalyýew bilgeşleýin «satsaňyz» diýip säginen boldy). Satsalar, özlerine erbet. Topar tutulyp edilen hyýanatçylyga sudda ýyly-da köp kesýärler. — Arkalyýew ýene-de çilim otlandy. — «Uly sözden toba-alla» diýipdirler. Seniň özüňi halas etjek bolup, elimde baryny ederin. Ýöne olar bir zat tapman gitmezler. Bäş-alty adamy gözenegiň anyrsyna dykarlar. Oýlanyp gör, belkem, mallar hakda Goç agta ýala garalyk ýöňkäp bor. Olar ýalakyň türmä gidende-gitmände ýitirýän zady barmy? Yzynda çaga-çugasy eňräp galjak gümany ýok. Pikir et. Aý, ýöne indi giç bolaýmasa.

— Giç, Han aga! Biziň elimizde indi dokument ugrundan kagyz galmady. Hemmesini ýygnap, demir sandyga dykdylar.

— Düýn şular ýaly derňewçiler ýene iki kolhoza döküldi. Ýöne, olar siziňkä gelenini eşiden batlaryna iki gije-gündiz ýatman işläpdirler.

Penaýew kolhozyň ähli brigadirlerini, ýolbaşçy sostawyny ýygnap, gizlin maslahat geçirdi. Ol Arkalyýew tabşyrdy diýmedi-de, esasy aýdan zady biri-birlerini satmazlyk hakda maslahat berdi. Kimde-kim eden jenaýatyny aklap bilmese, günäni öz boýnuna almagy, ýoldaşyna ýöňkemezligi janygyp tabşyrdy. Şol adamyň gadyrynyň bilinjekdigini, bardy-geldi ýyl kesiläýende-de, birki aýdan türmeden çykarjakdygyia söz berdi. Ant içip, awy ýalady.

Batyr gojany şepagat bajysyna tabşyryp: «Biraz daşarda gezmelzp geljek» diýip howla çykdy.

Ses-selem, iňlär siňek ýokdy.

Daşgala dymyp, bir zady diňleýän ýalydy. Hatda asmandaky Aý hem minaranyň depesine golaý süýşüp, onuň goparylan altyn gupbasynyň ornuna täç boljak bolýan ýalydy. Onuň içindäki haýbatly arslan ýene bir bökende Daşgalanyň üstüne düşägede, eli egri, ikiýüzli adamlary penjesine gysjaga meňzeýärdi.

Batyr gizlin maslahatdan soňky bolan wakany ýatlady. Üýşen adamlar «Düşnükli-de, bolýar» diýşip dagaşdylar. Batyr, Pirweli, Tilkibaý üçüsi galdy. Pirweli özüniň Tilkibaý bilen ikiçäk gürrüňiniň bardygyny ýaňzytdy. Batyr papkasyndan kagyzlary çykaryp

durşuna:

«Men siziň köp wagtyňyzy aljak däl — diýdi. —. Ynha, şulary yzyna alyň» — Olaryň hersine bir kagyzy uzatdy.

«Bi näme?»

«Partiýa çlenligine geçmäge beren rekomendasiýalaryňyz. Sag boluň. Bu-da arzam. Meni ýene bir ýyl kandidatlykda saklamagyňyzy sorap ýazdym. Men entek işe täze geldim. Ýaňy bir ýyl boldy. Goý, menem adamlary tanaýyn, adamlaram meni tanasyn».

Pirweli Tilkibaýyň ýüzüne seretdi, Tilkibaý Batyryň. Ara agyr dymyşlyk düşdi. Ahyry:

«Batyr, biý edýän zadyň näme? Men-ä muň ýaly zada entek duşamok» diýip, Pirweli ellerini asmanda kelewletdi. Tilkibaýam sakowlady.

«Menem. Ustawda-da ýok. Eşidemogam. Ýal... Ýallakow biläýmese...»

Penaýew ýerinden turup, ýumrugyny düwdi. «Sen gaty gitme, han ogul! Sen... Raýkomyň sekretarynyň ogly däl, pygamberiň agtygy bolsaňam, partiýa bilen oýun etme».

Batyr dym-gyzyl boldy.

— Pygamber bilen partiýaň ýoly başga-başga... Siz gyssanaňyzda pygamberi ýatlaýaňyz. Partiýa bilen oýun edýän siz. Men... Men partiýa bilen dogruçyl, arassa işläsim gelýä. Ýuregi arassa, hakyky kommunistlerdenem rekomendasiýa alyp, partiýa geçesim gelýär.

— Al, al! Kim alma diýýä?

— Alarynam. Şoň üçinem, ýene bir ýyl garaşjak.

— A-how, adam çagasymy sen? Sen bu ýeriň işleýämi? (Penaýew öz kellesine dürtdi). Partiýaň hatary ferma ýatagy däl, islän wagtyň gelip, islän wagtyň çykyp ýörer ýaly!..

— Hakyky kommunist, päk ýürekli, arassa adamlar diňe bir fermada däl, indi Ýer şarynyň ähli künjünde bar. Men şu wagta çenli bilmändirin, indi göz ýetirdim... goltugynda partbilet göterip, onuň abraýyny galkan edinip, onuň arkasyndan stol, wezipe alyp, dilinde partiýa diýip gygyryp, edýän işi bütinleý ters adam, ynha, şu kabinetde oturan ekeni. Maňa siz ýalaky partiýany aldaýan ikiýüzliniň rekomendasiýasy gerek däl. Üstüňizdäki derňewçiler siziň ýüzüňizden perdäňizi sypyryp, basym hakyky ýüzüňizi görkezer.

Batyr papkasyny goltugyna gysyp, gapyny gatyrak ýapyp çykyp gitdi.

Pirweli-de, Tilkibaý-da dik duran ýerlerinde biri-birleriniň ýüzlerine seredişip, sadylla bolup galdylar.

Pirweli iki eli bilen kellesini tutdy. «Eý, weý-eý, kellämden çakyza tutýa. Dawleniýam galdy öýdýän. Ynha, ýaňky ýalylar derňewçileriň demine düşse, bilbil bolup saýrar. Öňki-soňky aýbyňyzy açyp, ityrsuwa eder. Wah, meniň özüm samsyk, depegenden daşrak diýipdirler. Arkalyýewiň ogluny kolhozyňa zootehnik edip başyňa ýapjakmy diýsene? Otur diýen ýerinde oturyp, tur diýen ýerinde ör turup duran, arkasy ýogy tapmadyňmy diýsene? Heý, görlen-eşidilen zatmydyr, rekomendasiýanyň gaýtarylyp berilmesi. Ine, ýagşylyk etseň! Büý «Eşegi semretseň eýesini deper» diýlenine barýar. Şunuň kellesi düzüw bolsa, meniň zat bilmedigim. Däliräpdir o...»

— Ýallakowdan bir sorap göreli! Şuň ýaly bolan- da, nähili bolýarka? — diýip, Tilkibaý ara düşen dymyşlygy bozdy.

— Şun ýaly diýmäň näme? Zäher bolýar, merez bolýar! Heý, eşitdiňmi, şeýle bolanyny? Bi agzyndan çörek iýýän adamyň etjek işimi?

— Onda-da, ýagdaýy duýdurmasag-a birhili! Jaň edip göreli.

— Et, et! Me! — Penaýew telefonyň apparatyny şakyrdadyp, Tilkibaýyň öňüne süýşürdi.

— Ilki, Ýalow ýalançyny meň ýanyma çagyryp gel. Gurda goýun ynanan ýaly bolaýmaly! Sen şoň taryna kakyp gördüňmi? Agzyna berk gerek?

— Hawa-la, Pirweli aga. Tokly kürsüde oturdyp soraýmasalar, zat aýtman diýýä.

— Näme, tokly kürsüde oturtsalar, aýtjakmyka?

— Aý, näme, jan bir süýji zat...

— Görýän welin, gadymky mert adamlar ýog-ow!

Batyr bu zatlaryň yzynyň näme bilen gutarjagyny bilmän, ýeke özi çola köçede eýläk-beýläk gezmeläp ýördi.

26

«Ýeňiş» kolhozynyň adamlary ýeke-ýekeden kolhoz prawleniýesiniň jaýyna çagyrylyp, derňewçileriň sowallaryna jogap berýärdiler. Käbirleri ýene biri bilen ýüzleşdirilýärdi. Käsinden dil haty, käsindenem

düşündiriş alýardylar. «Ony çagyryp, eýle diýipdirler», «Muny çagyryp beýle diýipdirler» diýen gürrüňler gitdigiçe köpelip, myş-myşlar äpet şar ýaly çişirilip barýardy.

Jumaguly aga-da, Goçam öňki kärlerinde, öňküje edýän işleri bilen gümra bolup ýörseler-de, olaryň bakýan sygyrlary hakda ýazylan kagyzlar eýýäm iki-üç papka ýetipdi.

Ýene-de dört aýdan suduň şeýle höküm çykarjakdygy hiç kimiň kellesine gelmeýärdi:

...«Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň adyndan. 24-nji aprel, 1985-nji ý. Türkmenistan SSR Ýokary sudunyň jenaýat sud işleri kollegiýasynyň goçme sessiýasy.

TSSR JK-nyň 193 maddasy bilen aýyplanyp sud berlen Möwlamow Goç 1930-njy ýylyň 16 iýunynda Daşgala raýonynyň Minara obasynda doglan, milleti türkmen, SSSR-iň graždany, maşgalasyz, eklenjinde hiç kim ýok, harby borçsuz, öň sud edilmedik, bilimi dört klas, Daşgala raýonynyň «Ýeňiş» kolhozynda sygyr çopany bolup işleýär we şol kolhozda ýaşaýar.

Sud bolanlaryň, şaýatlaryň görkezmelerini diňläp, işiň materiallaryny barlap, prokuroryň, aklawçylaryň

çykyşlaryny dinläp, TSSR Ýokary sudunyň jenaýat işler baradaky sud kollegiýasy

A n y k l a d y:

Möwlamow Goç Daşgala raýonynyň «Ýeňiş» kolhozynda sygyr çopany hem-de mal sanagy boýunça komissiýanyn çleni bolup işlemek bilen, 1978-nji ýylyň iýun aýynda, 1982 ýylyň dekabr aýynda geçirilen rewiziýalarda sygyr çopany hem-de mal sanagy boýunça komissiýanyň çleni bolup, öz borjuna perwaýsyzlyk hem sowuk-salalyk bilen garap, kolhozyň iri şahly mallaryny sanaman, 1978-ýylyň iýun aýynda iri şahly mallaryň umumy balans gymmaty 12386 (on iki müň uç ýüz segsen alty) manatlyk, jemi baş sany 42 malyň, 1982-nji ýylyň sentýabr aýynda iri şahly mallaryň umumy balans gymmaty 164088 (bir ýüz altmyş dört müň segsen sekiz) manatlyk, jemi baş sany 315 malyň, 1982-nji ýylyň dekabr aýynda iri şahly mallaryň umumy balans gymmaty 272355 (iki ýüz ýetmiş iki müň üç ýüz elli bäş) manatlyk, jemi baş sany 398 malyň kemçiligini ýüze çykarman, fermanyň işgärleri bilen birlikde kem mallary bilgeşländen doly diýip akta gol çekmege gatnaşypdyr, şeýlelikde, jemgyýetçilik bähbitlerine düýpli maddy zyýan ýetiripdir.

Sud bolýan Möwlamow Goç sud mejlisinde özüne bildirilen günäni boýun alyp, «1978-iýun, 1982-nji ýylyň dekabr aýlarynda, jemi iki sapar mal sanamaga gatnaş» diýdiler. «Gatnaşdym». Men ferma barsam maldarçylyk buhgalteri, ferma müdiri «Biz eýýäm sanap bolduk, Goç» diýdiler. «Hemmesi dogry. Ynha şu ýere golun çek» diýdiler. Men gol çekdim. Meniň 1982-nji ýylyň sentýabr aýyndaky aktlarda golum bar, emma men ol sanaga gatnaşmadym» diýip görkezme berdi.

Ýokardakylar esasynda hem-de TSSR ŽK-nyň... maddalaryny gollanyp, TSSR Ýokary sudunyň jenaýat işler sud kollegiýasy

Höküm etdi:

. . . .

. . . .

. . . . .

. . . . .

. . . . . . .

. . . . . . . .

Möwlamow Goçy, TSSR ŽK-nyň 193-nji maddasy esasynda 2 ýyl azatlykdan mahrum etmesiz öz işleýän ýerinde düzediş işlerinde işledip, alýan zähmet hakynyň

20 prosentini döwlet haýryna almaly.

Höküm gutarnykly, kassasion tertibinde protest getirmäge we şikaýat etmäge degişli däl».

Ýalowy ýygnapmyşlar!

— Kim-aý, o Ýalowyň?

— Nätdiň-aý sen, ho Pirweliniň pagta zawodyndaky wekili — Ýalow ýalançy näme!

— Hä-ä! Kim ýygnapdyr?

— Men näbileýin? Senem sud ýaly sorag edýäň. Agşam gelipdirler. Ýatan ýerinden turzupmyşlar. Maşyna mündüribem äkidipdirler. Göni Aşgabada wazt.

— Aý, onda bolupdyr... Kolhozdakylaram, Pirwelinem satar.

— Ýogsamam ýeke özi türmä gidesi ýok-la!

— Pirweliniň ýüzi-hä ýuwusgadan ätlän ýaly diýýäler.

— Bile ogurlyk eden adamyňy tussag etseler, iýeniň içiňe gidermi?

— Olam ogry şärigi-dä!

— Tilkibaýy näme ederkäler?

— Näme ederler diýsene. Ozallar Garagumda gyzyl tilkiler gezer ekeni. Olaryň guýruklary täjirleriň arasynda iň geçginli harytlaryň biri bolupdyr. Awçylar şol tilkileriň gözleginde sergezdan ekenler. Tilkem gaty mekir haýwan, awçylary gördügi, gara sümülip göwrelerini gizleýärmiş. Emma käbirleriniň guýruklary gardan çykyşyp duranmyş. Awçylaram ýiti pyçaklaryny olaryň türresinden salaga-da, guýrugyny halta dykyp gidiberýän ekenler. Ine, şonuň ýaly, Tilkibaýam, guýrugyny gizläp ýetişen däldir-le. Şol gyzyl tilkileriň güni başyna düşäýmese-de biri.

— Biz-ä şunça ýaşap, Şagulynyň üýşüren märekesi ýaly toýy görenem däldiris, eşidenem. Zaluwat, aýakly garpyz ýygnap-ýygşyranynyň baryny orta dökdi.

— Bi, derňewçilerden gypynç etmeýämikä o?

— Baý-buw! «Meniň öýde eden toýum bilen derňewçiň näme işi bar?» diýipdir. Hany, golaýyma bir gelsinler. Näme, «toý etmek gadagan» diýip ýazylan ýeri barmyşmy? Işimi barlasalaram, hanha, üýşmek kerpiçleri sanabersinler. Kem çyksa, jogabyny bererin. Bolmasa-da, derňewçileriňiz arabasyny daşda tigirlesin» diýýämiş.

— Aý, hawa-da, «Arkaly köpek gurt alarmyş». Menem ogluma Han Arkalyň gyzyňy alyp beren bolsam şeý diýjek. Ýüregi suwluja-da!

— Özem howlusynda uzyn-uzyn stollary goýup, komsomol toýuny etdi. Üstündäki çüýşedir naharlary göteribilmän stollar maýşarylyp dur.

***

— Şu derňewçileri Moskwadan Gara Mergen getirenmiş diýýäler.

— Mümkin, nähak ýere o görgüliň burnundan bulak getirdiler-dä.

— Häzir nirede işleýäkä Gara Mergen? O görgüliň sülgüniň jüýjeleri ýaly bir topar çil-çülpe çagalaram bardyr. Iş bir berdilermikä? Ýogsam gol doly maşgalany eklemegem gerekdir. Olaryň agzyny gazyga gysdyryb-a bolmaz.

— «Ýeňişde» — Pirweliniň elinde brigadir bolup işleýärmiş. Häzir ýerlere şeýle bir dökün dökdürýä diýýä, hi goýaý. Ýylyň-ýylyna gowaça ekilip arryklap giden atyzlar görmedigini görjek.

— Aý, o adamlaryňam dilini tapýa, ýeriňem dilina tapar. Kakasy pahyr işjanly adamdy!

— Ýeri bilen daýhanyň dilini tapsa boldugy bor-da!

***

— Ýalow ýalançynyň öýünem-ä dekenmişler. Ýigrimi müň manatlyk altyn, zaýom, dört sany ýapon magnitofony, bir birgediň heleýlerine ýetjek köýneklik panbarhat, aý, ýene näçe müň manat paçka-paçka ýüzlük-ellilikleri üç litrlik ballonlara salyp goýupdyr. Pollarynyň aşagyndan tapanmyşlar.

— Aý, bäş-alty ýyl-a bolandyr, oň kolhoz bilen pagta zawudynyň arasynda dellalçylyk edip ýörenine. Başga-da ýygnan-ýygşyrany kändir-le oň.

27

Penaýew bilen Ýallakow Han Araklyýewiň kabinetinde agyr oýa batyp otyrdylar. Pirweli Batyr bilen aralarynda bolan wakany bulara gylyny gyşartman gürrüň berdi. Han Arkalyýew Batyryň ýazan arzasyny, käte-käte eline alyp, ondaky jümleleriň käbirini gaýtadan burnuna salybrak okaýardy-da, ýene stoluň üstüne oklaýardy. Ol häzir «Täk... Täk» diýmekden başga söz tapanokdy.

«Başga biriniň perzendi bolan bolaýanda-ha bujagaz «oýunlary» üçin burnundan ikli gan getirse bordy welin,

arman özüňki bolansoň dişiňi gysmaly-da. Üstesine-de agzy ýelli adamlaň gulagyna degäýse, peşeden pil ýasap, gürrüňi arşa çykarlar. Derňewçilere ýa-da ýokarky organlara ýetse-hä her hili many agtaryp, zir-zibilden göwher monjuk gözleýäne dönerler.

Han Arkalyýewiň beýnisi sorkuldaýardy. Ol ösgün gaşlarynyň üstüni barmaklary bilen basyşdyrdy.

— Täk... Onda näme maslahat?

Penaýew sesini çykarmady.

Ýallakow äýnegini burnunyň düýbüne süýşürdi.

— Täk... gadymkylar: «Ýagyň öz içiňden döremesin» diýipdir.

— Hawa-da — diýip, Penaýew başyny atdy. Näme edip bolýar? Urup-käýäýin diýseň, özüň ýaly sakgal-murtly, ýetişen ýigit. Bolmasa-da, ynha, edýän işi! Heňe geljek zat däl.

— Menem düýn ertir Batyr bilen ikiçäk gepleşip gördüm.

...Düýn ertir Ýallakow keselhanada ir bilen «üstüni basaýyn» diýip ugrasa-da ýetişmedi. Batyryň «Niwasy» eýýäm naharhananyň işiginde durdy. Ýallakow naharhananyň gapysyndan boýnuny uzadyp-

uzatmanka, Batyryň ertirlik alyp, stoluň başyna baranyny gördi. «Ýeke özi ekeni. Şu-ýä bir hasapdan kemem bolmady». Ýallakow hem özüne heýgenek, bilen kakao alyp, onuň ýanyna bardy. Saglyk-amanlyk soraşdylar.

— Sizem ertirligi naharhanadan iýýäňizmi? — Batyr sorady.

— Hawa. Bu gün gelnejeň ýaramajak bolýar. Onsoň azara goýmaýyn diýip, diňe sakgal-murty alyp, el-ýüzümi ýuwdum-da gaýdyberdim. Hawa, onsoň, işde näme täzelik?

— Her hili. Derňewçileriň netijesine garaşyp ýörüs.

— Kän kemçilik tapýarlarmy?

Entsk belli zat aýdanoklar.

— Öz işleriň gowumy?

— Biziňkem mallaryň hal-ýagdaýyna bagly. Ýöne olaňkam öwerlik däl. Pagta-pagta diýip, maldarçylyga baş galdyran adam ýok. Aýtsagam, gulak gabardanoklar. Ýylyň-ýylyna şo bir «keselimiz»— ot gytçylygy.

Ara dymyşlyk düşdi.

Batyr heýgenegini çarşagy bilen dörüşdirip, Ýallakowyň ýüzüne seretdi.

— Ýene-de täzeje et iýesimiz gelýär. Arada «Maldarçylyk» žurnalynda okadym. Sygyr etiniň bir kilosy hökümede bäş manatdan gowrak nyrha düşýä. Hökümet bolsa bize iki manada golaýdan satyp, gör, näçe zyýan çekýä? Ýag, süýdem şoň ýaly. Soýuz boýunça hasaplanyňda, näçe milliard manat zyýan çekilýänini göz öňüne getirip gör. Ýok, Penaýyfyňam, Arkalyýyfyňam bi zatlar bilen işi ýok, kellesinem agyrdanoklar. Olara pagta dolsa bolýar.

— Bizde iň esasy zat pagta. Şoň pylany bek soralýa-da!

— Etiňki, süýdüňki soralanok-da?

— Äý, olam soralýa welin, eýdip-beýdip olar üzülýä-dä!

— Ana, şo «eýdip-beýdip» üzülensoň, halk etiň her kilosyny bazardan bäş-alty manatdan satyn alýa-da!

Ýallakow gürrüňleriniň başga tarapa dartylyp barýanyny bilse-de, alajy ýok — diňlemeli boldy. Ol gürrüňi Batyryň öz üstünden alyp barmanyň ýoluny agtarmaga başlady. Ahyry alajyny guradyp:

— Hany, Batyr jan, biz öz aladamyzy edeli. O zatlara zehiniňi ýakma. Ikimiz näçe jibrinsegem, aljak galamyz

ýok. O zatlary düzetmäge ikimiziň gurbatymyz çatmaz.

«Öz aladamyzy edeli» diýip, düýnki Penaýewiň kabinetinde bolan gürrüň hakda aýdýarmyka?»

— Hany, sen, bu kandidat boljak ýörjekmi?

«Aýdanym dogry çykdy» diýip, Batyr ýere bakdy.

— Men bu hakdaky pikirimi düýn aýtdym. Eger, siziň ýanyňyzda gaýtalamaly bolsa, onda şeýle...

Ýallakow diňläp bolansoň:

— Gel, onda şeýle edeli. Sen rekomendasiýalary şatur-şutur başgalardan al. Basymrak geç-de dynsana.

— Juk...

— Batyr, sen akylly-başly ýigit. Häzir raýonyň içi edil arynyň öýjügine çöp dürtülen ýaly. Her hili ýalan-ýaşryk gybatlardan doly. Kakaňa bir haýpyň gelsin. Eddil şumat seniň bu bolşuň bolanok. Ustawda bir ýyl kandidatlygy geçen...

— Ustawda iki ýyl kandidat bolmaly däl diýlip ýazylan ýeri-de ýok.

Batyr laňňa ýerinden galdy-da hoşlaşman, gapa tarap çalt-çalt ýöräp gitdi.

Ýallakow onuň yzyndan ylgamakçy boldy, emma

ofisiant gelin pete-pet geldi:

— Hasaplaşjakmysyňyz? — diýdi...

— Hawa, oňňa bu hakda gepleşesem gelenok — diýip, Ýallakow bolan wakany ýatlady. — Höre-köşe edeniň ýa-da haýbat atanyňdan peýda ýok.

— Täk, onda aralygy nähili bolmaly?

— Bir zat ediläýse bolmazmyka? Şu üstümizdeki apy-tupan sowulýança, bir ýerlerik, birküç aýlyk okuw-sokuwa iberip bolmyýamy?

— Belkem, aspirantura iberersiňiz, Han Arkalyç?

— Hawa, şo aspirantura bolýa şoňa. Eger oňlasaňyz, men Gurdow bilen şu günüň özünde gepleşeýin — diýip, Penaýew öňe omzap gepledi.

— Täk... Aspirantura girmeg-ä ýetip bilmeýän arzuwy oň. Hany, diýip göreýin, etse. Pirweli, sen häziriň özünde kolhoza git-de, Batyry meň ýanyma iber.

Han Arkalyýew ogluny birinji sapar görýän ýaly, gözlerini süzüp, ony başdan-aýak synlady. Batyr gürrüňi kakasy başlar tamasy bilen, ýere seredip otyrdy. Ullakan owaly gözleri Han Arkalyýewiçiň edil özüniňki. «Bu ýaşda meniňem düýbüne darak geçmeýän gür saçlarym

bardy».

Indi Han Arkalyýewiçiň maňlaýy süýr depesine deňiç lak çalnan ýaly ýaldyrap dur. Batyryň bir-birine gowşuryp oturan elleriniň barmaklary-da, ylla Han Arkalyýewiç bilen bir galypda ýasalan ýaly. Garaz, Han Arkalyýewiçiň göwresi inçeldilip hem-de ýaşlyk döwrüne gaýdyp gelen ýaly, oturgyçda ýere seredip otyr.

Bu nähili beýle bolýar? Ine, goja Arkaly. Oglundan nägile bolup, onuň bilen onuşman, ýaşynyň soňunda ilgüne gep-gürrüň bolup, hojalygyny başgalady.

«Beýle eder ýaly men oňa näme edenmişim?..

Meňem bu oturan bilen mäşim bişişenok. Ýeri, men muňa näme etdim? Bir zat diýse, iki gaýtalatmadym. Okatdym. Ylym aldy. Adam hataryna goşuldy. Indem öz güni özünden ötensoň, atyny ýeke çapýar. Garşyma gitmekdenem, ýüzüme gelmekdenem çekinjek däl. «Doýranyň sakgalyna» diýleni-dä. Göz boldumy, dil boldumy, it bilen pişigiň bir ýalakdan ýal iýip bilmeýşine döndi Arkalyýewleriň tohumy. Bi adam ymmaty diýlen zat nähili ýaradylypdyr? Ýa-da şeýle bolmalymyka? Arkama-arka ýaşan nesillerem şu zeýilli boldumyka? (Läle bilen Batyryň çagalykdan oňşuksyzlygy ýadyna düşdi. Han Arkalyýewiç ony

ejeleriniň başgalygyndaidyr diýip oýlanýardy. «Emma men näme? Oňa öweý atamy? Bu nähili zamana boldy. Dogan-dogana, perzent atasyna ýagy...»

Batyr hem öz pikirleri bilen gümrady.

«Indi bi-de maňa takal okap başlar...»

Batyr kakasynyň ýüzüne seretmese-de, onuň özüne seredip oturanyny duýýardy. Batyr üçin garşysynda oturan onuň hakyky kakasy däl-de, ýat bir adam ýalydy. Atalyk mähriniň perzende tarap gaýdýan, göze ilmeýän inçe ýodajyklaryna ot biten ýalydy. Belkem, bäbeklikden onuň gujagyna dolup, ymsynyp, ata mehrini duýmanlygyndandyr. Belki, ata zabunlygy zeraryndan ene didaryndan jyda düşürilen çaganyň ýüreginde berç galandyr. Belkem-de, ýörjen-ýörjenliginden, agy-garany saýgaryp ugran pillesinden goja Arkalynyň elinde erkek kişilere mahsus terbiýäni alan ýigit kimiň-kimdigine göz ýetirendir.

«Bu-ýä ata-enäni sylamaýan doňbagyr, daşýürek bolup ýetişipdir. Mundan aklyga garaşmaly däl...»

— Täk... Batyr, men saňa akyl berip, oturjak däl. Tüweleme, bir adama ýeterlik akyl-huşuň bar. Ýöne eddil şumatky turuzýan «gopgunyňa» «hä» berjek däl. Meň ýüzüme beýle seretme. Sabyr et-de, sözümi diňle.

Dost-duşmanyň arasynda meniň artykmaç gürrüňe goýmajak bolsaň, bi keçjallygyňy bes et. Men saňa kaka hökmünde maslahat berýän. Eger şony isleýän bolsaň, ýalbarýan. Raýonda dawa-jenjel gopsa, men jogap bermeli. Sensizem işim-aladam başymdan agdyk. Bu-ýä bir. Ikinjiden: ataň ikisiz duz-tabagyňyzy aýrylanyňyz bilen sen-ä meň öňümde, menem gojanyň öňünde ogullyk borjumyzy ýerine ýetirmelidiris. Birek-biregiň aladasyny etmeli. Birek-birekden gaçyp gitjek ýerimiz ýok. Oň üçisem, öýlen diýenimde, «aspirantura gitjek» diýip aýdan sozüňi men ýadymdan, çykaramok. Ynha, täze ýyla-da gadam basdyk. Oba hojalyk institutynda aspirantura ýer bar diýdiler, gitmek hyýalyň bolsa ýol şaýyňy tutuber.

Batyryň ýüzi biraz açyldy.

— Haçandan? — diýip sorady.

— Şu aýda dokumentleriňi tabşyrmaly öýdýän.

— Batyr ýeňillik bilen gapa tarap ýöräp barýarka, Han Arkalyýewiç: «Munuň şun ýaly ýumşak damaryny öňräkden tapmaly ekenim — diýip oýlanany-da şoldy welin, ogly ýene-de kürtdürip durdy. — «Kellesine ýene näme hyýal geldikä?»

Batyr yzyna öwrülip, öňki oturan ýerine birki ädim

göwünli-göwünsiz ätledi.

— Atamy bu halda taşlap, men nähili okuwa gideýin?

Han Arkalyýewiç «Hüm-m» edip, eňeklerini owkalady.

«Oňa çenli atañ bellisi bolar» diýse, onuň göwni ynjajakdy. Diýmese-de... diýmese-de, ýumruk ýaly saýýan ogluna ýalbaryp oturmaga ejap edýärdi. Batyryň bolşuna «atlanan jynlary» ýüzüniň hamlaryny dartyşdyryp ugrady.

Şol halat Batyryň kellesine ýene bir hyýal geldi.

«Bular menden dynmak üçin aspiranturaly gürrüňi tapan bolaýmasynlar?..»

## 28

Ýarygijeler Han Arkalyýewiçiň derwezesiniň jaňy kakyldy. Soňky wagtlarda Han Arkalyýew gije ýarymdan soňky gapynyň ýa-da telefonyň jaňlaryndan gorkup ugrady. Ýüreginiň bükgüldisi artdy. Gije ýatanda-da, aýylganç-aýylganç düýşleri görüp, häli-şindi oýanýardy. Onsoň, bir topar wagt uklap bilmep, gören düýşüni ýagşylyga ýorjak bolup azara galýardy.

«Bu gelen kimkä? Ýa-da Şiralynyň başyna ýeten

süpük neşekeşmikä? Oň nä köri bar? Aljak paýyny aldy. Şonuň-a golaý günlerde ýene gerek bolaýmagy mümkin...»

«Af-af-af... hyr-r-r...»

— Kes sesiňi! Gir ýeriňe!

Han Arkalyýew zynjyryna böküp duran itini ýatagyna salyp, daşyndan ildirdi.

Üsgürinjiräp, derwezä golaýlaşanda:

Han aga, bi men — diýen ses çykdy.

Bu ses Pirweliniňkidi.

«Eýgilikmikä? Eýgilik bolsa şumat gelermidi?»

Pirweli howla girip-girmänkä:

— Ýene bir gezek salawmaleýkim! — diýdi.

— Ýeri, nä habar?

— Han aga, bu günler gowulyk habara garaşma, Tilkibaýam gapjapdyrlar.

— Hm-m...

Olar eýwanda oturdylar. Mylaýym galyň haladynyň iň ýokarky iligini ötürip durşuna Pirweli bilen saglyk-amanlyk soraşdy.

— Saglyk bolsa, galan zatlaryň bir alajy bor — diýip, Mylaýym göwünlik berdi. Onuň bu gürrüňinde: «Han agaň bar, juda bolmasa, Omar Soltanowiç kömege ýetişer» diýen äheň bardy. Han Arkalyýewiç bolsa: «Ilki-hä derňewçileriň çeňňegine düşme, düşäýseňem, kişiden haraý gözlemek, dagdan mumyýa tüpeňländenem kyn bor» diýip içini gepledýärdi. Onda olar: «Munuňam eli bardyr, ýogsam bir peýda görmese, arkasyny tutmazdy» diýip, seniňem söbügiňi sydyrdyp ugrarlar.

Mylaýym demlän gülli çäýnegini adamsy bilen Pirweliniň oturan kreslolarynyň arasyndaky žurnal goýulýan stoluň üstüne getirdi.

— Tilkibaýam Ýalow ýalançy satan bolmaly — diýip, Pirweli uludan demini aldy. Barmagyndaky göwher ýüzügini oýnap duran Mylaýym dillendi.

— Kim ol Ýalow diýýäniňiz?

— Äý, zawutda wekilimiz bolan ýezidiň biri.

— Janyňyzy her öňýetene ynanyp ýörmezler ahyry!

— Wah, gelin jan, oňa ynanma, muňa ynanma. Kime ynanjak? — Hany, töweregiňde üýşüp ýatan ganduşer garyndaşyň barmy? Agzyna, diline berk diýip

ynananymyz-da şolar.

— Täk... Indem Tilkibaýmy, Şagalbaýmy, olam seni satsa?

Eýwanyn içi gonamçylykdaky imi-salalyga öwrüldi.

Nämüçindir, Pirweli «Ýok» diýip, kesgitli jogap gaýtarmady.

«Täk, diýmek, oňa-da ynamy gowşak. Onsoň, gezek Pirweliniňki. Bu-da Meýlisi satar. Meýlisem, Han agany. Ortada iki adam galypdyr. Onsoň, Han Arkalyýewiçin gezegi.

Han Arkalyýewiç agzyny açyp, eýwanyň howasyny kükregine dartdy.

— Tä-äk, bir çykalga-ha gözlemeli...

— Näm maslahat, bolsa, aýdyň, Han aga. O derňewçiler bilen adam ýaly gepleşibem bolanok. Şu beladan bir başymyzy aman-sag sypdyryň!

Han Arkalyýew çilim otlanyp, Mylaýyma: «Bir çüýşe konýak getir» diýdi. Olar esli oturdylar. Han Arkalyýewiç dymýardy. Manlaýyny penjeläp, agyr pikirlere batýardy. Mylaýym kresloda oturan ýerinde, öz kellesine gelen hyýalyň nähili görüljegini bilmän, ynamly-ynamsyzrak gürledi.

— Han, nemedäýseňiz nädýä? Häzirlikçe Pirwelini öz arzasy bilen işden çykaraýsaňyz. Apy-tupan sowulansoňam...

— Täk, menem şonuň pikirini edýän. Şondan gowy çykalga ýok. Ýöne olam ýeterlik däl. «Saglyk ýagdaýyna görä» diýip çyksa gowy bor. Yzyndan ýene bir zat etmeli...

Ertesi güni partiýanyň Daşgala raýon komitetiniň býurosynda «Ýeňiş» kolhozynyň başlygy Pirweli Penaýew saglyk ýagdaýy sebäpli wezipesinden boşadyldy.

«Pirweli däliräpmiş».

Bu habar ýyldyrym çaltlygynda Minaraata obasyna ýaýrady.

Erbet habaryň ganaty bolarmyş.

Daşgala raýonynda iki adamyň başy çatylsa, Pirweliniň gürrüňi edilýärdi.

— Eşitdiňizmi?

— Eşitdik, Pirweli hakda dälmi?

— Hawa.

— Kolhozdan her gije birini äkidip dursalar, özüňem

dälirärsiň.

— Özüne gezek ýetenini bilendir.

— Şeýdip sypjak bolýandyr.

— Äý, bir bendäniň keseliniň üstünden gülmäň-how. Belkem, çyndyr.

— Olar tohumy bilen dälimiş ahyry.

— Ogly Bally-da uçýotda duranmyş.

Ferma müdiri Haýdar, Jumaguly aga, Gara Mergen, Batyr dagy üýşüşip Pirwelini soramaga bardylar.

Pirweliniň aýaly Patma gan eňredi.

— Wah, jan doganlar, geläýdiňizmi? Ol sizi görse, öňküsinden beter guduz açar. Ýeke özi içki jaýda däli-porhan bolup ýör. Aýnalaryň tutusynam goýbertdi. Ýagtylykdan gorkýar. Kükürt çöp ýaksaňam gorkup, ýorgana sümülýär.

— Gaýrat et, Patma. Belkem, dogtor-pogtoryň haýry deger.

— Wah, şu ekilmän geçen pagta diýip, gije-gündiz ylgap akyl-huşunam aldyran eken o bagtygara. Geçiň, otursaňyz çaý goýaýyn.

— Ýok, sag boluň. Ýöne başlygy aýak üstünden görüp

gaýdalyň, halyny soralyň diýip gelşimiz boldy.

— Wah, taňryýalkasyn, toýňuzda gaýtsyn!

— Onda, ýigitler, siz şu ýerde garaşyň. Pirweliniň ýagdaýyny özüm görüp çykaýaýyn.

— Wah, Jumaguly aga, şoňa azar berilmese gowy bolmazmyka?

— Gelenimize görä görsek ýagşy. Azary bolmaz onuň.

Jumaguly aga ädigini gapynyň öňünde çykaryp:

— Haýsy jaýda? — diýip sorady.

Patma ýeňňe öňe düşüp, gapylaryň birini açar bilen açdy. Içerden agy sesine meňzeş jynssyz owaz eşidildi. Jumaguly aganyň ini jümşüldäp gitdi. Koridoryň ýagtysyna garaňky jaýda kellesine ak mytgal oralan Pirweliniň gözleri ýaldyrap göründi. Ol polotensanyň bir çetini bir eline orap, beýleki ujuny-da dyzynyň aşagynda goýup» dutar edip çalýardy.

«Ýigitlerim, ne maslahat,

Bu gün uruş ýaman boldy...»

— Essalawmaleýkim, Pirweli, amanmysyň?

Içerdäki «Bagşy» aýdym bilen «jogap» berdi.

«Seriňe döneýin, Çandybil hany,

Seniň balaň meniň balam emesmi?..»

— Ha-ha-ha... Pagta açylypmy? Buşlugyňa, näme bersemkäm? Öz-ä bir zat gizläp goýupdym.

— Pirweli! Ýagdaýlaryň nähili? Bi men, Jumaguly aga!

«Açyl-açyl, ak alty-yn!

Açylar wagtyň geldi...»

— Baý-buw, toba estagpyrylla!

Jumaguly aga başyny ýaýkap, ýoldaşlarynyň ýanyna geldi. !

— Onda näme, geliň, ýagşy dilegde bolalyň.

— Sorap geleniňiz üçin taňryýalkasyn, doganlar. Wah, meň bagtym garadyr-la.

Ýolda Jumaguly agadan Pirweliniň ýagdaýyny soradylar.

— Äý, näme, ýigitler, beterinden saklasyn diýilýäni. Oň ýagdaýy-ha gowy däl. Eline polotensa alyp, aýdyma zowladyp otyr,

— Eý-ho!

— Dälirän adam gülüp aýdym aýdyberse, tüýs, açylmajagy şo.

Şu wagtlar oblast dälihanasynyň «Tiz kömek» maşyny Daşgalanyň öwrüminden öwrülip, Minaraata obasyna tarap zymdyrylyp gitdi.

1985-nji ýylyň bahary geldi.

Iliň-günüň, radio-telewideniýäniň gürrüňi aprel plenumydy.

Hiç haçan edilmedik gep-gürrüňleriň aýdylyp ugralmagy gündiziň güni ýyldyrym çakan ýaly, adamlary aňk etdi.

Täze ýylyň täze hasylynyň duýbi tutulyp ugraldy.

Gowaça atyzlaryna üýşmek-üýşmek dökülýän derslere üýşen gargalar, serçeler, garasarlar, torgaýlar iýmit gözleşip, öz aralarynda oňşup bilmän, güýçlüleri ejizleriň üstüne topulýardy, çüňki ýetse çokýardy, bolmasa-da ganatlary bilen kakýardy. Mallaryň aýagy astynda mäjum bolup, gemre baglan ysly dersleriň üsti talaňdy. Ala meýdana dökülen «hazynany» gyzyl-dörjük peşeşdirýän guşlaryň dürli-dürli owazlary goşulyşyp asmana götärilýärdi.

Ýylyň-ýylyna ýeterlik iýmitlendirilmän, gowaça

ekilip-ekilip ysgyn-mejalsyz atyzlaryň wawwasynyň melhemi bolan, ine, şu topbak-topbak garalyp ýatan dersleri Jumaguly aganyň garawulçylyk edýän ferma ýatagyndan Gara Mergen öz brigadasynyň atyzlaryna daşadýardy. Nije ýyllap dersleriniň golaýyna gelinmedik ferma ýatagyndan ders çykarýan kolhozçylaryň hersiniň elinde bir hili iş guraly bardy. Biriniň elinde pilçesiniň ujy ýaňy çarha tutulan ýaly, gumhanasyna çenli lowurdap duran ikigulak pil, ýene.. biriniň elinde agramy ep-esli lom. Gatbar-gatbar gemre baglan läheň ders böleklerini goparyşdyryp, maşynlara, furgon arabalara ýükleýän ýigitleriň maňlaýlary çygjarypdy. Dersi alnan ýere Garagumuň ürgün çägesinden getirip döküýärdiler.

Jumaguly aga mal ýatagynyň pena tarapynda tüňçeleri gaýnadyp, ýadan ýigitlere çaý hödürleýärdi.

— Haýdar, Gara, Batyr, geliň, sizem bir käse içiň. Şu çäýnegi aýratyn gowy demledim — diýip, goja dillendi. — Bi ýyl atyzlaram görmedigini görjek. Gowaçalaryň boýy hä diýmänkäň adamyň biline ýeter. Aý, seniň aýagyň düşjek, Gara. Me, şu käse çaýam iç bakaly.

Indi kimdir biri çaýly käsäni uzatsa, Gara Mergeniň ýadyna obkomyň partkomissiýasynyň başlygy Janaýew

düşýärdi. Onsoň, ikisini deňeşdirip görýärdi. Häzirem Jumaguly aga bilen Janaýewiň adamkärçiligini göwün terezisinde ölçemäge başlady. Jumaguly aga sowatsyz, daýhan adam, Janaýew bolsa ýokary bilimli, uly wezipeli adam. Ikisiniň arasynda uly parh bar. Täze döwrüň täze bilimini alan Janaýew gojadan has pähimli, ugurtapyjy hem sowatly adam bolaýmaly ýalydy. Emma, nämüçindir, tersinedi. «Iň bärkisi, Arkaly aga bilen ogly Han näme — diýip, Gara Mergen oýa batdy. — Ata bilen ogluň gylyk-häsiýeti, ýöreýän ýollary başga-başga. Janaýewiň ornuna Batyr oturan bolsa, meseläni başgaça çözerdi. Belkem, şonuň üçinem, ony şo kresloda oturdýan däldirler. Haýsy haçan aga ak, gara gara diýdirmek üçin Aşgabada — Merkezi Komitete ylgap ýörjek? Onda bu raýonda, oblastda ýolbaşçy bolup oturanlar nämä gerek? Olary «pul bilen şöhratdan ýaňa sämäp duran kellelerini «gazotuzbirleriň» ýumşak oturgyjynyň ýeňsesine diräp, maşynda gezelenç etmäge oturtdylarmyka? Ýeri, Gara Mergen-ä ugur-ýol bilýäni üçin özüni goramagy başardy. Ýoluny-ýodasyny bilmeýänler näme etmeli? Nähak töhmetiň, adalatsyzlygyň, ikiýüzli býurokratlaryň pidasy bolup, ýüreginde duşmanyň gurşun güllesini göterip ýörenler ýaly bolup gezibermelimi?»

Şol wagt ilerden «ýaltasyny» münüp gelýän Goça Gara Mergeniň gözi düşdi.

«Ynha, şu Goç ýalylar näme işlemeli? Kime dadyny ýetirmeli? «Raýonda pylankesiň ýanyna bar» diýseňem, köri ideklän ýaly elinden tutup eltäýmeseň, biljek gümany ýok».

Goç «ýaltasynyň» tanapyny gazyga iltäp, duranlaryň ýanyna geldi-de, salam berdi. Soňra elindäki taýagyny Baýly boçkanyň öňüne oklady.

— Ynha, taýagyň, honha-da, sygyrlaryň. Kime bakdyrsaň şoňa bakdyr.

— Dur-how, Goç han, hany, bir düşünişeli. Saňa ne jyn urdy?

— Jynlar meň ýanyma gelip bilmez. Ähli jyn, hol, Pirweliň töweregindemiş.

Ara dymyşlyk düşdi.

— Gara, birgediňde işletseň-ä işlejek. Bolmasa-da öýde ýatyberjek. Bi zamanda aç ölen ýok. Kimden sorasamam, el ýaly çörek berer. Dogry-da walla. Hem-ä günuzyn agzy-burnuňa gum syradyp, mallaryň yzynda gezmeli, hemem jerimelerini çekmeli. Beýdip näme, meni girewine aldyňyzmy? Derňewçiler: «Her aýda

zähmet hakyňdan ýigrimi prosent tutup galaryň» diýýä. «Akta gol çek» diýdiňiz, adam ýaly ynanyp gol goýdum. Men o mallaryň kemini-artygyny näbileýin? Ýa men olary ogurlap bazarda satdymmy? Ýa-da soýup iýdimmi? Nähili adamlar-aý bular? Bar, anha, dogruçyl adam tapyň-da, bakdyryberiň şolaryňyzy.

Uzyn guýruk tozany yzynda sozukdyryp, aldygyna sürüp gelýän Jümmi «Gaz-69»-na bularyň ýanynda tormoz berdi. Jumaguly aga onuň habaryny aldy.

— Bolup gelşiň näteňet? Işandan gaçan jynly ýaly. Adam baryny tozana gömdüň-le. Eýgilikmi?

— Salawmaleýkimler. Bagyşlaň, Jumaguly aga, gaty gyssanýan.

— Eýgilikmi? Nä habar?

— Hemmäňiz agşam altyda edara barmaly.

— Hä? Näme bar o taýda?

— Täze başlyk. Bellenjek.

— Bellenjekmi ýa saýlanjakmy?

— Aý, onçasyny bilemok. Maňa «altyda gelmedi» diýip aýt diýdiler.

Jumaguly aganyň:

— Başlyk boljak kimmiş? — diýen sowalyny Jümmi eşitdimi-eşitmedimi, hiç hili jogap bermän, maşynyny yzyna öwrüp, aňyrrak baransoň, ýene-de gazyna basdy.

— Men-ä hiç zada düşemok — diýip, Jumaguly aga hüňürdedi.

— Nämä düşeňok, ýaşuly?

— Şu ýokardaky işleýänleň bolşuna! Ynha, raýkomdan gelerler-de, pylankes başlyk bolmaly diýip giderler. Wessalam. Hany, düýn-öňňin radio gygyryp durdy: mynnan beýläk açyk gürrüň etmeli, täzeçe işlemeli, ýolbaşçylar saýlawly bolmaly diýip... Batyr, bärik gel, inim.

Jumaguly aga Batyr bilen deňleşip ýörep baryşyna başlanan gürrüňi öz aralarynda dowam etdirdiler.

— Jumaguly aga, aý, Jumaguly aga!— diýip, Gara Mergen olaryň yzyndan gygyrdy. — Ýaňyja dälmidi «açyk gürrüň etmeli» diýip duranyň.

— Olar häzir gizlin edýä, bizem etjek. Açyk gürrüňi ýygnakda eşidersiň.

Dört-bäş ýüz adamlyk klubuň içi bir bada sowuk bolsa-da, hyryn-dykyn dolan adamlaryň demi bilen ýylap ugrady. Ikibir-üçbir edilen gürrüňleri, hyşy-wyşylary,

hüňürdileri goýdurar ýaly däldi. Klubuň törunde zerli harplar bilen «Ak altyn» — biziň baýlygymyzdyr!» diýlen ýazgy dur. Üstüne gyzyl mata tutulan uzyn stoluň aňyrsyndaky oturgyçlar heniz boşdy. Emma eýýäm kolhoza başlyk boljagyň ady uludan-kiçä aýan bolupdy. Täze başlygyň kandidaturasyndan köpçülik närazydygyny gowur berýän sesleri diňlän badyna aňmak boljak.

— Doňzuň agy näme, garasy — diýip, kimdir biri ortada oturan ýerinde gygyryp goýberdi.

— Düýn men gulajygym bilen eşitdim. Orsyýetde bir zawoda direktor goýjak bolanlarynda, işçileri «direktory özümiz saýlajak» diýipdir. «Siziň barmagyňyzy uzadyp görkezen adamyňyz bize gerek däl» diýenmiş.

— Biz näme, şolardan kemmi?

— Hany, seniňçe kimi başlyk saýlajak?

— Aý, lakgyldamasana-aýt!

— Seň özüň pań-pań edip oturan.

— «Pyçak öz gynyny kesmez» diýenleri dogry-how. Aýlanyp-öwrülip ýene özli-özüni tapýarlar, görseň.

— Şu gezek şolaryň diýenini etdirmejek bolalyň!

— Eý, ters agitasiýa ýöretme!

— O-ho, aramyzda şipiklerem bar eken-ow!

— Seniň bajyň...

Ortada oturanlardan biriniň gulakjyny tozan turzup, towugyň maslygy ýaly hon-da zyňyldy. Ol ýerinden turup, yzyndaka ýumruk saldy. Onuňam güpbüsinden tozan göterildi.

Şo halat yzky gapy açylyp, prezidiumyň stoluna ýöräp gelýänler göründi. (Gyzyl ýumruga girenleriň eginlerinden basyp oturtdylar). Raýkomyň ikinji sekretary Mansurow, raýispolkomyň başlygy Daşgulakow, Keýik Zamanowa, raýispolkomyň sekretary Juma Çaryýew, brigadir Sülgün daýza hem-de kolhozyň partorgy üsti gyzyl mataly stoluň aňyrsyna geçdiler. Kimdir biri sykylygy bilen horaz gygyryşyny etdi. Her ýerde gülki sesleri eşidildi. Partorg ýerinden turup, sesini çykarman, oturanlaryň ýüzüne birlaý seredip çykdy. Ol gözleri bilen hälki sykylyk atany gözleýäne meňzeýärdi. Ahyry ol ardynjardy.

— Adamlar, ýuwaşrak bolalyň! Gapdalyňyzdaky biedeplere-de «ýuwaş bol» diýiň... Sözi raýkompartiýanyň ikinji sekretary ýoldaş Mansurowa berýäs.

Mansurow stoluň ýeňsesinden howlukman turdy-da,

münberiň aňyrsyna geçdi. Ýakasyna sur bagana tutulan paltosynyň iliklerini ýazdyryp, gyzyl bloknotyny çykardy. Jübüsinden äýnegini alyp, gözüne dakdy. Gyzyl bloknotyna bir gezek seretdi-de, ýene äýnegini eline aldy.

— Ýoldaşlar! Siziň «Ýeňiş» kolhozyňyz geçen bäşýyllygy uly üstünlikler bilen tamamlady. Pagtanyň, maldarçylygyň döwlet öňündäki planlaryny abraý bilen ýerine ýetirdiňiz...

Hyşy-wyşy, hümür-sümür gürrüň eşidilip ugrady.

Mansurow bäş-on minutlap kolhozçylary öwdi. Täze ýylda-da zähmet üstünliklerini arzuw etdi. Keýik Zamanowa bilen Juma Çaryýew prezidiumyň aňyrsynda oturan ýerlerinde zaldaky tanyşlaryna gözleri düşende, baş atyp, gözleri bilen salamlaşýardy. Käbirlerine gülümsireýärdiler. Mansurow Pirweli Penaýewiň kolhoza köp ýyl ýolbaşçylyk edenini, häzirem oblast keselhanasynda saglygyny bejerdýänini aýtdy. Raýkomyň býurosynyň onuň işden boşamak hakdaky haýyşyny kanagatlandyryp, ornuna...

Klubuň içine suw sepilen ýaly boldy. Oturanlar demini alman gulaklaryny gerdiler.

— Raýon partiýa komitetiniň býurosy siziň

kolhozyňyza başlyklyga Juma Çaryýewi hödürleýär.

Adamlar birden gowur aldy. Hälki «horazyň» sesi ýene-de gaýtalandy. Bu sapar ony gülki bilen alyp göterdiler.

Partorg ýerinden turup, elini ýokary göterdi.

— Ýuwaş, ýoldaşlar!

— Hany, kimde nzhili teklip bar? Birki sanyňyz çykyp gepläň.

Mansurow ýerine geçip oturdy.

— Hany, kim geplejek? — diýip, partorg zala seretdi, emma ýokary galan eli görmänsoň, brigadir Sülgüniň ýüzüne seretdi. Ol ýerinden galyp ugrady. Münbere çykyp:

— Daýhanlar! — diýdi. — Juma öz obamyzyň oglany.

— Gaty belet-le. Pirweliniňem aýalynyň dogany — diýip, kimdir biri gygyrdy. Ýene-de gülki zaly doldurdy. Juma Çaryýew gyzaryp ýere bakdy. Eliniň aýasy bilen çygjaran maňlaýyny süpürdi. Mansurow laňňa ýerinden turup, çasly sesi bilen gygyrdy.

— Bu ýeri kolhozyň prawleniýe ýygnagymy ýa-da bazar?

Sesler tapba kesildi. Mansurow öz soragyna jogap gözleýän ýaly, gök gözlerini ýaldyradyp, oturanlaryň ýüzüne seretdi. Öňde oturan Jumaguly aga Batyra tarap eglip, ýuwaşlyk bilen pyşyrdady.

— Bi näme, haýbaty bilen gorkuzjak bolýarmyka? Gykylygy näme munuň?!

Sulgün daýza Juma Çaryýewi iküç minutlap öwdi-de: «Biz raýkomyň býurosynyň hödürlän kandidaturasyny goldaýarys» diýip, oturan ýerine ýöneldi.

— Ýene kim geplejek? — diýip, partorg seslenen badyna Jumaguly aga Batyry tirsegi bilen dürtdi. Batyr elini galdyrdy.

— Indiki söz kolhozyň zootehnigi Batyr Arkalyýewe berilýär.

Batyr münbere çykdy.

— Bu ýylky bahar diňe bir tebigatyň däl, eýsem adamlaryň durmuşyna-da üýtgeşiklik girizdi. Biz indi täzeçe işlemeli, täzeçe pikir etmeli.

Münberiň golaýynda oturan partorg eglibräk:

— Batyr, gysgarak gürlesene — diýdi. Batyr zaldakylar eşider ýaly edip, oňa jogap berdi.

— Ýoldaş ýygnagyň başlygy, gynansagam, siz başda

çykyp geplejekler üçin reglament — wagt bellemediňiz. Onuň üçinem, men aýtjak zatlarymy aýdyp gutarýançam, sözümi bölmezligiňizi haýyş edýän.

Jumaguly aga ardynjyrap, partorga alarylyp seretdi.

— Aýdyber, Batyr. Howlugýanlar çykyp gidibersinler.

— Hormatly prezidiumda oturanlar, hälki aýdyşym ýaly, mundan beýläk geçirýän ýygnaklaryňyzy-da täzeçe geçirmeli bolarsyňyz. Kolhoz başlygyny ýa-da her bir ýolbaşçyňky maşynly gelägede, ýarym sagadyň içinde saýlap gidibermersiňiz. Siz köpçüligiň, şu oturanlaryň aýdanlaryna boýun bolmaly bolarsyňyz. Eger-de siz bu gün «ýoldaşlar, biz siziň kolhozyňyza başlyk saýlamaga geldik. Hany, başlyklyga kimi hödürleýäňiz? Öz adamlaryňyzy özüňiz bizden gowy tanaýaňyz» diýen bolsaňyz, ine, bi hakyky demokratiýa, deňlik, adalatlylyk bolardy.

Zalda oturanlardan:

— Gaty dogry!

— Molodis, Batyr! — diýen sesler eşidildi.

— Men «Ýeňiş» kolhozynyň prawleniýesiniň başlyklygyna Gara Mergenowyň kandidaturasyny hödürleýän.

Jumaguly aga iki elini göterip, el çarpyşmany başlap goýberdi. Soňra zaldakylaryň elleri goşulyşyp, uly şowhuna öwrüldi. Partorg Mansurow tarapa eglip bir zatlar diýdi. Mansurow başyny atdy. Partorg ýerinden turdy. Münbere geçmän, duran ýerinde gürledi.

— Ýoldaşlar!.. Ýoldaşlar!.. Birinjiden, Batyr Arkalyýewiň kandidatura görkezmäge haky ýok.

— Wäh, o nämüçin?!

— Ýoldaşlar, kandidaturany kolhoz prawleniýesiniň çlenleri görkezmeli. Batyr Arkalyýew heniz prawlenie çlenligine saýlananok. Ikinjiden, ýoldaşlar, Gara Mergenowa biziň garşylygymyz ýok. Ol işjanly adam. Ýöne... ýöne, ýoldaşlar, onuň bilen arada bir ýakymsyz waka boldy. Dogry, MK-nyň partiýa komissiýasy ony partiýa çlenligine dikeltdi. Diňe käýinç berildi. Ine, şol käýinji aýrylansoň, biz onuň başlyklyk kandidaturasyna dolanaýmasak, häzirlikçe bolanok, ýoldaşlar! Hany, prawlenie çlenlerinden kim gürlejek?

— Ine, men çlin prawleni. — Jumaguly aga goňur guzynyň burum-burum tüýli derisinden tikdiren silkme telpegini oturan oturgyjynda goýup, kellesindäki tahýasyny düzedişdirip münbere ugrady. — Sakgaldaşlar, ýaş kiçiler, «Baş bolmasa — göwre

läş» diýipdirler. Biz häzir özümize baştutan saýlaýarys. Bellämzok-da, saý-la-ýa-rys. Eger saýlaýan bolsak, siz, hormatly adamlar (ol prezidiumdakylara başyny atdy), onda erki biziň elimize beriň. Ýok, belleýän bolsaňyz, onda halanyňyzy ediň, belläň-de gidiberiň. Ýöne, bize «el galdyr» diýmäň.

Ýene-de el çarpyşmalar başlandy.

— Hawa, ýaşuly!

— Çekinmen aýdyber!

— Men nämeden çekineýin? Garawulçylyk kärimi elimden alarlar öýdüpmi? — diýip, Jumaguly aga zala seredip gülümsiredi.

— Ha-ha-ha!..

— Men gyrk ikinji ýyldan bäri partiýa agzasynda. Emma şumata çenli, ýaňy Batyr janyň aýdyşy ýaly, ýygnakda-beýlekide aýtjagymyzy aýdabilmän, etjegimizi edebilmän, hemme zady içimize salyp, içkesel bolduk. Wah, şu aprel plenumy biziňem dyzymyzda kuwwat barka mundan bäş-on ýyl öňräk bolsa bolmyýamy? Indi bizden kiçileriň bagty çüwdi. Men muny göriplik edip aýdamok. Indi siz özüňize ýaraýan başlygy saýlaň. Ýaramasa saýlamaň. Biziň

döwrümizde, ynha, şu günki ýaly gelägede, «saýladyp» yzlaryna haýt goýýardylar. Ýoldaş sekretar Mansurow, siziň başlyk goýjak bolýan Juma Çaryňyza ýaramaz adam diýemzok. Oňa aýyp-günä-de ýöňkämzok. Eger ol gowy işgär bolsa, özüňiz ýene-de ösdüriň-de, ýokary çekiberiň. Biziň oňa garşylygymyz ýok. Ýöne biz adamlar bilen, ýer bilen işleşip biljek, özümiziň bäş barmagymyz ýaly tanaýan adamymyzy başlyk saýlarys. O käýinçli meselänem özüňiz çözüň. Özüňiz beren bolsaňyz, aýrybam bilýäňiz. Hawa, eger-de size hökman Juma Çaryny başlyk goýup gaýdyň diýlen bolsa, onda yzyňyzajyk gaýdyberiň. Däliden dogry habar. Biz onyňyzy makul göremzok. Eger biziň diýýän adamymyzy özüňiz çözüp bilmeýän bolsaňyz, bardajyk Han Arkala biziň haýyşymyzy aýdyň. Bize Gara Mergen bolýar. Onsoňam, türkmeniň bir nakyly bar: «At aýlygyny gözlärmiş, düýe ýyllygyny, eşegem aýagynyň aşagyny». Bizem indi eşek ýaly aýagymyzy basjak ýerimize seretmän, has öňräge seretmegi öwreneliň. Oň üçinem, kolhozyň garamatyny gerdeninde çekip biljek, öz gara nebsine çapman, il-günüň bähbidine ylgajak adamy başlyk saýlalyň. Ýogsam ýene köp-köp ýyllar tüm ýaly hütdük klubda sowuga digdireşip oturarsyňyz. Kolhozyň içinden gaz turbasy geçip ýatyr,

asyl size haýry degmez. Anha, garaňky düşüp barýar, öýüňize barýançaňyz, ýolda haýsyňyzyň haýsy läbigiň ýa-da çukuryň içinde batyp galjagyňyz belli däl. Ine, şu zatlara baş galdyrýan adam gerek. Şeýle dälmi, adamlar?!

— Hawwa!!!

Zal hor bolup gygyrdy.

— Ine, köpçüligiň islegine gulak asylýan bolsa, ýagdaýa-a şeýle. Men çlin prawline hökmünde Gara Mergeni başlyklyga hödürleýän.

Jumaguly aga ýerine geçip oturansoňam, el çarpyşmalar kesilmedi. Käbirleri ökjeleri bilen poly depdiler.

Gyzyl stoluň anyrsynda oturanlar, ylaýta-da, Mansurow bilen partorg, Keýik Zamanowa üçüsi bir zatlaryň maslahatyny etdi.

Partorg ýerinden turdy.

— Ýoldaşlar! Ýene-de kim geplejek?

— Biz Gara Mergeni başlyk soraýas!

— Gara Mergen bolýar!..

Zalyň yzyndaky hatarda oturanlar:

— Gara Mergen! Gara Mergen!.. — boluşdylar.

Partorg ör turup durşuna, olaryň seslerini goýdurjak boldy. Onuň ýanynda oturan Juma Çarynyň ýüi garört bolup, näme etjegini bilmeýärdi. Ol bu ýerik özüni hut masgaralanmaga getirilen ýaly duýýardy. Indi, başdaky oturyşy ýaly, ýüzüni galdyrasy-da, tanyş-bilişlerine seredesi-de gelmeýärdi. Ýöne ol obadaşlaryndan öýkelän ýa-da özüni halamaýan ekenler diýen pikiri ýüregine düwen bolsa ýalňyşýardy. Obadaşlary ondan hiç zady gaty görenokdylar. Olam obadaşlarynyň hiçisiniň ýüzüne gelip ýa-da ýeňsesinden ýamanlyk etmändi. Bu ýerde zaldaky oturanlar bilen Juma Çarynyň arasyna böwet bolýan başga bir göze ilmeýän garşylyk bardy. Olam Pirweli Penaýewden näçe ýyllaryň dowamynda ýadan hem-de bez bolan halkyň gaharynyň, aýal tarapdan oňa garyndaş bolany üçin, Juma-da zeperi degip durdy. Jumanyň ornuna kimem bolsa, hatda Gara Mergen bolaýanda-da şeýle boljak ýalydy.

Kolhozçylar Penaýewden halys iripdi.

Ine, Jumanyň şuňa düşünmegi gerekdi.

Partorg şol dik durşuna:

— Başga teklibiňiz ýekmy? — diýip sorady.

— Ýok!

— Ýok!.. Ýok!

— Biz aýtjagymyzy aýtdyk.

Partorg Mansurowyň ýüzüne seretdi. Ol gabaklaryny aşak goýberip, başyny atdy.

— Onda, ýoldaşlar, ýarym sagatlyk arakesme yglan edilýär.

Gyzyl stoluň başynda oturanlar öňki gelen gapylaryndan çykyp, Penaýewiň kabinetine bardydar.

Penaýewiň oturgyjynyň ýeňsesindeki diwarda asylgy türkmen halysynyň üstünde indi M. S. Gorbaçýowyň suraty berkidilipdir.

Mansurow telefon bilen Han Arkalyýewi gözleýärdi. Haýsy kolhoza telefon etse, ýa «Bu ýerik gelenok» diýýärdiler, ýa-da «Arakesmeden öň gelip gitdi» bolýardy. Ony tapmak aňsat däldi.

Aradan ýarym sagat däl, bir sagat geçdi.

Daşarda üçbir-dörtbir, kowçum-kowçum üýşen mähelle üşäp ugrady. Olar ýene-de koridora, kluba girdiler.

«Bularyň maslahaty uzaga çekdi-daýt».

«Bularyňam maslahaty bormy? Mansurowyň Han agadan bidin ýatan çöpi galdyrmaga erki ýetýärmi?»

«Ýetmese, nä köri bar ikinji bolup oturyp? Gomalyp, «Wolga» münüp ýör».

Han Arkalyýewe Mansurowyň ýer ýykyp gözleýändigini aýdan bolmaklary mümkin. Onuň özi «Ýeňşe» telefon etdi. Mansurow bolan wakalary jikme-jik gürrüň berdi.

— Täk... Kim ol başbozarlyk edip, ilki oň adyny tutanlar?

Mansurow ilki Batyryň adyny aýtmagy uslyp görmedi.

— Aý, bütin zal dil birikdiren ýaly, Han Arkalyç. Belli biriniň ýakasyndan tutar ýaly däl.

— O nähili? Raýkomyň sekretarynyň, raýispolkomyň başlygynyň ýüzüne gelip bilenler kimler olar?

— Han Arkalyç! Halk indi öňki däl! Hut aprel plenumyndan mysal getirişip, gygyryşyp durlar!

— Kim ol başbozarlar? Atlaryny aýtsana!

— Aý, bar ynha, Jumaguly aga, Batyr — siziň ogluňyz.

— Hm-m... Täk... Batyr? Olam bir ýerde

bolgusyzlyk bolsa, hökman burnuny sokmalydyr. Samsygyň goltugyna garpyz gysdyryp, bilgeşländen gepledýändirler. Täk... onsoň, olary yryp bolar ýaly dälmi?

— Eger-eger bolanok, Han Arkalyç! Ynha, Daşgulakow, Zamanowa ýoldaşlaram diňläp otyr. Biz-ä näme etjegimizi bilemzok. Kelep ujuny ýitirdik.

— Täk... Täk... Onda ýygnagy bir hepde yza süýşüriň. Ýene-de bir maslahat edeliň.

Mansurowyň üstünden agyr ýük aýrylan ýaly boldy.

## 29

— Eşitdiňizmi?

— Nämäni?

— Pirweli Penaýewi dälihanadan çykarypdyrlar.

— Bäh, eýýäm sagalaýypmy?

— Zanny sag adamy nädip däliretjek? Derňewçiler Moskwadan, Aşgabatdan dälileriň saglygyny barlaýan dogtorlaryň ýörite komissiýasyny çagyrypdyrlar. Ine, şolaram Penaýewi ekspertiz edenmişler. Onsoň Pirwelä: «Senden sag adam ýok. Beýniň elektron sagady ýaly

işleýä. Hany, jögüligiňi bes et» diýipdirler.

— Bäý-bä!..

— Hawa, ýagdaýlar-a şeýle. Indem derňewçiler «Hany, buýtar-suýtar etme-de, kimden pagta satyn alan bolsaň, kime para beren bolsaň gönel!» diýip, Pirwelini-de aýagyny ýere degirmän äkidenmişler.

— Heý-de äkitmezlermi? O Tilkibaý diýilýän glawbuh: «Men pullary ýygnap Pirwelä berdim, onuň kime berenini bilemok» diýip, bilbil ýaly saýraýarmyş ahyry.

— Alajy näme? Saýradýandyrlar! Pirwelinem oňatja gyssarlar welin, «Jan doganlar, menem zawodyň direktory Meýlis Baka berdim» diýer.

— Hawa-da. Derňewçiler, şeýdip, uşlybyň bir ujundan tutsalar, çöşläp baryberýärler-dä!

— Hawa, ýüp syrygyp toýnukdan geçermiş. Onuň bir ujy Han Arkala-da baryp ýetäýmese.

— Aý, senem entek gögele bolýaň. Diňe Han Arkalyňda durmaz-la. Has ýokarrakdakylara-da ýeter.

Gijäniň bir mahaly Meýlis Bakyýew öýlerine gammar halda geldi. Ol gapylarynyň gulpuny tapyp bilmän, ep-esli dümtünip durdy. Garaňkyda gulpuň deşigini tapyp

bilmedi, açarlaryna käýindi. Ahyry gapylaryny açyp, diwarlaryň hekine süýkelen paltosyny asawaçdan asdy. Palçykly köwşüniň her taýyny bir ýaňa zyňyşdyryp, holodilnikdäki boržomly çüýşeleriň birini açdy, entment ýöräp barşyna onuň bokurdagyndan gulkuldadyp, agşamky düşekleri ýygnalmadyk krowatyna geçdi. Kostýum-balagyny eliniň tersi bilen diwana tarap zyňyşdyryp goýberdi. Aýaly aşgazanyny bejertmäge kurorta gidensoň, öýde hiç kim ýokdy. Kurorta giden aýaly Meýlisiň üçünji aýalydy. Onuň ilkinji, ikinji aýalyndanam çaga önmändi. Meýlis ony-da aýyrmakçy boldy. Emma, oňa özüňi dogtora barlat diýdiler. Günä Meýlisiň özünde ekeni. Dogtorlar oňa «önelgäň ýok» diýdiler. Onsoň, Meýlis ikinji aýalyny-da aýryp, özi ýaly önelgesiz aýala üçünji sapar öýlendi.

Gije ýarymdan agypdy. Daşky gapy ýuwaşjadan bir garyş ýaly açylyp-açylmanka, inçemik adam suwulgan ýaly suwlup içeri girdi. Diň saldy. Içki otagyň açyk gapysyndan, agzyny çala açyp, horlap ýatan Meýlisi gördi. Öz köwüşlerini halyçanyň üstünde çykaryp, Meýlisiňkini aýagyna geýdi. Soňra pişik basyşyny edip naharhana girdi-de, el ýaglygyny eline aldy. Gaz plitasynyň iki gözüni doly açyp goýberdi. Naharhananyň gapysy Meýlisiň ýatan otagynyň gabat garşysyndady.

Nätanyş daraklygyna galyp, naharhananyň penjiresiniň açyk fortoçkasyny-da ýapdy. Boýnuny sozup, Meýlisiň ýatan otagynyň äpişgesine seretdi. O ýeriň fortoçkasy öňden ýapyk eken. «Pyslap» çykyp duran gazyň ysy eýýäm onuň başyny aýlap ugrapdy.

Nätanyş adam öňki gelşi ýaly, ýene-de daşky gapyny mäkäm ýapyp gitdi...

Meýlis Bakyýew melul halda bu dünýedäki iň soňky düýşüni görýärdi... Garagumuň ymgyr giden çägeligi. Petiş howada dem almak kynlaşýar. Birdenem Meýlis Bakyýew iki alaňyň arasyndan ýeriň astyna gidýän basgançaklardan düşüp metronyň eskalatoryna mündi. Eskalatory zeminiň çuňlugyna tarap Ýetimje sürüp barýardy. Az salymdan Ýetimjäniň kiçijik maşynyny gök tüsse gaplady. Burum-burum tüssäniň ysy Meýlis Bakyýewiň ukusyny getirýärdi. Ol Ýetimjä «maşynyňy sakla» diýip gygyrmakçy boldy. Emma, nämüçindir, sesi çykmady. Ýetimje bolsa tüssäniň içinde oňa elini bulaýlaýardy. Birdänkä-de onuň maşyny lowlap ot aldy. Gyzyl ot bolup ýanýan Ýetimje henizem Bakyýewe elini bulaýlaýar. Ol bärik gel diýýärmi ýa-da kömege çagyrýarmy, belli däl! Gum alaňlarynyň arasynda gurlan metronyň içinde, gyzyl ot bolup ýanýan Ýetimjäniň töwereginde bir topar şagal peýda boldy. Olaryň gözleri

çatrykdaky swetoforyň göm-gök çyralary ýaly bolup ýanýardy. Meýlis Bakyýew Garagumda aw awlaýarka, garaňkylykda sataşýan şagaldyr möjekleriň gözlerine prožektor tutanda, olaryň gözleriniň şeýle ýanýanyny bilýärdi. Ol şagal sürüsine duşanyny aňdy. Egninden tüpeňini kakyp aldy-da, göm-gök çyra bolup ýanýan gözleri nyşana aldy. Mäşäni gysdy. Emma tüpeň atylmady. Ýa atylsa-da, sesi çykmady. Ýöne hälki gök çyralar birdenkä ala gözlere öwrüldi. Ol gözler Han Arkalyýewiňkidi. Özleri-de sop-sowukdy. Meýlis Bakyýew beýlesindäki «çyra» garady. Ol «çyra» Pirweli Penaýewiň gözleri bolup çykdy. Indi Meýlis Bakyýew ol «gök çyralaryň» şagal däldigine göz ýetirdi. Gorkmasyny-da bes etdi. Tüpeňini ýene egninden asyp, gözlerini ýumdy-da, zeminiň astyna baka eskalator bilen süýşüp başlady. Ol bir zada haýran galýardy. Nämüçindir, öň bu hakda oýlanmandyr, pikir etmändir. Asyl ýabany, wagşy haýwan diýip ýören şagallarymyzyň gözleri beýle gorkunç däl eken. In aýylganjy, özüň bilen tirkeşip, duz-emek bolup ýören adamyňky bolsa nätjek? Seredip otursa, onuň gözlerinde ne rehim-şepagat, ne-de yssy mähir bolar ekeni...

## 30

Bu wagtlar Arkaly aga gözlerini ýumup ýatyrdy. Nobatçy wraçyň käte gelip edýän ukolyny-da indi aksakgal känbir duýanokdy. Ukusyzlykdan ýaňa gözleri gyp-gyzyl bolan Batyr onuň başujunda oturyp, atasynyň süňk bilen hama öwrülen ellerini owkalaýardy. Aksakgalyň açyk ýakasyndan görünýän ak tüýli döşleri her dem alanda, aşak-ýokary galgaýardy. Ana, onuň erninden akja köpük göründi... Batyr ony emaý bilen syryp aýyrdy.

— Ýaşuly öýkeniniň daşy belen dem alýar — diýip, wraç Batyryň ýüzüne seretdi. Batyr atasynyň ajal bilen başa-baş söweşýänine göz ýetirdi. Wraç ýene-de aksakgalyň ýüzüne seredip dillendi.

— Ýaşulynyň ýüregi sagdyn ekeni. Tüweleme, ölüme baş berenok.

Daň saz berdi. Guşlar oýandy.

Arkaly aganyň birden dem almasy kesildi. Soňam gözüni açagada, Batyra bir zat diýjek ýaly etdi-de, ýene-de gözlerini ýumup, baky uka gitdi.

Han Arkalyýewiç kakasyny öz öýünde ugratmasa gelşiksiz boljagyny bilýärdi. Onda il-gün näme

diýer? «Ýumruk ýaly kakasynam ýaşynyň soňuňda sygdyrmady. Pahyr itiň hory boldy» diýip agzyboşlar gören ýerde ýaňramazmy? Onsoňam, ýakyndan-alysdan Han Arkalyýewiçiň ady-abraýy üçin geljekler bar. Olaryň içinde-de syn-deramat etjekler kändir. «Raýkomyň sekretary bolsa-da, öz kakasyny il hatary iň soňky ýoluna ugradyp bilmedi» diýip, baý gürlärler-ä.

Ýöne, bu günki güne Han Arkalyýew köpden bäri garaşyp ýördi. Onuň nämüçindigini özünden başga bilýän ýokdy.

Mansurow obkoma, Daşgulakow oblispolkoma, Ýallakow hem raýonyň başlyklaryna habar etmegi boýun aldylar. Şol arada ýene bir ajy habar gowuşdy.

«Meýlis Bakyýew ölenmiş. Öten agşam öýünde gaz tutupdyr».

Bu habara-da Han Arkalyýewiň garaşýan bolmagy juda ähtimal. Sebäbi ýeňillik bilen uludan demini aldy.

«Hudaýa şükür, pagtaly gürrüňde «Han Arkala pylança manat berdim» diýip ýüzüme geljek adam-ha indi bi dünýede tapylmasa gerek...»

Onuň göwrümi giňäp, böwründäki sanjylaryň birisi aýrylan ýaly boldy. Ýöne bir sanjysy: öýlerindäki demir

sandygyň içinde, teletin haltada ýatan altyn teňňeler, gyzyl şaýlar, göwher gaşly ýüzükler, gulakhalkalar, gülýakalar... Ine, bi sanjynyň derdinden indi näçe gündür oňa uky diýen zat haramdy. Iýeni içine gitmän, ýuwdany endamyna zäher bolup ýaýraýan ýalydy. Ymyzgandygy, altyn-gyzyllary harteçjal gelen ýaly ala-zenzele turzup, ziňkildäp oýanýardy. Ol bu hazynany gümlemegiň hem gamyny iýip ýördi. Eger şonam göwnündäki ýaly edip ýerleşdirip biläýse, onda Han Arkalyýewiç aýaklaryny uzadyp, arkaýyn ýatyp biljekdi. Öýüni, howlusyny ökde sapýorlaryň brigadasy gyzyl-dörjük edip, müň ýola gözlänlerinde-de Mylaýymyň barmagyndakylardan başga gyzyla ýüzleri düşjek däldi.

Meýlis Bakyýewiň aýalynyň yzyndan gyssagly telegramma ibermeli, özüni bolsa ertire çenli «myhman» almaly diýlen maslahata gelindi.

Han Arkalyýewiň gudasy, kerpiç zawodynyň direktory — Şaguly Garlyýew daň bilen hopugyp oýandy. Ol öten agşam gijäniň bir mahaly öýlerine gelende, Han Arkalyýewiçiň tabşyrygyny aýalyna aýalyna aýdyp ýatypdy. Onuň üçinem, adamsynyň daňa galan doňuz ýaly oturgyja büdräp, hüňürdäp ýörenini geňem görenokdy. Öten agşam Şaguly tabyt ýasaýan Ýefim atly ussany ýer ýykyp gözledi. Emma ussa oblast

merkezine giden ekeni. Aýaly: «Ol ýaban ýatýan däldir, içinde jany bolsa, gijaň bir mahalam bolsa, entirekläp geler» diýdi. Şaguly oňa: «Gelse, Şaguly gözledi, bir ýerigem butnaman, öýünde otursyn» diýip gaýtdy.

Daňyň alagaraňkysynda gapyny ýene-de Ýefim tabytçynyň aýaly açdy.

«Ýefim ussa henizem öýlerine gelmändir-ow?» diýip bükgüldä galan Şaguly howlukmaç sorady.

— Hany Ýefim? Ýa ýatmaga-da gelmedimi?

— Ýok, geldi.

Şagulynyň ýüregi ynjaldy. Eger ol gelmedik bolsa, oblast merkezine eňeýin diýip durdy.

— Turuz-da onda...

— O meýdi çüýrän agşam serhoş bolup geldi. Injikleri göwresini zordan geterýärdi.

— Hany, ony basymrak turuz!

Ýefimiň aýaly aňyrlygyna— içki otaga zeýrenjiräp gitdi. Şaguly olaryň howlusynda garaşmaga durdy. Goja Ýefimiň aýalynyň hüňürdisi çalaja eşidilýärdi. Birhaýukdan Ýefimiň gyryljykdan ýognas sesi çykdy. Ahyry aýaly içki ak eşikdäki gojany südenekledip daşky gapa getirdi. Goja iki elini gapynyň söýelerine diräp,

ganöýme gyzyl gözlerini jüýjerdip, hiç zada düşünmän, aýagynyň üstünde hallan atyp durşuna Şagula seretdi.

— Ukudan bir açylsana, ullakan adam ýanyňa gelipdir— diýip, aýaly onuň böwrüne çalarak hürsekledi. Goja Ýefim aýrylsana diýen manyda eliniň tirsegini silkip, howlynyň içindäki çalaja suw akyp duran krana baka ent-ment ýöräp gitdi. Ilki krany şagladyp açdy-da, hüžžük saçly kellesini sowuk suwuň aşagyna sokdy. «Ä-ähläp» iki eli bilen kellesini ýuwansoň, ýeke dyzyny ýere diräp, ulurak gölániň enesini emşi ýaly, sowuk suwdan mazaly gandy. Çölläp giden bolmaga çemeli. Aýaly: «Gany gatamyş, belany içen» diýip hüňürdendi. Goja ýerinden turansoň, başyny silkeläp, Şaguly tarapa ýöneldi. Şol gelşine-de iki elini goltuklaryna sokuşdyryň, köýnegine süpürdi. Onuň başaşa agarany üçin gögümtil-çal öwüsýän sakgalynda düwmelÝeňişip duran suw damjalary sähel gymyldasa, tigirlÝeňişip ýere gaçýardy.

— Ýefim ussa, görýän welin, agşam mazaly ýelmäpsiň-ow. Şumat içeniň içeniňdir, basym «Arak içmeli däl» diýen karar çykjak— diýip, Şaguly degişmä salyp dillendi.

Goja Ýefim salam berip, elini uzatdy. Ötünç sorady.

Yzyndanam:

— «Arak içmeli däl» diýen karar çykjak diýýäňmi? — diýdi.

— Hawa.

— Oň ýaly oýun etme, Şakuly.

— Ýo, oýun edemok. Gara çynym.

— Aý, on ýaly bolsa, öz ýasan tabydymyzyň içine girip içäýeris. Sen, Şakuly, ertir bilen erbet habar getirdiň.

«Samsygyň tapýan gepini. Ir bilen tabyt diýip gelenim erbet habar däl-de, bi erbet habar bolýarmyş».

— Onda zapasjyk arak ýasanmaly bor-da. Ýogsamam men seniň näme üçin geleniňi soramandyryn. Aý, belli zat-da. Tabyt ýasaýanyň ýanyna näme üçin gelner öýdýäň? Toýa çagyryp gelmedigiň-ä belli... Hawa, haýsy ors öldi?

— Ölen ors däl.

— Ä... onda düşnükli. Kommunist ýolbaşçylaryň biridir.

Şaguly goja Ýefim bilen gürrüňi uzaga çekesi gelmedi.

— Bize gury tagtadan ýasalan, ulurak tabyt gerek. Taýýary barmy, ýa-da indý ýasamalymy?

— Şakuly, mende aýdyşyňdanam gowusy bar. Näçesi gerek bolsa bar!

Onuň soňky sözlerine Şagulynyň gahary geljek boldy. Ýene-de, kellesi sämäp duran gojanyň ýagdaýyna düşünip:

— Biri besdir — diýip, sowuk jogap gaýtardy.

— Ýör, ussahana baraly. Özüň saýlap al. Isläniňi, göwnüňe ýaranyny al.

Goja Ýefimiň tabyt ýasaýan ussahanasy howlynyň aňry çetindedi Ol o ýerik barýança, müň gepin başyny agyrtdy.

— Sen, Şakuly, gury tagtadan diýýäň, şeýle dälmi? Bularyň hemmesi eýýäm gurap galan. Sebäbi bulary negada biri alaýmasa, alýan adam ýok. Ýok, alýan bar, ýöne ölýän adam azalypdyr. Men bolsa planym bar. Raýfinotdel bolsa ýylyň-ýylyna planymy artdyryp gidip otyr. Indi bir ýyldan bäri premiýa-da alamok. (Şu ýerde goja Ýefimiň ýadyna ýene-de hälki arakly gürrüň düşdi. «Ýeri, premiýa bolmasa, zapas aragy nireden edinjek?» Bu pikir gojany gynandyrdy). Sebäbi plan... (Ol sägindi. Arak hakdaky pikire gümra bolup, ol näme aýdyp barýanyny ýatdan çykarypdy). Plan dolanok. Adamlaryň ölümi ýylyň-ýylyna kemelýä. Sebäbi

durmuş gowulaşdy. Iýmek-içmek bol. Öňler aýallar ýaş üstünden köp ölerdiler, indi doktorlar onuňam alajyny tapdy. Wot, şonuň üçinem, tabyt seýrek geçýä. Wot, sebäbi. A raýfinotdel plany basyp gidip otyr.

Şaguly «Bularyňam plany bar eken-ow» diýip içinden geň galdy.

— O nähili plan Ýefim? Raýfin ýylda näçe adam öljegini öňünden nä bilýämiş?

Goja Ýefim ilki «Bilýär» diýdi, yzyndanam:

— Ýok, bilenok, emma plany ýylda artdyrýa. Olar häzirki adamlaryň ýylda kurorta gidip, saglygyny dikeldýänini bilenok-da. Şonuň üçinem, adamlaryň uzak ýaşaýanyny bilenok — diýip jibrindi. — Şuny şolara aýtmaly. Goý, meň planymy azaltsynlar. Men bu hakda birinji sekretar Arkalyýewe arz etjek.

Şaguly Garlyýew gojanyň ussahanasyndaky tabytlaryň iň ulusyny saýlap, şofýoryna:

— Ine, şuny Han agalara eltersiň — diýdi.

## 31

Batyr daňyň ümüş-tamşynda öýlerine gelip, gapynyň açaryny sowuk gulpuň deşigine ötürende, kellesine bir

hyýal geldi. Indi mundan beýläk atasy Arkaly aga hiç haçan, şeýdip, gapyny açmaz, hiç haçanam bosagadan ätläp: «Batyr, oglum, sag-aman otyrmysyň?» diýmez.

Otagyň içinde onuň düýe ýüňünden dokalyp tikilen hywa dony, telpegi asawaçda asylgy dur. Indi oňa bu zatlaram gerek däl.

Batyr eşiklerini çykarman, krowatyň uzaboýuna özüni goýberdi. Atasynyň aýdyp giden öwüt-ündewleri ýeke-ýekeden gulagynda ýaňlanýardy. Ylaýta-da onuň garrylyk hem ýaşlyk barada bir saparky beren gürrüňi Batyryň hiç haçan ýadyndan çykmaýardy:

«Ýetginjek-ýaşlaň güni gündogar tarapda bolarmyş. Garrylaryňky bolsa günbatarda. Günbatardaky günüňem kem-kemden ýaşmaga barýanyny ýadyňdan çykarmagyn. Gün ýaşansoňam, töweregi tümlük gaplaýandyr. Garrylyk diýen kesele uçran adama deri-dermanyň peýdasy ýokdur, Batyr oglum. Oňa hiç bir dogtoryňam, tebibiňem nepi degmez. Ol keseliň halyny soraýanam ýokdur. Ondan dyndarjak ýekeje zat — olam ajaldyr...»

«Adam otuz dört ýaşaýança, her gün güýç-gaýrat toplaýarmyş. Otuz dörtden kyrka çenli aralykda şo bir durkunda durarmyş. Hiç bir ýana üýtgemezmiş.

Ylla süýr günortanky gün ýaly. Kyrk ýaşdan ellä çenli adam her ýylda özüniň geçen ýyl duýmadyk ýetmezini — agyrýan ýerini duýarmyş. Elli bilen altmyş aralygynda özüniň geçen aýdaky duýmadyk ýetmezini bilermiş. Altmyşdan ýetmişe çenli geçen hepde-de, ýetmişden segsen aralygynda düýnki gün duýmadyk ýetmezini bilermiş. Segsenden geçensoňam her sagatda duýarmyşyn.

Adam ömri kyrk basgançakly merdiwan bolarmyş. Ilki bilen-ä şol basgançaklardan ýokary çykyp başlarsyň, yzyndanam öňki münen basgançaklaryňdan aşak düşüp ugrarsyň. Ine, şol basgançaklardan eňaşak gaýtman, abraý bilen düşmegem bagtdyr. Ine, Batyr jan, ömür diýleni şeýleräk närsedir...»

Bu wagtlar Goç bilen ýene üç adam Minaraatanyň gonamçylygynda Arkaly aganyň gabyr jaýyny gazýardy. Ýer gatydy. Goç lom bilen topragyň ýüzüni ýumşadýardy. Gulakjynly adam gumuny gabryň gyrasyna oklaýardy. Bularyň ýanyna Han Arkalyýew dagy şo sapar awa barýarka, ak ýola pata beren müjewür assa-ýuwaş ýöräp geldi. Ol salam-helikden soňra, Şiraly Alyýewiň gapdaldaky mazarynyň golaýynda çommalyp oturdy-da, mesawy gürrüň tapdy.

— Zeýkeş gazylaly bäri gonamçylygyň topragam kem-kemden daşa öwrülip barýa. Owal üç-dört depim gazyp-gazmankaň, suw çykar ýatardy. Indi suwlar has çuňa çekilipdir.

Goç lomuny «häh-hähläp» urup durşuna:

— Zeýkeşi, häh, öňräk gazmalydy. Şunça ýyllap adamlaň meýdini balyk duzlan ýaly şor suwa ezip goýdular-da — diýdi.

Müjewur sowal berdi:

— Bi, näme, Haw Arkaly zeýden gorkunjyna kakasyny gapyrjaga salyp jaýlajak bolýarmyka?

— Aý, bilmedik. Özi-hä şeýlemiş. «Aksakgal köne kommunist, köne diniň ýoly bilen jaýlajak däl, tabytly jaýlajak» diýenmiş.

— Tabytly jaýlamak dessury has gadymy döwürlerde-de bar eken. Ýöne o däp-dessur özüni oňarýan baý adamlarda, han-patyşalarda bolupdyr.

— Aksakgala jynaza bir çykarmykalar? Ýa olam köne däp-dessur diýip, öwlüýä saz çalyp ugradaýarmykalar?

— Biz-ä biljek däl.

Goç eliniň aýasyna tüýkürip, lomuny ýere urdy-da:

— Geçen tomus Arkaly aga bilen Jumaguly agany, hol, ilerki guma çägä gömdüm. Pahyr guragyrym bar diýip aýagyndan zeýrenýärdi: «Gar-ýagmyrda, Sibiriň aňzak sowugynda agyrmadyňyz, indi syzlap näziňizi artdyrýaňyz. Gara ýeriň astynda, yzgar toprakda ýatmaly bolanda näderkäňiz?» diýip, zeýrÝeňişi dek düýn ýalydy. Anha, aýdany dogry çykdy. Indi agyranynjan ýerini duýmaz. Bi, dünýä gelmedik ýaly bolar bende...

— Hä... äý, adamzadyň ömri şeýle-dä! Öňde bir dana kişi: «Ýüz ýaşadym welin, edil ylgap barýan keýigiň kölegesinde saýalança-da bolmadym» diýenmiş. Bi dünýeden doýma barmy? Gadym zamanda, biziň Minaraatamyz ýaly gonamçylygyň golaýynda bir ädikçi ussa ýaşanmyş. Ol her sapar öýlerinin deňinden gölegçi geçende, diwardan asyp goýan küýzesine kiçijik bir daşjagazy oklar ekeni. Günlerde bir gün ussanyň özide ýogalaýypdyr. Onuň başga obada ýaşaýan tanşy ädikçinin öýlerine gelip, ony tapmansoň, goňşularyndan ussany soranmyş. Onda goňşusy: «Ussa görgüliniň özide hol küýzäniň içine düşdi» diýenmiş. Hawa, şonuň ýaly, bi ýerden ýöräp ýörenleriň hemmesiniň ir-u-giç gelmeli ýeri şu gara ýeriň astydyr. Emma adamlar şonda-da biri-biriniň yzynda. Bir kesiň gowy gününi

beýlekisi görüp bilmän, gije ukusy tutanok. Bu ýerik gowyny-da, erbedi-de, baýy-da, garyby-da on iki gary bize dolap getirýärler. Onsoň, ýedi depim çukuryň düýbüne sallansoňlar, barymyz ýerli-ýerden: «Pylankes gowy adamdy-da, gowy adamdy» bolşup gygyryşýarys.

Müjewür tümmek-tümmek guburlara seredip pikire çümdi.

Adamzat bir täsin ýaradylan. Biziň barymyz bigäne, neresse çaga bolup ýagty jahana inýäs. Ilki-ilkiler kiçiräk ýalňyşlygy goýberýäs, kiçiräk günä edýäs. Ulaldygymyzça ýalňyşymyzam, günämizem ulalyp gidip otyr. O ýalňyşlyklar, o günälerem pul, baýlyk üçin, şöhrat, wezipe üçin. Ahyrsoňy-da ýygan-ýygşyran puluňam, baýlygyňam, şöhrady-wezipesinem yzynda galdyryp, şu topraga gelýändir. Bir şahyr aýtmyşlaýyn: «Tüýnüksiz, işiksiz, jaýdyr bu jaýlar».

Binýady gara daşlardan örülen, äpişgeleri demir gözenekli, haýbatly jaýyň otaglarynyň birinde, gizlinden wajyp gürrüň gidýärdi.

Gyzyl agaçdan ýasalan stoluň aňyrsynda oturan adam iki gürrüňdeşiniň gepini diňläp, «Zolotoýe runo» sigaretiniň tüssesini kükedip goýberdi-de, ik-

baka gezmelemäge başlady. Ahyry ol sigaretini küldana mynjyradyp taşlansoň:

— Siz gijä galdyňyz — diýdi. — Dogrusyny dogry aýtmaly. Meýlis Bakyýewiň öýi, eddil şu gün barlanmalydy. Şeýle dälmi? Emma, siz gijä galdyňyz. Indi.. indi olam pahyr boldy. Dünýeden öten adamyň öýüni barlamak gelşikli däl.

Dinläp oturanlaryň ýaşkiçisi çekinibräk dillendi:

— Meýlis Bakyýewiň özi öläýdimikä?

Hälki gözmeläp ýören sowal berdi:

— Sen näme diýmekçi bolýaň? Şübhäň bolsa aýdyp otur!

Ýaş ýigit saçyny sypalady.

— Aý, ýöne, özi öldümikä ýa-da...

— Seniň gümmi-sümmi edişiňe men düşünýän. Häzir bizde şol ölümde başga kişiň eli bar diýmäge hiç hili esas ýok. Ýa subutnamaň bolsa, ony aýt. Ýok gerek? Öýüň pollarynda diňe Meýlis Bakyýewiň aýak yzy bar. Şeýle gerek? Gaz plitasynda-da şoň eliniň yzy bar. Başga şübhelemmäge esas gerek. Diýmek... — Ak saç adam, «Zolotoýe runosyndan» ýene bir sigaretini alyp, «püpp-püf» edip otlady. — Meýlis Bakyýew öýüne juda

serhoş halda gelipdir. Bu bir. Ikinjidenem, suwsap, çaý içjek bolup, gaz plitasynyň üstünde çäýnegi goýupdyr-da... özem uklap galypdyr... Şeýle bolmagy mümkinmi?

— Mümkin...

— Onda, ýoluň ters yzyny yzarlap ugralyň.

Ýene-de hälki ýigit başyny galdyrdy. Onuň gözleri ak saç adamyň gözlerine düşdi. Ol:

— Hany, sen aýt, näme diýmekçi bolýaň? — diýdi.

— Meň pikirimçe, bu ýerde gaty bir mekir adamyň eli bar. Biz entek gözlegi dowam etmeli. Geliň, şeýle bir zady göz öňüne getirip göreliň. Eger-de Meýlis Bakyýewiň howlusyndaky hajathananyň aşaky — ikinji gatynda şol pullaryň, gyzyllaryň saklanýandygyny bilip, kimdir biri onuň janyna kast eden bolsa, onda nähili bolar?

Ak saçly adam owurdyny dolduryp sigaretiniň tüssesini sordy-da, üfläp goýberdi.

— Olam mümkin, onna, o kişi baýlygy almanyňam ugruna çykar? Onna, şo hajathanany gije-gündiz gözden salmaly däl.

— Belkem, başga hili bolmagy mümkin — dnýip, ýaş ýigidiň ýanyndaky adam dillendi.

— Hawa, seň pikiriň nähili?— Ak saçly onuň ýüzüne tiňkesini dikdi.

— Diýeli, Meýlis Bakyýewiň janyna kast eden adam, onuň pullarynyňam, baýlygynyňam şo ýerde saklanýandygyndan bihabar. Umuman, ony Meýlis Bakyýewiň pulam, gyzylam gyzyklandyranok...

— Beh! Onda näme, oň janyna keýpine kast edýärmikä? Munyň-a birhili? Haýyr görmejek bolsa, ýa başga bir bähbidi bolmasa, kim elini gana bulasyn? Kim onda ýürek edip, beýle ganhorlyga baş goşup biler?

— Meniň pikirimçe, kolhozlarda edilen pyssy-pyjurlyklar, artdyrylyp ýazmalar, satyn alnan pagtalaryň bi giden lomaý pullary Meýlis Bakyýewiň diňe özüne nesip etmedimikä diýýän. Onça zady alagada, hajathananyň aşagyna basyp oturybermäge Bakyýewiň atyň kellesi ýaly ýüregi ýok. Oňa bogny-da ysmaz. Ol özüne düşen «peýdadan» ýokarlara-da geçiren bolmaly. Parahorlygyň kanuny şeýle.

Gepläp başlan agyzdan «Zolotoýe runonyň» tüssesi bölünüp-bölünip çykdy.

— Siziň pikiriňizçe, alnan paralaryň yzy Meýlis Bakyýewiň öýünde gutarsyn diýlip, onuň janyna kast edilipdir-dä? Şeýlemi?

— Hawa.

— Mümkin, gaty mümkin. Ýöne, gar ýagandan soňra haýsyňyz towşan awlamaga gitdiňiz? Maňa bir awçy dostum şeýle zady gürrüň berdi. Towşanlar awçydan yzyny gizlemek üçin, şo ylgap baryşlaryna, bir ýerde durýarmyşlar-da, eýläk-beýläk, töwärekleýin ýöräp, böküp, garaz, öz yzlaryny bulam-bujar edýärmişler. Onsoňam, bir gapdaldaky çöpüň üstüne towsup gizlenýärmişler. Ökde awçylar towşanlaryň bi pirimlerine belet. Bizem o paralaryň yzyny diňe bir Meýlis Bakyýewleriň öýlerine getirip goýaýmarys. Onuň yzyny tä soňky nokadyna çenli dowam etdireris. Ýöne mundan aňyrky ýollar daga dyrmaşýan ýolagçyny ýatladýandyr. Şonam berk belläň! Ýokarlygyna çykdygyňça, baldyryňa zor düşýändir. Biziňem Meýlis Bakyýewden ýokardaky barlajak adamlarymyz Ýalowdyr Tilkibaý däldir. Iň bärkisi, Penaýew ýaly ýalandan dälirejegem bolmaz. Olar biziň tutan guşumyzy bireýýäm utup goýandyr. Baragada, olaryň öýlerini barlabam bilmersiň. Ýokardaky adamlardan rugsat almaly bolarys. Olaram faktsyz-tutaryksyz rugsadam bermezler. Ýalan-ýaşryk tutaryga-da ynanyp, bardy-geldi öýlerini barlaýan ýagdaýynda, ondanam hiç zat çykmasa, ana, seniň bagtyň ýatdy. Onsoň, seniň

olaryň deminden sypjak gümanyň ýok. Mundan beýläk ediljek işleri, gaty oýlanyşykly, maslahatly etmeli. Her bir ätlejek ädimiňizi seresaply ätlemeli.

Han Arkalyýewiň öýleriniň töweregi adamdan ýaňa hyň berýärdi. Üýşen mähälläniň, maşynlaryň derdinden taýak oklasaň ýere gaçjak däldi. Aksakgalyň hormatyna ony sylap, in soňky ýoluna ugratmaga köp kişi gelipdi. Han Arkalyýewiň gözi üçin, aksakgaly ömründe görmediklerem barypdy. Batyryň deň-duşlaram ýumuş-hyzmata häzir bolup, üýşüp durdy.

Aksakgaly tabytda ýerleşdirenlerinden soň, Han Arkalyýew kakasy bilen hoşlaşmak üçin az salym ikiçäk galdyrmaklaryny adamlardan towakga etdi. Arkaly aga ylla uka batan ýaly gözlerini ýumup ýatyrdy. Han kakasynyň ýüzüne tolgunyp-tolgunyp seretdi. Kakasy oglunyň içki pikirlerini aňyp, ýalpa gözlerini açagada, onuň dulugyna şarpyk çaljaga meňzeýärdi. Hanyň ilkinji mertebe ýagyrnysy jümşüldäp gitdi. Maňlaýy çygjardy.

«Kaka, ursaň-käýeseňem, maňa bu dünýede senden mähremrem, senden ýakyn howandar ýok. Oň üçinem, sen meniň ýagdaýyma düşün. Hata iş etsemem, meniň günämi öt. Meniň bilen deň bolma. Bilýän, men seniň

göwnüňe degdim. Ikimiziň pikirimizem, ýolumyzam çapraz düşdi. Oňa näme, diňe men günäkärmi? Başarsalar, hemme men ýaly boljak. Döwür şeýle. Eger-de men seniň aýdanyňdan çykman ýaşan bolsam, bireýýäm döwrüň tozanyna garlyp galardym. Oň üçinem, men senden däl-de, töweregimdäkilerden görelde aldym. Şolaryň ýoluna eýerdim. Şo sebäplem Daşgalada menden baý, menden hormatlanýan adam barmy? Elbetde, tapmarsyň. Ýöne häzir wagtlaýynça men seniň kömegiňe ýene-de mätäç. Ýene-de sen meni ýetip gelýän beladan sypdyrmaly. Hut şonuň üçinem, men seni tabytly jaýlamaga mejbur boldum. Sen «şol zatlary» öz ýanyň bilen alyp gitmeli. Müdimi däl. Wagtlaýyn. Apy-tupan sowulýança. Onsoň, ýene-de men seni öz dessurymyz bilen bir gijäniň içinde täzeden jaýlaryn. Üstüňe gümmez galdyryn.

Töwerekde häzirki bolýan bujagaz gykylyklar wagtlaýynçadyr. Ynha, göreris, bu-da tüweleý ýaly gapdalymyzdan öter gider. Ýene-de hemme zat gülala-gülluk bolar. Bi diňe meň pikirim däl, menden has ýokardakylaryňam pikiri şeýle. Ýöne, bi howply akymyň girdabyndan sypmanyň alajyny etmeli. Bi harasat ötüp gidensoň, ýene-de öňki hezil günlere dolanarys. Ýene-de ogluň aýdany-aýdan, diýeni-diýen bolar. Jumaguly

ýaly ýeňiýoluklaryň aýdany bilen başlyk saýlanmaz. Han Arkalynyň barmagyny çommaldyp görkezen adamsy stoluň aňyrsyna geçer. O günlere tizräk ýetmek üçin, ýeke-täk saňa «öz janymy» ynanýan».

Kakasynyň üstüne ýapylan gat-gat matalaryň aýagujyny galdyrdy. Buza dönen aýaklara eli galtaşanda, ini jümşüldedi. Gözi garaňkyrady, ýöne howlukmalydygy ýadyna düşende, derrew özüni ele aldy.

Han Arkalyýew uludan demini alyp, epeý göwresine gelişmeýän syçan çaltlygynda demir sandygyny açdy. Ondaky teletin haltany alyp, kakasynyň saň-gaty bolan aýaklaryny göterdi-de, dyzlarynyň astynda ýerleşdirip durka, ätiýaç bilen aksakgalyň ýüzüne seretdi. Onuň ýuregi düňküldäp, gursagyny ýaryp çykaýjak bolýardy. Elleri sandyraýardy. Ol şol howlukmaçlygy bilen ýene-de sandyga ylgady. Petde-petde ýüzlük pullary gujaklap getirdi-de, kakasynyň aşagyna düşelen ak biziň astynda kerpiç-kerpiç ýazyp goýdy.

«Tabydy ulurak ýasaň, kakam arkaýyn ýatsyn» diýenim gowy bolaýypdyr».

Teletin haltadaky gyzyl-göwherleriň, ýüzlük pullaryň üstünde ýatan Arkaly aganyň ýüzi öňküsinden has-da

agaran ýaly göründi. Şu wagt gürläp bilýan bolsa, onuň «Sen öz ogurlyk zatlaryňa meni garawul goýýaňmy?» diýip gazaba münjegi ýadyna düşende, onuň ölüdigine begendi.

«Günämi öteweri, kaka!..»

Han Arkalyýew tomsuň jokrama yssysynda maşyn kowalan garry köpek ýaly has-haslap, maňlaýynyň derini ýaglygy bilen süpürdi.

«Kakam... ýene-de bir sapar maňa pena bolaweri!» Ol özüni aglan adam edip görkezmek üçin owkalap-owkalap gözlerini mazaly gyzartdy. Daşaryk çykanda örüşen zenanlaryň arasynda Mylaýym bilen Lälä gözi düşdi. Olar maňlaýlaryny gaşlaryna deňiç daňypdyrlar. Nähili-de bolsa, olaryň gözlerinde gamgynlyk bar. Şol halat Jumaguly aga ýetip geldi.

— Han, wagt boldy, Aksakgaly çykaraýsak nädýä? Adamlaram daşarda garaşyp dur.

— Özüňiz bilýäňiz, Jumaguly aga.

— Hany, onda, Han, Batyr, ikiňiz tabydyň başujyny göteriň. Hany, Batyr nirede? Çagyryň ony.

Kellesi gulakjynly, Batyr ýüzüni sallap geldi.

Gölegçileriň öňi Minaraata ýetende, maşynlaryň yzy

ýaňy Daşgaladan çykypdy.

Minaraatada munuň ýaly üýşen mähelläni gören-eşiden ýokdy. Aksakgalyň beýle hormatyna Han Arkalyýewiň özi-de haýran galdy.

Tabydyň gapagyny çüýläp, bilinden ýüp dakyp aşak sallanlarynda, Han Arkalyýewiň ýüregi gürsüldisini üýtgetdi. Ony bu dünýä inderen adam indi hiç haçan öwrülip gelmejek ýerine — topragyň aşagyna barýardy. Üstesine-de, Han Arkalyýewiň her hili ýollar bilen ýygnan hazyna-baýlygyny özi bilen alyp barýardy.

Iki hazynany ýuwaş-ýuwaşdan zeminiň astyna goýberdiler.

Han Arkaly üçin bu iki hazynanyň haýsysy gymmatlyka?

Han Arkaly bilen Batyryň hersiniň eline bir pili tutdurdylar. Olar merhumyň in ýakyny bolansoň, ilki bilen gum atmalydy. Han Arkalyýew mazaryň düýbündäki tabydyň ýatyşyna bir seretdi-de, gumy oklap goýberdi. Batyr bolsa gyzaran gözlerini, ýellenen ýüzüni tabytdan sowdy. Agaç gapyrjakda ýatan atasynyň üstüne agyr gumy indermäge ýüregi gyýmady. Göwünli-göwünsiz ýarty pil gumy dözümsizlik bilen guburyň gyrasyna süýşürdi. Soňra oňa «eliňdäki pili

ýere taşla» diýdiler. Tabyda degýän kesekleriň güpürdisi gulaklaryny gapsa, mazar jaýyndan çykýan ýeňiljek tozanyň ysy demini tutdy.

Mundan soňky hereketler göz açyp-ýumasy salymda boldy.. Her kim birki pil gum taşlap, pilini ýere oklaýardy, nobata duranlar pili haýdan-haý ýerden göterýärdiler. Adamlar ýaryşýan ýaly, üýşmek gumy näçe çalt mazara oklasalar, baýrak berläýjek ýalydy. Belkem, däp-dessur şeýledir. Az salymdan çöküp oturan düýä meňzeş tümmek emele geldi. Ony piliň sapy bilen rejeläp başladylar. Müjewür guburlaryň aralarynda ýer tapman duran adamlara üç sapar ýüzlendi...

— Adamlar, Arkaly aga nähili adamdy?

— Gowy adamdy!

Tutuş märeke dillendi.

— Adamlar, Arkaly aga nähili adamdy?

— Gowy adamdy!

— Adamlar, Arkaly aga nähili adamdy?

— Gowy adamdy!

Şondan soň müjewur başga sowal berdi.

— Adamlar, Arkaly aga bergisi ýa-da ondan algysy

bolanlaryň hemmesi onuň ogly Hana ýüz tutmaly.

Bu sapar hiç kimden ses-seda çykmady.

Ýöne şol wagt üýtgeşik bir hadysa boldy. Üýşüp duran mähelläniň bary gözlerini asmana dikdi.

Niredendir bir ýerden uçup gelen dört sany durna minaranyň depesinden döwür gurap aýlandy-da, mazarystanlygyň üstüne gelip, owadan boýunlaryny duran adamlara baka uzatdylar. Soňra ýene-de minaranyň üstünden döwür gurap, Garagumuň ak çägeliginiň beýewan asmanynda ganat ýaýyp gitdiler...

***

Daşgalanyň raýon gazeti Meýlis Bakyýewiň gara çyzyk çekilen suratyny ýerleşdiripdir. Onuň aşagynda bolsa şeýle jümleler bar:

«1962-nji ýyldan bäri SSKP-niň çleni Meýlis Bakyýew 48 ýaşynyň içinde biwagt aradan çykdy.

M. Bakyýew oba hojalyk önümçiliginde işlän döwründe özüni başarnykly we ukyply guramaçy, ýolbaşçy hökmünde tanatdy.

Meýlis Bakyýew baradaky ýagty ýadygärlik biziň ýüregimizde hemişe saklanar».

Ýoldaşlarynyň bir topary.

Wagtlaýyn «göz tussagy» edilen Pirweli Penaýewiň ýeke özüni keselhanadaky palatalaryň birinde ýerleşdirdiler. Ol ýanar ot bolup gyzdyrýardy, mahal-mahal ini üşedip hababaýlaýardy.

Deri-dermandan haraý ýokdy.

Haýsydyr bir ukol edilse, az wagtlyk essine gelýärdi. Şonda onuň öz öýünde, saçagynyň başynda ýa-da kölüň boýundaky daçasynda duz-tagam beren «men» diýen merhemetli adamlary ýadyna düşýärdi. Iň bärkisi, gyzyl bloknotly žurnalistdir ýazyjylar, apparatlaryny ýetişibildiginden şyrkyldadan suratçylar towuk gygyrýança, käte daň atýança şady-horram bolan bagşylar iliň gözünden gizläp meý-şerap içiren uly wezipeli ýolbaşçylary... heý-de bularyň birden-biri dadyma ýetişmezmikä? Pajygaly günlerde beren duzumy ýatlan bolmazmyka?

Ýatlan boldy. Emma olar däl-de, Ýetimje ak halatly, eli pyçakly gapynyň öňünde hyrsyz sypatda peýda boldy.

— Waý, eje-e-e!

Penaýew iki elini kelemenledip zöwwe tirsegine galdy.

— Ýaşuly, ýaşuly!..

Doktoryň sesine ol biraz özüne gelse-de, henizem süňňüni saklap bilmän, gorkudan ýaňa endam-jany sandyraýardy.

— Ýaşuly, birje ukol edeli!

— Ä?..

— Ukoljyk edeli diýýän. Tut ýaly borsuňyz.

— Hä!.. Dogtor, bu senmi?

— Hawa-la, ýogsam näme? Başga kim bolsun? Ynha, oglun Bally janam geldi.

Pirweli Penaýew Ballynyň keşbini çalaja saýgardy. Ogly gülümsiräp, kakasyna baş atdy. Bu onuň, hem-ä salam berdigi hem-de «halyň niçik?» diýdigidi. Penaýew gözüni çalaja ýumdy. Soňra-da ýüzünligine ýatdy.

Aradan sähel salym geçensoň, ataly-ogul palatada ikiçäk galdylar. Kakasy başujynda oturan oglunyň agzyndan aňkap gelýän aragyň-çilimiň ysyny aldy.

— Maşynly geldiňmi? — diýip sorady.

— Hawa. Hä, näme? Bir ýerik baryp gelmelimi?

— Ýeter-ýetmez nämäň bar?

Pirweli biraz dymyp ýatdy.

— Aý, ýok-la. Ýöne bir zady gaýtalap aýdaýyn. Şu içip

sürmäni bes etjek däl-ow sen. Agzyň aňkap dur.

«Sen öz janyň gaýgysyny et. Indiden beýläk maňa akyl öwretmäň näme?»

— Kaka, sen jan saglygyňy gaýgy etsene!..

«Meni gaýgy edip azara galma. Özüm öz çapanymy suwdan çykarça boldum».

— Bu gün Han Arkalyç raýon ýolbaşçylary bilen saglygymy sorap gitdiler. Penaýew potologa gözlerini dikip, ogluna mesawy gürrüň berdi. — «Hemmesi gowy bor, zady gaýgy etme» diýip göwünlik berýärler:

Bally uludan demini aldy.

— Gelen barlagçylar beýleki kolhozlara-da geçenmişler.

— Şeýlemi?

— Hawa.

— Bizdäki tapan «zatlary» ilde-de bardyr-la. Çöpläberseň, tapylar gider otyr.

— Hawa. Para-da, artdyryp ýazma-da barlan ýeriňden çykyp duranmyş.

— Ýogsam näme. Uly il şeýtdi. Bizem olardan kem galmadyk.

— Para-peşgeşiň yzyny yzarlasaň, barha ýokary dyrmaşýamyş özi-ä.

Pirweli Penaýew ýaňsylap ýylgyrdy.

— Ýogsam näme, berleni özüň alyp, özüňe siňdirip otursaň, depäňdeki seni ýere sokaýmaýarmy? Çaga ýaly gürrüň edýäň!

— Onda, kaka, sende-de az-owlak ýygnalan-ýygşyrylan bolmaly-ow. — Bally bu sözlerini ýarym degişme bilen aýtdy.

— Elbetde. Menem başlyklyk kürsüsiniň ömürbaky däldigini bilýän. Şemal beýleden öwsen güni, bir gün «Oturgyjy boşat» diýseler alajyň ýok, boşatmaly bor. Onsoň nätjek? Hökümediň byjagaz pensiýajygyna gözüňi dikseň, ajyňdan ölersiň. Oň üçin, dyzyňda kuwwat barka, gepiňi gögerden wagtyň garrylygyňam gamyny iýmeli.

Ataly-ogul oýa batdy.

— Kaka, ol «iýen gamyňy» kassada goýan-a dälsiň-de? Hökümediň kassasyndamy?

— Hm-m... Men nä beýdiberip däli-samsykmy?

— Onda nirede goýduň?

Pirweli Penaýew ep-esli wagt geplemän, oýlanyp

ýatdy.

— Aý, maňa ynanmaýan bolsaň, aýtmak hökmanam däl.

— Hm... Gep ynanyp-ynanmazlykda däl, käte siziň oglanlyk edip, zährimardan ýuwdan halatyňyz diliňiz ýeňläýýä. Şondan howatyrlanýan. Ýogsam-a saňa ony aýdyp goýaýsam zeleli ýok welin...

Pirweli Penaýew ýene-de oýlandy.

— Aý, bizem-ä indi, kaka, aşyk oýnap, sümügimizi ýeňimize çalyp ýören oglan-oglanjyk däl-le. Hökümet bize-hä adamlaryň janyny ynanýar, gel-gel, kaka bolup, ogluňa müňkür bolýan bolsaň aýtma. Aýt diýip dyzap durjak däl.

— Wah, gep müňkürlikde-de däl-le! Men ony diňe öz gara günüme ýaradaýyn diýip toplamadym. Siziňem, agtyk-çowluklarymyňam elleri uzadan ýerine ýetsin, kişä günleri galmasyn diýip, gije-gündiz çemçeläp ýygnadym. Bolýa, saňa indi aýtmasam, görýän welin, göwnüňe aljak bolýaň. Ýöne, berk belle, bir ýerde diliňden sypdyraýdygyň, öz aýagyňdan paltany urdugyňdyr.

— Ýak, kaka, senem.

— Hol, iň tördäki otagda, hiç haçan ýakylmaýan golland peçi bardyr. Ine, şonuň kül gaçýan aşaky gözünde iküç sany köne kitap ýatyr. Şolaryň daşy ýok, taryh kitabynyň içinde Garagumdaky çopanyň dil haty bar. Aý, o adamyň özüni, bala-çagasyny il hataryna goşanam özüm-le. Üstesine-de ejeňiň daşky garyndaşy. Onda-da, ätiýaç üçin beren pullaryma-da, gyzyllaryma-da dilinden hat alyp goýdum. Onsuzam bardy-geldi maňa bir zat bolaýsa, ony saňa getirip bererdi-le. Özem hudaýhon, işanzadalaryň kowumyndan, aňyrsy ýanyp duran gudratly, keramatly, adam.

Pirweli Penaýew pynhan syryny aýdyp, «içini dökensoň», iki egninden dem alyp, kükregini sowatdy.

Ogly Bally gidenden soňra oňa ýene-de ukol etdiler. Haly öňküden teňleşse teňleşdi, ýeňlemedi. Dili gaýnan ýaga salnan bölek et ýaly gowrulyp, agzynyň içini ýakyp barýardy... Gapydan egni ak halatly doktoryň ornuna gyzyl-ot köýnekli ýene-de Ýetimje girdi...

— Halyň niçik, Pirweli başlyk? — Ýetimje şeýle diýip, Pirweliniň, hal-ýagdaýyny soradymy ýa-da ýatan hassanyň göwnüne geldimi, o belli däl. Ýöne gumdaky bolan elhenç waka birden Pirweliniň ýadyna düşüp, şobada dili tutuldy, gulaklary gapyldy. Gözleei ümezläp,

indi Ýetimje adam keşbinden özgerip, lowlap ýanýan ojara öwrüldi. Onuň aldajy gyzgyn howry Pirweliniň endam-janyny ýakyp-ýandyryp, ýüz-gözüni çirkizip barýardy. Ol uly ili bilen gygyrmakçy bolup, agzyny açýardy. Tüýdük ýaly guran bogazyndan, hyrrylda meňzeş sesden özge üýn çykmaýardy. Elleri, aýagy diýen edäýse, şu wagt ol ýaraly ýolbarsa dönjekdi. Emma indi onuň on iki süňňi kişiniňkä ogşamaýardy, özüne erki ýokdy. Ol krowatyň, üstünde ýanar ot bolup ýatyrdy. Göreçleri iç işikde duran Ýetimjäni käte alow görnüşde, käte-de adam keşbinde çalaja saýgarýardy. Onuň sesini-üýnüni çykarman durşuna has beter heder edýän Pirweliniň dili tutulyp, huşy başyndan göçüpdi.

Birhaýukdan soňra Pirweli özüne gelip, gözlerini açdy. Iç işikde Ýetimje ýokdy. Köýnek-balagy, prostynlara deniç suwa salnan ýaly, sykybermeli bolupdyr. Süňňi aram tapyp, uludan demini aldy. Birneme ynjaldy.

«Naýynsap Ýetimje, öz ajalyny menden görýärmikä? Ony atan men däl ahyry. O näme üçin dowzahyň ody bolup meniň üstüme geldikä? Batyr bolýan bolsa, göz görkezip bilýän bolsa, Han aganyň ýakasyndan tutsun. Şonuň üstünden otly gürzini indersin. Eý, toba... Dogry-da walla... Hawa, otluçöp hakda... Ony näme, şo ýerdäkileriň hemmesi çakyp zyňdy. Ýa-da meniň, çakyp

zyňan çöpüm jesedine ilki ot beräýdimike? Eý, toba... Megerem, beýlekiler güýmeň-süýmeň edip durandyr.

Gapydan nobatçy wraç geldi. Pirweliniň gözlerine seredende, nämüçindir, şprisli eli sandyrap gitdi. Oňa tarap ýörände, dyzlary saňňyldady, goram-gowşak boldy...

Bally ot ýakylmaýan pejiň aşaky gapagyny açdy. Dogrudanam, üstüne ýörite kül dökülen iküç kitap ýatyrdy. Ol peje elini sokanam şoldy, möý çakan ýaly dessine yza çekip aldy. Ýüregi jigläp gitdi. Emma eliniň arkalaryna çolaşan düşdüşiň kerebinden eýmenen Ballynyň ýüregi ýene-de öňki kaddyna gelip ugrady. Jümşüldeşen «garynjalar» ýagyrnysyndan aýrylansoň, Bally ýene-de elini peje sokup, kitaplary çykardy. Taryh kitabyna ýokaşan küli pejiň agzyna kakyşdyryp, içinden gözleýän dil hatyny tapdy. Öwran-öwran okap çykdy. Indi ol dil haty öňki ýerinde goýaýsa biri tapyp alaýjak ýaly, nirede gizlemegiň aladasyny etdi. Iň pynhan, oňaýly diýip niýetlän ýerindenem syry açylar öýtdi. Otaglaryň ähli ýerini birlaý gözden geçirdi. Emma ony goýup, ynjalyp ýatar ýaly ýer tapmady. Soňra howla çykdy. Melleginiň içinde gömüp goýar ýaly oňaýly ýer gözledi. Emma amatly ýer tapmady. «Birdenkä gije suw-sil edip ýagyş ýagaýsa nädersiň? Ýa-da sümsünip ýören

körsyçan ýalaky agtaryp tapagada, tüýt-müýt edäýse nätjek?! Munuň ýaly zadyň ýagysy gytmy näme?..»

Hamana, hut şeýle bolup barýan ýaly, ol howpurgap, ýene-de içerik girdi. Birdenkä onuň egnindäki ala-mula pižamasynda gözi eglendi. Käte ol durşuna-da ýorgana giräýýärdi. Ol haty hasyr-husur balagynyň jübüsine saldy. Oňa-da kaýyl bolman, jübüsiniň agzyna ilgençek ötürip, krowata geçdi. Ýorgana girip, uzyn süýnüp ýatansoňam, jübüsiniň daşyndan ýene bir sapar haty elläp gördi. Ertekilerdäki döwleriň janyny gizläp saklaýşy çyn bolýan bolsa, şu wagt Ballynyň hem jany budy bilen aýasynyň aralygyndaky hatdady.

Ýöne indi ol ýene bir derde uçrady.

Asla gözlerine uky gelmeýärdi.

Garagumuň jümmüşinde dowar bakyp ýören garry çopanyň gizläp saklaýan baýlygy diňe Balla däl, eýsem onuň ogul-gyzynyň, agtyk-çowlugynyň sowmagyna-da ýetjekdi.

Pirweli Penaýewiň keselhanada ýogalanyna bir aý geçip-geçmänke, ýakyn-daşdan her hili ýakymsyz myş-myşlar ýaýrap ugrady. Bu myş-myşlar derrew uly ile ýaýrady. Agyz-agyzdan ýel alar diýýärler.

«Pirweli Penaýewi keselhanada ukol edip öldürenmişler».

«Wah, o pahyr öz ajalyna öljek däl eken-le!»

«Öz bilinden syzdyryp öndüren perzendiniň doktor ýoldaşlary şeýtseler, hossarsyz bendeleriň dat gününe».

«Magtumguly şahyr aýdyp geçipdir-le:

*«Başyň ýassyga ýetende*
*Ogul-gyzyň ýatça bolmaz»*

Wah, Görogly bende:

*«Ar-namysy yzlaşmaga,*
*Ogul gerekdir ýigide».*

diýipdir-le!»

«Özüm-ä Ballynyň ornuna bolsam, görde ýatan atama dil ýetirtmezdim. Bu gep-gürrüň çynmy-ýalanmy, takygyna ýeterdim...»

Alysdan-daşdan, golaýdan-goltumdan, peşeden pil ýasap gulagyna ýetirilýän bu myş-myşlardan Ballynyň halys bizar-peteňi çykypdy.

Ahyry ol çydabilmän, kakasynyň nähili keselden ýogalanyny anyklamak üçin sudmedekspertizasyna arza berdi. Belli bir gün Pirweli Penaýewiň mazaryny

täzeden açyp, onuň jesedinden barlag geçirdiler. Balla bolsa bir hepdeden barlagyň netijesini aýdarys diýdiler.

Agyz-agyzdan ýel alyň, bu habar ilki Minaraata obasyna, soňam bütin Daşgala raýonyna ýaýrady. Indi iki adamyň başy çatylsa, ýene-de Pirweliniň gürrüňi edilýärdi. Adamlar üýtgeşik bir habara garaşýan ýalydy.

Aradan bir hepde geçdi.

Bally telefon ederler diýen umyt bilen garaşdy. Emma, oňa ne telefon eden boldy, ne-de beýleki.

Ertesi Bally ýola çykdy. Ekspertizanyň başlygy kel kellesiniň hamy ýylanyň gowy ýaly ýalpyldap duran adam ony mähirli garşylasa-da, bir zada ahmyr edýän ýaly, käte ýylçyr kellesini yşyga ýyldyradyp başyny ýaýkaýardy. Ahyry ol gönüläp aýtman, öwrümli gürrüňine başlady.

— Inim, Bally jan, durmuşda her zada garaşybermeli eken... Men-ä walla, saňa nädip aýtjagymam bilemok... Aýtmasamam boljak däl. .... Aýtmasy kyn zat-da.

— Aýdyň, aýdyň! — Bally gözlerini tegeledi.

— Aý, özi birhili, diliňem baranok... Şu adamlaryň geleňsizligi halys degnaňa degýä. Biperwaýlyk diýen zat aramyzdan ýok bolmasa boljak däl.

Diýmek, aýdylýan gep-gürrüňler, myş-myşlar ugrunda bar eken-ow. Aý, howwa-da, ýel bolmasa çöp başy gymyldarmy diýsene.

— Aý, özi adamzat ahyrsoňy amanadyny gara ýere tabşyrmaly-da. Bi dünýä iki sapar gelen ýok. Ýatan ýeri ýagty bolsun, Pirweli aganyň köp duzuny iýipdik...

Bu gürrüňlerden Bally ekspertizanyň netijesiniň näme bilen gutaranyny bilip bilmedi. Onuň üçinem manlaýyny owkalap, ýene-de kel adamyň agzyna seredip sowal berdi.

— Hawa, onsoň, nähili netijä geldiňiz?

— Wah, Bally jan, şony aýtjak bolup, hiç ebeteýini tapamok-da!

— Nämäniň?

— Şo... nähili aýtmalydygynyň.

— Aý, näme, ikimiz kärdeş. Oglan-oglanjyk däl, hemme zada akylymyz ýetýä. Ajy-da bolsa aýdybermeli...

— Bizde bir aýal bar. Adamsam uruşda wepat bolan. Şunça ýyllap adamsynyň ýoluna göz dikip, garaşyp gezipdir.

«Bu gürrüňler bi ikarada näme gerek?» diýip, Bally içini gepletdi. «Ýa-da hemme kişini özi ýaly işsiz hasap

edýärmikä? Meň bir başym, müň işim bar».

Bally onuň bu gürrüňleriniň özüne asla gerek däldigini bildirmekçi boldy-da, ýüzüni eýlek-beýläk sowup sagadyna sereden boldy. Stoluň üstündäki gyzyl telefonyň trubkasyny düzeden boldy.

— Ine, onsoň... şo aýal bizde tamsüpüriji bolup işleýär. O işigaýdanyň ne hossary bar, ne-de howandary. Işden çykaraýsaň, ojagaz pensiýasy bilen aç öläýmeli.

— Ehk...

— Häzir, men bu zatlary näme üçin aýdýan diýsene? Onuň bir emmasy bar. Düýpli sebäbi bar. Ine, şo aýal atdanlykdanmy ýa biperwaýlykdanmy, garaz, Pirweli aganyň analizli bankasyny döwüpdir-de, hapaça oklaýypdyr... Ine, gardaş, bolan iş-ä şeýle. Ýeri, muňa näme diýjek? Işden kowsaňam, öldürseňem, ýerine geljek däl. Bizem indi nätjegimizi bilmän, aňk bolup otyrys.

Ikisi-de dymyşdylar.

— O naçara-da agzymyzdan gelenini diýdik. Näme etjek, ýarym-ýaş bolup otyr.

Ýene-de dymyşlyk.

Ýene-de her hili gep-gürrüň ýaýradýan gybatkeşleriň

ýalan-ýaşryk samahullamalary Ballynyň gulagyny, kamata getirip barýana döndi.

— Bi bolan iş ile bir ýaýramawersin. Ozalam gürrüňimiz gyt däl.

— Ýo... ýok-la. Bi gapydan-a gep çykmaz.

— Ýöne indi näme etmeli?

— Biz-ä bilmedik.

— Ile gep-gürrüň bolamyzsoň, indi anygyna ýetmesegem-ä birhili?

— Bir tarapdan, olam şeýle. Ikinji tarapdanam, ýaşulyny ýene-de bimaza etmeklik... — Olar ýene-de dymdylar. — Birhili bolaýmasa... — Kel adam birhaýukdan hälki gürrüňiniň yzyny ýetirdi, gümmuk-sümmük etdi.

Bally ikegninden demini aldy.

— Ýöne beýdibem-ä goýup bolasy ýok.

Ýylçyr kelleli adam «Näme etmeli onda?» diýen manyda garşysynda oturan Ballynyň göreçlerine dikanlap seretdi.

— Bütin il üstümizden güler. «Kakasynyň guburyny açdyrybam, «tutan guşy, alan galasy bolmady» diýerler.

Analizi täzeden alyň.

— Ä... O... Ýe... ýene-demi?

— Elbetde...

— B... Bally... Il geň görer...

— Bu zatlaryň änigine-şänigine ýetilmese, şonda geň görerler.

Ýylçyr kelle ýuwdunanda, bogazynyň düwni aşak-ýokary bökdi. Ol ýara yzlary besse bolup galan kellesini biraz tutup oturansoň ýene-de ýöwselläp-ikirjinläp:

— Uly ile masgara borus-ow! — diýdi. — Hemme zady täzeden başlamaly.

— Gep-gürrüň täzeden başlanandan, ikinji gezek analiz alanyň gowy dälmi?

Ýylçyr kelle dymdy.

Ýagyş çisňeýärdi. Onuň üçinem, guburdan ýokary atylýan toprak tozap duranokdy. Bu ýerdäki ekspertizanyň komissiýasynyň arasynda merhumyň ogly Bally hem bardy.

Mazary gazýanlar içki öýe ötenlerinde aňk-taňk boldular. Sebäbi içki öýüň agzyna goýlan çig kerpiçler gabryň düýbünde çaşyşyp ýatyrdy. Olar biri-birleriniň

ýüzlerine geň galyjylyk hem howatyrlanma bilen seretdiler. Içki öýüň ýumşak topragyny elleri bilen gabryň düýbüne peşäp aýyrdylar.

Garaşylmadyk, aýylganç waka ýüze çykdy. Hemme kişi biri-birleriniň ýüzlerine seredişip, doňup galdylar. Biriniň beýlekä söz gatmaga dili ysmady. Sebäbi haýran galdyran zat gabyrda Pirguly Penaýewiň jesedi ýokdy... Bu hemmeleri aňk etdi.

Ballynyň beren gürrüňlerinden soňra, Han Arkalyýew öküz myşlan ýaly uludan demini aldy-da:

— Bi dünýe şeýle-dä, inim — diýdi. — Men-ä saňa näme aýdyp, näme goýjagymy bilemok. Ine, diýeli, sen meň ornumda, şu kresloda otyrsyň. Özüň näme diýersiň? Minaraatada ýatan bendeleriň san-sajagy ýok. Olaryň näçe gat jaýlananam belli däl. Bäh, entek men-ä beýle waka duş gelmändim. Hut ertekilerdäki ýaly. Beýle boljak bolsa, mazarystanlygyň daşyna tikenli sim aýlap, dwrwezesiniň agzynda garawul goýaýmaly boljak. Aý, gaýrat et, inim. Belkem, bir yş tapylaýady-da.

Bally Han Arkalyýewden hem belli bir söz eşitmedi.

Bäş-on günlükde ol Omar Soltanowiç bilenem gürrüňdeş bolanmyş. Omar Soltanowiç oňa: «Inijigim, meň maslahatymy alsaň, saňa bir zat aýdaýyn. Özüňem

kakaň ýaly ýitirim bolmajak bolsaň, Hudaýa şükür et-de, sesiňi çykarmanjyk geziber» diýenmiş.

Ine, şondan bäri-de Bally kelebiň ujuny ýitirip, güň ýaly bolup ýör diýýärler.

Ertir Birinji Maý baýramy.

Baýramçylygyň hormatyna Daşgala raýonynyň zähmetkeşleriniň dabaraly ýygnagy bolmaly.

Mylaýym adamsyny bir gyldan besläp, geýindirip durşuna, şifoneriň asawajyndan ýakasyna altyn ýyldyz dakylan asman reňkli iňlis kostýumyny eline aldy. Aýnanyň öňünde özüni synlan Han Arkalyýew kürtdürip durdy-da, çep döşündäki altyn ýyldyzyny aýyrmaga başlady.

— Ony nämüçin aýyrýaň? — diýip, Mylaýym geňirgenip sorady.

Han Arkalyýewiç ýasama ýylgyrdy.

— Sypaýylyk üçin, Mylaýymhan! Soňky wagtlarda telewizora seredýän welin, Moskwadaky ýaşulularyň biriniňem döşünde ýyldyzy ýok. Öň beýle däldi. Nämüçindir, indi uly-uly ýygnaklara-da dakynman gelýärler. Şu ýöne ýere däldir. Görýän welin, indi şu jäjekler modadan düşäýen ýaly. Göwnüme bolmasa,

döşüňi ýaldyradyp ýörmeklik halanmaýa öýdýän.

— Dakdyrmajak bolsalar, onda näme üçin berýäkäler?

— «Her döwür — bir döwür» diýipdirler, Mylaýymhan! Döwre göra bolmaly. «Il hanjak bolsa, bizem şonjak» diýlen bilen bolubereli. Atyň jylawyny öňkimiz ýaly başyna goýbersek, basym büdrejek. Oň üçin, il bilen deňräk sürüp mysapyrrak bolmak gerek.

Han Arkalyýew aýalynyň egninden gujaklap özüne çekip çalarak gysdy-da, gapa ýöneldi.

Han Arkalyýew aradan ýarym sagat wagt geçip-geçmänkä, eýýäm içi adamdan hyryn-dykyn doly klubuň sahnasyndaky tribunala gür-gür sesi bilen zaly ýaňlandyryp gepläp durdy...

— Ýoldaşlar! Şeýlelikde, durgunlyk döwri biziň Daşgala raýonymyza-da özüniň zyýanly tegmilini besse-besse basyp gitdi...

Indi Han Arkalyýewiň özüni alyp barşynda-da, hereketlerinde-de üýtgeşiklik duýmak bolýardy. Ol öňküleri ýaly ýumrugyny düwüp, elini bulaýlamasyny goýupdy. Öňler adamlaryň ýüzüne seretmän, esrän neriň burnuny göge tutuşy ýaly, ýüzüni kese-kese sowýardy. Indi bolsa olar bilen çaý başynda mesawy

gürleşýän ýalydy. Ýüz-gözünde-de ýasamalyk, ýylgyrma alamatlary mydama taýyn durdy. Köneden gelen şeýle bir dana söz bar: «Adam baý bolupdyr diýseler ynan, beg bolupdyr diýseler ynan, emma öz gylyk-häsiýetini üýtgedipdir diýseler ynanma». Bäh! Diýmek onda köneleriň o dana sözleri ýalan eken-dä?

— Ýoldaşlar, SSKP-niň aprel plenumyndan soňra biziň ýurdumyzda ösüp başlan täze şemalyň öwüsgini biziň Daşgala raýonymyzyň zähmetkeşleriniň hem süňňüni ýeňletdi, täk... ruhuna ruh goşdy. Durgunlyk ýyllarynda býurokratlaryň, parahorlaryň eden-etdilikleri netijesinde, biz aga ak, gara gara diýip bilmedik. Demokratiýa sözi ýatdan çykankyrlady, Pirweli Penaýew ýaly kolhoz başlyklary hökümeti, partiýany aldap, pagta satyn almak, artyk gowaça ekmek ýaly negatiw hadysalar bilen meşgullanyp, ýalan şöhrata, haram baýlyga kowalaşyp, biziň Daşgala raýonymyzyň at-abraýyna hyýanat etdiler. Biz mundan beýläk... Täk...

Prezidiumda oturan Daşgulakow, Zamanowa dagylar üçin Han Arkalyýewiň sesi henizem şol öňküleri ýaly dury hem ynamly ýaňlanýardy. Belkem, zalda oturanlaryň köpüsi üçinem şeýledir.

Ýöne Han Arkalyýewiň asman reňkli iňlis kostýumynyň goltuk jübüsindäki partbiletiniň içindäki bir tagta ak kagyza näme ýazylanyny onuň özünden başga iki aýakly ynsan bilmeýärdi. Diňe bu hakda onuň özi Omar Soltanowiçe birki mertebe dilden ýaňzydypdy. Omar Soltanowiç birinji gezek «Çynyňmy?» diýip sorapdy. Ikinji mertebe «Entek işläbersene, näme, üýtgedip gurmakdan gorkýaňmy?» diýip sorapdy. Üçünji sapar bolsa: «Hany, göreli bakaly, biraz gyssanma...» diýipdi.

Han Arkalyýewiň partbiletiniň içindäki hatyň mazmuny şeýledi: «...Saglyk ýagdaýym sebäpli işden boşatmagyňyzy haýyş edýän...»

Omar Soltanowiçe bir oňaýy bilen bu arzasyna gol çekdirip, pensiýasynyň gapdalyndan jogapkärçiligi, garamaty azrak edaralaryň birine süýşüp, parahat durmuşda güýmenip gezibersem diýip arzuw edýärdi.

Ýöne ol garaşylýan arzuwly gün haçan gelerkä?

Minara tarapdan öwüsýän ýel her ýerdäki gurt daran dowarlara dönen dagynyk bulutlary bir ýerik ýygnap, Garaguma baka kowalap barýardy. Gumuň etegindäki boz meýdan al-ýaşyl öwüsýär. Ol ýerde Goç çopaiyn sygyrlary agyp-dönýärdi.

Minaranyň töweregi gaýda-gaýmalaşyk. Maşynlar, traktorlar iki-baka müňzeşýär. Bu gün kolhoz adamlary ýene-de ýowara üýşüpdi.

«Ýeňiş» kolhozynyň täze başlygy Gara Mergenow ýadygärlikleri goramak baradaky jemgyýetiň üsti bilen minaranyň şor iýen binýadyny täzelemek üçin Hywadan, Samarkantdan ýörite ussalary çagyrdypdy. Ýowara üýşenler binýat üçin getirilen kerpiçleri, daşlary ýonmaga, ýülmemäge ussalara kömekleşýärdi. Müň ýyllap duran minaranyň ömri ýene-de uzap ugrady...

*1987-nji ýyl.*